TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW:

XIX-njy asyryň dowamynda türkmen taryhynda bolup geçen pajygaly wakalar milletimiziň ata-Watany jandan eziz söýýändigini bütin dünýä äşgär görkezdi.1855-nji ýyldaky Sarahs söweşi, 1858-nji ýyldaky Garrygala söweşi, 1860-njy ýyldaky Mary söweşi,1873-nji ýyldaky Gazawat söweşi hem-de 1879 -njy we 1881-nji ýyllardaky Gökdepe söweşi türkmen halkyny tutuş adamzadyň hakydasynda Watan goragçylarynyň ölmez-ýitmez edermenliginiň synmaz ruhunyň belent nusgasy hökmünde müdimilik galdyrdy.

# G O W Ş U T  H A N

# ( S A R A G T  G A L A S A Y )

(Taryhy roman)

***

“Kethudalar adaty,akylly-paýhasly adamlardan saýlanýar. Şeýle kethudalaryň biri bolan Gowşut han, başa iş düşende, tiz çykalga tapmakda özgelerden tapawutlanýan çuň akylly bolany üçin, türkmenlerde ýokary derejäni eýeleýär”.

G-de Blokwil.

“Gowşut han türkmenleriň arasynda dörän üýtgeşik kişi, göze gelimli syraty adam. Ol aýratyn edermenligi bilen öz döwrüne çenli hiç haçan ne häkimi ne-de tertip-düzgüni ykrar eden kakabaş tekeleri jylawlamakda hem olara tertip öwretmekde özüniň ajaýyp ukybyny görkezdi”.

Poruçik Alyhanow-Awarskiý

“Gowşut han ajaýyp serkerde”
EDGAR BULANŽE,
fransuz generaly

“Gowşut han türkmen taryhynda unudylmaz keşpdir”.

Berdi Kerbabaýew.

“Beýik Gowşut han!”

Rus generaly Komarow.

“Gowşut han türkmenleriň garaşsyzlygyny döretmekde arhitektor bolup hereket etdi.”

Doktor Mehmet Saraý

Türk taryhçy alymy

* * *

Töweregiň asudalygyny oýaryp ýaňlanan «Allahy ekber» bilen Saragt sährasynda 1854-nji ýylyň jokrama tomsunyň ýene bir säheri başlandy. Bu günüň niçiksi gutarjagy belli bolmasa-da, başlanyşy öňkä kybapdaş geldi. Dolan Aý hem älemiň ýagtylmagy bilen edil düýnküsi ýaly, Düýeboýun öwlüýäniň depesinden sallandy durdy.

Weýran bolup ugran gadymy Saragt galasynyň golaýyndaky obanyň bir öýünden çykan boýy ortadan belendiräk, eti-gany ýerbe-ýer, ýüzi tegelek, saryýagyz adam on-ýigrimi ädimlikde bagly duran atyň ýanyna ýetenden soň, töweregine garanjaklady: “Serdar näme eglenýäkä?” diýip, öz-özüne sowal berdi, soňam aty bagyndan boşadyp, ýeňillik bilen eýere gondy.

Ýaňy otuz bäş ýaşa girenem bolsa, öňi müçeneklenen gyrçuw gara sakgally ol adam Gowşut handy. Ol sekiz ýyl mundan ozal dünýäden öten Öwezdurdy serdaryň uly ogludy, başynyň ýaşdygyna garamazdan, Saragtda ýaşaýan türkmenleriň kethudalarynyň öňe sürülýänlerinden biridi, öz tiresiniň hanydy. Gowşut hanyň garry atasyna Akmämmet serdar diýýärdiler. Akmämmet serdar egri gylyjyň niçiksi

oýnadylýandygyny ahal ýigitleriniň köpüsine öwreden adamdy. Ol ahal tekeleriniň bir bölegi suw ýetmezçiligi sebäpli Saragta göçmänkä dünýäden ötdi. Akmämmet serdar Nedir şanyň garşysyna-da atlanan serdarlardandy. Gowşut hany hem ilat edermen serdara mynasyp agtyk, il penasy bolan batyra mynasyp ogul hasaplaýardy. Gowşut han heniz uly darkaşlara gatnaşmadygam bolsa, kiçeňräk çaknyşyklarda edermenlik görkezen adamdy. Gowşutlar togtamyşyň beg taýpasynyň ýary gökje tiresiniň çomalak-çüri urugyndandy.

Kän mahal geçmänkä, dor atyny säpjedip, Gowşudyň garaşýan adamy hem gelip ýetdi. Ol Täçgök[1] serdardy. Täçgök serdar Atabaý ogly tekäniň utamyş böleginiň syçmaz-aksupy-gyýr-alasakgal-alajagöz tiresindendi.

Täçgögüň gelmegi bilen töweregiňem jemendesi köpeldi. Ilden öňürti Gowşut hanyň goňşusy Kelhan Kepele peýda boldy. Ol Saragtda tanalýan demirçi ussady. Kelhan Kepele öýli-öwzarly ogul-gyzynyň hem bardygyna garamazdan, aýaly dünýäden öteli bäri, köplenç öz ussahanasynda bolýardy. Öýlenmek baradaky inçe umytdan gutarnykly el üzmäni sebäpli, ýaşy bir çene ýetenem bolsa, ol heniz sakgalyny hem doly goýbermändi, gyrçuwdy. Kelhan gaty daýaw, äwmezek, çakdanaşa giňgöwrümli adamdy.

—Kelhan, gaty geýnüwli görünýäň-le?!—diýip, ony synlan Täçgök serdar sowal bermän durup bilmedi.

Kelhan Kepele eňegini sypap, çalarak ýylgyrdy:

—Bu gün Pendi baýyň toýuna çagyryldyk, halypa...

—Asyl ýada-da düşenok, bu gün toýdur-ow! Toýa çagyrylmak ýalam bir gowy zat bolarmy!—diýip, Gowşudam Kelhana täzeden ser saldy.

Loh-lohlap gülen Kelhan:

–“Eşegi ýüke çagyrýandyrlar”, Gowşut jan—diýip nakyl getirdi.—Biz ýalakyny törde oturtmak üçin çagyrmaýanlaryny özüňem bilýänsiň-le. Gassapçylyk etmeli.

—Gulan toýnagyndan kireý islemez, Kelhan. Hyzmat et, gassap bol, törde otur,—toý bolup dursa gowy.

—Dürs aýtdyň. Toý bolawersin. Ýas bolman, toý bolsa, gije-gündiz gap-çanak ýuwmaga-da razy.

Şol mahal üçünji öýden çykan adam, olaryň ýanyna gelmäge çekinýän ýaly, gapyda esli wagt durdy. Yzyna, içerik dolanjak ýaly hem etdi. Ol Gowşudyň inisi Hojagulydy. Eger-de agasy uzak hem howply ýola ugramanlygynda, öten agşamky galmagaldan soň Gowşuda: “Aman-esen gidip gel” diýmäge-de onuň dili aýlanmazdy.

Esli salym oýlanyp duran Hojaguly gowy bir täzelik tapan ýaly birden çalt-çalt ädimläp, atlylara tarap gaýtdy. Ol gele-gelmäne agasyna ýüzlendi.

—Belkem, päliňden gaýdarsyň, Gowşut?

Agasy:

---

1.Ýaşuly türkmen ýazyjylary B.Kerbabaýewiň, , B, Soltannyýazowyň, awtora beren maglumatlaryna görä, Gowşut han 1819-njy ýylda dünýä inip,1878-nji ýylda ýogalypdyr.Görnükli türk alymy doktor Mehmet Saraýyň “Türkmenler imperializm zamanynda” diýen taryhy işinde ol 1819-njy ýylda doglup, 1877-nji ýylyň iýulynyň soňky günleriniň birinde dünýäden ötdi diýlip bellenýär. (awtor)

2. Täçgök serdar—Türkmenistanyň Halk komissarlary sowetiniň başlygy Gaýgysyz Atabaýewiň kakasy. (awtor).

—Belkem, bir ýassykda ýatyp turmadyk bolsaň, serdara Taňry salamyny berersiň sen?—diýenden soň, inisi ýalňyşyny düzetdi.

Hojaguly özüni dawa-jenjele goşulmaýan, ýuwaş adam hasaplaýandygy sebäpli, agasy Gowşudyňam ata çykyp, Eýran ýaly howply ýurda bendileri azat etmek maksady bilen gitmegine düýpden garşydy. Şonuň üçinem ol töwerege ýygnanan adamlardanam çekinmän, agasy bilen harçaňlaşmagyny dowam etdi.

—Saragtyň senden zyýadarak hany-begi barka, ýesir boşatmak saňa galypmy?

Gowşut inisi bilen gepleşmeýän ýaly, ýüzüni Täçgöge tarap öwürdi.

—Bu zamanyň kişileri zenança-da ýok, serdar. Anha, ýeňňesä dişini gysyp dur, ýüwürjisem gözýaş edýär.

Hojaguly aýallaryň arasynda duran ýeňňesi Ýazsoltana tarap alarlyp garady. Şol wagtyň özünde-de aýdýan sözleri agasyna degişli hem bolsa, ýeňňesine seredip aýtdy.

—Sen päliňden gaýtmasaň, şu mahal agzyny açmaýan ýeňňem erte çuwala bakyp gözýaş etmeli bolar. Ýöne giç bor…

Gürrüňiň dartgynlaşyp barýandygyny, soňunyňam oňatlyga ýetmejekdigini aňan Täçgök serdar özüniň bardygyny duýdurdy. Ol Hojagulyny köşeşdirjek boldy.

—Biz alamana ýa söweşe gidemzok, Hojaguly! Dilegçilige, gedaýçylyga gidýäs. Özem biz gedaýyňam torbasyzy. Gedaýa-da eçilen bir zat emleýa, bolmasa-da ony urmaýalar. Oň üçinem...

Hojaguly Täçgöge-de sesini gataldyp galdy:

—Oň üçinem torbaly gedaýy it-güjük garşy alýan bolsa, sizi naýza bilen myltyk garşy alar.—Şuny diýdi-de, Hojaguly hyrra yzyna aýlandy.

At üstünde oturan Gowşut inisini ýasama ýylgyryş bilen ugratdy.

Iki atlynyň dem alýan howasyny inçeli-ýogynly ses doldurdy:

—Sag gidiň, aman geliň!

—Ägä bolaweriň!

—Gaýtarmyş ata, senden medet!

Märekäniň içinden öňe saýlanan küýküje kempir Gowşudyň ýanyna bardy. Kempiriň elinde bir tegelek nan bardy. Ol nany Gowşuda uzatdy. Emma onuň eli atyň gapbiline-de ýetmedi. Nan aşak eglen Gowşudyň eline geçdi..

Dişleri dökülip gutaran kempir eňegini hereketlendirdi.

—Itden-guşdan özi gorasyn! Sag gidiň, aman geliň!

Gowşut adamlaryň göwnüni götermek maksady bilen ýylgyrdy.

—«Ilçä ölüm ýok» diýipdirler, garry. Alla ugruna etse, giden adamlaram alyp gaýdarys. Gowşut töwerege nazar aýlansoň, «Adamlaram alyp gaýdarys» diýen gepiň, Alla sygnylyp aýdylanam bolsa, jüpüne düşmändigine göz ýetirdi. Sebäbi ýygnananlaryň arasynda on bäşini dolduryp on alta giden Karkara on üç ýaşly jigisi Oraz bilen durdy. Karkara Gowşudyň goňşusy, özünden gaýry ganybir hossary-da ýok, häzirem Eýranda bendilikde ýören Daňatar aganyň gyzydy.

Geçen ýylyň güýzünde gajar alamançylary Saragta dökülenlerinde, Daňatar agany mal sürdürip äkidipdiler. Karkaranyň ozaldanam keselbent ejesi hem şol wakanyň yz ýanyndan ýogalypdy. Daňatar aga hakynda bolsa her hili myş-myş bardy. Kim ony «Gajarlar ata süýredipdir» diýse, kimse: «Ol zyndandan gaçypdyr welin, ele düşensoň, gözüni oýupdyrlar» diýýärdi. Garaz, Daňatar aga hakda oňly

habar-ha ýokdy. Ol şum habarlaram, niçiksi ýol bilenem bolsa, Karkaranyňam, Orazyňam gulagyna ýetýärdi.

Gowşut han Karkaranyň ýagdaýyna düşünýändigi üçin, halyna nebsi agyrýandygy sebäpli Eýrana gidip, bagty synap görmek isläpdi. Sebäbi, göze görnüp ugransoň, gyz maşgalanyň derdeseri köpelip başlaýardy. Emma Karkaranyň welin ýagdaýy ondanam başgaçady. Birinjiden-ä, ýaş gyzy ýaman gözden gorap saklajak degerli hossar ýokdy, ikinjdenem, Karkara bu sebitleriň iň görmegeý gyzydy. Gözellik gowulyk hasaplansa-da, Karkaranyň gözelligi onuň öz başyndan ýamanlyk bolup inipdi. Oňa hyrydar göz bilen garaýanlaryňam, ony her hili mekru-al bilen ele saljak bolýanlaryňam sany köpelýärdi.

...Karkara sesini çykarman, ýöne seredip dursa-da, Gowşut onuň aýtmaly sözlerini aýtdyrmazdanam bilýärdi. Şonuň üçinem ol jylawy silkmäge mejbur boldy.

Märeke bilen hoşlaşan iki atly ilerligine tarap ugrady. Olar taýakýetim ara açansoňlar, yzdan gelen: “Gowut ag-a!” diýen inçejik sesi eşidip, aýak çekmeli boldular.

Märekeden saýlanan, uzyn biýz köýnekli sekiz - dokuz ýaşlaryndaky oglanjyk ýolagçylara tarap ýelk ýasady. Ol atlylaryň ýanyna ýetip barýarka, köýneginiň etegi aýagyna çolaşyp, tüwdürip gitdi, ýüzi ýer garbady. Oglanjyk örän tiz ýerinden turup süssenekledi-de, ýene ýüwürdi. Ol iki atlynyň edil alkymyna baransoň, pesde durup daga seredýän aly, ýüzüni ýokaryk tutdy.

—Gowşut aga, Täçgök aga! –diýip oglan at üstünde oturanlara gezek-gezegine seretdi. Meňem kakamy getirersiňizmi?

Eleşan eşikli çaganyň sowalynyň öňünde ejizlän Täçgök serdar Gowşut näme jogap gaýtararka diýen pikir bilen onuň ýüzüne garady. Tozanyň içinde ýyldyraýan garaja gözler, at üstünde bolansoň has-da uly bolup görünýän uly adamynyň gara gözleri bilen çaknyşdy. Gowşudyň göwnüne bolmasa, çaga gözleri: “Geler” diýseň, gülerin, “Gelmez” diýseň, aglaryn” diýýän ýalydy.

Çaganyň nazaryndan gözüni aýran Gowşut ýüzüni aşak saldy. Onuň göreçleri oglanjygyň ýalaňaç aýaklarynda saklandy. Çaganyň sag aýagynyň başam barmagyndan gan çykyp durdy, dyrnagyň üstüne düşen topur bolsa ganly palçyga öwrülipdi. Oňat jogaba garaşýan çaga agyry-ynjyny-da duýmaýan ýalydy.

Gowşut nazaryny nirede saklajagyny bilmän, Täçgöge tarap äňetdi. Gylyç syryp, söweşe girilende ýaýdanmaýan Täçgök serdaryňam häzirki ýagdaýy oglanjygyňkydan enaýy däldi.

Täçgökden seda çykmansoň, Gowşut eýeriň gaşyna seretdi. Eýer gaşyna Gün nury düşüp ýalpyldaýardy. Gödeňsi barmagy bilen eýer gaşyny pitikläp başlan Gowşut ahyr dillenmeli boldy.

—Kakaň geler, goçagym. Kakaň geler...

—Haçan geler, Gowşud-aga, haçan?—diýip, öňküsindenem agyr sowal tapan çaga towsaklady. Çykgynsyz ýagdaýa uçran Gowşut dymdy. Çünki ol oglanjygyň kakasynyň haçan geljekdigini aýtmag-a beýle-de dursun, asla geljekdiginem ynam bilen aýdyp biljek däldi.

Bu gezek Gowşuda derek Täçgök jogap gaýtardy:

—Kän-kän gije geçer welin, kakaň geler, köşek.

Jogaby içinden makullan Gowşut jylawy silkdi.

Bir eli bilen köýneginiň etegini çekip, beýleki elini hem ýokaryk galdyran begençli oglanjyk, hoş habary adamlara tizräk ýetirmek üçin yza tarap daýrap gitdi.

"Ahe-he-e-e-eý!" diýen inçejik sesi eşiden Gowşut gaňrylyp, çaganyň yzyndan garady. Oglanjygyň köýnegi dyzyndanam ýokardady, gamak ýaly aýajyklarynyň astyndan tozan turýardy. Indi onuň büdräsi gelmeýärdi.

...Deň goşluşan iki at ýandakly düzlük bilen säpjäp barýardy. Hiç kimden ses-seda çykmaýardy. Şeýdip esli ýörelensoň, derýa tarapdan öň aýagynyň birine çalarak ýemseýän biçak owadan aty iýdip gelýän arrykdan uzyn boýly, sakgallak adam göründi. Ol Saragt tekeleriniň häzirki baş hany Hojam Şükürdi.

Durs ady Hojamguly molla Nazar ogly bolmaly Hojam Şükür häzir altmyş üç ýaşyndady. Ol 1792-nji ýylda Tejeniň Kyrkguýy obasynda dogulýar. Ol togtamyşyň wekil urugynyň garawekil garamah tiresindendi. Hojamguly ýaşlykdan dogumlydy, ugrtapyjydy, heniz otuz hem ýaşamanka, Hywa hanlygy bilen-de ýakyn aragatnaşyk saklapdy. Şonuň üçin bolsa gerek, ähli tekäniň hany Myrat serdar dünýäden ötenden soň, Hywa hany Ispendiýar han Hojamgula aksakallyk derejesini bagyşlap, teke kethudalarynyň garamagyna iberýär. Şeýlelikde, 1823-nji ýylda Ahalda geçen uly teke geňeşinde ony Bäşgala tekelerine han belleýärler. Hojamguly han suw hem öri ýetmezçiligi sebäpli, tekeleriň bir boleginiň Saragta göçmegini guraýar, soň bolsa, aňyrsy iki-üç ýylyň dowamynda aç-ýalaňaç tekeleriň ezeneginden galdyrýar. Adamlar bilen dil tapmaga ussat han, hatda goňşy ýurtlar bilen gepleşip, ekmäge tohumlyk gallany-da karzyna almagy başarýar. Hojamguly Saragtda tertip-düzgüni berkidýär, çagalaryň köpüsiniň mollada okap, döwrüne görä bilimli-sowatly bolmagyna uly üns berýär, ýurtda ogry-jümrüleriň sanynyň azalmagyny, senetçiligiň, dokmaçylygyň ösmegini gazanýar. Şonlukda, ol ilatyň uly hormatyndan peýdalanýar. Emma ýaşynyň gaýdyp ugramagy bilen onuň hanlyk wezipesini berjaý edişi gowşap başlaýar. Ilat arasynda nägilelik döreýär. Soňabaka nähili möhüm iş bilen ýüz tutulsa-da, ondan: "Şükür ediňden" başga jogap almaýan ilat oňa Hojam Gara ýa-da Hojam han diýmän, Hojam Şükür diýen lakam goýýar. Hojam Şükür Gowşut han bilenem gaty ýakyn daýy-ýegendi.

...Başy çüri maşat telpekli Hojam Şükür şu mahal çapyşyklarda baýrak alyp ýören, ýöne soňky toýlaryň birinde büdräp aýagyny agyrdan atyny derýadan suwa yakyp gelýärdi. Han ol atyna çakdanaşa guwanýandygy sebäpli suwa-da özi ýakýardy, torbasynam özi atýardy. Atynyň aýagy agsanyndan soň-a Hojam Şüküriň işi-pişesi şol boldy diýen ýaly.

Baş hanyň deňine ýetilende Gowşut at başyny çekdi. Iki tarap salam-helik alyşdy. Hojam Şükür iki atlynyň hanja, niçiksi maksat bilen barýandygyndan ozaldan az-kem habardar bolsa-da:

—Ugur haýyr bol-a, ýigitler?!—diýdi.

Gowşut jogap gaýtardy:

—Ugrumyz-a gajar iline, han aga.

—Alamançylygamy, çaparmançylygamy?—diýen baş han, Täçgök serdara nazaryny dikdi, ömründe ilkinji gezek görýän yaly, ony depesinden dabanyna çenli synlady.—Nöker sany az görünýä-le?

—Bendilikde ýören adamlaryň yzyndan barýas, han aga. Güýç görkezmäge ýagdaýymyz bolmansoň, Alla umyt baglap, dilegçilik edip göräýeli diýdik.

Güýç bilen bendi boşatmaga erkli adam Hojam Şüküriň özi bolmalydy. Gowşudyň aýlawly gepiniň manysyny alan baş han “Ýatyp galandan, atyp gal” etdi:

—Bäş-alty sany Taňry bendesi üçin nökerleşmek ýa hanlaşmak derkarmyka? Goňşy aralykda, alaman-çaparmançylykda onça-onça azaşma-tozaşma bola-bola gelýän zat ahyryn. Beýtsek, ähli pişäni bir ýana taşlap, günümizi Horasan ýolunda geçiräýmeli bolar-da. Ýer titränok, sil gelenok. Hudaýa şükür ediň! Onsoňam...

—Han aga, ýüwrügiň aýagy ýagşymydyr?—diýip, Gowşut baş hanyň sözüniň arasyny böldi.

Hojam Şükür bu gepiňem astynda nähili manynyň ýatandygyna kemsiz düşünse-de, düşünmediksirän boldy. Ol atynyň aýagyna garap gepledi:

—Ýüwrügiň aýagam indi ganymat.—Baş han, her hal, ýüwrükli gürrüňden daşlaşmak isledi.—O mysapyrlar haýsy tireden bolmaly?

—Han aga, şolaryň köpüsini-hä özümizem tanamyzok. Iki sanysy Gowşutlaň obasyndan.

—Olara kimler diýerler?

—Bir-ä üç-dört ýyllykda Duşakdan göçüp gelipdi. Beýlekisem meň goňşym. Daňatar aga diýýäler. Yzynda-da ýüwsük ýaly oglan bilen biçäre gyzjagazy bar. Özi gidensoň, ýaşulyň keýwanysam amanadyny tabşyrdy. Garaz, üsti-üstüne boldy.

—Bendiler haýsy ýerdemiş?

—Anyk-ha bilemzok welin, ýelden-ykdan ýetýän habara görä, Apbas hanyň elindemişler.

Hojam Şükür Gowşudyň atynyň bökdergisine çala ýylgyryş bilen seretdi:

—Töleg üçin näme göterdiňiz? Horjunyňyz biçak ýuka görünýä-le?

Baş han bilen gep oýnadyşyp durmak islemedik Gowşut gönüsinden geldi:

—Tölege-göterime malymyz ýok, han aga. Kelhan ussaň sünnäläp ýasan bir egri gylyjy bar. Sowgat diýip alyp barýas. Horjunda-da azyk-owkatdan gaýry zat ýok.

—Egnimizde gara kelle-de bar diýiň-dä.—Hojam Şükür ýaňsyly ýylgyrdy.—Ojagaz sowgadyňyz bilen-ä…

Gowşut baş hanyň aýtman goýan: “...gara kelläňizi goýup gaýtmaly bolar” diýen sözlerini içinden dowam etdi..

—Gara kelle ahyr bir ýerde goýulmak üçin ýaradylan-da, han aga—diýip, bu gezek Täçgök gepledi.—Kysmatdyr-da...

—Kimiň ýüzi bilen gidýäňiz?—diýip, baş han, näme üçindir gaharlyrak äheň bilen sorady.

—Iliň ýüzi bilen, han aga.

Hojam Şüküriň aýdylany makullanyna-da, ýaňsylanyna-da düşünip bolmady:

—Alnyňyz açyk bolsun! Iş bitirip gelseňiz, habar ýetiriň, hoşal borus.

Gowşut han bir zat diýjek boldy welin, derýa tarapdan küle ýabysyny gorduryp peýda bolan garaýagyzdan gelen burny jaýtaryp duran adam päsgel berdi. Ol adam heniz ýabysynyň başyny çekmänkä:

—Han aga, gaty kän eglendiň-le?—diýdi.—Adamlar saňa garaşyp dur ahyryn…

Baş han birbada geňirgenýän ýaly sypata girdi-de, adamlaryň garaşmagynyň sebäbi hakydasyna gelensoň, Hojam Şükür Gowşut bilen Täçgöge:

—Ýigitler, öz namysyňy nähili goramalydygyny öz gözüňiz bilen göreris diýseňiz-ä, sürüň yzym bilen.

Gowşut bilen Täçgök bu günki bolmaly wakadan bihabardy. Bolsa-da, ýollary derýa tarap barýandygy sebäpli, baş hanyň yzyndan sürmeli boldular...

✧✧✧

Köne galany alkymlap oturan obada ikinji gün Pendi baýyň toýy dowam edýärdi. Baý ol toýy üç günläp toýlamagy kalbyna gaplapdy. Bu sebitlerde ady belli baýyň ýeke ogly Mäligiň öýleniş dabarasyna gaty kän adam ýygnandy. Düýnki edilen işler ýaňadandan gaýtalanýardy. Ýeňleri çermelgi daýaw ýigitler elli-altmyş ädimlikde dikilen agaçlaryň daşynda aýlanyşýardylar. Ölümine az mahal galan goýunlar, şol pursatyň golaýlandygyny aňýan ýaly, bir ýerde durup bilmän, mäleşýärdiler. Märekeman ýaşulynyň "Ony eýdiň! Muny beýdiň!" diýen sözleri haýbatly çykýardy.

Çetki öýüň ýeňsesinde, lowlap ýanýan oduň başynda bir zada gümra bolup duran on sekiz ýaşlaryndaky, inçesagtdan nurana ýüz ýigit kişňän gara ata tarap seredip: "Hä, sesiňden aýlanaýyn-a!" diýip, içki joşgunyny öz-özüne beýan etdi. Ol ýigit Gowşudyň goňşusy Daňatar aganyň ýegeni Gurbandy.

Gurbanyň kakasy Döwran aga ýeke perzendi entek sallançakda ýatyrka ýogaldy, ejesi hem ogly bäş ýaşyndaka garahassalykdan aýňalman, dünýäden ötüpdi. Şondan soň Daňatar aga ýegenini öz öýüne getirmeli boldy. Gurban indi bir ýyl bäri Kelhan ussanyň şägirdi bolup işleýärdi. Ol daýysynyň gyzy Karkarany gowy görýärdi, Ýigit henize çenli gyza söýgi hakda söz aýdyp bilmese-de, dürli hyýala baş goşýardy, öz arzuwy hakda Karkara-da bilýändir, aňýandyr öýdüp çaklaýardy. Gurbanyň şol çaklamasy nädogry hem däldi. Daýy gyzynyň on bäş ýaşyny doldurmagy bolsa Gurbany howatyrlandyrýardy. Gyz maşgala on bäş ýaşa dagy ýetiberse, derrew onuň arkasyny ýapmak bilen bolunýandygy hemme kişi üçin düşnüklidi. Bolsa-da, Gurban öz ýüregindäki arzuwy gyza açyk aýtmaga aýgyt edip bilmeýärdi…

...Pendi baýyň dogan-garyndaşlarynyňkydan gowulyga tapawutlanýan täze diken öýüniň gapdalyndaky teläriň kölegesinde oturanlaryň sany gaty kändi.

Giň hem uzyn ýeňleriniň ujundan barmaklary çala görünýän ýuka donly, ak selleli, saryýagyzdan semizje, müçesi iri däl adam, öýden çykyp ugran gelinlere gözi düşensoň, dymyşlygy bozdy:

—Pendi ber, goňşy edinmek nesibäň nirelere uçrady? Gudaň döwletmentmidir?

Sowal berene Seýitmuhammet işan diýýärdiler. Ol Saragtyň iň ady ýörgünli dogamanydy. Bu etraplarda uly toý, sadaka, bolsa, indi ýaşy ýetmişe ýeten Seýitmuhammet işanyň rugsady bilen edilýärdi. Sähedini, bisähedini, ýyldyzyň ýerdedigini, gökdedigini diňe şondan soramalydy. Onuň asly Garabekewül ärsarylaryndandy.

Oturanlar hem Seýitmuhammet işanyň beren sowalynyň jogabyny eşitmek isleýärdiler. Şonuň üçinem hemmeler Pendi baýa tarap seredişdiler.

Daýaw, eginlek, gyzyl ýüzli, görmegeý, ýaşy altmyşa golaýlan Pendi baý çäkmeniniň bagjygyny oýnaşdyrdy, bogazynyň tüýdük ýalydygygyna garamazdan, emeli ardynjyrady:

—Işan aga, gudam beglerden bolmaly. Onçakly döwletment ýerler-hä dä. Ulug diýerler, Hazret diýerler, beglerde sarpasy bar kişiler.

Işan nazaryny bir nokada dikdi.

—Köp ýagşy! Goňşyň dürri-naýan bol-a! Ämin!

Seýitmuhammet işan elini göterende, oturanlaryň hemmesi-de şony gaýtalady.

Az salymdan gaýra tarapky çoganlygyň içinden bir tozan peýda boldy. Tozan golaýlap-golaýlap, üsti adamly dor atla öwrülensoň, Pendi baý ýerinden turdy.

—Nepes molla ýaly-la bi gelýän?—Ol palasyň gyrasynda jüplenip goýlan sary hokgasyny geýip, atlynyň gelýän tarapyna ýöneldi.—Myhmanyň atyny tutaweriň, ýigitler!

—Nepes molla bolsa, garşylaweriň!—diýip, Seýitmuhammet işan hem myhmanyň gelýän tarapyna ýüzüni öwürdi.—Dünýäň ähli künjeginiň habaryndan horjuny doludur o kişiniň...

Nepes molla ýazylaryň kethudalarynyň birisidi. Kethuda bolup ol alty müçäni arka atan aksakalam däldi-de, edenliligi, dogumlylygy bilen il arasynda abraý gazanan adamdy. Ol elli dört-elli bäş ýaşlaryndady. Nepes molla haýsy tiräniň, haýsy taýpanyň başyna iş düşse-de, öz ýigitlerini jemläp, derrew kömege ýetişerdi. Hut şonuň üçinem baý-garyp, uly-kiçi oňa hormat goýýardy. Ol uzyn boýly, bugdaýreňk, nurana kişidi. Ol gepe çeper adam il içinde Mollanepes şahyr diýlip tanalýardy.

Şahyryň gedemlik bilen gadam urup gelýän dor aty toýa gelen myhmanlaryň teblede bagly duran atlaryna tarap haýbat bilen seretdi-de, boýnuny silkdi, ýiti sesi bilen kişňedi. Gyrçuw sakgally şahyr atyny kişňedip, ümsümligi bozmajak bolýan ýaly, rişmäni bat bilen silkip goýberdi. At birneme köşeşdi.

Myhman entek gaty golaýa gelmänkä, Gurban onuň öňünden çykdy.

—Essalawmaleýkim, molla aga. Jylaw çekiň, men atyňyzy tutaýyn!

Şahyr daýaw göwresine gelşip giden sesi bilen salam alansoň:

—Ýagşy ýigit, bi seň tutjak atlaňdan däldir, gaty gyrpadyr—diýdi, soňam ýigidiň göwnüni awlamak üçin diýýändigini aňdyryp, öňki aýdanyny birneme ýuwmarlady.—Öz eýesinden özge adama torbasynam atdyrýan däldir bi.—Şahyr atdan düşensoň, rişmäni tirseginden geçirdi.—Hany, goçagym, gel, görşeli!

Gurbanyň çepiksi eli şahyryň ullakan hem gyzgyn aýalarynyň arasynda gizlendi. Onýança Pendi baý hem ýetişip, myhman bilen gadyrly salamlaşdy.

Şahyra törden orun berildi.

Saglyk-amanlyk soraşylandan soň, şahyra dikanlap seredip oturan Seýitmuhammet işan hemmeden öňürti dillendi:

—Dünýäde ne gep bar, molla? Sizler bir gezende kişilersiňiz, iýen-içeniňiz özüňiziňki, gören-eşideniňizden sözlip oturyň!

Şahyr çäkmeniniň astyndan görnüp duran ýaşyl kürtesiniň etegini çekişdirdi.

—Işan aga...—Ol gürrüňi nämeden başlajagyny bilmeýän ýaly ýasama ardynjyrady, gönümel burnuna gelşik berip duran çal sepip ugran murtuna çep eliniň süýem barmagyny ýetirdi. Soňam:—Dünýäň ähli gepi türkmendedir, işan aga—diýip,

ýaňsylaýan ýaly bolup aýtdy.—Bizden gaýry ýerde imi-salalyk ýaly. Ýa biziň kişi halyndan habarymyz ýok...

Seýitmuhammet işan şahyryň sözüni böldi:

—Hä, molla, türkmen nä Taňry bendesi dälmişmi?

Nepes molla işanyň beren sowalyny halamadygam bolsa, onuň göwnüni ýykmazlyk üçin esli salym ikirjiňlenip oturdy, diýjek zatlaryny işana däl-de, başga kişä aýdýan şekilli, gapdala seretdi:

—Türkmenem Taňry bendesi. Ol hak zat. Ýöne, men-ä, göwnüme bolmasa, Hazar bilen Amyderýa aralykdan gaýry ýerde ses-üýn ýok ýaly hasap edýän.

—Ras aýdylan gep.

—Ýow bolsa, türkmen üste.

—Asyl dynmadyk.

Şahyr dowam etdi.

—Ärsaryny aýmak çapýa, ýomudy, gökleňi gajar çapýa. Tekäni bolsa, hem gajar çapýa hem Mädemin.

—Äý, kysmatdyr, molla, bi zatlar. Wagty gelende gajaram çapylar, aýmagam. Olaň özleri iflise döner.

Işanyň "Kysmat" diýen sözüni kän oňlamadyk şahyr dilini dişläp oturyp bilmedi:

—Küpür geplesem, hatamy ötüň, işan aga!

Seýitmuhammet işan tiz dillendi:

—Hataňyzy Taňry ötsün, molla!

—Taňry her ki bendesini dünýä inderende, oňa rahatlygam berýändir ahyryn?

—Taňrym her ki bendesini bu dünýäge birehne edip iberýä. Öz erkini özüne berýä. Bimürewwatlyk bolsa-da, gamgusarlyk bolsa-da, bendesiniň özi sebäp bolýar. Ondan ötrin, Taňryda hiç hili günä ýok. Günäni bendesiniň özi gazanýa. Bendäniň her egninde oturan Katibin hem Kiräbin diýen iki perişde onuň gazanan günä-sogabyny hemişe hasap edip durýa.

—Kişiniň eden bimürewwetliginiň ejirini-ezýetini biz çekmelimi? Öz erkiňi, bala-çaganyň rahatlygyny goramagam günä däl bolsa gerek?

—Oz päkizeligiňi goramaklyga şerigatda hem düzüw garalýa. Emma ki, işan agaňyz bi bolýan myrtarlyklara üns berýän däldir ýa-da ki onuň üçin köýmeýändir öýdüp oý etmäň, molla. Iliň ýaman halyna biz-de köýýäs. Emma ki goldan gelýän çäre ýok. Taňra sygynmakdan başga alaç tapamzok...

Töwerekde hümürdi köpelip başlady:

—Külli türkmeni bir ýere ýygnamaly!

—Gajara, aýmaga aksakal ýollap, il bolmaly!

—Gajara aksakal ýollap, ozal-a mazaly il bolduň sen! Hany Ýanar mergen? Hany Kertik hajy? Hany Kel ahun?

Ýatlanan adamlar hälimi-şindi maly çapylyp, ekerançylygy weýran edilip durlansoň, tekeler tarapyndan gajarlaryň üstüne ýollanan ilçilerdi. "Ilçä ölüm bolmasa-da" olar yza dolanmandylar.

—Akylly-başly han saýlamaly!

Bu sözden soň her kim öz agyran ýerini tutup, her kim öz pikirini beýan etdi:

—Türkmeniň agzyny birikdirip oturan bir öňbaşçysy bolsady! Şumat ýumrugyndan ot çykaran bolýan gajaryňam, aýmagyňam “Lepbeý” diýip dursa, nädersiň?

—Hojam Şükür nä han dälmişmi? Ýöne, adamlar, täleý ters gelmesin diýeliň-le. Bize çarhy-pelegiň girdabyna düşen ilat diýerler.

—“Türkmeniň dagy gaýgysy bolmasa düýesi ýaban çöker”—diýip, biri nakyl getirdi-de, bolup geçýän betbagtçylyklaryň sebäbini özüçe düşündirdi.—Indi başa gelýän bela gaýtawul bermäge derek, han dawasyny ediň. Ýagdaýyň pes bolsa han neýlesin, serdar neýlesin?

—Bir hanyň täk özi ataş bolanda, niräni ýakjakmyş!?

—Han ataş bolup, başga zady ýakman, özüni ýaksa-da, biz razy. Şeýtse, hanyň ýananyny gören adamam özüni ýakmak bilen bolardy. Ýöne bizde il üçin özüni däl, çalarak janyny ýakýan hanam ýok...

Nepes molla Seýitmuhammet işanyň “Hojam Şükür nä han dälmişmi?” diýen gepini ýerde ýatyrmady:

—Hojam Şükür indi gojaldy, işan aga.

Seýitmuhammet işan gojalan hanyň tarapyny çalmak meýli bilen bir zat diýmekçi boldy. Emma berlen sowal ony togtatdy. Balagynyň dyzy ýamaly, geçisakgal adam öňe-öňe omzady.

—Işan aga, ýaramazyň gullugynda durýanam ýaramaz bolýan dälmidir? Ýa o zatlaňňam öz müçesine görä günäsiniň geçilýän-geçilmeýän ýagdaýlary bolýamyka? Şü hakda şerigat näme diýýä?

—Ýaramaz birle ýaran bolganam ýaramazdyr.

Beren sowalyna öz islän jogabyny alyp, heserlenen ýaşuly töweregine garanjaklady-da, sesine bat berdi:

—Şeýle bolýan bolsa, işan aga, biziň han diýip öňe tutup ýörenimiz Hojam Şüküriňem syýnynda namaz okarlygy ýok-da?

Seýitmuhammet işan gatyrak giden arryk ýaşulynyň sustuny basmak niýeti bilen oňa tarap gyýa garady, sesini-de az-kem sandyratdy:

—Bi nä gep boldy?

Arryk ýaşuly “atylan ok daşdan gaýtmaz” etdi:

—Hojam Şükür, däninim, işan aga, Mädemin hanyň ýaramazlyga baş goşan nökerleriniň tarapyny tutýa ahyryn. Aýdýanym dürs dämi, adamlar?—Içinden unanam bolsa, aýdylany tassyklap hiç kim daşyndan jogap gaýtarmady. Şoňa görä-de ýaşulynyň özi özüni kanagatlandyrmaly boldy.—Elbetde, dürs diýýän. Nä meň ilata galat söz bergim bamy!?

Bir tarapdan seretseň, arryk ýaşulynyň aýdýanynyň jany hem bar ýalydy. Emma ol hyýalynda-da özüni Hojam Şüküriň deňinde goýup biljek adam däldi. Seýitmuhammet işan bolsa tekäniň baş hanynyň Hywanyň öňünde näme üçin “towşantüýlik” edýändiginiň manysyna sada adamlar bilen deňeşdireniňde, has düýpli düşünýärdi. Ol inçe meseläni sada adamlara düşündiräýmek aňsadam däldi. Şonuň üçinem gürrüňi çuňlaşdyrmak islemedik işan tesbi sanamaga gümra boldy.

Günorta golaý toý ýeri hasam şüweleňlendi. Üsti kaşaň kejebeli ak arwana ýanynyň on-ýigrimi atbaşçysy bilen Pendi baýyň täze goňşusyny—ýeke perzendi Mäligiň gelnligini—alyp geldi. Gümmezekläp oturan ak öýleriň alnyndan

okkesdirme geçýän ýigitleriň sany köpeldi, at toýnagynyň zarbyna çydaman, ýerden ýokary galan ýeňiljek tozan töweregi gurşap aldy.

Gelni kejebeden düşürip, çetki ak öýe tarap alyp ugradylar. Daş-töweregi görmegeý gyz-gelinler bilen bezelen täze gelin dähedem-dessemläp ädimleýärdi. Üstüne mahmal örtülen beýik gupbasyndanmy ýa-da, dogrudanam, özi uzyn boýlumy—täze gelin daşyndakylaryň depesinden garap barýan ýalydy.

Ýaş-ýuşlaryň serinde toý şagalaňyndan başga pikir ýokdy. Balaja oglanlar, gyzlar täze gelniň üstaşyry seçilýän igdedir, kişdeleri ulularyň aýaklaryna çolaşyp çöpleýärdiler. Ýaş gelinleriň, gyzlaryň käbirleri bolsa, şol gyssagarada hem täze gelniň ýüzüni görjek bolup dyrjaşýardy.

Erkek adamlaryň ýagdaýy bolsa, toý bahanasy bilen maslahata ýygnanan geňeşçileriňkä meňzeýärdi. Uzak-ýakyndan gelen myhmanlara, goňşy-golam aksakallaryna giň teläriň aşagy darlyk edýärdi.

Kim düýnde-öňňunda gajarlaryň haýsydyr bir obany talap gidişlerini aýtsa, kim Mädemin hanyň nökerleriniň edýän gabahat işlerini ýatlady. Gürrüň Mädeminiň nökerleriniň üstünden baranda, gassapçylyk ede-ede aransoň, bir gyrada gyşaryp ýatan Kelhan Kepele dikelmäge ýaltanýan ýaly, ýatyşyny üýtgetmän, Nepes molla ýüzlendi:

—Molla, şütüki, Mädeminiň enesi ýalamadyk nökerlerini usullyk bilen itden çykaraýsaň, niçik borka?

Şahyr ýene çep eliniň süýem barmagyny murtuna ýetirip, ýaňsyly ýaly ýylgyrdy.

—Geň galaýmaň, adamlar, içi ýananyňam öz gülküsi bolarmyşyn...

—Olary itden çykarmak üçin gaýrat gerek, Kelhan Kepele, gaýrat—diýip, kimdir biri şahyra sözüni dowam etdirtmän, gygyrdy. Yzyndanam ol ýanynda oturanyň gulagyna pyşyrdady.—Kelhan Kepele-hä tüýs han saýlaýmaly adam ekeni. Soňuna garaman, öňüni çapjak.

Pyşyrdy gulagyna ýeten Kelhan Kepele gobsundy.

—Gaýrat-ha, ogul, şu oturanlaryň bijeden galanynda-da bardyr. Ýöne öňbaşçymyz gaýratsyz diýseň, başga gep.

Ýaňky adam indi açyk gepledi:

—Gaýratymyz bolanda, ikimiziň aljak galamyz barmy? Mädeminiň nökerleri öz mülküň içinde at oýnadyp, tümmüle gelen bugdaýyňy weýran edende-de, kowup çykaryp bileňok-da...

Äwmezek Kelhan Kepelä ol sözler çalaja-da täsir etmedi. Märekäniň gülküsem onuň ýüzüni gyzartmady. Gaýtam ol hiç hili ýakymsyz gep eşitmedik ýaly giňlik bilen gepledi:

Olar meň bugdaýymyň ýele ýanyndanam geçip bilenoklar. Meňkiň ýanynda Gowşudyň bugdaýçylygy bar ahyryn!

—Bolanda näme?

—Bolanda, olar Gowşudyň gözüni görenden ýumlugyberýäler.

—Mädeminiň nökerlerine göz görkezer ýaly kimmiş o Gowşut?

—Öwezdurdy serdaryň uly ogly bolmaly ol—diýip, Kelhan Kepele şol sowalyň beriljegini öňünden bilýän ýaly, sowal aýdylyp-aýdylmanka, jogap gaýtardy.

Esli wagt bäri dymyp oturan Seýitmuhammet işan söze goşuldy:

—Il-halaýyk şo Taňry bendesiniň gürrüňini-hä kän edýä welin, elbet, jyny güýçlidir-dä. Mekany jennet bolgaý atamyz pakyr aýdardy: «Zübda adamlar bolarmyş, beýle ki adamyň gözünden mar-da gorkarmyş” diýerdi...

Märekä golaý gelip duran selçeň sakgally arryk adam:

—Haý, millet, eşitmedim diýme, öýleden soň toý göreşi boljakdyr—diýip, türkmen toýlarynyň iň şowhunly pursady barada habar berdi.

...Gün öýläne sananda, Pendi baýyň märekesiniň sany düýnküsindenem köpeldi. Uly baýraklar goýlup tutulýan baý toýlarynyň seýrek bolýandygy sebäpli, bu günki dabara örän uzaklardanam gelenler bardy.

Selçeň sakgally jarçy ýene peýda boldy.

—Biline, goşaryna göwni ýetýäniň orta çyk, ha-aw! Baýragyň bir öweç. Pendi baýyň döwleti yrylmasyn! Orta çyk, ha-aw!

Kelhan Kepele gyşaryp ýatan ýerinden gepledi:

—Jally, bu gün bagşam aýtjakmydyr?

Ýene bir ýetirilmeli habary unudan jarçy sesine gaýtadan bat berdi:

—Agşam Aman bagşy aýdym aýtjakdyr. Gulagy poslanyň gelibermelidir, haw!

—Güm bolsana!—diýip, alkymynda gygyrylan Kelhan Kepele ýylgyryp, nägilelik bildirdi.

Şol mahal gündogardaky üsti gamyşly baýryň aňyrsyndan peýda bolan bir bölek atly toý märekesiniň ähli ünsüni özüne tarap öwürdi.

—“Gurt agzasaň, gurt geler” diýleni boldy biý-ä!

—Gelmän geçseler bolmyýamy şolar!

—Toýy bulamazlary ýaly, yzlaryna gaýtarmaly ekeni!

Soňky söz şahyryň göwnünden turmady. Ol, toýuň eýesi bolmasa-da, ynamly gepledi:

—Toý üste gelen adam yzyna gaýtarylýan däldir. Her kimem bolsa, öz rysgalyny iýip gitmeli bolar.

Pendi baýam hem çyny bilen hem-de şahyryň göwnüni götermek üçin:

—Göreşde ýykany-ha baýragyny alar, galanlaram damaklanyp gitjek ekenler-dä–diýdi.

Gelýänler Hywa hany Mädemin Ynagyň Mary hem Saragt türkmenlerinden paç ýygnaýan nökerleriniň bir toparydy. Aýaklarynyň astyndaky owadan atlaryň zyba gözel ýaly bolup gelişlerini göreniňde, göwnüň göterilibermelidi. Emma üstündäkileriň zeperi bilen ol atlar hem toýda oturanlara ýek bolup göründi, kädaýym-kädaýym olaryň ýiti toýnaklarynyň ilatyň göz dikip garaşýan däneçiligini weýran edip gidişleri ýatlandy…

Hywa nökerleri toý telärine on-on bäş ädim golaýlansoňlar, jylaw çekip, salam berdiler.

Toý eýesiniň yşaraty bilen Jally jarçy öz borjuny berjaý etdi.

—Ýigitler, toý üste geldiňiz, atdan düşüň. Meýliňiz bar bolsa, häzir toý göreşi-de başlanjak.

Nökerleriň öňbaşçysyna Hemraguly han diýýärdiler. Mary, Saragt türkmenleriniň arasynda onuň adyny eşitmedik ýokdy. Ol Mädeminiň iň edermen goldaşlarynyň biridi. Ýaşy ýaňy otuzdan agan ol ýigit örän tutanýerlidi, keserlidi. Ýöriş mahallary ol mydama baş hanyň ýelesinde durýardy, onuň janpenasy bolup

hereket edýärdi. Hemraguly daş sypaty bilenem öz nökerlerinden parhlanýardy: adam oturubermeli belent eginleri hywadony ýaraýyn diýýärdi, mydama gahara doly ala gözleri ozalam agras ýüzüni has-da hyýrsyzlandyrýardy.

Salyr, saryk, tekäniň salgyt tölemekden birneme boýun gaçyrýandygy sebäpli, Mädemin han nökerleriniň sanyny iki essä çenli köpeldip, nökerbaşylygyna hem Hemragulyny belläpdi. Hemragulynyň öňbaşçylygyndaky han nökerleri Mädemini nägile etmeýärdiler. Teke, saryk, salyrdan ýygnanýan harytlar Hywanyň Marydaky dikmesi Nyýazmuhammet baýyň huzuryna ýollanýardy. Ol ýerden hem ýörite kerwenler bilen Hywa aşyrylýardy.

Kä halatlarda, özlerine göwni ýetip, ata çykan türkmen ýigitleri galla, haly, şaý-sep ýüklenen kerwenleri Hywa ýolunda talaýardylar. Beýle hereketiň bolsa zyýandan gaýry netijesi ýokdy. Gaýtam, talanan pajyň öwezini doldurmak ýene pukara ilatyň gerdenine düşýärdi.

...Hemraguly han öz daş görnüşine kybapdaş haýbatly gepledi:

—Göreş bar bolsa, atdanam düşeris, bil hem tutarys.

Atdan düşüp, düşege geçen nökerlere duz-tagam hödürlendi...

Toý göreşi başlandy. Pendi baý, Seýitmuhammet işan, Nepes molla hem ýene dört-bäş sany aksakaldan özge hemmeler diýen ýaly göreş tutulýan ýere bardy. Teläriň astynda galanlar bolsa şahyryň gürrüňini diňleýärdiler. Göreş tutulýan ýere ýönelen kimdir birine gözi düşen şahyr, birdenem, öňki edip oturan gürrüňiniň ugruny üýtgetdi:

—Ýollary ýazy üstünden düşende-hä bulaň kän bir bidüzgünçililik etmeleri ýokdy welin, şol Kiçi kelden bolsa gerek, Mädeminiň nökerleri suwa-da hojaýynçylyk etjek boluberipdirler.

Kiçi keliň öz ýeke ogly Mäligiň ýakyn dostudygyny bilýändigine garamazdan, Pendi baý hem söze goşuldy:

—Il aýtmyşlaýyn, kowum-gardaşlary hem ondan geçipmişler. Ol Mädeminiň nökerbaşysyna ýüz tutanmyş. “Özüm türkmenem bolsam, türkmenlerde gan algym bar. Olar meň atamy öldürdiler” diýenmiş.

—Garry-gurta dagam gamçy galdyraýmasy barmyş oň.

—Şeýdýän bolsa-ha, ony atdan agdaraýsa bor welin, gözüň bilen görmän...

Ile ýagşylyk edip ýören atasy ýogalandan soň, Kiçi kel özüni oba kethudasy edip bellärler öýdüp gaty ynanýardy. Emma ýaşululyk başga birine berildi. Şoňa gahar edip, kalbynda kitüw saklan Kiçi kel öz obadaşlaryndan ar almak maksady bilen Hemraguly hanyň nökerlerine goşuldy. Şondan soň onuň zeperi diňe obadaşlaryna däl, başgalara-da ýetdi. Hemraguly han “Her iliň awuny öz tazysy bilen awlamaga” tiz ökdeledi.

Göreş meýdanyndan gelýän galmagal güýjedi.

—Göter!

—Bas!

—Çilşirme sal!

—Hemraguly jan, gaňyr!

Galmagal Pendi baýy hem gobsundyrdy. Ýa-ha ol öz toýunda türkmeniň muşakgatly ahwalatynyň ýatlanyp durulmagyny oňlamady, ýa-da toýy toý kaddyna ýetirmek isledi. Ol töweregindäkilere garap ýylgyrjaklady.

— Bil tutup, baýrak almasagam, bil tutýanlara tomaşa etsek nädýä, molla?!

—Ýörüň bäri!

...Göreş meýdanynyň ortasynda Hemraguly han durdy. Onuň göwni hoşdy. Ala donunyň iki ýeňi-de tirsegine çenli çermelendi, ýasy bileklerinde yzgarly topragyň yzy bardy. Bu bolsa onuň kimdir biriniň kebzesini ýere degrendigine şaýatlyk edýärdi. Az salymdan soň, Gurban baýrak goýlan öweji orta getirdi. Hemraguly hanyň erni bir ýere gelmedi.

—Hudaýam baýa berer, gedaýam baýa berer, Pendi baýam baýa berer—diýip kimdir biri başyny ýaýkady.

—Bijeli oglan aglamaz!—diýip, onuň ýanynda duran gepläniň ýüzüne garaman, orta çykarylan öweje seredip durka dillendi.—Goşaryňa göwnüň ýetýän bolsa, senem orta çyk-da, paýyňy al. Bolmasa-da...

Hemraguly han, abşarylyp durşuna, adat boýunça, baýrak alnan malyň maňlaýyna elini degirdi-de, nökerlerine tarap göz aýlady.

Bir kowçum bolup duran han nökerleriniň arasyndan Kiçi kel saýlanyp çykdy-da:

—Ýüz ýaşa, han aga!—diýip gygyrdy.

Kelhan Kepele saklanyp bilmedi:

—Şol ýüz ýaşasa, saňa tohumlyk goýup gider-dä!

Kiçi kel yzyna gaňrylyp, ol sözleriň kimiň agzyndan çykandygyny bilip gitdi. Ol Hemragulynyň baýrak alan öwejini märekeden saýlap gelensoň, Kelhanyň edil alkymyna bardy-da, başgalara eşitdirmejek bolýan ýaly, dişiniň arasyndan syzdyrdy:

—Dahanyňa mäkäm bol, ýalta öküz.

Kelhan welin, aýdýanyny töwerekden gizlejegem bolman, gygyryp gepledi:

—Öküz bolsaň-a iliňe, her hal, nepiň deger welin, sen ýaly ýadyň iti bolup üýrýän ganjyk iline zeperli myhman çagyrar.

Kiçi Kelhanyň ýüzüne çüýjerilip seretdi:

—Kimiň niçiksi ganjykdygyny entek göreris. Ýöne men, item bolsam, şu pille üýrmesiz mahaly üýrüp, baý agaň toýuny bulamaýyn. Ýogsam-a...—Ol ýalpyldawuk saply hanjaryna elini ýetirdi.

Kelhan Kepele äwmedem.

—Hol ortada duran mähriban agaň syrty pohlapdyr. O pyçagyň bilen şoň hapasyny gazap aýyr.

Kiçiniň içine ot düşdi, seňrigini ýygyrdy. Ol seňrigini ýygranda, öz tapan deňeşdirmesi öz göwnünden turan Kelhan Kepele ýylgyrdy. Dogrudanam, seňrik ýygyrmasy Kiçini gaharjaň güjüge meňzetdi. Tekepbir Kiçi başga ýer, başga mahal bolanlygynda, belki-de, Kelhandan beýle kemsidiji gepleri eşidip, ýöne durmasa-da durmazdy. Emma häzir ol Kelhandan ýumruk salaýsa ýa-da onuň tenine tyg çekäýse aman sypmajakdygyna akyl ýetirýärdi. Bolsa-da, ol dilini welin saklamady.

—Hemraguly hanyň syrty arassadyr, seň ýaly ýalta öküziň syrty pohludyr.

—Bolmanda-da, sen ýaly ýalap ýöreni barka, Hemraguly hanyň syrty mydama päkize bolar-da.

Petekesine ot düşse-de, gaýtarmaga jogap tapmadyk Kiçi dymmaly boldy.

Kiçi bilen Kelhanyň arasynda bolup geçýän dartgynlykdan olaryň özlerinden başga hiç kimiň habary ýokdy. Hemmäniň nazary ortada, garşydaşyny ýeňen horaz

ýaly gabarylyp duran Hemragulydady. Göreşe tomaşa edýänleriň kalbynda “Eýsem ähli baýragy Mädeminiň nökerleri alyp gidäýmeli bolarmy? Şunça türkmeniň içinden bir Hemragulynyň kebzesini ýere degrip biljek ýeke adam tapylmazmy?” diýen sowal at salýardy. Emma “Men bar” diýip, orta çykýan ýokdy.

Ara salym düşensoň, Jally jarçynyň sesi ýaňlandy:

—Babyr bilekliň bar bolsa, Hemraguly han bilen göreşe çyk. Baýragyň bir tokludyr, ha-aw!

—Çyrlap ýörme-de, özüň orta çykaýsana!—diýip, biri degişdi.

—Wah, sese berilýän bolsa, Hemragulynyň bilini oňuraýmajakmy men?—diýip, Jally hemişeki şähdiaçyklygy bilen çep goşaryny sag penjesi bilen tutdy— Mende nä goşar bamy? Arryk towguň injigem bir, biýem bir.

Orta çykan bolmady.

Hemraguly han özüne garşydaş tapylmaýanyna çişip, ortada dähedem-dessemleýärdi, töweregine halka bolup aýlanan adamlaryň ýüzlerine garaýardy. Onuň nazary töwerekdäkiler bilen sözsüz sözleşýärdi: “Bilegi güýçliň barmy? Meni ýykyp biljegiň barmy? Ýa-da Pendi baýyň goýan ähli baýragyny men alyp gitmelimi?” diýýärdi. Emma oňa garaýan ýüzlerçe gözüň öňki bakyşy üýtgemeýärdi.

Hyzmat bilen gümra bolup ýören Gurban häzir alakjamasyny goýup, şunça märekäniň içinden bir Hemragula garşydaş tapylmaýanyna aňk bolup durdy. Ol öz nazaryndaky “Biriňiz çykyň ahyryn!” diýen haýyş bilen duranlaryň hemmesiniň ýüzüne garap çykdy. Emma Gurbanyň umyt baglaýjak adamlarynyň ählisi ýaş ýigidiň halys ýürekden ýollan isleginiň manysyna düşünmeýän ýaly bolup durdy.

Birdenem asla garaşylmadyk ýagdaý ýüze çykdy.

Ýeňi çermelgi Kelhan Kepele orta geldi. Adamlar gülüşmedilerem, pyşyrdaşmadylaram-da, bir-birleriniň ýüzüne geňgalyjylyk bilen seredişdiler.

Kelhan Kepele göwresine garanyňda daýaw adamlaryň hataryna girse-de, toý pälwanlarynyň hataryndan däldi. Galyberse-de, ol bular ýaly ýerde Hemraguly han ýalylar bilen bil tutuşjaklardan däldi. Ony Kelhanyň özi-de bilmelidi. Ony bilmese-de, özüniň baýrak üçin orta çykmandygyny welin bilýärdi. Kelhanyň ýüzi adatdakysyndan has agrasdy, garşydaşynyňky ýaly çakdanaşa daýaw bolmasa-da, kelte biýz balak bilen gara hokga aralykdan görünýän tüýlek topugy ýogyndy.

Göreşiň şerti üç gezek ýykmakdy.

Hemraguly hanyň bilinden ebşitläp tutan Kelhan Kepele garşydaşyny silkeşdirip ugranda, tomaşaçylar tolgunman durup bilmediler. Garşydaşlar bir-biregi taýly gezek netijesiz göterenlerinden soň, ara sowuk-salalyk düşdi. Şol pursatdan peýdalanan Kelhan Kepele Hemraguly hanyň aýagyna çilşirme salyp gaňyrdy. Nökerbaşy süňňüne yza beren güýje çydap bilmän, kebzesini ýere degirmeli boldy.

Märekäniň şowhuny Saragt sährasyna sygmady:

—Berekella, Kelhan Kepele!

—Ogluň bolsun!

—Aýaly bolmadygyň nädip ogly bolsun!?

—Müň ýaşa, Kelhan Kepele!

—Baýragyň bolsa getiriber!

Emma Kelhan Kepelä baýrak berilmedi. Öňküsinde ahmal galan Hemraguly han soňky iki tutuşygyň ikisinde-de Kelhany aňsatlyk bilen ýykdy.

Kelhan Kepele ýüzüni aşak salyp, meýdançadan çykyp barýarka, Kiçi kel oňa söz gatyp galdy:

—Tapdyň-a deňeşjek adamyňy!

Kelhanyň gahary bokurdagyna geldi.

—Enesi ýalamadyk binamys diýsänim. Syrtyňda gaýratyň bolsa, çyk, seň bilen bil tutaýyn. Eddil pohuňy jykdan çykan ýaly edäýmezmikäm. Kişi syrty bilen syrtly boljak bolsaň, öz syrtyňy gorap bilmersiň, it ogly...

Kiçi ol sözleri eşitmediksirän bolup, gygyryp gitdi:

—Han pälwanyň baýragyny getiriň, ho-ow!

Kelhan Kepele tutuşda bilini gypjyndyrypmy, nämemi—adamlaryň öňüne baransoň, birneme gyşarylybrak durdy. Onuň saklanan ýeri hem Pendi baý bilen Nepes mollanyň ýany boldy.

Şahyr Kelhana ýylgyryp garady:

—“Ýigit garyp, namys baý” diýenlerini edäýdiňmi, Kelhan?

—Ýok, molla, men “Kasas kyýamata galmaz” diýenlerini etdim. Onsoňam men o peläketi aldap-ogşap dagy ýykaýarmykam öýdüpdim welin, garaz, ol meň çakym däl ekeni. Köpi gören tilki-dä...

—He-eý, Kelhan, Kelhan! Oňa Hywa toýlarynda bil tutup, serpaý alyp ýören Hemraguly han diýerler. Ikimiz ýalynyň mekiru-alyny göre-göre gelendir ol. “Garry serçe kepege aldanmaz” diýip eşitmänmidiň?

—Eşidipdim özün-ä welin, umyt diýenem bar-da, molla.—Birdenem Kelhan Kepele Gurbana gözi düşüp gygyrdy—Gurban, inim, bir owurt suw getirsene. Halys bokurdagym gurady...

Gurban suw dilemek üçin gelin-gyzly ak öýüň gapysyndan baranda, işikde oňa gabat gelenem Karkara boldy. Bu gün toýdy. Herniçigem bolsa, Karkara-da toýa gatnaşýardy. Toý güni ol hem hemmeler ýaly şat bolmalydy. Emma gyzyň ýüzüne siňe sereden Gurban onuň gözlerinden şatlyga derek hasrat alamatyny okady. Beýle ýagdaý Gurban üçin düşnüklidi.

..Suwly tabagy başyna çeken Kelhan Kepele bir eliniň ýeňsesi bilen agzyny süpürdi-de:

—Ak gyz ýoldaşyň bolsun, inim!–diýdi..

Kelhan Kepele “ak gyz” diýse-de, Gurbanyň göz öňüne ak gyz däl-de, saryýagyz Karkara geldi.

Ýene Kiçi keliň köpüň gulagyna ýakymsyz bolup eşidilen: “Han agaň baýragyny getiriň!”diýen sözleri ýaňlandy.

Gurban bu gezek baýrak getirmedi. Ol Hemraguly hana bermek üçin ikinji sapar baýrak getirmek islemeýärdi, gaýtam, baýrak getirmek pikirini hyýalyndanam çykaryp, arzuw kölünde ýüzýärdi. Eger-de garry adamlaryň gürrüňini edýän ak sakgally, ak ýapynjaly, ak selleli perişdeleri şu mahal onuň ýanyna gelip: “Köşegim, dilegiň bolsa aýt, kabul kylarmyz” diýseler, Gurban diňe ýekeje zat dilejekdi. Ol dileg hem baýlyk, at-esbap, düýrme gylyç, uzak ömür, zyba gözel däldi-de, Hemraguly hany ýykar ýaly güýç-kuwwatdy. Hany ol perişdeler!

Ikinji baýrak hem gowşuryldy.

Hakyky pälwanda adamçylyk düşnügi bar bolsa, iki baýrak dagy alansoň, märekede özüne garşydaş tapylmasa, toýuň hasam şüweleňli bolmagy üçin soňky

baýraklary indiki tutuşjaklara galdyryp, “Ýadadym” bahanasy bilen gyra çykar oturyberer. Emma Hemraguly han welin, toý göreşiniň bu ýapyk kadasyna eýermedi.

Gyzykly başlanan toý göreşi gyzyksyz gutaryp barýardy. Indiki baýraklardan hantama adamlaram ýagdaýyň özi aýdyňlaşýança, seslerini çykarman durjakdylar. Kyn pursatda Pendi baýyň özi çykalga tapdy.

—Myhman pälwan, indi siz dem alaýyň, aransyňyzam—diýip, ol Hemraguly hana ýüzlendi.—Kiçi baýraklar üçin kiçi pälwanlar orta çykaýsyn.

Baýyň sypaýçylykly sözleri kalbyndan turan pälwan hem-ä hoş bolup ýylgyrdy, hemem, iki elini-de döşünde goýup, tagzym etdi.

Öz toýundan hemmäniň göwnüniň hoş bolmagyny islän Pendi baý, şeýlelikde, bir okda iki towşan urdy, hem-ä myhman pälwanyň keýpini bozmady hemem öz ildeşleriniň göwnüni awlady.

✧✧✧

Eýran topragyna gadam basylyp, tä Apbas hanyň obasyna ýetilýänçä, Gowşut bilen Täçgök serdar hiç hili üýtgeşik waka sataşmady. Sorag-ideg edilip tapylan han obasynyň çetinden girilen bada welin, ýeriň astyndan çykan ýaly, birden peýda bolan ak köpek atlary arkaýyn ýöremäge goýmady. Köpek diriň-diriň towusýardy, agzyny giňden açyp, janagyrly üýrýärdi. Ol atlaryň aýagyndan ýa-da guýrugyndan agyz salyp bilmese-de, ýolagçylary esli salym güýmedi.

Itiň janygyp üýrmeginden bolsa gerek, oba ýetilen ýerdäki ilkinji jaýdan iki sany epeý adam daş çykdy. Ilkibada olaryň bolşy parahat ýalydy. Emma atlylary synlanlaryndan soň, olaryň bu jelegaýlaryň adamy däldigine göz ýetirdilermi, nämemi, üşerilişdiler-de, derrewem kürsäp öýe girdiler. Olar uzak eglenmän hem daş çykdylar. Bu gezek iki gajaryň ikisiniňem elinde uzyn nilli gara myltyk bardy. Birdenem, olar edil dilleşen ýaly, obanyň orta tarapyna garap, bir zatlar diýip gygyrmaga başladylar.

Olaryň zenzelesinden beleň alan ak köpek, ilki-hä diriň-diriň towsup üýrdi, birdenem sesini tapba kesdi. Gajarlaryň galmagalyna aňk bolup galan Täçgök serdar itiň hanja zym-zyýat bolanynam görmän galdy.

Aradan uzak mahal geçmänkä, Apbas hanyň obadaşlary basga düşdi—uly-kiçi aýaga galdy. Hataryň aňry çetindenem, ortagürpündenem eline çem gelen zady alyp, näme matlap bilen bu ýere gelendikleri heniz aýdyň däl iki atla tarap eňşip gelýänleriň sany köpeldi.

Gowşut atyň üstünde bir durkuny üýtgetmän, bolýan waka tomaşa edip otyrdy. Ol çozuşyp gelýänler hakda-da, gara myltyklar hakda-da, olaryň edip biljek işleri hakda-da oýlanmaýardy. Ol diňe Apbas han bilen ýa-da onuň geňeşdarlary bilen sözleşer ýaly, iki dili hem bilýän adamy tapmagyň pikirini edýärdi.

Galmagal, şakyrdy birneme ýatyşdy. Biynjalyk bolup üýşen kän sanly adam Gowşut bilen Täçgögüň daşyna telim gat diwar bolup aýlandy. Gajarlar kimdir biriniň aýratyn buýrugyna garaşýan ýaly, üşerilişdiler.

Gowşut syr bildirmezlik bilen töwerege ser saldy. Ýygnananlaryň ýaşy uluragy bolsa gerek diýen çak bilen bir murtlak gajara tarap atyny iki-üç ädim sürdi-de:

—Essalawmaleýkim!—diýdi.

Murtlak gajar tüpeňiniň gundagyny ýere diredi.

—Waaleýkum assalam, turkaman.

Gowşut oňa düşnükli bolar ýaly parsça söz gözledi. Ýöne oňly başaran zady hem bolmady. Ol iki dildenem garjaşdyryp, maksadyny beýan etjek boldy:

—Biz adami ki nabikar. Biz adami Apbas han... müşerref. Apbas han meram...[1]

Murtlak gajar egniniň üstaşyry gaňryldy-da:

—Mähammed!—diýip gygyrdy.

Orta boýly şar gara adam mähelleden öňe saýlandy. Murtlak bir zatlar diýensoň, ol onçakly arassa bolmasa-da, örän düşnükli türkmençeledi;

—Myhman aga, habaryňy ber!

Myhmanyň beýle garşylanyşyny geň gören Täçgök serdar dilmajyň "myhman aga" diýen sözüne ýylgyrman zordan saklandy.

Gowşut dilmaja habaryny bermäge durdy:

—Biz ýaragsyz-güýçsiz gelen ilçi. Siz obada, eşitmegimize görä, Apbas hanyň elinde bendi bolup ýören biziň adamlammyz bolmaly. Şolaň ykbaly bilen gyzyklanaly diýip ata çykdyk. Hemram ikimizi, Taňrynyň haky üçin, hanyň ýanyna eltäýseňiz...

Muhammet dilmaç aýdylany murtlak gajara düşündirdi welin, ol märekä tarap ýüzlenip, bir zatlar diýdi. Märeke şol bada dargamak bilen boldy. Ýöne gelenleri tanap galmak isleýän ýaly, olar esli ýere baransoňlaram, gaňrylyp-gaňrylyp, atlylara tarap seredişip gitdiler…

Murtlak gajar bilen Muhammet dilmaç gelenleriň öňüne düşüp, Apbas hanyň öýüne tarap ugrady. Obanyň içinde, ýolboýy jaýlaryň yşyndan jyklaşýan parslar olary geň nazar bilen öz deňinden geçirdiler.

Apbas hanyň öýi obanyň ortagürpünde ekeni. Gowşut dagy pagsadan bina edilen belent diwarly gala ýaly howlynyň howalanyp görünýän derwezesinden girenlerinde, münjäniň üstünde keserip ýatan Apbas han özi deň-duş bir adam bilen küşt oýnaýardy.

Myhman geleni aýdylsa-da, ähli ünsi küştde bolany sebäpli, Apbas hanyň gulagyna degen habar beýnisine oňly ýetmedi. Barybir ol gapydan gelinenini aňyp, küştden nazaryny aýyrman, çep elini salgap, «Geliber» diýen manyda yşarat etdi.

Myhmanlar atlaryny teblä baglanlaryndan soň, gelip hana salam berdiler.

Salam alan han, gol uzadyp görşenem bolsa, küştden aýrylyşyp bilmän, gelenlere onçakly ünsem bermedi. Myhmanlar düşegiň gyrasyna geçip oturdylar-da, küşdüň dünýäsiniň howasyndan dem almaga mejbur boldular.

…Gabawa düşen garşydaşy soňky göçümini edende, han ýasama ardynjyrady-da, küşt berdi, ýeňilendigini boýun alan garşydaş gyra çekildi. Diňe şondan soň, keýpi kökelen Apbas han iki elinem palasa diräp, yza süýşdi, oturan iki sany nätanşa üns berdi, «Bu adamlar nireden peýda boldy?» diýýän manyda bir murtlagyň, bir-de gapdalda çugutdyryp oturan Muhammet dilmajyň ýüzüne garady.

Murtlak gajar ýagdaýy beýan etdi.

---

[1] "Biz Apbas hanyň ýanyna barýan size zepersiz adamlar.' diýen ýalyrak.

Ýuka ädiginiň başlygyna pitikläp oturan Apbas han Gowşudyň gapdalynda ýatan haly horjuna seretdi.

—Owadan teke horjunynda näme barka?

—Horjunda-ha bir tegelek nan bar, han aga—diýip, Gowşut jogap gaýtardy.

Apbas han çalaja ýylgyrdy. Gowşut ol ýylgyryşdan: "Bir tegelek nan bilen bendi boşatmaga geldiňmi?" diýen many okady. Ýöne öý eýesi birdenem ýylgyrmasyny bes edip, agras görnüşe girdi-de, kalbyndakyny daş çykardy:

—Hawa-da, bir döwüm nan üçin ata çykylyp, kelle-de kesilýä, belent galalaram ýumrulýa. Haýýatyň edehädi şeýle-dä.

Apbas hanyň sözleri Gowşudyň göwnünden turdy.

Birdenem han myhmanyna sowal baryny ýagdyryp başlady:

—Seň özüň kim bolarsyň? Hanmyň? Begmiň? Han-beg bolmasaň, beýle agyr iş üçin haýsy hanyň permany bilen geldiň? Ýanyňdaky kim? Attutaryňmy?

—Men hanam däl, begem dal.Gowşut han diýýäler.Ýöne men uly han däl-de, öz tirämiň hany. Tekäň beg böleginiň ýary gökje diýilýän tiresinden. Biýem attutarym däl, hemram. Muňa Täçgök diýýäler. "Ýekelik Hudaýa ýagşy" diýip, bile gaýdyberdik. Biz siziň ile Oraz Ýagly hanyň sözi bilen geldik.

Oraz Ýaglynyň adyny eşiden Apbas hanyň gözleri janlanan ýaly boldy. Çünki ol Oraz Ýaglyny ýagşy tanaýardy, ýer-suw dawalarynda, bendi boşatmak maslahatlarynda ol ikisiniň ýüzbe-ýüz oturan pursatlary az bolmandy.

—Näme üçin onuň özi gelmedi?

—Hanymyzyň saglygy ýagdaýly. Indi oňa uzak ýola atlanmak kyn düşýä. Gojalyk basmarlaberdi. Oraz Ýagly han...

Soňky aýdylanlar Apbas hany ýarasynyň üstünden basylan ýaly etdi. Ol Gowşuda sözüni paýawlatdyrmady:

—Nähoşluk, gojalyk jahanyň iň erbet zady bolar ekeni. Has ýamanam gojalyk. Hassalyga derman tapylýar, tapylmasa-da, adam biçäre, tapylar diýen umyt bilen ýaşap bilýä. Ynha, meň maly-dünýäm ýere-göge-de syganok. Emma ýaşlygym, kuwwatym ýok. Ýaşlygy gaýtarýan dermanam ýok. Ýaşlygy satynam alyp bolanok. Ýogsam, men ähli emlägimi ýaşlyk bilen çalşardym-da, özüm jinde geýip ýaşamaga hem razy bolardym.—Apbas han dymdy-da, geçen ýaşlyk dünýäsine aralaşdymy-nämemi, ahmyr bilen baş ýaýkady.

Hanyň kalbyndaky pikirlerini açyk dile getirmesini Gowşudam, Täçgögem halady. Gojada syrty görnüp duran mekirligem, gürrüňdeşinden rüstem gelmek isläp duran gedem häsýetem ýokdy.

Ýaşlyk arzuwyndan çykyp bilmedik Apbas han, barybir, ony şu gün bilen baglanyşdyryp, gepini dowam etdi:

—Eger şu mahal otuz ýaş alnymda bolan bolsa, men seni göreşe çagyrardym,—diýip, han Gowşudyň ýüzüne çaga nazary bilen seretdi.—Ýyksaň-a, bendileriňi alyp giderdiň, ýykylsaňam, boş giderdiň.

—Han aga, sizde göreşden gaýry, şoňa meňzeş bir şert ýokmy?–diýip, hanyň gürrüňine degişme bilen goşulmak islän Täçgök ýylgyrdy.

Apbas han hem ortada içi etden doly tabaga seretdi-de, myhmanyň ýylgyryşyna ýylgyryş jogabyny gaýtardy:

—Ýaşyň meňkiden kiçem bolsa, göwräň meňkiden kiçi däl. Berre guzynyň etini kim köp iýmeşek edäýeliň!

Gülmäge ullakan tutaryk bolmasa-da, kim çyny bilen, kimem birek-biregiň göwni üçin gülen boldy. Şonluk bilenem, ara dymyşlyk aralaşdy. Esli salymdan soň Apbas han Muhammet dilmaja öz dilinde bir zatlar diýişdirdi. Dilmaç "Bilemok" diýýän ýaly manyda egnini gysdy. Öý eýesi baş atdy. Birdenem ol ortada, henizem ýazylgy duran küşt matasyna seretdi-de, garaşylmadyk sowal tapdy:

—Türkmenlerde küşt barmydyr?

Şu mahala çenli myhmanlarynyň göwnünden turan hanyň soňky sowalyny welin Gowşut halamady.

Küşde başy gyzanda, Gowşudyň dünýäni unudýandygyndan habarly Täçgök saklanyp bilmedi:

—Han aga, meň ýoldaşymam küşdi gowy görýänleriň biri bolmaly.

Apbas han hekgerildi. Birdenem onuň bedeninde gojalyk öwünjeňliginiň damary tarsyldady:

—Bolsa-da, ol meň bilen dikip bilmez. Men tutuş ömrümi küşt oýnap geçirdim.

—Aý, han aga, biz o zeýilli küştçilerden-hä däl—diýip, Gowşut sypaýyçylyk etdi.–Biz bir hälki, güýmenje üçin oýnaýan öwrenjelerden.

—Bolsa-da, seň bilen-ä küşt dikmeli ekeni welin. Maňa türkmenler bilenem küşt oýnalandyr diýip öwünmegem gerek ahyry...

—Olar ýaly bähbidiňiz bar bolsa dikäýeris, han aga—diýip, Gowşut ýaşulynyň ugrundan gopdy.—Utulsagam, bizem oturan-turan ýerimizde "Eýran hany bilenem oýnalandyr" diýip paňkarardyk.

—Men razy. Ýöne ikimiz küşdi ertir dikmeli bolýas. Bu gün bizde ullakan it urşy bar. Pah-pah, tomaşa bolar!

Myhmanynyňam, özüniňem aýdan gepinden hoş bolan Apbas han ýene ýakymly ýylgyrdy.

✧✧✧

Apbas hanyň obasynyň günbataryndaky çöketlige kän adam ýygnandy. Uly tomaşa garaşýan gajarlaryň galmagaly asmana göterildi.

Han myhmanlaryny hem yzyna tirkäp ol ýere baranda, hemmeler oňa tarap seredişdiler. Märeke hana ýa-da onuň ýanyndaky del adamlara däl, inçejik zynjyryny şyňňyrdadyp, Apbas hanyň ýany bilen gelýän mähnet köpege aňkarylýardy. Ol köpegiň ady Bisýardy. Bisýar parsça "artyk", "zyýat" diýmek bolýardy. Obadaky ähli itlerden zyýat bolsun diýen maksat bilen Apbas han köpegine şol ady ýörite dakypdy "Bisýar" şeýle at dakylmasa-da, hakykatdanam bisýardy.

Çöketligiň gyrasynda it bary hatarlanşyp durdy. Bu mahal her kim öz itiniň göwnüni tapmak isleýärdi, kellesinden sypalaýardy, boýnundan gujaklaýardy. It eýeleriniň arasynda, edil adam bilen gepleşýän ýaly, ony-muny diýip, haýwana "sapak" berip durany-da bardy.

Apbas hanyň Bisýaryny gören beýleki itler gozgalaň tapdylar, çalarak çyňsanlary-da boldy. Sebäbi duran itleriň köpüsi ozal Bisýardan bir üle "paý" alan

haýwanlardy. Bisýaryň gulaklaryna ýetip duran gara jähekli agzy itleri däl, eýsem, adamlary-da howatyrlandyrman durmaýardy. Garransoň, köplenç ýaşulular ýaly gojalygyň şöhratparazlyk hem öwünjeňlik keseline uçran Apbas han bolsa beýle ýagdaýa çişip, donuny ýaraýjak bolýardy.

Düzgüne görä, itli adamlar itlerini hem alyp, bir tarapa çekildiler. Emma Apbas han welin olara goşulman, öňki ýerinde galdy. Ol hem gojanyň özüni beýleki it eýelerinden, itini hem beýleki itlerden belent tutýandygyna güwä geçýärdi. Goja kişi şeýdip, ilden saýlanyp durmakdanam uly lezzet alýardy.

It urşuna baştutanlyk edýän kişi mähnet bir ak goýny orta çykardy. Goýun orta getirilenden soň, garpyşygyň başlanýandygyna endik eden itleriň ejiziräkleri-hä çyňsady, dogumlylary bolsa: “Goýun meňki bolmaly” diýýän ýaly bir-birine gaharly hyňranyşdylar. “Bisýar! Bisýar!” diýen sesler eşidildi. Öz ady tutulan Bisýar hereketlendi. Emma Apbas han itini orta goýbermedi. Ol hemişeki endigine görä:

—Biýo! Biýo![1]—diýip, elini galgatdy.

It uruşdyryjy töweregine garanjaklady:

—Bisýar bilen goýberjegiň barmy?

It eýeleriniň hiç birinden jogap bolmady.

—Bisýar bilen çykarjagyň barmy?

Sowal gaýtalandy, dymyşlyk hem gaýtalandy.

Ilkinji baýrak, söweşe girip, gan dökmese-de, Bisýara berildi.

Täçgök serdar Apbas hanyň gapdalynda duran Gowşudyň gulagyna pyşyrdady:

—Han aga itiniň alan baýragyndan myhmanlaryna şeýtel berermikä?

Gowşut söz diýmän, çalaja ýylgyrdy.

Ikinji baýrak üçin öňkä görä kiçiräk goýun orta çykaryldy. Ol baýrakdan hantama, bir-birlerine menzeşräk iki sany adam itleriniň boýnundan tutup öňe çykdy.

Öwrendikli iki it derrew garpyşdy. Emma mahaly bilen netije bolmady. Itler bir-biriniň budundan dişläp duruberdiler. It uruşdyryjy olary öjükdirjek boldy. Şonda-da ýagdaý üýtgemedi. Itleri aýryp ýaňadandan goýberdiler. Ýene netije bolmady. Olary gyzyşdyrjak bolup edilen telim synanyşyk boş geçdi. It uruşdyryjy kişi itleriň göwresi uluragynyň art aýagyndan tutup, yza çekdi-de:

—Baýrak şuňky!—diýdi.

Baýrak berilmesiz edilen itiň eýesi sesini gataltdy:

—O näme üçin baýrak meňki bolman, oňky bolmalymyşyn?

It uruşdyryjy derrew tutaryk tapdy:

—Seň itiň öz buduna ol itiň agzy degenden soň ýapyşdy. Teni öňürti awamadyk bolsa, asyl ol ýapyşjagam däl ekeni.

—Dogry aýtdyň—diýip, ýeňdi hasap edilen itiň eýesi baýragyna tarap ýöneldi. Emma ol heniz baýragyna elini degirmänkä, ýeňildi hasap edilen itiň eýesi haýdap geldi-de, onuň ýeňsesinden itekläp goýberdi. Iteklenen entireklänsoň, yzyna aýlandy –da, ýumruk saldy. Iki göwre garpyşdy. Ýöne bularyňky itleriniňki ýaly gyzyksyz bolmady. Gürpe-gürpe degýän gara ýumruklar degen ýeriniň şol bada terzini üýtgedýärdi. Bolsa-da, ol garma-güýrmelikde kimiň ýeňip, kimiň ýeňilýändigini saýgarmak mümkin däldi. Sebäbi ýumruk salmasyna ikisi-de ýumruk salýardy,

---

[1] Biýo!—Bärik! /parsça/.

sögünmesini hasaba alsaňam, ikisi-de agyzlarynyň ýetişdiginden gargynýardy. Ýaňky gyzyksyz geçen it urşunyň çykaran ňärazyçylygyndan bolsa gerek, hümer bolup duran adamlaryň arasyndan ýekejesi-de çykyp, uruşýanlary aralajagam bolmaýardy.

Täçgök ýene Gowşudyň gulagyna pyşyrdady:

—Bularyň haýsysyna baýrak bererkäler, han?

Gowşut birbada sesini çykarmady, soňam Täçgögiň garaşmadyk jogabyby gaýtardy.

—Bize bu zatlardan peýda ýok, serdar.

“Sen näme diýseň, men şoň bilen” diýýän ýaly, Täçgök egnini gysdy.

Gowşut Apbas hana ýüzlendi:

—Han aga, it urşunam gördük, adam urşunam. Siziň itiňize-de taý gelen bolmady.

—Näme diýjek bolýaň?

—Ijaza berseňiz, biz ildeşlemmiz bilen salamlaşyp gaýdaýsak...

Apbas han ortadaky ýumruklaşyp duranlardan nazaryny bölmän, Muhammet dilmajyň egninden çekdi:

—Turkmanlary äkit, görkez.—Han birdenem, ýaş, oglan ýaly bolup, duran ýerinde towsaklady-da, şadyýan ses bilen ortadakylara tarap gygyrdy.—Duruň, saklanyň!

Ýumruklaşýanlar hanyň sesini eşiden batlaryna togtadylar.

Kellesine gelen pirime özi-de gara çyny bilen “hahaýlap” gülen Apbas han Bisýaryň baýrak alan goýnuny öňe itekläp goýberdi:

—Kim ýeňse, goýun şoňky!

Iki garşydaş akyldan azaşan ýaly, biri-birine ýylgyryşyp seredişdiler-de, gaýtadan garpyşdylar. Olaryň gürpe-gürpesi märekeden esli daşlaşan Gowşut bilen Täçgögüňem gulagyna baryp ýetýärdi.

...Myhmanlary yzyna tirkän, Muhammet dilmaç Apbas hanyň howlusynyň gaýrasyndaky uly baga girip gitdi. Esli ýörelenden soň, ol beýik haýatyň üstünde aýagyny sallap oturan gaba sakgally adamynyň ýanyna ýetip saklandy. Gaba sakgallynyň elinde gara tüpeň bardy. Onuň kirden ýaňa haýsy reňkdedigini-de saýgarar ýaly däl, asly ak bolmaly agzy giň balagy zordan dyzçanagyny ýapýardy. Ol tüýlek aýaklaryny çaganyň oýnaýşy ýaly edip hallanladýardy, ýogyndan ýakymly sesi bilen pessaýja aýdym aýdýardy. Aýdymyň içinde zol-zol gaýtalanýan “Aşufta zaman. Aşufta zaman” diýen iki sany söz gulagyňda galýardy. Ol iki sözüň bolsa “Kynçylykly zamana. Kynçylykly zamana” diýen manysy bardy.

Gaba sakgally Muhammet dilmaç bilen gepleşeninden soň, haýatdan syrygyp düşdi-de, gelenler bilen bir hili, gorkuly ýaly bolup görüşdi. Soňundanam, üst-başyny kakyşdyrdy-da, haýatyň gyrasyny syryp, gündogarlygyna ugrady. Gelenlerem onuň yzyna düşdüler.

Pagsa haýat gitdigiçe täzelenýärdi. Ony synlap barýan Gowşut “Bendilere haýat saldyrylýan bolsa gerek” diýip içini gepletdi. Ol şeýle hem bolup çykdy. Haýatyň gutaran ýerinde alty-ýedi sany adam üýşüp otyrdy. Olardan taýak atym gaýrarakda üç sany gajar uly galmagal turzup, nämedir bir zadyň dawasyny edýärdi.

Bendiler gelenlere känbir ünsem bermediler. Ýöne salam-helik alşylandan soň, ildeşlerine sataşanlaryna az begenmediler, il-ýurt hakda sorag-ideg etdiler, ýüregi ýukarak biri-hä çyn hossaryna sataşan ýaly gözüne ýaş hem aýlady.

Bendileriň birinden özgesi Gowşudam, Täçgögem tanamaýar ekeni. Olaryň arasynda Gowşudyň goňşusy Daňatar aga-da, Duşakdan göçüp gelen obadaşam ýokdy.

✧✧✧

Apbas hanyň öten agşamky beren kesgitli jogabyndan soň Gowşut küşt oýnamakdanam lezzet bolmajakdygyny öňünden bildi. Ol Saragt ýaly ýoldan bu ýere küşt oýnamak üçin gelmändi ahyryn. Onuň aladasy oýundan-henekden, oýunda utup, boş keýp çekmekden düýpliräkdi. Ozalam Gowşut, esasy maksatda göwnünden turmadygam bolsa, özüni bir-biregiň göwnüne degip ýören öýke-kineli goňşy däl-de, arzyly myhman hökmünde kabul edýändigi sebäpli, Apbas han bilen küşt oýnamaga razy bolupdy.

Umuman, şol "esasy mesele" hasap edilýän gepde Gowşut diňe gajarlary günälemeýärdi. Ol meselede türkmenleriňem günäsi uludy. Özi alaman bolsa, ony oňlamaga ýa-da çozuşyň gunäsini ýuwmaga, ýuwmarlamaga hiç hili esas ýokdy. Ýöne ogrynyňam merdrägininiň hem juda ejiziniň bolşy ýaly, namartlygyň halys pes derejesine baryp ýetýän alamançylygam bolýardy. Gowşudyň ýakyn daýy-ýegen gatnaşygynda durýandygyna garamazdan, Hojam Şükür han bilen arasyna tow düşmeginiň iki sebäbiniň biri şol gaty namart alamançylyk boldy. Tejen derýasyny ýakalap oturan uly obada ýaşaýan, namartlyk bolsa gaýtmaýanlygy üçin ýaňsylanyp "batyr" lakamyny alan Hapyz diýen adam öz neberesiniň ýigitleri bilen Maşada tarap alamançylyga çykýar. Ol yza takmynan näçe günden dolanjakdygyny hasaplap, geläýjek wagty göçe taýyn bolup oturmagy garyndaşlaryna tabşyryp gidýär. Ol Eýran topragynda ilkinji gabat gelen kiçijik bir obany talaňa salýar, yza gaýtjak mahaly hem "Maňa tekäniň Hapyz batyry diýýändirler" diýip öwünýär. Alamandan gelen badyna-da, goňşy hatarlara hem duýdurman, Hapyz öz neberesiniň adamlaryny, mal-garasyny alyp, gijäniň içinde Jojukla tarap göçýär. Hut şol gijäniň ertesi "Hapyz batyryň" obasyny sorag-ideg bilen tapan ýaragly gajarlar "batyrdan" galan ary beýleki adamlardan çykarýarlar. Hapyzyň garyndaşy däl bigünä tekeleriň öýleri talanyp, mallary sürülýär. Bu bolan iş ilatda gahar-gazap oýarýar. Şonda ýanyna üç-dört sany aksakaly alan Gowşut baş hanyň ornunda oturan Hojam Şüküriň üstüne baryp, Hapyz hanja göçenem bolsa tapmagy, oňa çäre görmegi talap edýär. Emma baş han şoňa meňzeş ýagdaýda mydama berýän "Goňşara alaman-çaparmançylygynda beýle-beýle zatlar bolar durar" diýen jogaby gaýtarýar. Şonda Gowşut, megerem, ömründe ilkinji gezek özünden ulynyň, onda-da il hanynyň üstüne sesini gataldýar. Şol ses gataltma hem daýy-ýegen arasyndaky gatnaşyk ýüpüne päsgel düwnüniň düwülmegine getirýär.

Şonuň yz ýanyndan bolan uly geňeşde Gowşut han köne galanyň hiç bir jähtden talaby ödemeýändigini tekrarlap, Saragtda täze bir goranyş galasyny gurmaklygyň zerurdygyny nygtaýar. Emma şeýle galanyň zerurdygyna akyl ýetirýänem bolsa, Hojam Şükür diňe Gowşudy ýeňmek maksady bilen: "Bize täze gala gurmagyň hajaty ýok. Biziň berk galamyz bar. Ol galanyň bir diwary—Hywa,

beýleki diwary Eýrandyr” diýýär hem öz sözüni geçirýär. Şonuň bilenem, daýy-ýegeniň arasyna gutarnykly tow düşýär.

Şeýlelikde, geçen wakalary ýatlap, geljekki wakalary çaklap oturan Gowşudyň özi küşt matasynyň başynda bolsa-da, hyýaly-oýy küştde däldi. Üstesine-de, Apbas han näçe öwünse-de, oýnaýşy Horasana belli bolmaly küştçüleriň oýnaýşy däldi. Eger-de Gowşut uly höwes bilen küşt başyna geçen bolsa, ony kän güýç sarp etmänem utup biljek ekeni. Häzirlikçe bolsa oýun deňräk barýardy. Üstesine-de, gojanyň her göçüme gaty kän wagt sarp edýändigi sebäpli oýnuň birinji döwi örän uzaga çekdi. Şonuň üçinem eýýäm küştden eli sowan Gowşut öňde ýene iki döw bardygyny ýatlanda eýýämden ýaýdandy, bu döwüň tizräk gutarmagyny isledi. Oýun çalt gutarar ýaly bilgeşleýinden utulmak çykalgasy-da bardy welin, Gowşut ol ýola düşmek islemedi. Eger ol bilgeşleýinden utulsa, ony hem akmak däl Apbas han aňaýsa, Gowşut gelşiksiz ýagdaýa düşjekdi, öý eýesiniň ony ýaranjaňlyk diýip kabul etmegi-de ahmaldy. Gowşudyň bolsa adam häsýetleriniň arasynda iň bir halamaýany ýaranjaňlykdy.

Geň zat—Apbas han öz myhmanynyň häzir küşt oýnamaga höwesinin ýokdyuyny bilip, oňa ýardam etmek isleýän ýaly, garaşylmadyk, ýöne Gowşudyň isläýjek teklibini tapdy.

—Deňme-deňe razymyň?

Teklip aýdylyp-aýdylmanka, Gowşut ony kabul etdi.

—Ikimiziň güýjümiz kybapdaşrak bar ekeni. Indi men “Türkmenler küşdüň nämediginem bilenok” diýen adama “Galat sözleýäň” diýip bilerin.—Apbas han Gowşuda ýakymly bolup eşidilen ol sözleriň yzyndan bolsa başga bir geň teklip etdi.—Ikimiz öwünmäge esas gazandyk—diýip, han ýylgyrdy.—Indi bu ikisi oýnasyn.—Apbas han ilki Täçgöge, soňam murtly gajara tarap elini salgady.

Täçgögüň küşt oýnaýşynyň ýabygorlydygyny bilse-de, “Myhman öý eýesiniň guly” diýen nakyly ýatlansoň, Apbas hanyň çaga oýny ýaly çykymyny Gowşut ýylgyrmak bilen kabul etdi, içinden bolsa “Gojalyk, baýlyk adamyny her hili ýollardan ýöreder eken-ow!” diýip, pikir etdi.

Gara murt gajar hem ökde däl ekeni welin, Täçgök serdaryň küşt bilşi has-da ýüzleýdi.

Esli salym oýnalansoň, Gowşut hem küşt matasyna tarap nazaryny aýlady. Onuň ilki ünsüni çeken pyýadalar saýpal tapansoň, has-da göze kaklyşyp duran iki at boldy. Täçgögüň aty gajaryň atyna düşýärdi. Täçgök ony görmeýärdi. Gaýtam onuň ähli ünsi ýagdaýy pes oturan bir pyýadasyndady, bar maksady şol pyýadany gidirmezlikdedi. Şonuň üçinem häzir pyýadadan has bähbitli atyň etmeli göçümi onuň hakydasyna gelmeýärdi. Göçmek gezegi hem Täçgögüňkidi.

Gowşudyň baha bermegine görä, atyny mugt gidiräýende-de, gara murtuň döwi güýçlüdi. Emma şol mugt atyň urulmalydygyny aýdasy gelip, Gowşudyň içini it ýyrtýardy, ýöne başgalara duýdurman aýtmagyň bolsa ebeteýini tapmaýardy.

Ýassyga gyşaran Apbas han, howlynyň çetinde keýerjekläp duran ata tarap seretdi. Ol Gowşudyň atyna myhmanlary derwezeden giren batlaryna aşyk bolupdy. Şonuň üçin bolsa gerek, Apbas han Gowşuda onuň garaşman oturan sowalyny berdi.

—Atyň näçe ýaşynda, turkaman?

Gowşut küştden zordan ünsüni bölüp, atlaryň baglanyp goýlan tarapyna seretdi. Hanyň sowalynyň garaşylmadyk bolşy ýaly, myhmanyň jogaby hem gaty düşnüksiz boldy.

—Atym bäş ýaşar, han aga. Özi-de häzir boşanaýsa, garşysynda duran atyň bilini oňrar. Beýleki janawar garşylygam görkezip bilmez. Hemramyň aty-da gaty gyrpadyr.

Gowşudyň aty gyrpa-da däldi, uruşganam. Tersine, ol edil goýun maly ýaly ýuwaşdy. Täçgögüň kellesine Gowşut näme sebäbe öz atynyň hakyky bolşuny aýdaýman, galat sözleýärkä diýen pikir geldi. Beýle ýagdaýyň ýöne ýere ýüze çykmanlygy hakda oýlanan Täçgök küşt matasynyň üstündäki atlara üns berdi. Gowşudyň aýlawly gepiniň manysy aýan boldy. Täçgök göçüm etdi. Emma ol garşydaşynyň mugt oturan atyny urmaga ýetişmedi. Apbas han onuň goşaryndan ýapyşdy:

—Dur, myhman!—diýen han, Täçgöge ýüzlenýänem bolsa, Gowşuda seredip gepledi.—Men Aly begiň atynyň mugt durandygyna häliden bäri üns berip otyrdym. Bularyň ikisi-de ýagdaýdan bihabardy.—Apbas han ýaňsyly ýylgyrdy—Ökde küştçüler-dä!

Barybir Täçgök serdar utuldy. Onuň üçin utulanyňam, Gowşudyňam keýpi bozulyp durmady. Oýundyr-da, birde utarsyň, birde utularsyň. Ýöne gara murt gajar bilen Täçgögüň küşt oýnamagynyň manysy asla garaşylmadyk düýpli bir netijä getirdi—Gowşudyň gep aýlamasyndan göwni suw içen Apbas han joşdy. Ol myhmanynyň inçe mekirlik bilen guran pirimini göýä özi tapan ýaly bolup begendi, hatda joşguny içine sygmaýan oglanjyk ýaly, taýly gezek elini hem çarpyp goýberdi.

—Garşydaşyň aklyna mynasyp baha bermegem akmaklyk nyşany bolmaly däldir—diýip, myhmanyny öwen Apbas han şol bir mahalda özüni hem öwmegi ýadyndan çykarmady.—Sen gaty ýiti mekirlik etdiň, myhman. Şoň üçin men saňa serpaý ýapjak. Oraz ýagly hanyň adyndan geleniň üçin hemem küşt meselesinde hiç kimiň kellesine gelmejek mekirlik tapanyň üçin, men öz gol astymda saklanýan bäş bendiniň birini teňňe talap etmän boşadýan...

Elbetde, Gowşut bilen Täçgök serdar maly-dünýäsi kän Apbas handan niçiksi tarhandökerlige garaşsalaram, beýle serpaýa garaşmandylar. Çünki ol serpaý olar üçin hanyň edip biljek ähli sowgatlaryndan gymmatlydy.

Kelhan Kepeläniň sünnäläp ýasan egri gylyjy Apbas hanyň eline geçdi.

✧✧✧

Gowşut, Täçgök serdar, Muhammet dilmaç üçüsi tirkeşip, haýat salynýan ýere baranlarynda, bendiler işläp ýördüler. Salam-helik alşylandan soňam, Gowşut alyp geleni hoş habaram bolsa, ony aýdyp bilmän, esli mahal ýaýdanyp durdy. Ýaýdanmazça-da däldi. Bäş adamyň içinden kimdir birini azat edip, galan dördüsine bendilikde galýandygyny duýdurmak agyrdy. Beýle ýagdaý azat edilmeýänleriň kalbynda ýaňadandan bendilige düşen ýaly duýgy döretmelidi.

Täçgök serdar “Geple ahyryn” diýýän ýaly many bilen Gowşudyň ýüzüne garady.

—Adamlar—diýip, dil ýaran Gowşut, ýakymsyz bir zat aýtjakdygy üçin ýaýdanýan ýaly, säginmän sözüni dowam edip bilmedi.—Men gepi uzaldyp durmaýyn. Biz siziň ýanyňyza hem ýakymly hem kyn habar bilen geldik. Merhemetli Apbas han siziň biriňizi azat edip, Watana alyp gitmäge ijaza berdi. Men siziň haýsydyr biriňize barmagymy uzadyp, “Seni äkidýäs” diýip biljek däl. Siziň hemmäňizem biz üçin deň adam, deň ildeş. Biriňiz ýakyn, biriňiz daş däl. Bile maslahatlaşalyň. Näme etmeli? Bu kyn meseläni, hiç haýsyňyzyňam göwnüňize degmez ýaly, nädip çözmeli?

Sessiz-sözsüz maslahat  uzaga çekdi. Şonça mahalyň dowamynda bendileriň her haýsynyň hyýalda, arzuwda dogduk mekana ýetendigi, dogan-garyndaşa sataşandygy ikuçsyzdy. Olaryň ýüzüne bakyp duran Gowşut özüne tarap hantamaçylyk bilen seredýän gara gözlere garap bilmän, Täçgöge tarap öwrüldi.

—Bu aladaň çözgüdini niçiksi tapmaly?

Bendilerden biri:

—Bije ataýalyň—diýdi.

—Dürs gep—diýip, ýene biri ol maslahaty goldady.—“Bijeli oglan aglamaz”

Gowşut ol maslahaty oňlady, ýöne pikirini dile getirmänkä, bendileriň arasyndaky ýaşy durugşan, tegelek ýüzli adam, näme üçindir, bir ädim öňe süýşüp gepledi.

—“Bijeli oglan aglamaz”. Ol dogry aýdylan gep. Ýöne meňňem bir aýtjagym bar. Şonam diňläp görüň. Biziň aramyzda iň ýaşuly men. Ellini arka atdym. Yzymda ogul galdy,  gyz galdy. Segsene golaýlan enemem ba...

Gowşut ýaşuly özüni öňe sürjekdir öýdüp çak edensoň: ‘Häý, goja-ha namartlajag-ow!” diýip, içini gepletdi. Emma onuň çaky nädogry bolup çykdy.

—Biziň aramyzda iň ýaşkiçimiz bolsa Öwezgeldi –Sözüni dowam eden ýaşuly bir çetde duran syrdamdan garaýagyz oglana tarap elini salgady.—Öwezgeldiň heniz on ýedisem dolanok. Yzynda-da ýumruk ýaly garyp enesinden gaýry hiç kimi—atasy-da, uýasy-da, agasy-da ýok. Geliň, bije atyşyp durmalyň-da, Öwezgeldiň bijesi çykan hasaplalyň. Makulmy, ildeşler?

Ilki-hä dym-dyrslyk höküm sürdi, birdenem ýerli-ýerden “Makul! Makul!” diýen jogap ýaňlandy.

Gowşut Öwezgeldi diýilýän ýigdekçä tarap nazaryny öwürdi. Ol şonda oglanyň ýaňagyna birki damja gözýaşyň togalananyny görüp galdy.

✧✧✧

Gowşut bilen Täçgögüň türkmen bendilerini boşatmak maksady bilen Eýrana gidip-gelmekleri barada il içinde iki hili gürrüň çykdy. Adamlaryň bir bölegi “Bitiren goşlary bolmandyr. At heläk, syrt heläk, şundan şoňa iki bolup gidip getirenleri-de ýumruk ýaly bir oglanmyş” diýse, beýleki bölegi ýeke oglanyň azat edilmegini-de uly

iş hasaplady. Niçiksi gep-gürrüňiň çykandygyna garamazdan, ýagşy niýet bilen, il aladasy bilen Eýrana gidilmegi Gowşudyň hem Täçgögüň abraýyna abraý goşdy.

Eýrandan gelenleri bäri iki hepde töweregi wagt geçenem bolsa, şu güne çenli gabat gelen adamlaryň şol sapary ýatlanlarynyň hiç biri Gowşuda minnetdarlykdan başga söz diýmedi. Başga hiliräk geplän diňe onuň öz inisi Hojaguly boldy. Ol hem, megerem, çyny bilenem däl-de, Gowşudyň Eýrana gitmegine garşy bolup aýdan sözlerini ýatlansoň, ýan bermegi özüne kiçilik bilip: “Iki bolup alyp geleniňiz bir bendimi?” diýdi. Gowşudyň aýaly Ýazsoltan: “Hudaýa şükür, özüňiz aman geldiňiz, bir biçäre enäni-de bagtyýar etdiňiz” diýip hoşallygyny beýan etdi.

...Gün uly guşluk bolýança Täçgöge kömekleşen Gowşut ýadaw halda öz mellek ýerine dolandy. Ol çatmasyna girensoň, borjak şahasyndan asylgy duran mytara elini ýetirdi, bir owurt suw içip, gyşardy…

Gowşut at aýagynyň sesine gözüni açanda, wagt hem günortana golaýlaberen ekeni. Ol tirsegine galdy-da, egniniň üstaşyry ýeňsä seretdi. Bir dor atly melleginň gyrasyny kesip, gündogarlygyna tarap haýdap barýardy. Onuň dyzynyň üstüne kese basylan gyzyň gara saçy üzenniniň deňinde hallan atýardy. Ara esli bolany sebäpli atlynyňam, gyzyňam ýüzüni saýgaryp bolmady.

Geçegçiniň kimdir biriniň gyzyny alyp gaçyp barýandygy düşnüklidi. Gowşut aljyramady. Ol pilini eline alyp, söm galdy. Onuň bu bolşundan, eňip barýan atyň öňünden çykagada, üstündäkiniň boýnuna towsar diýen many çykarmak boljakdy. Emma ol atla tarap däl-de, çatmanyň gapdalyndaky tümmege tarap ylgady. Tiz mahaldan tümmegiň depesinde peýda bolan Gowşut, pilini saga-sola bulaýlap, sesine bat berdi:.

—Haý, Täçgök serdar, tizräk atlan! Ögryny diri ele saljak bol! Haý, gyz elden gitdi! Atlan, haw!

Suw almaga baran gyzy derýa boýundan alyp gaçaly bäri garaw görmedik kişi Gowşudyň galmagalyny eşidip, ýüregi ýarylan ýaly boldy. Ol gygyran adamy, ady tutulan Täçgök serdary gözi bilen görmese-de, aljyramakdan ýaňa jylawy hanja çekýändigini-de bilmedi. Ady tutulyp gygyrylan ýeke adam hem bolsa, “Gorkana goşa görner” diýen nakyl hakykada öwrüldi, bir topar eli ýaragly adam hä diýmän tümmegin aňyrsyndan atlaryny ýüzin saldyryp çykaýjak ýalydy.

“Ogry syrty gowşak” -- atly gyzy ýere taşlady. Çöp-çalanyň üstüne düşen gyz birki gezek gapdala togalandy.

Gyz alyp gaçan adam atyny ýylgynlyga tarap öwrüp gözden ýitdi.

Onuň kimlerdigini-de aňşyryp bilmedik Gowşut, pilini hem taşlap, gyza tarap ýöneldi..

Goşa saçyny iki ýana ýaýyp, sypal bagyrtlap ýatan gyz Karkarady. Gowşut onuň iki çigninden tutup, ýüzüni ýokary galdyrdy. Gaty howsala düşen gyz özünden gidene meňzeýärdi. Gowşut şypyrmasy bilen onuň ýüzüni ýelpedi. Gyz gözüni açdy. Gowşudy tananyndan soň, Karkaranyň ýaňagyna gözýaş damjalary togalandy, dili tutulan ýaly, goňşusynyň ýüzüne esli salym seredensoň gepledi:

—Gowşut däde, bi sizmi?...Suw ýokmudy?

Ylgap diýen ýaly giden Gowşut çatmadan mytarany alyp geldi.

Karkara birki owurt suw içenden soň dikeldi, bulaşan saçlaryny tertipleşdirdi, töweregine garanjaklady, Gowşudyň ýüzüne naýynjar seretdi, birdenem, bolup geçen

ahwalatyň manysyna indi düşünen ýaly, öňküdenem beter horkuldap aglamaga başlady.

—Gowşut däde, indi men näderin? Ile çykarlygym galmady... Indi men nädip ýaşaryn? Il maňa näme diýer, Gowşut däde?

Gowşut Karkaranyň ýüzüne-de garamady. Gabaklarynyň aşak inmegi bilen öňi perdelenen göreçleri Karkara-da däl-de, elindäki mytaranyň burçundan damýan damjalardady.. Yz-yzyna togalanyp ýere gaçýan damjalar suw däl-de, ejiz hem hossarsyz naçaryň gözýaşy bolup göründi. Birdenem Gowşudyň barmaklary özünden erksiz ýazylyp, mytara elinden gaçdy. Onuň nazaryny dikip oturan topragy gözýaşa gark boldy.

Gowşudyň aňk bolup oturanyny gören Karkara aglamasyny goýdy.

—Gowşut däde, suw dökülýä!

Gowşutdan herekedem bolmady, jogabam.

—Gowşut däde, mytaraň suwy dökülýä diýýän!.

Bu gezek Gowşut gyzyň aýdanyna üns berdi

—He, suw dökülýä diýsene! –Ol gyşaryp ýatan mytara elini ýetirdi.—Zeleli ýok, keýgim, dökülen suw bolsun. Suw dökülse, yrýa gitmez. Iň bolmanda toprak-ha içer-dä.

Şondan soň ara esli salym dymyşlyk düşdi. Karkara ýene köne sowalyna dolandy:

—Gowşut däde, aýdyň ahyryn, indi men nä ýüzüme ile çykaryn, ä?

Gowşudyň nazary gyrbyldap barýan garaja tomzaga dikildi: “Şulaňam aladasy, gaýgy-gamy barmyka ýa-da...hawa-da, şu mahal ýalňyz özi nirädir bir ýere haýdap barýan bolsa, elbetde, aladasy bolansoň şeýdýändir...” Ol tomzaga seredip oturyşyna gepledi:

— Il diýýäňmi, keýgim? Ilimiziň ýagdaýy nä seňkiden gowumyşmy?

Jogapdan kanagatlanmadyk Karkaranyň ýene horkuldysy eşidildi...

✧✧✧

Bolan wakadan soň Karkaranyň ýüregi gursagyna sygmaýardy. Aýallar oňa küýzäniň sowuk suwuna garylan gazangara içirip, uklasyn diýip, ýalňyz özüni goýup gitdiler. Emma gyz çirim hem edip bilmedi. Her dulunda iki sany agzybogdak çuwal goýlan giň öý onuň gözüne dar göründi, ýüregi howlap, daş çykmak isledi. Daş çykmaga-da ejap etdi—ile-güne görünmäge uýaldy. Asyl ol indi adam ogluna görnüp bilerinem öýtmedi. Onuň öz ýüreginiň gürsüldisem şu günki betniýetleriň atlarynyň güpürdisi ýaly bolup duýuldy. Ol garaňkynyň düşerine howlugdy. Birdenem, öz islegine özi garşy bolup, Günüň ýaşmazlygyny isledi. Sebäbi, Gün ýaşan badyna jigisi Oraz hem mallary sürüp gelmelidi, Gurbanam öýe dolanmalydy. Indi Karkara nädip öz hossarlarynyň gözüne görünsin? Onuň üçin iň aýylganç synagam Gurban bilen ýüzbe-ýüz durmakdy. Ol indi tä ömri ötýänçä, Gurbanyň ýüzüne-de garap bilerin öýtmeýärdi, özüni ondan hemişelik jyda düşen hasaplaýardy. Gurban indi ýigit çykdy—ar näme, namys näme, kemsiz düşünýär. Karkara Gurbanyň özüni çyn

ýürekden halaýandygyna ynansa-da, indiden beýläk şol ýagdaýyň üýtgemejekdigine welin ynanyp bilmeýär. Barybir ol özüni at ardyna baglanan, süýrelen, il öňünde abraýy dökülen hasaplaýar. Şoňa görä-de, bardy-geldi, Gurbanyň ýüregi öňküliginden üýtgemäýinde-de, Karkara özüni oňa laýyk hasaplamajakdy. Ol hyýalynda her hili gabahatçylyga baş urup gördi. Il ýatyp, it uklanda, işikdäki telärden ýüp salaga-da, asylyp ölsem diýdi. Birdenem ol irden daş çykan goňşy-golamyň öňünde agzyndan gök dili sallanyp, asylgy duran gyzyň sypatyny göz öňüne getirip, başyny ýaýkady, şeýdip öleninden soň ediljek gep-gybatlary ýatlady. Dili uzyn ýaňra aýallaryň "Gowşut azap çekip, halasam etmeli däl ekeni. Asyl olar onuň namysyna degäýen bolsa nädersiň. Şoň üçinem Karkara özüni asypdyr. Ýogsam, beýtmezdi ahyryn..." diýen hyşy-wyşylary Karkaranyň gulagynda ýaňlandy. Asyp, özüňi heläklemegiň ýene bir gabahatçylyk boljakdygyna gyz şondan soň düşünip galdy. Karkara başga-da bir çykalga tapdym hasaplady. Ol özüni hiç kimiň ýok ýerinde derýa taşlady. Şeýtse, ony görjegem, nirä ýitirim bolanyny biljegem ýokdy, netijede gybatçy aýallara gyza göz-görtele töhmet atmak üçin tutaryk hem tapylmaly däldi.

Şeýle pikirlere çümüp oturan Karkara Gurbanyň gapydan girenini-de duýman galdy. Gorkuzmajak bolýan ýaly, ýuwaşja ädimläp töre geçen ýigit gyzyň üstüne abanyp durdy. Ol esli mahallap sesini çykarmady, asyl aýtmaga söz hem tapmady, gepi nämeden başlajagyny-da bilmedi. Ahyram ol kellesini dolduryp duran müňlerçe sözi bir sözde beýan etdim hasaplady.

—Karkara!

Iki eli bilenem ýüzüni tutan Karkara haýy gaçan haly çuwala tarap gysyldy. Ol häzir köne çuwal ýarylyp, özüni içinde gizläýse gowy görjekdi. Onuň ýüzi Gurbana görünmeýärdi, kellesiniň oňa görünýändigine-de nätjegini bilmeýärdi. Şonuň üçinem ol bir elini ýüzünden aýryp, kellesiniň üstaşyry aýlap tutdy.

Gurban jogap aljak bolup, gyzyň adyny telim gezek gaýtalady. Emma Karkaradan "hä" bolmady. Ahyr gyza teselli bermek islän ýigidiň özi geplemekçi boldy. Onuň maksady ters çykdy. Gaýtam, Gurbanyň köşeşdiriji sözlerini eşitdigiçe, Karkaranyň ýürek howry güýjäp, ahyram ol horkuldy bilen utgaşyp gitdi.

✧✧✧

Ýazsoltan bilen kepbäniň kölegesinde oturan Gowşudyň nazary çetki öýe tarap dikildi. Öýuň aňyrsyndan ilki bilen-ä, ýetmiş töwerek ýaşly, garaýagyzdan hortap aýal peýda boldy, onüň yzyndanam, gulaklary keýerip duran dor at göründi. At örän ýuwaş bolara çemeli, garry aýalyň yzyndan ýuwaşja ýöräp gelýärdi. Eýeriň üstünde bolsa sekiz-dokuz ýaşlaryndaky oglanjyk otyrdy.

Gowşudam, Ýazsoltanam gelýänleri tanamady. Olaryň näme maksat bilen bärik ýönelenlerini-de çaklap biler ýaly däldi. Atyň döşündäki ýalpyldap duran göwüsbende, gymmatbaha rişmä gözüň düşensoň, Saragt sebitlerinde hälimi-şindi gabat gelýän gedaýlaryň biridir öýdüp hem çaklar ýaly däldi. Eger-de toýa, sadaka aýdyp ýörenlerdir öýtseňem, Kelhan bilen Hojagulynyň hem beýleki öýleriň üstünden böküp gaýdylmajak ýalydy.

—Bize gelýäler öýdýän.. Öňlerinden çykaweri!—diýip, Gowşut aýalyna ýüzlendi, özi-de salam berdi.

Gowşudyň salamyna aleýik gaýtaran garry Ýazsoltan bilen egnine kakyp görüşdi. Salam-helikden soň:

—Şü gapy Öwezdurdy serdaryň gapysy bolmalymy?—diýen sowalyna “hawa” jogap alan garry dowam etdi.—Onda senem, hanym,—Ol Gowşuda tarap barmagyny çommaltdy—Öwezdurdy serdaryň oglumy?

—Hawa, garry, men Öwezdurdy serdaryň uly ogly bolmaly. Adyma-da Gowşut diýýäler.

—Uly ogly bolsaň, adyňa Gowşut diýilýänini bilýän. Heniz özüňi görmedigem bolsam, adyňy eşidýän. Bir neressäni bendilikden azat edip, enesini bagtyýar edenňem bilýäs. O biçäre gyzy betpälleň elinden alanyňam bilýäs.

“Dek düýn bolan iş eýýäm Saragta nädip ýaýrap ýörkä?”—diýip, Gowşut içini gepletdi.

—Alnyň-bagtyň açyk bolgaý! Kesbiňden bereket tap, hanym!

—Size kim diýerler, ýeňňe? Nireden, kimlerden bolarsyňyz?

—Maňa, oglum, Şirinjemal elti diýerler. Oraz Çakan gelni, Nury ussa gyzydyryn. Gorgordan bolmaly.

—Hoş gelipsiňiz biziň gapydan. Öýe giriň, barymyzdan hezzet-hormat edeli.

—Ýok, hanym. Ýagşy sözüň üçin Allahym ýalkasyn! Meň törleşip oturmaga ýagdaýym ýok. Aksakalymyz agyr halda ýatyr. Ol şü aty saňa bagyş edýä.

Garry ata tarap seretdi-de ýuwdundy, birbada söz hem aýdyp bilmedi.

—Ýeňňe, men hoja galagy-da däl, hojadirkem däl. Bize hüşür-zekat düşenok. Onsoňam, ýeňňe...

Birneme özüni dürsän garry Gowşudyň sözüni böldi:

—Dur, balam, men aýtmaly zadymy aýdaýyn. Sen soň geple. Hoşmy?

—“Hoş” diýeli.

—Hoş bolsa, gideli. Aksakalyň gözi ýumulmanka, saňa aýtmak isleýän sözi bar. Şony sen eşit. Şondan soň razy bolmasaň, aty oglan-uşakdan iberäý. Bu at edil adam ýalydyr. Eýerinde bäbejigi oturtsaňam, ýykmanjyk özi bize elter. Indi bolsa, Gowşut jan, rişmäni eliňe al. Aty özüňjik tebläňe bagla.

Gowşut ol kempiriň gepe ökdedigine, sähel gowşaksy bolsaň, söz duzagyna düşürmäge ussatdygyna haýran galdy.

Eýýäm atdan syrygyp düşen oglanjyk rişmäni Gowşuda tarap uzatdy. Gowşut ýerinden tursa-da, eli guşagyndan aýrylmady. Ol bahasy altyna barabar bu atyň ýöne ýere tanalmaýan birine peşgeş berilmejekdigine kemsiz düşünýärdi. Sebäbini welin her niçik pikirlense-de, bilip bilmeýärdi. Ot-yssynyň içinde ol garra-da allowarradan bu ýere gelmek ýeňil-ýelpaý däldi.

—Ýeňňe, seň öýe girip oturmak meýliň ýok-da onda?

—Men, Gowşut jan, dula geçip oturmaýyn. Ýöne ýene gelmek takdyrda barmy, ýokmy—bir Allahym bilýä,—duzuňyzy dadyp gideýin...

Ýazsoltan öýe girdi-de, düýeýüň saçagy alyp çykdy.

Garry saçagy açyp, iki döwümjik nan alansoň, aşak oturdy, şojagaz nany iýýänçä-de, esli salym geçdi. Töwir galdyrylansoň, ol ýene Gowşuda ýüzlendi:

—Balam, senem biz bilen git. Aksakal garaşyp ýatandyr. Gözi ýoldadyr.

Agyr halda ýatan nätanşyň özüne garaşmagy Gowşudy alada goýdy. Şonuň üçinem ol gitmäge razylyk berdi. Emma ol garra:

—Men, ýeňňe, siz bilen gideýin—diýdi.—Ýöne getiren atyňy-da yzyna alyp gitmeli bolarys.

Kempir öýkeli ýaly bolup, ýüzüni kesä sowdy.

—Ol bolmaz, ogul.

—Şony boldurmaly bolarys, garry. Men tanamaýan, bilmeýänimiň atyny peşgeş hökmünde alaýsam, il-gün näme diýer?

Gowşudyň sesi kesgitli çykdymy-nämemi, şondan soň garry az-kem ýöwselledi.

—Aksakalyň islegi şeýledi-dä.

—Men saňa "hä" diýýän, senem maňa "Hoş" diýäý, ýeňňe.

Kempir razylaşmaly boldy. Gowşut ony göterip diýen ýaly ata mündürensoň, oglanjyga ýüzlendi:

—Ikimiz bolsa, goçagym, atyň yzyndan pyýadalabereli!

✧✧✧

Gowşut eňsini galdyryp, bosagadan ätläninden, gözenek taýda daşyna ýassyk baryny üýşürip gyşaryp oturan gojanyň bu dünýäniň azabyndan dynmak ýoluna düşüp ugrandygyna göz ýetirdi. Hassanyň öz wagtynda gaty bitginli kişi bolandygy süňklek eginlerindenem bildirip durdy. Atan-satan bolup oturan ýaşulynyň birmahallar, megerem, gylyç syryp, galkan tutan gollary häzir gymyldamaga-da ýaramaýardy. Toý göreşinde baýrak alnan öweji üstünde goýup, çygjarman ol obadan bu oba göterip gelýän howut ýaly boýun inçelmekden ýaňa, sakgaldan gaýry ýüki ýok ýaly bolup görünýän çal kelläni saga-sola öwürmäge-de mejalsyzdy.

Gowşudyň salamyna gaýtarylan jogap çalaja eşidildi. Myhman nähili hereket etjegini bilmeýän ýaly, ojagyň başyna baransoň saklandy. Gözi ýarym ýumuk näsagyň sag eliniň ysgynsyz barmaklary "Golaýyma gel" diýen yşarat etdi.

Gowşut hassanyň alkymyna geçip oturdy.

—Ine, ýaşuly, edil alnyňa geçdim.

—Görüşeli!

—Görüşeli, agam, görüşeli!

Gojanyň ysgynsyz gollary öňe uzan ýaly boldy. Onuň ýarym açyk gözleri bärik seredýänem bolsa, görýäne meňzemeýärdi, şöhlesizdi. Esli mahal geçenson, ýaşuly adaja geplemäge başlady.

—Sen Öwezdurdy hanyň ogly Gowşutmy?

—Hawa, şol bolmaly.

—Meni tanaýan dälsiň?

—Tanabilmedim, aksakal.

—Tanamasaň, men seň agaň bolmaly.

Gowşut geň galdy. Ol dogan-garyndaşlarynyň, hatda bir mahal göçülip gaýdylan Ahalda galan ilen-çalanlarynyňam hemmesini gaýybana bolsa-da tanaýardy. Ol, gel-gel, Saragt sebtinde ýaşaýan agasynyň bardygyny şu mahala çenli bilmeýşine haýran

boldy. Birdenem ol: “Soňky demiň öň ýanyndaky gep bolsa gerek” diýip oýlandy-da, hassa gojanyň göwnüni ýykmazlygyň aladasyny etdi:

— Nä wagt, nä zamana boldy, agam. Bi çaklarda dogan-garyndaşam ýat bolup barýan ýaly.

—Niçiksi zamana boldy diýsene-e!—Sözüniň soňuny süýkdiren ýaşuly uludan dem aldy.—Men seni, inim, soňky gezek göni otuz ýyl mundan ozal görüpdim. Sen o mahal bäş ýaşly çagadyň. Entek molla-da berilmändiň. Şonda-da men Öwezdurda “Ölseň, yzyň ýitmez” diýýädim. Sen şo mahalam ataňa gaty meňzeşdiň… Gözüm açygam bolsa, oňly görenok. Seňem ýüzüňi saýgaramok. Ýöne men seň sypatyňy aýdaýyn. Ýalňyşan ýerim bolsa “däl” diý, inim. Boýuň orta boýdan belendräk. Her egniňde adam oturaýmaly. Uýluklaň tokly ýaly. Indi çekgäňem birneme çalaryp ugran bolmagy ahmal—tohumňyzyň çekgesi ir çalaragandy. Gözüň “goýun göz”. Ýüzüň tegelegräk, maňlaýyň giň. Özüňem saryýagyz. Ýalňyşan ýerim bolsa aýt, köşek.

Goja ýalňyşmaýardy. Onuň beýan eden keşbi Gowşudyň sypaty bilen jikme-jik bap gelýärdi. Gowşut gojanyň göwnüni götermek üçin däl, çyny bilen haýran galdy.

—Be-e, agam, welimidiň?

Hassa çalaja ýylgyrdy:

—Ýok, men weli däl, inim. Men  Öwezdurdy serdaryň sypatyny ýatladym.—Ol Gowşuda tarap elini uzatjak boldy.—Ýene bir gezek görüşeli, inim. Otuz ýyldan soň görüşeli. Sen çagakaňam uly adamlar bilen görüşmegi gowy görýädiň..

Gowşut iki elinem öňe uzatdy.

—Indi sen gulak goý.—Gowşudyň tüýlek goşaryndan elini aýran goja ýuwdundy—Indi gulak as...

—Men gaty çynym bilen gulak asýan, agam. Näme gepiň bolsa  aýdyber.

—Men aýatda ýeke. Mende ne ogul bar, ne gyz, ne-de aga, ini. Ýadyňa düşýän bolsa, Öwezdurdynyň sag goşarynda meň maňlaýymdaky ýaly tagma bardy.--Gowşut tassyklap baş atansoň, ýaşuly dowam etdi—Şo tagma meni ajaldan gutaran tagma bolmaly. Kyrk ýyl mundan ozaldy. Men şonda ölmelidim. Ozaly—Hudaý, galany—Öwezdurdy... Şonda men oňa: “Sen atadan ýeke däl. Men ýalňyz. Menem özüňe gardaş et. Ikimiz dogan bolaly” diýdim. Ýagy gaýdansoň, molla çagyryp, damak kesdik. Şeýdip, Öwezdurdy ikimiz dogan bolduk. Şeýdip, Öwezdurdy ikimiz dogan bolup ýaşadyk. Ahyram ol ikimiz bir-birege ganym duşmana öwrüldik. Oňam sebäbi men boldum...

—Aýdyber, agam!

Goja dymdy, ýuwdundy, birneme güýç toplady.

—Ýok, aýdybilmen. Men o syry jesedimiň ýany bilen gabryma äkitmeli bolýan. Ol syry Öwezdurdy ikimizden başga bir Taňry bilýändir. Saňa-da aýdyp bilmen... Şonda Öwezdurdy maňa: “Doganam öz emekdeşine tyg çekýändir, Oraz, ýöne, men seni öldürmäýin—diýdi.—Eger ki peýmanam dolup, maňa öň gitmek miýesser etse, sen-de meň patama gelseň, men ahyr eýýäme deňiç gabrymda dik oturmaly borun. Doganlyk hatyrasyna sen şuny unutma” diýdi.

—Sen onsoň oň pendini berjaý etdiňmi?

Goja ilki-hä el hereketi bilen “Gyssanma!” diýdi, yzyndanam gepledi:

—Men ol obadan göçüp gaýtmaly boldum. Özümiň günäkärdigimi bilýädim. Öwezdurdy menden öň gaýtdy. Men oň patasyna baryp bilmedim. Ýöne öz gapymda damak kesip, tebärek çykartdym. Ýedisi bellenen güni hem giç öýlän öwlüýä gidip, mazarynyň başynda aýat okap gaýtdym. Hawa, inim, menem indi bu ýagty jahandan rowana bolýan.

Gowşut ýöne dymyp oturmazlyk üçin:

—Ýatan ölmez, Oraz aga, ýeten öler—diýdi.

Ýaşuly Gowşudyň aýdanyny kabul etmeýän ýa-da düşünmeýän ýaly bolup gepledi.

– Men ýerden ýeke çykan ýalňyzdym.Ýatara-turara ýerim bardy. Ýöne ýigit çyksamam, atym ýokdy. Aýagynyň astynda aty ýok türkmene-de aýaksyz türkmen diýlerdi. Öwezdurdy bir bedew at sowgat edip, meni adam sanyna goşdy, ile goşdy. Bedew dagy däldi. Bir öwra, gaçmaly bolamda, ol bedew meni ölümden gutardy… Öwezdurdy şeýle tarhan adamdy. Ahyrat pursaty gelende, ol meň günämi öter.

—Öter. Hökman öter.

—Bu jahanda indi meň il derdine ýarar ýaly zadym ýok. Ýalňyz atym ba. Özem ýaş. Senem Öwezdurdyň perzendi. Şol halal maly saňa bagyş edýän. Bedewi ene süýdünden halal hasaplap almasaň, men bu dünýäden gözümi açyp gitmeli borun, inim. Ak ýürek bilen kabul etseň welin, bi gowgasy çoh jahanda ýene bir arman meselämi çözüp gitdim hasap ederin. Külli türkmeniň haly gün-günden agyrlaşyp barýa. Sen Öwezdurdy serdaryň ogly. Öwezdurdy serdaryň ogly bolan adam dulda possun ýapynyp ýatybilmez. Sen ata çykmaly bolarsyň. Sen halaýygyň namysyny goramaly bolarsyň. Meň saňa sowgat edýän bedewim gaçmaly bolaňda, seni bir gezek gutarsa, kowmaly pursadyňam bir gezek ýetirse, meňňem Öwezdurda doganlygymy hakladygym bolar. Ölmümiň öň ýany sen meň agyr ýükümu ýeňlet, inim. Ýalňyz gojaň göwnüni ýykma...

Ysgynsyz garry gepläp ýadadymy ýa-da aýtjak zatlarynyň ählisini aýdyp gutardymy, garaz, dymdy. Daşarda onuň sözüniň gutararyna garaşylyp duran ýaly, edil şol mahalam eňsi serpildi. Içerik üç sany adam girdi. Olaryň ikisi ak sakgally ýaşuly, üçünjisi Nepes mollady.

Salam-helikden soň,—iki gojanyň, ýaşy ulusy bolsa gerek—aksakallaryň biri näsagyň has golaýyna süýşdi.

—Oraz beg, hal niçik? Birneme bäri bakýaňmy? Ýüz-gözüň-ä, tüweleme, öňki görenimden has ýagtylanypdyr.

Ýatan adam gaýtarjak jogabyndan özi-de öňünden nägile bolýan ýaly dodagyny ýaňsyly müňküldetdi, uludan-uludan ýuwdundy, nazaryny tüýnüge dikip, mawy asman bilen sözleşýän şekilli gögüne garady.

—Indi bize, sakgaldaş, bäri bakma ýok-la..—Şuny diýensoň näsag ilki gepläne däl-de, onuň gapdalynda oturana nazar aýlady.—Nepes molla, senem geldiňmi? Ýaşyň uzak bolsun. Bizi sylany Taňry sylasyn. Indi maňa seň sesiňi eşitmek uzak miýesser etmese gerek....

Oraz aga gözüni ýumdy. Nepes molla az-kem ileri omzady-da, hassanyň goşaryndan tutdy.

—Kimiň öň, kimiň soň gitjegi belli däldir, Oraz aga. Entek köp gezek gazal diňlärsiň sen. Hany, tizräk aýak üste gal. Onsoň “Babaröwşenem” gaýtadan çykyp bereýin saňa.

Näsagdan birbada jogap bolmady, asyl ol gözünem açmady. Nepes mollanyň sözleriniň hälkibir göwün galkyndyrmak üçin aýdylýan sözlerdigine ol kemsiz düşünýärdi. Esli mahal geçensoň, näsag gözüni açdy-da, şahyra seretdi:

—Indi il-gün diňlesin, molla. Ýöne men ölmänkäm, seň sesiňi ýene bir gezek eşideýin. Şony göwnüm isleýä.

“Şol”diýilýän bir goşgudy. Käte-käte töweregine adam baryny üýüşürip, şahyryň kitap okaýan agşamlarynda Oraz aga märekeden yza galyp, Nepes mollanyň ýanynda saklanýardy-da, “şol” şygryň aýdylmagyny soraýardy. Şahyr hem gojanyň ýürek teýine mäkäm aralaşan goşgyny kyn görmän gaýtalaýardy.

Oraz aga ölüminiň öň ýanynda-da şol şygry eşitmek isledi.

Hiç mahalam ýaşulularyň göwnüni ýykmadyk şahyryň ýakymly sesi pessaý ýaňlandy. Goja kişi hem hasratly hem lezzetli pursaty başdan geçirdi.

“Köňlüm, saňa nesihat, gezseň, serbe-ser gezgin,
Tany dosty-duşmany, öýňe bahabar gezgin.
Ganym bilen garjaşsaň, daýym muşty-per gezgin,
Gezseň dünýä ýüzünde, dowam täze-ter gezgin,
Kyrk ýyl maýa gezinçäň, bütin bir ýyl ner gezgin.”

...Gün öýläne sananda, gelenler hassa bilen hoşlaşyp, ýola düşdüler. Iki ýaşuly ýokarky oba, Gowşut bilen Nepes şahyr hem köne gala tarap ugrady. Esli ýol geçilýänçä, Gowşut bilen şahyryň özara gürrüňi ekin-dikin hakda gitdi. Soň Gowşut:

—Ýaňky ýaşuly kim bolmaly?—diýip, şahyra sowal berdi.

Elini arkasyna tutup, aýagynyň burnuna garap barýan Nepes molla, şol durkuny üýtgetmän, ýeňiljek ardynjyrady.

—Oňa Oraz Çakan diýýäler. Il içindäki ýörgünli ady Çakan mergen. Wagtynda kän edermenlik görkezipdir. Dört-bäş atly duşmanyň dagy yzyndan täk özi-de kowga çykaýar ekeni. Ähli gazananyny orta döküýýän jomart adam bolupdyr. Magtymguly şahyr aýtmyşlaýyn, hernäçe ýaşasaňam, ahyry—ölüm. Han bol, beg bol, dannawy ýok. Ata çykyp, gylyç syran dag ýaly gerçegiň bir gysym bolup ýatyşyny görýäňmi? “Men-men” diýen ärler ýatyr gum bolup...”

Gowşut, şahyryň aýdanlary barada oýlanýan ýaly, sesini çykarman ýoluny dowam etdi. Esli ýörelensoň, derýanyň sag kenaryny ýakalap oturan uly oba ýetildi. Çetki öýüň ilersindäki köne tamdyryň külüni ýassanyp ýatan it “Menem bardyryn” diýýän ýaly, birki gezek üýrüp goýberdi.

Gara öýden eli suw kädili bir gelin çykdy-da, derýa tarap gaýtdy. Daşrakdan garasaň, ol gelin bezelen gurjaga meňzeýärdi—boýny gargylykly, goşary bilezikli, ýakasy dagdanly, saçy jugurlydy. Üstesine-de, boýunyň juda pesligi ona oýunjak ýaly bir görnüş berýärdi.

Gowşut dagy entek güzere ýetmänkä, kädisini suwdan dolduran gelin raýýşa çykyp saklandy, ýolagçylar deňine ýetensoň bolsa, eda bilen baş atyp, salam berdi.

Gowşut agzy ýaşmakly gelin gepläberer öýtmändi, emma erkek adamlardan uýalýan ýaly, ýüzüni bir tarapa sowan gelin:

—Şahyr aga,—diýende onuň sesi edil çaganyňky ýaly näzik bolup eşidildi. Agzyndan gaçyrany bary-ýogy iki sany söz hem bolsa, gelniň diliniň birneme çalgyrtdygy şol bada bildirdi—Sizler biziň dilegimizi haçan kabul kylýaňyz? “Bahar aýynda” diýdiňiz, baharam bireýýäm ötüp gitdi. Hemme gözellere şygyr goşýaňyz. Maňa gezek gelende welin… Nä bizler kiçgine bolanymyz üçin hasaba goşaňyzokmy? Boýy kiçginelerem Taňrynyň bendesidir ahyryn?

Gowşut ol gelniň oduň bir bölegi ýalydygyna haýran galdy. Şonuň üçinem ol henize çenli aýal maşgalany beýle içgin synlamadyk hem bolsa, gelniň üst-başyna gaty ünsli garady. Onuň aýagynda ökjesi belent gyrmyzy köwşi bardy, boýnundaky gargylygyň ini üç barmakdan pes däldi.

Nepes molla sapalak atýan äheň bilen gepledi:

—Siziň islegiňizi berjaý kylardym welin, şahyr ýedi ýoluň üstünde gazal aýdyp dursa, nähili bolar, gelin?

Gelin oňa sypalga goýmady:

—Bi jahanda bolmaýan zat gytmy, şahyr aga? Honha, şu gün çetki obadan gawunlykdan gelýän bäş gyzyň iki sanysyny at ardyna basyp alyp gaçypdyrlar. Ýeri, oňa näme diýersiňiz? Kişi maşgalasyny alyp gaçmak bolýamyş-da, bir biçäräniň göwnüni galkyndyrmak üçin şahyra ýol üstünde gazal aýtmak bolmaýamyşmy?

Gowşudyň ýüregi jigläp gitdi, Karkaranyň düşen gününi ýatlady. Ol gelniň aýdanyna ynanmazçylyk edýän ýaly:

—Keýgim, o habary, ýöne dil ujundan aýdaýdyňmy ýa-da şeýle ýaman iş dogrudanam boldumy?—diýdi.

Gowşut sowalynyň onçakly ýerine düşmändigine agzyndan çykan badyna-da düşündi welin, gelniň sözleri onuň çakyny gutarnykly tassyklady. Onuň sesi kineli ýaňlandy.

—Agam, şahyrdan gazal diňlemek üçin beýle şum habary, bolmadyk bolsa, dilime alyp bilmen ahyryn. Men iliň ejiz balasynyň göterilenine begenip duramok. Bolan zady aýtdym. Ha ynanyň, ha ynanmaň. Ol öz işiňiz...

Şygyr hakdaky pikiri birbada unudan Nepes molla özüni bolup biläýjek wakalaryň içinde duýdy, gyzlary at ardyna basyp barýan talaňçylar göz öňünde janlansa, gulagynda naçarlaryň ahy-nalasy ýaňlandy. Şol galmagalyň arasyndanam Gowşudyň sesi eşidildi:

—Şahyr aga, gelniň göwnüni ýykma, gazalyň bar bolsa, aýt!.

Boýy pessejik gelniň özüne gazal goşdurmak üçin şahyra ýüz tutanyna kän mahal geçipdi. Şahyr ol gazaly derrew düzüp, ýat hem bekläpdi. Emma ony heniz Bossantäçden özge hiç kime eşitdirmändi. Edil şu mahalam, Gowşudam goldansoň, ýol üsti hem bolsa, şahyr şol gazaly aýtmagy ýüregine düwdi, şygryň sözlerini kellesinde aýlady-da ýylgyrdy.

—Uýam, onsoň şahyr agaňdan gaty göräýmegin.

—Siz başga gelinleri-hä magtap ýazýaňyz, şahyr aga. Bizleri-de kiçgine bolanymyz üçin syndyrmakçymysyňyz?

—Öwenimi, syndyranymy soň bilersiň..

Şahyr az-kem pikirlenip, ozaldan taýyn şygryň käbir ýerini üýtgetdi:

Bizni yşkynda ýakgan, gahry ýaman kiçgine,
Hoş tekellimginesi, ol şowky zyban kiçgine.

Gaşy zowetginesidir, misli keman kiçgine,
Dişi—dür, lebginesi gunçaýy dahan kiçgine,
Älhepus, ýakdy meni ol nary suzan kiçgine...

Şygry başdan-aýak üns bilen diňlän gelin, tolgunmakdan ýaňa aljyrajak boldy, suw kädisini sag goltugyndan çepine geçirdi, gowuşgynsyz hereket etdi, üç-dört ädim ýöräbem, aýak çekdi. Ol aňyrsyny bakyp durka, sowal berdi:

—Şahyr aga, siz o gazaly kagyza ýazyp bermermisiňiz?

—Bossantäç ýeňňeňiziň ýanyna aýlanaýyň. Birki günden ýazyp goýaýaryn.

Nepes molla gazaly diňlänsoň, gelin gaharlanar öýdüpdi. Emma tersine:

—Şahyr aga Alla ýalkasyn sizi!—diýen gelin hoşal bolup, öz ýoluna ugrady. Onuň aýak basyşy ýeňildi, saçyndaky kümüş suwy berlen ýalpyldawyk jugurlar hereketine goşulyp, ädilýän ädimi sanaýan ýaly gezek-gezegine jugurdap gitdi.

Azap çekip ýazan şygrynyň bagyşlanan eýesiniň göwnünden turmagyna, Nepes molla-da içindenem bolsa, guwanman durmady.

...Gowşut bilen Nepes molla köne Saragt galasynyň deňine ýetdi. Şol ýerden iki ýoldaşyň ýoly aýrylyşmalydy. Emma köne galanyň töweregindäki atly-ýaragly adamlar, goh-galmagal ýene olaryň ýoluny birikdirdi. Iki ýoldaş gala tarap sowulmaly boldy.

Galanyň işiginde kyrk-elli sany atly, eşekli adam bardy. Olaryň bimahal çak bu ýere hiç hili sebäpsiz gelmedikleri-de öz-özünden düşnüklidi..

Eşeginiň gaňňasynda ýaş oglan ýaly keseligine oturyp, atyljagyna-da müňkürlik döredýän, gunnagy inçelip giden uzyn nilli gara tüpeňini dyzynyň üstünde goýan arryk ýaşuly goltugyndan çykaran togalajyk naskädisini agzyna kakdy. Soňra ol gözüni çalaja süzüp, ýüzüni ýokaryk tutansoň:

—Ýigitler, bi ýagdaýymyzda başa erkek telpegini geýen bolup ýörmegimiz utançdyr—diýip warryklady.– Han gelsin, bellisini edeliň. Özüm-ä, ynha, gara kelläni şu mahal goýmaly-da bolsa, orta taşlamaga taýyn. Baş han gelsin, hanja sürmeli hem bolsa, süreliň. Beýdip, ýaşap bolmaz. Namys diýenem biz zat bolmalydyr adamda.

Ýüzleri salyk, tukat adamlardan ýaşulynyň sözüne söz goşany bolmady. Ikibir—üçbir hümürdi dowam edip, manysy düşnüksiz bir gowur töweregi gurşap aldy.

—Ot ýanmasa, tüsse çykmaz, molla—diýip, adamlaryň golaýyna geliniberende, Gowşut Nepes molla söz gatdy.—Ýaňky seň Kiçginäň aýdany dürs bolarly. Adamlaryň terzi bozuk görünýä.

Ýygnananlaryň, dogrudanam, terzi bozukdy. Olaryň hemmesi gyşaryp ýatan gala derwezesine tarap garaýardylar, şol derwezeden kimdir biriniň çykmagyna garaşýan ýalydylar.

Gowşut dagynyň aýak çeken ýerinde duran ýigitler gelenlere gezek-gezegine salam berdiler.

Ýigrimi ýaşlaryndaky garaýagyz ýigit münüp oturan küle ýabysyndan towsup düşdi-de, ilki Nepes molla, soňam Gowşut bilen gaýym görüşdi, yzyndanam janagyryly gepledi:

—Molla aga, sen okumyş adam, kän zat görensiň, kän zat eşidensiň. Beýle-de bir naýynsaplyk bolarmy? Hany, aýdyň, bi bolýan zatlar ymmata sygjak zatlarmy?

Siz-ä uly han bolmasaňyzam bu ýere geldiňiz. Hakyky hanymyz bolsa aýagy syrtyna ýelmeşen ýaly köne galadanam çykanok.

—Sen, ýigit, bir dem tagapyl et—diýip, Gowşut oňa ýüzlendi.—Ilki bilen sen habaryňy ber. Nepes molla entek adamlaň näme sebäbe bu ýere ýygnanandyklaryny bilenok. Näme gep bar?

Onýança-da galadan çykyp gaýdan üç-dört sany adama gözi düşen märekäniň gowry kiparlady. Şahyryň ýanyna gelip duran ýigit hem Gowşudyň sowalyny jogapsyz galdyryp, bar ünsüni şol tarapa gönükdirdi.

Galadan çykanlaryň iň öňünden ýöräp gelýäni Hojam Şükür handy. Onuň aýagynda burny jaýtarylyp duran gaýyş ädigi bardy, egnindäki gyzylymtyl donunyň üstünden bol dokalan ýuka çäkmen ýasgynjak alnandy. Etegi tegelenip duran çäkmen onuň onsuzam kiçi däl göwresine haýbat goşýan ýalydy, ujy garamtyl seçekli guşagyna ýarymaý görnüşli gylyç gysdyrylandy.

Baş han aý berip garaşýan adamlaryň öňüne geçip durdy-da, iki eliniňem başam barmagyny guşagyndan geçirip, gözlerini süzdi, özboluşly bir nazar bilen töwerege garady.

Häliden bäri baş hana garaşyp, gahara dolup duran adamlaryň, näme üçindir, haýbaty gowşady. “Baş han gelse, pylan zat diýip içimi sowadaryn”, “Şu mahal Hojam Şükür geläýse, enesinden dogup eşitmedigini eşitdirerin” diýip, öwnenlerem onuň agras sypatyny görüp, ýüzlerini aşak salaýdylar. Hiç kimden ses-seda çykmansoň, çagyrylyp getirilen Hojam Şükür hanyň özi dil ýarmaly boldy:

—Ýeri, adamlar, bu ne ahwalat?

Hiç kimden ses çykmady. Diňe günüň gijikmegi bilen örüp ugran çybynlaryň tene sürtýän awusyndan ýaňa mejbur bolup, saga-sola galgaýan at guýruklarynyň hereketi göze kaklyşýardy.

Öňki sypatyny üýtgetmän, eýläk-beýläk birki ädim hereket eden baş han, adamlar dymyp duransoňlar, sesini gataltmaga mejbur boldy.

—Meň üstüme ýow bolup gelen bolsaňyz-a –ynha ýykyk gala. Bolmasa-da, gaýry habaryňyzy beriň. Ýa indi şeýdip, agzy ýaşmakly ýaly bolup durjakmysyňyz?..

Gönümel aýdylmasa-da han adamlara “Agzy ýaşmaky aýal däl-de, erkek bolsaňyz gepläň-dä. Ynha men” diýýärdi. Şonda-da häli-häzirlikçe-hä hiç kim agzyny açmaýardy.

—Han kemsitse-de, adamlar dymyp durlar-aýt—diýip, saklanyp bilmedik Gowşut öz pikirini Nepes molla ýetirdi..—Dymjak bolsalar, näme üçin bu ýere geldikäler?

—Biziň millet-dä—diýip, Nepes molla ýaňsyly ýylgyrdy.—Öňbaşça nazary düşende şeýdäýmesi bar-da käte. Şeýtmek hem birneme öwünmek köpimiziň ganymyzda bar ýaly. Toýnagy gyzansoňam, soňuny ýatlaman, öňüni çapar.

Atyň üstünde uçjak guş ýaly bolup, ýapyrylyp oturan, kebzesi haýwankädi goýlan şekilli küýki ýaşuly eýeriň gaşyndan ýapyşyp, başyny galdyrdy.

—Han aga, adamlaň habary bar saňa. Adamlar...

Küýki ýaşula ýaňsyly ýylgyryş bilen sereden baş han oňuň sözüni böldi.

—Habaryňyz bar bolsa, sähet isleýäňizmi? Näme agzyňyza suw alan ýaly bolup dursyňyz baryňyz? Aýdyň-da!

—Aýtsak, han aga,—diýip, hemmeden ýeser gelen küýki goja ýüregini bire baglady.—Indi biz şeýdip, elmydama özümizçe bara-da, ýoga-da ar-namysymyzy depeledip ýaşamaly borusmy ýa-da il-güne senden hemaýat bolarmyka?

—Näme bolupmyş ar-namysyňyza? Kim depeleýämişin siziň ar-namysyňyzy?—diýip, haýbatly sowal bilen märekäniň sussuny basaryn öýdüp pikir ýüwürden Hojam Şükür han adamlaryň ýüzüne gaharly garady.

Küýki ýaşulynyň hemmeden öňurti söz açmagyndan heserlenen bir ýaş ýigit kiçi göwresine kybapdaş bolmadyk çakdanaşa ýogyn sesi bilen:

—Han aga, at oýnadan bolmasana!—diýdi.—Öz iliňde bolýan zady bilýän dälsiň-dä? Baş han bolup, öz tünegiňde bolýan wakadan bihabar bolsaň, men täzeden aýdaýaýyn…

—Aýt, gerçegim, aýt!—diýip, han oňa nazaryny dikdi.

—Aýtsam, han aga, şü gün öýlän bir gyz bilen bir gelnimizi gajarlar at ardyna basyp göteripdirler.—Ýigit üzeňňä galdy-da, gamçysyny bulaýlady.—Şu adamlar ar almaga gitmekçi. Senden pata almaga geldik. Biziň namysymyzy gorasyň gelýän bolsa, niýetimizi oňla. Gidýäs-de, iň bolmanda, gara başa gara baş alyp gelýäs.

Baş han guşagyndan elini-de aýyrman, ädiginiň burnuna seredip, gündogara bäş-alty ädim ýöräp togtady. Onuň aýak çeken ýeri hem Gowşut bilen Nepes mollanyň duran ýeri boldy. Birdenem han başyny galdyrdy-da: “Sizem bärdemidiňiz asyl?” diýýän ýaly, ilki Gowşuda, soňam Nepes molla sowuk nazar aýlady. Olaryň beren salamyna baş han çalaja baş atyp, jogap gaýtardy.

Märeke esli salym dymyp durdy. Emma mahaly bilen Hojam Şükürin agzy gymyldamady. Ahyr ol geplemeli boldy, ýöne ňäme üçindir, ýaňsylaýan ýaly çalaja ýylgyryp gepledi:

—Özümiz-ä birmahallar, bular ýaly işde hanlaşyp-serdarlaşyp ýörmän, edilmeli zady edibererdik, görmeli najatyny görübererdik..

Bu gepi diňlän Nepes molla diňe Gowşuda eşitdirmek üçin pyşyrdady:

—“Bürgüt garrasa, syçançy bolar, galtaman garrasa, öwünjeň” diýenleri çyn-ow!

Marekäniň içinden çasly ses çykdy:

—Ile boş gürrüň gerekgäl, han aga. Seň birmahalky eden işleňňi edibiljek adam kän. Ýöne Saragtyňam öz ilhany bar bolany sebäpli bimaslahat iş etmäli diýýäs.

Hojam Şükür sag elini guşagyndan boşadyp, eňegine ýetirdi-de, sakgalynyň ujuny agzyna saldy, esli salym dymdy, birdenem sakgalyny dişlemesini goýup:

—Menden maslahat sorsaňyz, adamlar..—diýdi, berjek maslahatyny tapmaýan ýaly, märekäni esli garaşdyrandan soň, üzlem-saplam gepläp başlady.—Eýran bir uly ýurt, toply-tophanaly ýurt, agyr leşgerli ýurt. Eýran diýilýän ýurt gazabyna tutsa, külli türkmeni bala-çagasy bilen at tozuna garyp biljek ýurt. Güýçliniň gowusynyň bolmaýandygyny özüňiz menden gowy bilýänsiňiz. “Alla rehimdarlyk bersin” diýip, dileg edäýiň gowusy. Beterinden saklasyn. Şükür ediň!

—Alla gowusyny etse-de, gajarlar gowusyny edenok, han aga.

Hojam Şükür geplän adamynyň sözüne ünsem bermän, dowam etdi:

—Onsoňam, halaýyk, iki sany kel gyrnak diýip, Eýran ýaly uly ýurt bilen ýagy bolup bilmeris Bir çemi-ýagdaýy dörände, ideg-sorag ediler. Ugruňyza geziberiň!..

Nepes molla hem Gowşut bilen gol gowşuryp görşen ýigit Hojam Şükür hanyň iki-üç ädim beýleräginde durdy. Hanyň aýdan sozleri ýigidiň içindäki joşguny daşyna çykmaga mejbur etdi.

—Han aga, gaty gowy maslahatyň bar ekeni—diýip, ýigit sandyrady—Şo äkidilen iki maşgalanyň biri meň gelnim bolmaly...

Aýylganç bir zadyň diýiljegini ýüregi syzdymy nämemi, Hojam Şükür gepläp başlan ýigidiň sözüni haýbatly sowal bilen böldi:

—Näme diýjek bolýaň sen, gerçek?

Atylan ok daşdan gaýtmady. Hojam Şüküriň haýbaty ýigidi gorkuzmady.

—Sen ideg-sorag etmegiň çemini tapynçaň, öz gelinleň birini maňa ber. Ozal doly dulum indi boş dursa, gowy däl, han aga.

Nepes molla Gowşudyň ýüzüne garap, ýuwaşja gepledi:

—Ana, meň ýaňky diýenimiň manysy şü bolmaly. Yzyna bakman, öňüni çapýa bular..

—Biýä gaty hetden aşma boldy—diýip, Gowşut baş ýaýkady.—Gahar kapyrdyr. Ýöne herki sozüňem serhedi bolmaly-da.

Aýdylar öýdüp, ýatsa-tursa hyýalyna-da getirip bilmejek sözlerini märekäniň öňünde eşitmeli bolan han gahardan ýaňa ýarylaýjak boldy, birbada näme edýäninem bilmedi, gapdalyndakylaryň maslahatyna garaşýan ýaly, çalt hereket bilen sagyna-soluna garanjaklady. Töwerekdenem hiç hili goltgy tapmadyk han bilindäki egri gylyjy gynyndan şowurdadyp çykardy-da, göwnüne degen ýigidiň üstüne topuldy.

Ýigidiň gödek sözlerinden soň şeýle wakanyň boljakdygyny çaklap, edilmeli herekete taýyn bolup duran Gowşut Hojam Şüküriň gylyç salan golunyň goşaryndan ýapyşmaga ýetişdi. Han elini boşatmaga synanyşdy. Emma Gowşudyň babyr bilekliligi onuň islegini paşdyrmady. Gutulgysyz ölümden halas bolan ýigit yza tesdi. Şol mahalam ýerden çykan ýaly bolup, bir garry adam peýda boldy. Ol orta boýly, çuw ak sakgally dolmuşrakdy. Ýaşuly Hojam Şuküriň edil alkymyna gelip durdy-da:

—Gylyjy ber bäri, han!—diýdi.

Gowşudyňam, Nepes mollanyňam garaşmadyk wakasy boldy—han garşylyk hem görkezjek bolmady. Gylyç gojanyň eline geçdi. Ýaşuly henizem hanyň goşaryndan tutup duran Gowşudy bir tarapa süýşürensoň, gylyjy eýesine gaýtardy.

—Gylyjyňy gynyna sal, han. Iliň ýarasyna duz sepeleme. Herki sözüň öz aýdylmaly ýeri bardyr.—Soň ol gyzma ýigide ýüzlendi.—Ataň ýaly adama, ol öteräk gitse-de, adamçylyk serhedinden ätläp, telek söz diýmegin. Ol özüňe-de nep getirmez.

Gyzma ýigit aksakalyň pendini kabul edýän ýaly, sesini çykarman, ýere bakdy.

Hojam Şükür gep-söz diýmän, gylyjyny gynyna saldy. Märeke ümsümligi bozdy:

—Özüň han bol!

—Bize Hojam gara ýaly han gerek gäl.

—Özüň han bol!.

"Özi han bolmaly" ýaşula Oraz Ýagly diýýärdiler. Ol hem tekeleriň kethudalarynyň biridi. Oraz Ýagly, indi gojalyk halys basmarlansoň, il öňüne düşüp, ýolbaşçylyk edip bilmeýärdi. Ýöne biliniň kuwwatynyň gaçandygyna garamazdan,

geňeşde-maslahatda onuň sözi entek agramlydy. Gojanyň paýhasyna uly il sarpa goýýardy.

Oraz Ýagly märekäniň gowuryna gulak asyp, ýüzüni aşak saldy. Bir tarapdan, alnyp gaçylan biçäreleriň haly onuň ýüregini gyýsa, ikinji tarapdan, öňe düşüp ile han bolýan adamynyň gyzmalygyna, gödekligine haýpy geldi. Märeke bolsa onuň jogabyna garaşýardy. Emma, öňüni-ýzyny ölçermegi başarýan parasatly goja iliň isleýän jogabyny gaýtaryp bilmeýändigi üçin dymmaly bolýardy.

✧✧✧

Karkara bilen Gurbanyň bir gapydan girip-çykýandyklarynyň hem oňat, hem erbet tarapy bardy. Oňatlyk—olar, her hal, günde bir-biregiň ýüzüni görüp durýardylar. Erbetlik bolsa, olar öýdeküler ýüreklerinde besläp ýören arzuwlary barada gep açmakdan mahrumdylar. Sebäbi Karkaranyn kakasynyň, Gurbanyň daýysynyň diri çykan, Karkaranyň ejesiniň, Gurbanyň daýzasynyň jesedi çykan öýde aşyk-magşuklyk hakda gürrüň etmek ýa-da ol hakda göz bilen gepleşmek hebesdi. Iki juwanyň ikisi üçinem öýden diri hem öli çykanlar tärimiň aňyrsynda durup, ediljek gürrüňi diňläýjek ýalydy. Şonuň üçinem olaryň ýagdaýy aýry jaýda ýaşap, setanda-seýranda pynhan ýerde sataşýan aşyklaryň ýagdaýyndan köp derejede pesdi.

Bolan betbagtlykdan soň, Karkaranyň çak edişine görä, Gurban birneme sowaşan ýalydy. Çaklamasyny hem Karkara özüçe esaslandyrýardy, esasam düşnüklidi. Emma ol çaklamanyň tersine, şol wakadan soň Karkaranyň Gurbana bolan duýgusy telim esse güýjäpdi. Çünki her bir namysly-arly ýigit beýle biabraýçylyga sataşan gyzdan daşlaşmak bilen bolmalydy. Gurbanyň daşlaşmak ýoluna düşmegi bolsa gyz üçin onuň geregini has-da artdyrmalydy.

Hakykat ýüzünde bolsa Karkaranyň beýle çaklamalary esassyzdy. Gaýtam, tersine, Gurban indi ony özüne has-da golaý saýdy, oňa nebsi agyrdy, iň ýakyn hossardygyny tekrarlamagyň arzuwynda gezdi. Ol Karkara gözi düşen mahaly geçen güni, bolan wakany ýatlasy gelmän, geljek barada arzuw etdi. Geçeniň ýetilmesi mümkin däl arzuw bolup, diňe geljegiň ýetiläýmegine umyt baglanýan arzuw bolýandygy hem onüň ýüregini joşdurdy. Emma şol joşguny welin ol diline getirip bilmeýärdi.

...Orak dişetmek bahanasy bilen dükanyň işigine gelen Karkara, içerden çekiç sesi çykmaýandygy sebäpli biynjalyk boldy. Birdenem Gurbanyň: “Be-eý, mekir aýal eken-ow!” diýen sesini eşidip ynjaldy. Ol iş arasynda, dynç alynýarka, Kelhan Kepeläniň geň-enaýy wakalary gürrüň bermegi halaýandygyny ozal Gurbandan eşidýärdi. Şonuň üçinem Gurbanyň şadyýan sesi gulagyna ýeten gyz ussa ýene bir gyzykly gürrüň tapandyr öýdüp çaklady.

Kelhan Kepele, Saragta ady ýaýran demirçi ussadygyndanam bolsa bolar, birneme öwünjeňräkdem, bir aýdanyny ikinji gezek gaýtalanda, oňküsinden üýtgedip, has mahabatlandyryp aýtmagy-da halaýardy. Bu gezegem şeýle boldy. Gurbana ýap-ýaňy gürrün berlen hekaýat, gyz maşgalanyň ýanynda aýdylmaga onçakly mynasyp däl ýaly hem bolsa, Karkara gapydan giren badyna ussa:

—Gowy geläýdiň, gyzym—diýdi.—Ýaňky Gurbana gürrüň beren hekaýatymy saňa-da eşitdireýin. Adamçylykdyr, nepi degmegem ahmaldyr. Hany, geç!.. Bir dul

hatyn yz-yzyna iki gyzynyň arkasyny ýapmaly bolupdyr. Mekir hatyn ekeni. Gyzlarynyň ikisine-de toýuň öň ýany sapak beripdir.—Kelhan Kepele Karkaranyň henizem bosagada durandygyna üns berip, oňa ýene içeri girmegi mürähet etdi. Emma Karkara, näme üçindir, öňki duran ýerinde galyp, ýaşulynyň gürrüňine gulak asdy.

—Ol hatyn gyzlarynyň ikisine-de adamsy ertir turup gidende, donunyň synyndan çekip galmagy tabşyrypdyr. Gaýdyp gelensoň, uly gyzy: “Turup gidende şeýtdim welin, yzyna garap ýyrşardy-da, ötägitdi” diýipdir. Onda enesi: “Bir oýnatgy ýigide sataşypsyň, syrtyna dürt-de, gurjak ýaly edip oýna-da ýör” diýip öwüt beripdir. Körpe gyzy gaýdyp gelende: “Ýanýoldaşym turup gidende synyndan çekdim welin, yzyna aýlandy-da, syrtyndan çekilenini şondan görüp, bilindäki gylyjyny gynyndan sogurdy-da, gapdalda oturan bigünä pişigi iki böldi-de ötägitdi” diýip, enesiniň asla garaşmadyk habaryny beripdir. Enesi: “Bir ganhor gedeme sataşypsyň. Ugruna kowup, ägä bolaýmasaň, oň gylyjy indiki gezek özüňi iki böler” diýip, nesihat beripdir.—Hekaýatyny soňlan ussa Karkaranyň ýüzüne seretdi.—Keýgim, nesip etse, senem bir ýat oba düşersiň welin, ýaňky gürrüňi ýatlagyn. Nepi degse-de deger duruberer..

Karkara Kelhan Kepeläniň hekaýatyny höwes bilen diňlese-de, soňky sözüne degişli edilip aýdylan goşmaçany welin halap durmady. “Kelhan aga meň ýat oba düşjegimi nä bilýäkä?—diýip, gyz öz-özüne sowal berdi.—Ýa-da men, dogrudanam, başga oba düşjekmikäm?”

Dükanyň gapysyndan eli orakly adam gelse, möhüminiň nämedigi düşnüklidi. Şonuň üçinem, entek oragyň dişi barlanmanka, gyz tolgunyp başlady. Oragyň ýöne bahana üçin getirilendiginiň üstüniň açylaýmagy ahmaldy.

Emma Kelhan Kepele oragyň dişini barlamanka, daşaryk seretdi-de, burçda bir zada güýmenip duran Gurbana ýüzlendi:

—Şägirt, bäri gel. Halypaň dirikä ondan ähli zady öwrenmelidir. Hol gelýän atlyny synla. Şol atyň öňki sag aýagynyň toýnagy ösüpdir welin, döwlen bolmagam ähtimaldyr..

Gurban halypasynyň öz ukybyna gezek gelende, az-kem öwünjeňlik häsýetiniň bardygyna-da belet bolansoň, onuň göwnünden turmak isledi.

—Ony nädip bilýäň, halypa?

—Atyň saga ýemseýşinden aňýan—diýip, Kelhan Kepele murtuny sypady.—Ynha, o bedewi ömür büdremez ýaly edäýeris.

Toýnak bejerilýän gurallaryny alyp, Kelhan Kepele daş çykdy.

Dükanda ikiçäk galynsa-da, Gurban bilen sözleşmegi ýüregine düwüp gaýdanam bolsa, Karkara aýgyt edip bilmedi. Birinjiden-ä, onuň diline Gurbana aýdar ýaly söz gelmedi, ikinjidenem, ozal batyrlyk ederin öýtse-de, dükana gelip Gurbana gözi düşenden, onuň dogumy zym-zyýat boldy.

Gepleşäýmäge amatly pursata garaşyp ýören Gurbanyňam kalbynda taýynlap gezen onlarça sözünden biri-de aýdylmady. Ol ýöne dymyp durmazlyk üçin:

—Eliňdäki orakmy?—diýdi. Ol beren sowalynyň gaty ýöntem bolandygyna sowal aýdylan bada düşündi, düşünse-de, şu mahal şol sadawar sowaldan gaýry gep tapyp bilmejekdigine-de akyl ýetirdi.

—Dişleri kütelip gidipdir—diýen Karkara-da orakly gürrüňden uzaga gidip bilmedi.

Gurbanam, Karkara-da indi çaga däldi. Emma aşyk-magşuklygyň görmelisini görmeýän, akyllyny akmaga meňzedýän, akmagy akylly edýän, gorkakdan batyr gahryman ýasaýan düşnüksiz kadalary, baş alyp çykyp bolmaýan çylşyrymly öwrümleri bolýar. Kesesinden ýaňsyly ýylgyrylyp garalaýmaly hereketler-de, aşyk-magşugyň gözi bilen garalsa geň-taň bolmaýar..

Gurban Karkaranyň elindäki oragy almak üçin oňa tarap ýöneldi. Bary-ýogy üç-dört ädim ýoly geçýänçä, maýyna gelen pursatdan peýdalanmagyň pikirinde bolan ýigit oragyň sapyna derek gyzyň goşaryndan tutmak pirimi oýlap tapdy. Onuň eli gyzyň goşaryna tarap uzadam. Emma haýsydyr bir garaşylmadyk güýç Gurbanyň eliniň hereketini üýtgetdi. Onuň barmaklary gyzyň ak goşaryna derek oragyň gaty sapyny hem däl-de, demir tarapyny gysymlady. Şol pursat hem Gurban gyzyň ýörite orak dişetmek üçin gelmändigine ýene bir gezek göz ýetirip, ak goşardan tutmandygyna ökündi. Sebäbi ýülmek bolany üçin dişedilmäge getirilen oragyň ýiti dişleri Gurbanyň barmaklarynda yzaly yz goýdy. Ýöne şol yza-da Karkaranyň oňa nähili garaýşynyň bardygyny tassyklady. Bolsa-da, gyza tarap süýşmeli ýigit tersine hereket etdi. Ol körüriň aňyrsyna duwlandy-da, köneräk ýaglyga dolangy bir zat alyp çykdy. Köne ýaglyk gyza tarap uzady.

—Bi saňa ýadygärlik!

Karkara ýaglygyň içindäki zadyň nämedigini, elbetde, bilmeýärdi. Bolsa-da ony gymmatbaha sowgat hökmünde kabul edip alan gyzyň näzik barmaklary özünden erksiz sandyramaga başlady.

Köne ýaglygyň içinde Pendi baýyň toýunda tüýnüge towsulyp alnan täze ýaglyk bardy...

✧✧✧

Anna güni Oraz çakanyň kyrky bellenýärdi. Gün uly guşluk bolandan Kelhan Kepele, Nepes molla, Gowşut üçüsi ýokarky oba tarap ugrady.

Suwuny peselden Tejen derýasy parahat akyp ýatyrdy. Goşa kenary bezeýän gamyşlar gizlin bir gürrüň edişýän ýaly ýuwaşja pyşyrdaşýardylar. Suwuň gyrasynda wakyrdaşýan gurbagalaryň ýiti sesi gamyşlaryň pyşyrdysyny basyp, kenardan çogup çykýardy. Derýanyň edil gyrasyndan başlanýan ýandak, çeretenli düz meýdan tozan siňen köne palasa meňzäp, giň gözýetimi tutup ýatyrdy. Her ýerde-her ýerde, ýanlary torumly dokmäde düýeler, otlaşyp ýören sygyrlar görünýärdi. Şol giň giden çäksiz düzlükde ýekeje düýp-de agaç ugry göze ilmeýärdi. Älem-jahan diňe düzlükden ybarat ýalydy. Töwerege nazar aýlan Gowşut özüne habar berýän ýaly pessaý ses bilen:

—Özi bir ýalaňaç meýdan welin, muň üstüniň gowgasyny!—diýdi. Dogrudanam, ol sözler diňe Gowşudyň özi üçin aýdylan ýaly boldy, ýoldaşlaryndan ses-seda çykmady. Gaýtam, esli salym geçensoň, aýdylany eşitmedige meňzän Kelhan Kepele Gowşudyň gepine dahylly däl başga gürrüň tapdy.

—Allatagalla hemme adamy deň edip ýaratmaýar eken-ow!

—Beýle aýgyt nireden kelläňe gelip ýör seň?—diýip, Gowşut sowal berdi.

—Aý, şü Nepes molla hakda oý etdim-de, aýtdym goýberiberdim. Taňryň özi käbir bendesine-hä eçilibilenini eçilýä, kä bendesinem gulaksyz-guýruksyz “Bar, senem il arasynda geziber!” diýip, ugralla ýasaýa goýberiberýä.

—Seňem gulak-burnuň ýerbe-ýer ýaly-la?—diýip, ýene Gowşut dillendi.

—Burun bolanda ňäme? Olam hil-hil. Oň asla ys almaýanam bolýa. Ynha, mollany alyp gör. Hem okap bilýä, hem okadyp bilýä, gazalam düzýä, dutaram çalýa, hiç kimiň elinden gelmejek eýer bilen kellekem ýasaýa. Tüweleme, käbir adama Taňry joşaýýa. Araky Ahaldan gelen myhmanam molla bilen gazal aýdyşdy oturdy...

—Ýogsa-da, molla, Ahal diýlen ýaly—diýip, Gowşut şahyra ýüzlendi — Obada bolmamsoň, barybam bilmedim, Ahaldan myhman geldi diýip gulagyma ýetdi-le...

—Hä, bir dostumyz bardy.—Hal-ýagdaý soraşaly diýip gaýdyberipdir. Üç gije ýatyp gitdi.

—Ahally garyndaşlaň oňňudy niçikkä? Näme gep-gürrüň bar?

—Aý, Gowşut, olaňam ýagdaýy biziňkiden ýagşy däl ýaly. Arpa-bugdaýam bu ýyl gaty bir bitgin bolmandyr. Baryndanam bala-çaga arkaýyn iýenok diýýä. Ýene aşaky ýomutlaň ýagdaýy olaňka görä, elhalmyş. Ors patyşasy bilenem söwda-satyk edýämiş olar. Ors patyşasy olara howandarlygam etjekmiş.

—Asyl biz hiç kim bilen il bolman ýaşaberemizde neneň-niçik bolaýarka?—diýip, Kelhan Kepele söze goşuldy.

Sowala Gowşut jogap gaýtardy.

—“Ýekäň çaňy çykmaz” diýenem bir gep bardyr, Kelhan.

—Bolanda näme?

—“Bolanda”, özbaşdak ýaşamak üçin iň bolmanda, daşyňy gorap duran arka lazym saňa, duşmanyň gylawyny gaýtarjak leşgeriň bolmaly. Häzir türkmende şoň ikisem ýok, Kelhan. Ony seň özüň bizden gowy bilýäň.

—Ol-a dogry.

—Dogry bolsa, şu pursatda bize ýeke ýaşamagam başartmaz. Kiçi il, ejiz il garaşsyz bolup bilmez. Kiçi iliň erkinligi töweregindäki uly döwletiň ynsabyna bagly. Kiçi iliň özbaşdaklygy gapdalyndaky uly döwletiň sakgalaynyň eke taryna daýanyp saklanýar. Uly ýurt ojagaz gyly islän wagty üzüp biler. Biziň bakna erkinligimiz bolsa tölege bagly. Paç tölemekden ýüz dönderen günüň seniň erkinligiň gutarar.

Nepes molla dowam etdi:

—Ors ýomuda arka durjakmyş. Ýöne iňlisem ýomudyň içine jansyz salypdyr. “Ors bilen il bolmaň” diýip, wagyz-nesihat geçirýämiş.

—Araky geçip giden ala donly hem şolar ýaly jansyzlaň biri bolaýmasyn?--diýip, Kelhan şahyryň ýüzüne garady.

—Alla bilsin!

Kelhanyň “ala donly” diýýänini hiç kim haýsydyr bir ýurdyň jansyzydyr öýdüp çakam etmändi. Şonuň üçinem türkini gaty ýagdaýly bilýän ol näbelli adam özüni Käbä baryp, hajy bolup gelýän özbek ulamasy atlandyryp, köp obada düşläpdi. Zandy ynanjaň hem sadawar türkmenler bolsa “Hajy aganyň” göwnünde ikilik bardyr öýtmändiler.

Umuman, Saragt türkmenleriniň Hywa bilen salgyt tölemek baradaky wadasyny hasap etmeseň, uly döwletleriň hiç biri bilenem penakär tutunmak hakda

hiç hili wadalaşygy ýokdy. Şonuň üçinem Käbeden gelýän "hajylary-da" näme diýip çaklasaň, çaklap oturmalydy. Ýöne günbatar ýomutlarynyň Orsýet bilen söwda-satyk gatnaşygyny açmagy Eýran döwletini, has beterem dünýäniň köp-köp ýurtlaryny özüne bakdyran iňlisleri biynjalyk edýärdi.

...Gowşut dagy pata ýere baranlarynda gapyda giňden ýazylan palaslaryň üstünde bir topar aksakal oturan eken. Salam-helik alşylyp, aýat-töwir edildi. Toýda-da, ýasda-da, haýsy ugrdan başlananam bolsa, gürrüňiň yzynyň şol bir äheňe—türkmeniň başyndaky kyn güne syrygyp gitmegi indi adat bolup galypdy. Bu ýerde-de şeýle boldy. Oturanlaryň biri ýakynda Pendi düzünde salyrlaryň üstüne bir topar aýmagyň dökülip, iki adamy öldürendiklerini, bir süri maly hem alyp gidendiklerini, edil şol wakanyň içinde bolan ýaly edip aýdyp berdi.

Güberlip oturan aksakal, ardynjyrady-da, Gowşuda ýüzlendi:

—Gowşut beg, öňräk siz obadan bir pukaranyň gyzyny alyp gaçypdyrlar-da, ýene yzyna getiripdirler diýen gep gulagymyza ýetdi-le. O nä ahwalat boldy?

Gowşut näme jogap gaýtarjagyny bilmedi. Ol Karkaranyň başyna düşen wakanyň gaýtadan köpçülige ýaýylmagyny islemeýärdi. Şonuň üçinem ol bir oňaýly jogap gaýtarmagyň pikirini edip otyrka, Kelhan Kepele:

—Ýaşuly—diýip, sowal bereniň adyny ýadyna saljak boldy. Ýöne aksakalyň adyny tapmany üçin, ýene bir gezek "Ýaşyly" sözüni gaýtalap oňmaly boldy.—Ýaşuly, neme-dä, il käte iňňäni iner edibem görkezäýýä. O gyz alnybam gaçylanok. Bir betniýet şeýtmäge meýil etdi. Gowşudyň ýetip gelýänini görüp, ol ökje götermeli bolupdyr.. Biziň özümizem bardyk şo ýerde...

Kelhanyňam bolan wakany bozubrak aýtmagynyň astynda Karkaranyň abraýyny goramagyň syry ýatyrdy.

—Asyl şeýledir-le!—diýip, sowal beren aksakal Kelhanyň jogabyny özüçe kabul etdi.—Bolmanda-da, ýaman işe baş uran adamlar maşgalany ýene yzyna getiripdirler diýenlerinde-de geň galypdym-la...

Ozalky gelen bir topar adam turandan soňky ara düşen böwşeňlikden peýdalanan Gowşut ortarakda oturan daýawdan saryýagyz adamyň ýanyna geçip oturdy, ozal il bilen bilelikde elleşilen hem bolsa, ýaňadandanam görüşdi. Bu hereket Gowşudyň ony gaýry oturanlardan tapawutlandyrýandygyna şaýatlyk edýärdi. Aýratyn üns berlen adama Arnaguly saryk diýýärdiler. Arnaguly Mary saryklarynyň arasynda uly abraýdan peýdalanýan, edermen hem gaty namysjaň kişidi. Onuň häzir aýatda ýok atasy Oraz çakan bilen dogan ýaly dostdular. Şonuň üçinem ol atasynyň dostunyň kyrkyna gatnaşmak üçin ýörite Saragta gelipdi. Gowşut bolsa Arnagulyny ozaldan tanaýardy.

Pessaý ses bilen saglyk-amanlyk soraşylandan soň , Arnaguly şeýle diýdi:

—Oraz akgamyzyň ruhuna sarpa goýagaýaly diýip gaýtdyk, Gowşut. Akgam bilen köp duz iýşen adam bolmaly bende. "Seýlem bir seýil, sergezdançylygam bir seýil" diýlişi ýaly, hem-ä akgamyzy tirsegine galdyrdyk, hemem, tanyş-biliş, dost, ýaryň güler ýüzüne gözümiz düşdi.

—Köp ýagşy edipsiň, Arnaguly!—diýip baş atan Gowşut, onuň aýdanyny söz bilenem tassyklady.—Düşnüksiz bir zamana boldy. Saý-sebäp bilen görşüläýmese. Her kimiň derdeseri özüne ýetik..

Soňra beýleki oturan ýaşulylaryň hem goşulmagy bilen gün-güzeran, alarman-çaparmançylyk hakdaky gürrüň uly düşekde örüsini giňeltdi. Türkmeni biynjalyga salýan töwerekde döreýän wakalaryň beýanyny Arnaguly saryk dowam etdi:

—Biziňem gürrüňimiz öwrenje sazandaňky ýaly şol bir heň.

—Ýagdaý bir meňzeş bolsa, heňiňem şoňa meňzeşdir-dä—diýip, Nepes molla Arnagulyny gepini dowam etmäge iterdi.

—Men sarygyň kethudasy däl. Ýöne men sarygyňam, teke-ýomudyňam gamly halyna iki didesi bilen gözýaş edýän saryk bolmaly. Ony araňyzda bilýäniňizem bardyr.—Gowşut aýdylany tassyklap baş atansoň, Arnaguly dowam etdi.—Men saý-sebäp bilen Hywa gidip geldim. Ýagdaýy öz gözüm bilen gördüm diýsemem, galat aýtdygym bolmyýa—Mädemin han Mara hem Saragta dökülmek üçin agyr goşun toplaýa. Ýagynyň haçan döküljekdigini aýdyp biljek däl. Ýöne döküljekdigi welin aýdyň...

—Ak işandan näme habar, Arnaguly?—diýip, myhmanyň aýdýanyndan ozal habarlydygyny aňdyran Gowşut sowal berdi.

—Ak işan hakynda-ha entek Hywada gep-gürrüň ýok ýaly—diýip, Arnaguly gysga jogap gaýtardy.

Gowşudyň beren sowaly düýpli sowaldy. Köneürgenç medresesinde sapak berýän asly Bäherdenli Ak işan Gurbannazar ogly diňe öz dogduk mekanynda däl, eýsem, tutuş Hywa sebitinde-de örän uly abraýdan peýdalanýan dindardy. Hywada hanlyk derejesinde-de tutulýan uly işleriň köpüsi şonuň patasy alynmazdan başlanmaýardy. Çünki Mädemin hanyň özi-de Ak işandan wagtynda sapak alan adamdy. Gowşudyň edýän aýgydyna görä, eger-de Mädemin han Mara ýa-da Saragta dökülmekçi bolsa, Ak işandan hökmany suratda pata alaýmalydy. Onuň iki sebäbi bardy. Birinjiden-ä, Hywa hanlygynyň raýatlarynyň arasynda iň sarpaly işanyň ak patasy ýeňşiň girewidi—Mädeminiň buýrugyny berjaý etmekden ýüz dönderse-de, hiç bir nöker Ak işanyň sözüni ýykyp biljek däldi. Eger nöker şol işanyň patasyny berjaý etmese, ony Hudaý-ha ýalkajak däldi welin, ene-ata, dogan garyndaş-da beýle ogluň ýüzünden sypajak däldi. Ikinjiden bolsa, Hywa goşunynyň sapynda sekiz müňe golaý ýomut ýigitleri bardy. Mädemin han şol sekiz müň türkmen nökerini öz goşunynyň özeni hasaplaýardy. Üstesine-de, ýomut ýigitgitleriniň baş diregi Amanýaz serdardan Mädeminiň özi-de çekinmän durmaýardy. Ýemreli, arabaçy, garadaşly, çowdur, öküz, gojuk, garaçuka ýigitleriniň serdarlary-da Amanýazyň ýeke sözi üçin janlaryndan geçmäge taýýardylar. Mädemin han akmak däldi, öwrümli pikir ýöredýän, inçeden yzarlamagy başarýan uly syýasatçydy. Türkmeniň üstüne çozmak üçin hataryna türkmen nökerleri hem girýän goşuna türkmeniň, özbegiň diňleýäni Ak işandan pata almak ýeňşiň ýaryny söweşsiz gazanmakdy. Oňa Gowşut hem gowy düşünýärdi. Hut şonuň üçinem ol Arnaguly saryga Ak işanly sowal bilen ýüzlenipdi..

Mädemin hanyň beýleki bir syýasatyndanam Saragt türkmenleri baş çykarýardylar. Ol syýasat türkmeniň üstüne çozmagyň bahanasydy. Bahana üç bölümden—salgyt, Eýran bilen gatnaşyk, Saragt tekeleriniň Mara göçmeginden ybaratdy. Ol bahanalaryň hiç birini-de kabul etmäge tekeler razy däldiler. Sebäbi, ol şertleriň üçüsi-de saragtlylaryň ýagdaýyny agyrlaşdyrmak üçin mazaly oýlanyp tapylan pirimdi. Ýöne Gowşudyň aýgyt etmegine görä, üç şertiň iň agyry saragtlylary Mara göçürmek şertidi. Ol Mädeminiň hem onuň geňeşçileriniň syýasy inçelik bilen

tapan şertidi. Ol şert “Iki duşmanyňy çakyşdyr-da, olar güýçden gaçansoň, özüň gan dökmän, ýeňiji bol” diýen garşydaş ýurtlar arasyndaky gadymdan gelýän syýasatdan ugur alýardy. Bu ýerde bolsa, Mädemin saragtlylary Mara göçürmek ýoly bilen teke sarygy çaknyşdyrmalydy. Saragtlylar Mara göçse teke-saryk çaknyşygy Mädemin goşulmasa-da hökmany suratda ýüze çykaýmalydy. Çünki Maryda saryklaryňam özlerine zerur gereginden zyýat ýeri-de ýokdy, suwy-da. Bu çaknyşykda, gaýtam, “ýaraşdyryjy” wezipäni oýnan Mädeminiň çaknyşan iki türkmen tiresiniň arasynda galp abraý gazanmagy-da mümkindi. Syýasat diýen namart sungatda şolar ýaly öwrümler hem bolýardy.

Saragtlylary Mara göçürmek meselesinde teke kethudalarynyň Hojam Şükürden özgesiniň gelýän netijesi birdi. Hiç kimde saryklar bilen çaknyşmak meýli ýokdy. Hojam Şükür hem şol pikirdedi. Ýöne ol Mädemininem garşysyna gidip bilmeýärdi.

Gizlin syr diýilýän zat döwlet derejesinde-de, oba möçberinde-de gizlin bolup uzak ýaşamaýar. Gaýtam, ol kä halatlarda  gizlin boldugyça gizlin däl habardanam gaty tiz ýaýraýar. Mädemin hanyň gizlin syrlary-da şeýle boldy. Ýogsam, onuň saragtly türkmenler babatda-da gurýan syýasaty häli-häzirlikçe gizlindi. Ony hanlygyň ýokary derejesinde gulluk edýän barmak basyp sanaýmaly adamdan başgalar bilmeli däldi. Emma onuň entek amala aşyrylmadyk Ak işana ýüz tutmak baradaky niýetine çenli eýýäm Saragtda-da bilýärler. Geň galmaly zat—Hojam Şüküriň on gün mundan ozal Mara eden saparynda bolan gep-gürrüňiň habary entek hanyň özi Marydanam ugramanka Saragta ýaýrady. Saryk aksakallarynyň Halypa işan bilen Sary handan özgesiniň Mädeminiň niýetine saryk bilen tekäniň agyz birikdirip garşy durmak hakdaky pikirini teke hany goldamandyr. Ony saragtlylar eýýäm bilýärdiler. Şonuň üçinem Arnaguly sarygyň Oraz çakanyň kyrkynda ol barada aýdan habary-da oturanlaryň gulagyna täzelik bolup eşidilmedi.

...Oraz çakanyň öýüniň ýeňsesinden bir gallaç kişi peýda boldy. Ol uzyn boýly, saryýagyzdan hortap gojady. Gojanyň sag elinde, uzyn boýy bilen boýdaş bolup duran gargy hasasy bardy. Mütgel köýneginiň eteginden garynjygy görnüp duran dokuz-on ýaşlaryndaky oglanjyk bolsa, onuň çep elinden tutup gelýärdi. Oglanjygyň özüne ölçelip tikilmändigi mese-mälim bildirip duran, tüýleri maňlaýyny basýan şypyrmasynyň astyndan jyklaýan garaja gözleri zordan görünýärdi. Ol töwerekden heder edýän ýaly, gojanyň dyzyna gysmyljyrap gelýärdi.

Oturan märekäni gören oglan ýaşula bir zatlar diýdi-de, elinden çekip, ony saklady. Kör goja hasasyny goltugyna gysyp, barmaklarynyň arasyndan barmaklaryny geçirdi-de, ýogyndan ýakymly ses bilen gazal aýdyp başlady:

—Essalawmaleýkim, ulug hem kiçik!
Gara bagrym gana döndi, doganlar.
Görer günüň ýagşy bolsun, halaýyk,
Gara bagrym gana döndi, doganlar.

Üste ýagy çozdy, kowha-gaç boldy,
Şum täleýim, şum ykbalym keç geldi.
Goşa ogluň başyn gyzylbaş aldy,

Gara bagrym gana döndi, doganlar.

Suwsana suw bersem, men Hyzyr bolsam,
Türkmeniň merdiniň ugrunda ölsem.
Atanazar diýer, men irat kylsam,
Gara bagrym gana döndi, doganlar.

Sözüni tamamlan goja, tizräk ýapyşaýmasa, idegçisi gaçyp gitjek ýaly, eleşanja oglanjygyň ilki şypyrmasyny, soň egnini sypap, ahyr onuň eline elini ýetirdi.

—Saýyl kişi, düşek üstünden!—diýip, aksakallaryň biri kör goja oturmagy mürähet etdi.

Gepläniň garry adamdygyny kör goja sesinden aňdy:

—Sakgaldaş, biz saýyl däl. Biz il-güne zepersiz aýlanyp ýören Taňry bendeleri bolmaly.

—Taňry bendeleri!—diýip, aksakal ýalňyşyny boýun alýan ýaly derrew onuň aýdan sözlerini gaýtalady.—Oturyň, tagam dadyň! Bu düşek dünýäden öteniň kyrkyny bellemek üçin atylan düşek bolmaly. Oturyň, degsin edip geçiň!

"Heýlemi?" diýen kör goja oglanjygyň egnine kakdy. Onuň ähli hereketine düşbi bolup giden çaga gojany Gowşut bilen Arnaguly sarygyň ýanyndaky boş ýere eltip oturtdy, özi hem garrynyň gapdalynda aýbogdaşyny gurady. Ol ýat adamlara garnyny görkezmäge utanýan ýaly, biz köýneginiň etegini çekişdirdi. Emma aslynda bollukdan biçilmedik etek çekileni bilenem uzamady. Gözleri akyllyja düşbi çaga birneme öňe eglip oturmaga mejbur boldy. Bu ýagdaýy üns bilen synlap oturan Gowşut, oglany töwerekdäki gözlerden goramak üçin, adamlaryň öňüni penalap, oňa tarap süýşdi. Oglan beýle hereketiň manysyna düşündimi-nämemi, Gowşudyň ýüzüne assyrynlyk bilen seretdi-de dikeldi.

Olaryň öňünde tabak goýuldy. Pata ýeriniň düzgünine görä tabak çalt yzyna gaýtdy. Ajygan bolara çemeli, agzyna salanyny derrew ýuwudan çaga, giden tabagyň yzyndan hantamaçylyk bilen garap galdy.

Tabak äkidilenden soň, hiç kimden rugsat hem soramadyk kör goja:

—Alhemdulilla! Alhemdulilla!—diýip başlan dogasyny okady-da, asmana serip oturan uzyn barmakly ellerini ýüzüne syldy. Oglan hem şol hereketi gaýtalady.

—Jaýy jennet bol-a bendäniň!—diýen ýaşuly, şondan soň, sermeşdirip, oglanyň elinden tutdy.—Turaly, balam, turaly!

—Taňry bendeleri, namaňyz bar bolsa, ýene birini goýup gidiň!—diýip, kör gojany başda düşege çagyran aksakal dillendi.

Kör goja aýak çekdi-de, indiki aýtjak namasyny agtarýan ýaly, gögüne garady, keseräk durup, dodaklaryny müňküldetdi. Ol ýene gargy hasasyny goltugyna gysyp, nama aýtmaga başlady. Oglanjyk bolsa kör atasynyň obama-oba aýlanyp, köp gezek gaýtalan sözlerini eşidip lejigen ýaly, ojagyň başynda dik durup gazal diňleýän Şirinjemal ejä tarap manysyz seretdi durdy.

Gojanyň soňky namasy hem iliň ahy-nalasy, agyr gün-güzerany hakdady. Gazalyny tamamlan goja ýola düşüberende, eli tabakly gelen Şirinjemal eje oglanjygyň ýanynda saklandy. Ol içi etden doly dogramaly tabagy öňe uzadyp:

—Al, balam, al, Oraz agaňa degsin edersiň!—diýdi.

Oglanyň eli tabaga tarap uzamady. Şirinjemal eje öňki sözlerini gaýtalady. Şondan soň kör goja:

—Alaý, Molladurdym!—diýdi.

Molladurdy ilkibada dogramany niresine saljagyny bilmän aljyrady, birdenem şypyrmasyny çykaryp, öňe uzatdy. Şypyrmany dolduran etli dograma çaganyň gözüne hoş ýakdy.

Agzyna işdämenlik bilen dograma salyp barýan horja neresse, ahy-nalaly aýdymlary türkmeniň beýleki obalaryna-da ýetirmek üçin, garry atasyny yzyna tirkäp, hatardan saýlandy. Ýasda oturan märeke olaryň yzyndan gamgyn nazar bilen garap galdy.

✧✧✧

Günortanlar Kelhan Kepele, Gowşut, Hojaguly üçüsi köwlän käşirlerini ura gaplap boldular. Tüňçe getirmäge giden Gurban hem wagtynda dolanmansoň, olar üç tirkeşik bolup, derýa tarap ugradylar.

Derýanyň ýoly ýarpylananda, gara atyny öz maýdalyna sürüp gelýän Pendi baýyň ýalňyz ogly Mälik gabat geldi. Oňa nazary kaklyşan Gowşut ädim ogurlap, ýoldaşlaryndan biraz yza galdy. Gowşudyň tötänden gabat geläýse, baý ogly bilen söz alşyp görmek niýeti bardy. Çünki Karkara bilen bolan wakadan soň il içine ýaýran gürrüňde şol işde Mäligiň ýegre dosty Kiçiniň eliniň bolmalydygy aýdylýardy. Sebäbi, Hywa hanlygynyň Marydaky dikmesi Nyýazmuhammet baý Saragtdan hem Murgap etrabyndan paç ýüklenen kerwenleri Mädemin hanyň gaznasyna ugratmaga taýýarlyk görýärdi. Paç kerwenleriniň ýany bilen Hemraguly hanyň nökerleri hem goragçy hökmünde gitmelidi.

Ol mydamada şeýledi. Mädeminiň göwnünden turmak isleýän Hemraguly han, başarsa, “janly paç” alyp gitmekden hem gaýtmaýardy. Paç kerweni Hywa her gezek gidende “janly paç” götermek başartmasa-da, ozal telim sapar gyz alnyp gidilendigi barada il içinde gürrüň bardy. “Ot ýanmasa—tüsse çykmaz”, aslynda haýsydyr bir derejede hakykat bolmasa, beýle gürrüň döremeli däl ýalydy. Käbir adamlaryň aýtmaklaryna görä, Karkaranyň başyna düşen işiň hem şol “janly sowgat” bilen bagly bolaýmagy gaty ahmaldy. “Ýurdy belet çapar”—Kiçi kel hem gyz ogurlamakda esasy adamlaryň biri bolmalydy.

Şol gep gulagyna ýeten hem ol barada mydama oýlanýan Gowşut Mäligiň obadan daşrakda gabat gelenini-de kem görmedi. Ol aladasyndan netije çyksa-çykmasa, “Ýatyp galandan, atyp gal” etmek isleýärdi. Ýöne ol barada Kiçi kel bilen sözleşmegi welin özüne juda kiçilik bilýärdi.

Kelhan Kepele bilen Hojaguly atlynyň salamyny alyp geçiberdiler. Olar yza-da gaňrylmadylar, Gowşudyň Mäligi saklanyna-da üns bermediler.

Salamyna jogap alan Mälik at başyny çekensoň:

—Hyzmat, han aga?!—diýdi. Ol “Han aga” sözüni, ýaňsylaýan ýaly, aýratyn hetjikläp aýtdy.

—Mende hyzmat bolmaz, baý—Gowşut hem “baý” sözüni batlyrak aýtdy.—Hyzmat ýok, gep bar...

—Gep bolsa, aýdyber.

Guşagyny çekişdiren Gowşut agras görnüşe girdi.

—Il içindäki gürrüň ugrunda bar bolsa, sen Kiçi kel ýaly aşnalaňňa aýtsana...ejize ganym bolmasynlar. Degerli hossary ýok maşgala ganymlyk etmek mert kişiniň işi bolmaly däl. Ejize ganymy Hudaýam ýazgarýar, bendesem ýigrenýär. Taýagyň iki ujy bolýandyr. Şonam bilip goýuň...

Gowşudyň sözleri gaty täsir etdimi-nämemi, bu gezek Mäligiň sesinde agraslykdan gaýry äheň duýulmady:

—Beýle işlere meň dahylym ýok, han aga...

Gowşut jogapdan kanagatlanmasa-da, bir zada-ha göz ýetirdi. Il içine ýaýran gürrüň hakykatdan üzňe däl eken. Eger şeýle bolmasa, Mälik Gowşudyň sözlerinden soň ör-gökden gelerdi, parahat geplemezdi. Ol diňe özüniň ol işe dahylsyzdygyny aýtdy. Şonluk bilen hem ol dost-ýarlarynyň gabahat işinden bihabar däldiginiň üstüni açdy.

Başga gep-söz hem diýmän, Gowşut ýöräberdi. Ol öz herketiniň baý ogluna täsir edendigine ynandy. Sebäbi, ol Mäligiň jylaw silkmänkä, özüne garap baş atandygygyny görüp galdy..

Derýa kenaryna ýeten üç kişi el ýuwmaga-da ýetişmedi. Sag kenary syryp, gündogarlygyna gelýän iki sany gara göründi. Olar iki bolsalaram, bir-birege söýenişip gelýändikleri üçin ýeke adam ýaly bolup görünýärdi. Beýle ýagdaýa geň galan Gowşut: “Bu nä boluş?’diýip pyşyrdady.

Goşa bolup görünýänler has bärräk gelensoň, ýagdaý birneme aýdyňlaşdy. Orta ýaşlaryndaky adam, ýykylyp ýatmasa-da, ysgyn-deramaty ýok ýaşula ýöremäge medet berip gelýärdi. Ýaşuly Karkaranyň kakasy Daňatar aga bolup çykdy. Derýa kenaryndaky jany sag üç kişi, ony tananlaryndan soň, begençden, geň galmakdan ýaňa doňup galdy. Olar aňk bolup durdular. Kelhan Kepeläniň ozüniň däl-de, başga kişiniň sesi bilen aýdylan ýaly:

—Daňatar geldi! Daňatar gelýä, adamlar!—diýen habary onuň özünem, ýoldaşlarynam ukudan açan ýaly etdi. Üç sany epeý adam üç ýerden öňe haýdady. Saragtlylaryň arasynda seýrek bolýan zat—üç sany erkek Daňatar agany gezek-gezegine gujaklady. Kän mahal bäri gözden gaýyp bolanam bolsa, aljyramakdan, tolgunmakdan ýaňa ýaşula Taňry salamyny bermek-de unudyldy.

Daňatar agany ilki gujaklan Kelhan, uly adamyň göwresini gujaklaýanyny hem duýmanson, gojany sag-aman oba ýeter hem öýtmedi. Emma ol beýle däldi. Gojanyň jany sagdy-da, ysgyny ýokdy. Hojaýynynyň odun ýygmaga iberen ýerinden töwerekdäkileriň gözüne çöp atyp gaçan Daňatar aganyň azyk—owkatsyz çöl-beýewan söküp ýörenine şu gün öýlän göni bir hepde dolýardy. Onuň goltugyna girip gelýän rehimdar adam bolsa bir çaý içim salym wagt mundan ozal garaşylmadyk ýagdaýda gabat gelipdi.

Aňyrdan ýetip gelýän Gurbana gözi ilen Kelhan Kepele, hata iş eden adama ýüzlenýän ýaly, näme üçindir, gaharly ses bilen:

—Derrew yzyňa gaýt-da, oba habar ýetir. Daňatar daýyň geldi, Daňatar daýyň!—diýip, gygyrdy.

Az salym aňk bolup duran eli tüňçeli Gurban, birdenem yzyna aýlandy-da, aýagynyň ýetişdiginden ylgamaga başlady.

Goňşy gapyda alajabag örüp oturan Ýazsoltan ýeňňä-de hoş habary aýdyp geçmegi unudan Gurban öýe kürsäp girdi-de, Karkarany görüp saklandy, sandyraýan barmaklary bilen maňlaýynyň derini çaldy. Ol sojap-sojap gepledi.

–Daýym geldi, Karkara! Daňatar daýym geldi!

Karkara eşiden habaryna ynanmazçylyk edýän ýaly, ilkibada gözlerini petretdi, birdenem, süňňi gowşap, ysgyndan gaçdy. Gara tärimler, hatar-hatar uklar, tüýnük, ýary görnüp duran serpik gyzyň şatlygyna goşulýan ýaly, onuň daşynda esli salym pyrlandy.

Gurban Karkara bir zat diýjek boldy, emma dili hereket etmedi. Şol mahal hem ýaş ýigidiň alakjap gelmeginden bir zat aňan Ýazsoltan ýeňňe bosagada peýda boldy.

✧✧✧

“Öýle namazyndan soň erkek adamlar galanyň ýanyna ýygnanmaly” diýen habar obalaryň ýaşulylaryna ýeteninden ilat biynjalyk boldy. Çagyrylanlar diňe erkekler bolsa-da, gelenleriň arasynda aýalam kändi.

Köne galanyň öňi gyzan bazara döndi. Uzakdaky obalardan atly, eşekli, düýeli gelipdiler. Ulaglaryny daşarda çem gelen zada baglan adamlar galanyň içine girdiler. Şonuň üçinem, atlaryň kişňemesinden, eşekleriň aňňyrmasyndan ýaňa galanyň daşyndaky galmagal hem içindäkiden pes däldi.

Aýallar erkek adamlara goşulman, bir böwürde aýratyn otyrdylar. Olar zenanlara mahsus däl häsiýetde, edil ýasa gelen ýaly, ýektaýlaryny çümre bürenişip, gep-gürrüň bilen işleri bolman dymýardylar. Olar bolmasy bir howply mesele bardyr öýdüp howatyrlanýardylar, kim adamsynyň, kimse dogan-garyndaşynyň ýany bilen gaýdypdy. Erkek adamlaryň näme sebäbe gala ýygnanýandygynyň sebäbini bolsa olar bilmeýärdiler. Şol hem aýallary has-da alada goýýardy.

Garaşylmadyk ýygnanyşygyň sebäbini ýeke aýallar däl, heniz erkekler-de bilmeýärdiler. Diňe “Türkmeniň üstüne Mädemin çozjakmyş” diýen çaklama bardy.

Agtygynyň golundan tutup, kör gojanyň galada peýda bolmagy hemmäniň ünsüni özüne çekdi. Märeke sowlup, goja bilen oglanjyga ýol berdi. Oglanjyk atasyny Hojam Şükür hanyň il-ulus huzuryna gelende kabul edýän gala içindäki öýüne tarap alyp barýardy. Kör goja köne heňini gaýtalaýardy:

…Müň ýyl ýaşar ganymlary tükeden,
Ýygylsyn goçaklar saryk, tekeden...
Gyzylbaşy sanjyň ýeke-ýekeden,
Gara bagrym gana döndi, doganlar.

Oraz Ýagly ýaly ärler döresin.
Amansähet ýaly şirler döresin.
Zarbyňyzdan daglar-daşlar eresin,
Gara bagrym gana döndi, doganlar...

Kör goja gazalynyň yzyndanam:

—Mert boluň, goçaklar! Merdana boluň, goçaklar!—diýip, aýallaryň deňinden geçip gitdi.

Goja gidensoň, Pendi baýyň aýaly Ogultäç eje gapdalynda oturan Ýazsoltan ýeňňä ýüzlendi:

—Wiý, Ýazsoltan, “Hywa çozupmyş” diýýädiler welin, kör diwana “gyzylbaş” diýýän ýaly-la?!

Ýazsoltanyň gaýtarara jogaby-da ýokdy welin, Atanazar diwananyň gelmegi bilen gowury kiparlan märekäniň ýene galmagaly güýjäp başlady. Hemmeler baş hanyň öýüne tarap seredişdiler.

Hanyň öýünden bir topar adam çykdy. Olaryň arasynda ile has bellileri Hojam Şükür, Oraz Ýagly, Pendi baý, häzirki ýagdaýda-da tesbisini elinden aýyrmaýan Seýitmuhammet işandy. Olaryň Gowşutdan özgesi galanyň ortasynda, adamlardan saýlanmak üçin galdyrylan gum üýşmeginiň üstüne çykdylar.

Aýak üstünde duran jemende kethudalaryň aýtjak habaryna garaşdy. Emma habar kän garaşdyrdy. Hojam Şükür hanyň ojagynda uzak mahal dowam eden maslahat, meseläni çözdüm edenem bolsa, gutarnykly bir çukura tüýkürilmändi. Esasy mesele ikidi—ilatdan nöker ýygnap, berk goşun toplamak hem Saragt ilatyna täze baş han saýlamakdy.

Öňe sürülýän Oraz Ýagly indi baş han wezipesine bellenmekden gojady. Hojam Şükür han maslahat mahaly Hywa hanlygy bilen bolmagy gaty ahmal çaknyşyga taýýarlyk görülmegine garşy çykdy, çaknyşygyň türkmenler üçin utulyş boljakdygyny nygtady. Şeýle hem ol häzirki agzalalykda baş hanlyk wezipesini hiç kimiňem özünden gowy oňarmajakdygyny aýtdy. Oraz Ýagly oňa derek baş hanlyk wezipesine Gowşut hany teklip edende bolsa, ol açykdan-açyk garşy çykmasa-da, köpmanyly ardynma bilen nägileligini duýdurdy.

Maslahatyň başynda baş hanlyk aladasy üstüne ýüklenjek bolanda, Gowşut çürt-kesik razylaşmady. Ol basym Mara döküler öýdülýän Hywa goşunyna garşy çykyp, saryklara arka durmaly bolsa, ilden ozal atlanjakdygyny aýdyp, tutuş Saragta öňbaşçy bellenmegini unamady. Onuň hem öz sebäbi bardy. Hojam Şükür han häzir il üçin düýpli alada etmese-de, onuň tarapdarynyň sany köpdi. Ol mekirdi, gerek ýerinde gaty ugurtapyjydy. Şonuň üçinem ilatyň esli bölegi ony ýürekden goldamasa-da, aýdanyna kän bir ýok diýmeýärdi. Gowşudyň pikiriçe, Hojam Şüküre-de esli ynam bildirýän ilat, onuň diriliginde, han saýlansa-da özüne “hä” diýmäýjek ýalydy. Hojam Şükür, daýy-ýegendiklerine garamazdan, gönümelligi, dogrusözlüligi üçin Gowşudy onçakly halamaýardy. Gowşudyň özi ýok ýerinde onuň adyna öwgüli söz aýdyldygy, gödek zat diýmese-de, iň bolmanda “Öwezdurdy hanyň ogly dälmi?” diýip galýardy. Ol hem Gowşudyň il içindäki abraýyna şikest ýetirýärdi. Iliň tutuşlygyna saňa ynam etmeýän halatynda han bolup öňe düşseňem, abraý gazanylmajakdygyna Gowşut düşünýärdi.

Oraz Ýagly Seýitmuhammet işana ýüzlendi:

—Işan aga, jemagaty habardar etmeli…

—Aý, näme, han…—Seýitmuhammet işan hem, ozal gutarnykly bir netijä gelinmändigi zerarly, ýaýdanybrak gepledi.—Öwezdurdy hanyň ogluny maslahat bilýän bolsak, habar beräýmeli bolar-da.

Hojam Şükür özüne her niçik erk edýänem bolsa, bu gezek saklanyp bilmedi:

—Özi ýürekden unamaýan kişini bellesek, işimiz rowaç bolarmyka, adamlar?

Bu ýerde Pendi baý başgalardan agyzlylyk etdi. Ol, näme üçindir, bilindäki pyçagyň sapyna ýapyşyp gepledi:

—Şu mahala çenli nä tekäň işiniň rowaç wagty bolupmydy?—Soňra ol Oraz Ýaglynyň ýüzüne seretdi.—Bolýa edenimiziň ýakasyndan ebşitläp tutaýmasak, ol işe döwtalap boljak adam-ha tapylmasa gerek, han aga...

Oraz Ýagly ellerini owkalaşdyrdy.

—Işan aga, töwerek oňlaýan ýaly-la. Gowşudam şu adamlar pata berse, arkan gaýşyp durmaz-la.

Seýitmuhammet işan dogumlandy. Ol aşakda ýaşulularyň buýrugyna garaşyp duran Jally jarça tarap elini bulady. Jarçy ýanyna gelenden soň, işan buýruk beriji äheňde gepledi:

—“Baş han edilip, Gowşut han ibn Öwezdurdy serdar bellenýä” diý. Özüň-de çynyň bile gygyr. Jemende eşitmän galmasyn!

Jally jarçy ol tabşyrygy edil Seýitmuhammet işanyň isleýşi ýaly berjaý etdi.

Gowşudyň ady tutulandan ”Hiýh!” edip, demini içine çeken Ýazsoltan ýeňňe özi bilen gepleşýän ýaly:

—Bu nä habar boldy?!—diýdi.

—Bolaýmaly habar-da—diýip, pyşyrdy gulagyna ilen Ogultäç eje derrew jogap gaýtardy. Soňam göýä Gowşudyň han saýlanjagyna ozaldan garaşyp, oňa berk ynanyp ýören ýaly, baý aýaly tolgunman gepledi.—Äriň il derdine ýarasa, oňa ýetesi näme ba!? Bu iş gaty bolaýan iş. Sen geň galyp, içiňi çekip oturma-da “Oň bolsun!” diý.—Baý aýaly kethudalaryň duran tarapyna garady.—Ana, özem öňe süýşdi.

Dogrudanam, şol mahal Gowşut öňe saýlandy. Ol Seýitmuhammet işanyň golaýyna baryp durdy.

—Işan aga...

Näme diýiljekdigini öňünden bilýändigi üçin Seýitmuhammet işan tesbili elini kelemenledip, Gowşudy geplemäge goýmady.

—“Il oňlasa, atyňy soý” diýipdir ata-babalarymyz, Gowşut beg. Il seni oňlasa, sen-de ili oňlamasaň, hata bolar. Sen Saragt iline baş han bolmaly, Gowşut han!

“Sen Saragt iline baş han bolmaly” diýen sözler Gowşudy aljyratdy, ýap-ýaňy aýtmak üçin häzirlän sözleri-de hakydasyna gelmedi. Birdenem ol:

—Işan aga, men öz gara günüme gezeýin-le!—diýip, gelşiksiz bir naýynjar sypata girdi. Näme diýilse-de, gaýtargy bermäge taýyn işanyň jogaby nagt boldy:

—Öz gara günüňem bardyr welin, iliň gara gününe-de garamaly, han! Işiň rowaç, alnyň açyk, Allahym penakäriň bolsun!...

Seýitmuhammet işan eýýäm pata berip ugranda, ýagdaýyň hakykata öwrülip barýanyna göz ýetiren Gowşudyň aýagynyň astyna ot basylan ýaly boldy. Ol ýene bir ädim süýşüp, edil alkymyna baranda, işanyň halpyldap ýatan boldan tikilen ýeňinden ýapyşaýjak ýaly göründi-de saklandy, ýaýdandy, uludan dem aldy.

—Duruň, işan aga, garaşyň!

“Garaşyň” sözünden soň, pata bermek üçin elini ýokary göteren işan, Gowşudyň indi razylyk berjekdigine ynanan ýaly, garşylyk görkezmän, goluny aşak goýberdi.

Gowşut adamlara seretdi, seretdigiçe-de howpurgady, alada batdy. Onuň özi-de şol duranlar ýaly adaty adamdy, geçen ömründe gazanan günäsi-de bardy, eden

sogaby-da. Ol “Müň dost az, bir duşman köp” diýen nakyly gowy görýärdi, emma onda-da, hemme adamlarda bolşy ýaly, dostam bardy, duşmanam. Şu mahal ol baş han bolmagy boýun alaýsa, özüne bir topar täze duşman hem gazanjakdygy barada oýlady. Çünki, edilen günä işe günä derejesinden pes çäre görseňem, gabahat iş eden ýat adam hakda-ha gürrüňem ýok, ozal özüňe hormat goýan dostyň-da seniň üçin duşmana öwrüljekdi. Görnüp duran günäsini mertlerçe boýun almaýan ejiz adamlaryň hem ýaşaýan dünýäsiniň biadyl düzgüni şeýledi.

Bulutsyz asmanyň ýyldyzlaryna meňzeş müňlerçe göz Gowşuda tarap gönügipdi. Olar dürli-dürli pikirli, dürli-dürli adamlaryň gözleridi. Uzak asmandaky ýyldyzlaryň nämeden ýasalandygyny bilmeýän Gowşut özüne golaýdan garaýan gözleriň-de nähili many bilen bakýandyklaryny bilmeýärdi. Uzakdaky asman ýyldyzlarynyň nämeden ýasalandygyny bilmek Gowşut üçin hökmanam däldi. Ol alysdaky ýyldyzlar bilen iş salyşmaýardy, ýerde ýaşap ýören Gowşuda olaryň aladasy hem ýetmeýärdi. Emma ýerdäki ýyldyzlaryň balkyldysynyň manysyna düşünmek onuň üçin möhümdi. Şol gözleriň manysyna düşünmek, tutuş geljegiň manysyna düşünmekdi. Häzir Gowşudyň ýanynda il üçin haýsydyr bir möçberde bähbitli işler eden, il gamlananda gamlanyp, şatlygyna şatlanan adamlar durdy. Gowşuda garaýan gözler olara-da garaýardy. Ýöne şol adamlara goýulýan hormat özüne-de goýulýarmy-goýulmaýarmy—Gowşut bilip bilmeýärdi. Şoňa göz ýetirmän hem han bolup öňe düşmek manysyzdy. Ony seljermek hem bir salymyň işi däldi—adamlar bilen iş salyşmalydy, toýa-ýasa gatnaşmalydy, ýow güni darkaşa girmelidi.

Garaýşynyň manysy näbelli adamlaryň arasynda maksatlary Gowşuda ozaldan belli adamlaram bardy. Olar hem hil-hildi. Olaryň arasynda il-güne zerur güni gylyç syryp, janyndan geçjeklerem, ozaldan gelýän galp abraýa bukulyp, il içinde ýalan hormatdan peýdalanyp ýörenleri-de bardy. Şolardan birnäçesi baş hanyň ornuny eýelemek arzuwundady. Emma şu mahal olar ses-üýn çykarmasalar-da, hanlyk ykbalynyň çözgüdine biparh garamaýardylar. Olaryňam başga ýola öwrüläýmegi ahmaldy. Çünki adalatly kişiden adalatsyz dostlary daşlaşmak bilen bolýar.

Telim oduň arasyna düşensoň, agyr oýa batyp esli salymlap erkini elinden gidiren Gowşut garaşylmadyk ýerden janlandy.

—Jemagat!—diýip, ol köpçülige ýüzlendi. Ilatyň diňe bir han saýlamak hakdaky hem däl, durmuşyň gaýry aladalaryny-da öz içine alan galmagalynyň peselmegine şol “Jemagat” diýen söz sebäp boldy.—Siz meni özüňize baştutan edip bellemäge razymysyňyz ýa-da ýok?

Az salymlyk ýuwaşan, deňiz tolkuny ýaly, haýsy heňdedigi näbelli gowur täzeden möwç aldy. Birdenem garaşylmadyk halda ol gowur ýatyşyp, galanyň içine imi-salalyk aralaşdy. Gowşut ýene bir gezek öňki beren sowalyny gaýtalady, gaýtalamasynyň üstüni-de şeýle ýetirdi:

—Erteki gün “oňlamandyk” diýmäň. “Ýüz göreniň ýüzi gursun”. Wagt geçensoň, ökünip aýtmaly gepiňizi şu mahal aýtsaňyz, meň üçinem, siz üçinem bähbitli bolar. Çekinmäň!

Ýene şol düşnüksiz gowur ýaňlandy.

Gowşuda golaýrak duranlaryň sesi aýyl-saýylrak eşidildi:

—Biz saňa bil baglaýas!

—Biz razy!

—Nanly bol!

—Adyl bol!

Ol sözler gulagyna ýeten Seýitmuhammet işan pata bermäge häzirlendi. Emma Gowşut ýene oňa ýol bermän, märekä ýüzlendi:

—Eger siz unaýan bolsaňyz, menem razylaşmaly bolaryn. Agyňyza bile aglap, şat günüňiz şatlanaryn...

—Biz unaýas!.

—Jemagat seni goldaýa!

Gowşut täze gamyşly ak öýe tarap elini salgady:

—Onda, hol ak öýi görýäňizmi?

Inçeli-ýogynly sesler jogap getirdi:

—Görýäs.

—Hanyň öýi.

—Hojam Şükür hanyň öýi.

—Görýän bolsaňyz,—diýip, Gowşut dowam etdi.—Görýän bolsaňyz, gamşy bilen durlugyny aýryň-da, şol öýi getirip meň üstümde dikiň!

Tümmegiň üstünde duran kethudalar bir-birine geň galyjy nazar bilen seredişdiler. Märeke tarapdan bolsa gülki-gowur göterildi. Käbirleri saklanyp bilmedi:

—Bu nä boluş!?

—Hanyň öýi bilen näme işi barka?

—Biz-ä düşünen däldiris.

—Bizem düşünmedik.

Köp kişiniň gözüne gamşy, durlugy aýrylan tärimiň aňyrsynda ýolbarsa meňzäp oturan täze han göründi. Oňa düşünenler baş atdylar, düşünmedikler bolsa ýagdaýa täsin tomaşa hökmünde garap, keýp çekmek bilen ýylgyrdylar. Gowşut gelejekde iş salyşmaly adamlarynyň arasynda bu pirime düşünip baş atjakdan düşünmän ýylgyrjagyň sanynyň köp boljakdygyny öňünden bilýärdi.

Haýran galmaly ýagdaý—täze saýlanmaly hanyň jemagat üçin düşnüksiz hem geň bolup duýlan ilkinji buýrugyny, märekäniň ol buýruga bolan haýran galyjylykly äheňini eşidip duranam bolsa, Hojam Şüküriň ýüzüniňem oňki terzi üýtgemedi. Ol edil şeýle oýun edişmäge täze saýlanjak han bilen öňünden wadalaşan ýaly, göwnübir suratda öňe seredip durmasyny dowam etdi.

Hojam Şüküriň özi aladalanmasa-da, oňa derek biynjalyk bolan adam tapyldy. Ýene galmagal güýjedi. Nämäniň nämededigine göz ýetirip bilmeýän adamlar ýene bir-birege sowal berdiler. Bir seretseň çaga oýny ýaly bu hereketiň ýönelige oýlanyp tapylmandygyny çaklap, onuň sebäbini gözlänem boldy.

—Diýseň-diýmeseňem, bu ýerde bir syr-a bolmaly.

—Näme syr bolsun?! Bezemen, süňňi gurat ak öýi ýok adam, han saýlandym bahanasy bilen, arrygyny gynaman, ak öý edinmek isleýä. Bu ýerde şondan gaýry hiç hili syryň bolmaga haky ýok.

—Aý, goýsanaýt köpbilmişlik etmäňi! Gowşut diýilýän adam alty sany köki çüýrän tärim bilen on oýnam uga abraýyny çalyşjak adammydyr?

—Ol nä ilden üýtgeşikmişinmi?

—Üýtgeşikdigini gözüňe basyp ýör ahyryn.

—Kimmiş ol gözüme basar ýaly? Gözümiň golaýyna bir gelsin!

—Göze basmagyňam aýratyn şahy bolmaz. Iki ýyl bendilikde oturan garyp oglany bir jinnek çykarman getiren kim? Gowşut dälmi? Gajar üstüne gara kelläni etege salyp gidäýmek her öňýeteniň syrtyndan çykanok ahyryn...

Gowşut öz piriminiň amala aşyrylýan pursaty iki taraplaýyn çaknyşygyň, hatda gan döküşligiň bolaýmagyna-da garaşýardy. Ýöne iş işden geçibermek derejesine ýetse, bolaýmaly ahwalatyň öňüni almagy başararyn öýdýärdi. Ol öz gurýan syýasatynyň nähili netije berýändigini iş ýüzünde barlap görmese welin, aksakallar niçiksi mejbur etseler-de, baş hanyň garamatyny boýnuna almakçy däldi. Çünki Hojam Şükürden belent sarpa goýmaýan bolsa, Hojam Şüküriň hut özi-de gapdaldan garap durka, adamlar onuň öýüni ýerinden goparyp, Gowşudyň üstüne dikmeli däldi. Şol işiň amala aşyrylmagy ýa-da aşyrylmazlygy ýagdaýy gutarnykly hem anyk aýdyň etmelidi. Gowşudyň aýgydyna görä, bu gün bir ak öý babatda biriniň ýüzi üçin onuň sözüni ýykyp biljek adam erteki gün has lomaý meselede hem Hojam Şükür ýalynyň sözi üçin Gowşudyň ýüzüni garaltmakdan daşda durmajakdy.

Geň zat—ýokarda duran kethudalaram ýa-ha Gowşudyň syýasatyna düşünmeýärdiler, ýa-da düşünip oňlaýardylar—ol herekete ýagşy-ýaman öz bahalaryny bermeýärdiler.

Märekeden bölünen bäş-alty sany orta ýaşan adam öňe saýlandy-da, belentlige golaý gelip durdy. Yzdan ýene bir topar ýigit hem çykyp öňki gelenlere goşuldy. Sagdan-soldan gelenler bilen öňe saýlananlaryň sany elli-altmyşa ýetdi. Olaryň arasynda bili gylyçlysy-da, egni gara myltyklysy-da bardy. Köpçülikden bölünenleriň arasyndan, boýy pes hem bolsa, eginleri üwelenip duran, gözleri uçgunly gyrçuw gara sakgally biri Gowşuda ýüzlendi:

—Han aga, Hojam hanyň öýüni şu belentligiň üstünde dikmelimi?

Gowşut oňa jogap gaýtarmaga derek agyr märekä garap sowal berdi:

—Hanyň öýüniň meň üstüme getirlip dikilmegini unamaýan barmy?

Murty jaýtarylyp duran bir ýigit öňe saýlandy.

—Men bar.

—Başga-da adam barmy?

Hojam Şüküriň öýüniň gozgalmagyna garşy duran şol jaýty murtuň täk özi bolup galmady. Onuň ýanyna ýene iki sany adam gelip durdy.

Şu ýerde garaşylmadyk bir waka boldy. Hojam Şükür agyr köpçüligiň öňünde daýawlygyndan ýaňa ilden saýlanyp duran birine tarap elini salgady-da:

—Atakişi!—diýip gygyrdy.—Hany seň meň üçin janyňy gaýgyrmajakdygyňa beren wadalaň nirä gitdi? Gowşuda öý gerekgäl ahyryn, akmak. Ýa sen akmak däl bolanyň sebäpli öňe çykman durmuň?—Gygyrmasyny goýan han, sözüni pyşyrdy bilen tamamlady.—Türkmeniň tutunýan dostlary şeýleräk-dä...Belki, özi ýalydyr..

Atakişi köpçüligi perde tutunyp, özüni görer gözlerden gorajak boldy. Emma ol mähnet göwresini töwerekden gizläp bilmedi. Hemmeler oňa tarap seredişdiler.

Ýagdaýa düşünen Gowşut öý göçürmek üçin öňe saýlanan topara ýüzlendi:

—Öý göçürmek möhümi bitdi hasap edýäs, goçaklar. Işiňiz rowaç bolsun!

Ýüzlenilen adamlar köpçülige goşulyp gidensoňlar, Gowşut Oraz Ýagla tarap seretdi. Ol baş atdy. Seýitmuhammet işanyň giň hem uzyn ýeňleri ýokaryk galdy. Pesde duran märeke hem işanyň hereketini gaýtalady.

✧✧✧

Howa paslyna kybapdaş däl yssydy. Ýol gyrasyndaky suwly ýapjagazlaryň boýundaky syrdam söwütler garawulçylyk çekýän ýaly, gymyldaman, söm bolşup durdular. Hywanyň köçelerindäki adamlar welin tersinedi. Depesi sypaýy gümmezli belent metjide tarap barýan ak selleli adamlar kändi. Aladasyz oýnaşyp ýören garajürjenje oglanlar namazhonlara hormat goýup, olara ýol berýärdiler. Kebzeleri palanly, ýarym-ýalaňaç hammallar agyr ýük göterip, hojaýynlaryň öňünden ýegdekleşip barýardylar.

Mädeminiň Marydaky dikmesiniň nökerleri bilen Hojam Şüküriň Hywanyň çetinden girmegi, her günde onlarça kerwen gelip-gidýän uly şäheriň adaty hereketinden tapawutlanmady. Diňe juda ýadaw kerweni synlasaň, onuň uzak bir ilden çykyp gaýdandygyny çaklamak bolýardy.

Iň öňden bir nöker saýlanyp barýardy. Onuň yzyndaky dor atyň üstünde argyn halda oturan Hojam Şükürdi. Ol Gowşudyň han saýlanan gününden bäri keýpsizdi, dünýä bilen işi ýok ýalydy. Ýöne ony beýle hala salan öňi bilen Saragtyň baş hany ornundan jyda düşmegidi, ýöne hany ýene bir gahar-gazaba atarýan zat tirkeşen, ýakyndan duz-emek bolan adamlaryň ejizlemegidi. Onlarça dost-ýardan ýekejesi-de köpçülikden öňe saýlanyp, onuň tarapyny tutup bilmedi.. Olaryň hiç biri Hojam Şüküriň tarapyny çalmak üçin öňe saýlanan üç sany ýedi ýatça-da bolmady. Ýogsam ol jaýty murtlyny dagy Hojam Şükür ömründe ilkinji gezek görüpdi. Dost-ýarlar, iň bolmanda, il ýüzüne bolsa-da, Hojam Şüküri goldaýmalydylar welin başarmadylar. Hanlyk, patyşalyk, elbetde, baky berilýän zat däl, bolsa-da, dost-ýarlar wepalylyk görkezmelidiler.

Hojam Şükür Gowşudyň baş han edilip bellenmeginiň manysyna düşünýärdi. Gowşut bellenmese, ýene biri bellenerdi. Ol aýdyň zatdy. Ýöne, iň bolmanda, janyny ynanan adamlaryndan arka tapylmanyny welin Hojam Şükür özi üçin masgaraçylyk, il öňünde abraýynyň dökulmegi hasap etdi. Öýke-kine, dost-ýara ýigrenç goja hany düşnüksiz hereket etmäge-de itekledi. Ol täze baş han saýlanan gününiň hut ertesi Oraz Ýaglynyňam, Gowşut hanyňam töwellasyny kabul etmän, sözüne gulak asan garyndaşlaryny ýanyna alyp, Gulanla tarap göçüp gitdi. Öýkelese-de, Hojam Şükürde Gowşuda içinden çykmaz ýaly ýamanlyk etmek meýil ýokdy. Bolsa-da, ol Marydaky dikmesiniň üsti bilen Hywa hanynyň özüne çakylyk ýollanyny kemem görmedi. Çakylygyň iki bähbidi bardy. Birinjiden-ä, öz ilinde, hatda öz ýakyn adamlary tarapyndanam goldanmadyk Hojam Şüküre şeýle gamly ýagdaýdaka Hywa hany ýaly belent derejeli kişiden çakylyk gelmegi uly abraýdy. Onsoňam Mädeminiň täze bellenen baş hany ýa-da uly abraýly Oraz Ýaglyny myhmançylyga çagyrman, özüni çagyrmagy onuň üçin has-da gymmatlydy. Goý, Saragtyň akmak tekeleri kimiň näça agramynyň bardygyny bilip galsyn! Ikinjiden bolsa, şu mahal, keýpiniň tüýs bozuk mahaly Hojam Şükür üçin halaýan ýurdy bolan Hywa gitmek, köne tanyş ýüzlere sataşmak hasam gerekdi. Ol sapar hanyň gaýgy-alada ýüküni birneme ýeňletmelidi.

Kerwen şäheriň gyrasyndan giren badyna, köne haýatyň ýeňsesinden peýda bolan gara geýimli arryk aýal, kerweniň ýoluny kesjek bolýan ýaly, köçä çykdy-da togtady. Ol hortaň ellerini ýokary göterip, diňe özi üçin aýdýan ýaly, bir zatlary

samramaga başlady. Barybir onuň kerwene alkyş aýdýandygy, kerweniň hojaýynlaryndan sadaka dileýändigi düşnüklidi. Hywa gelip-gidýän kerwenler şolar ýaly dili senaly mätäçleri hor etmeýärdiler. Çünki bu ýere gelýänler garyp-gasarlar däldi-de, köplenç, gurply kişilerdi—baýlardy, täjirlerdi. Olar öz söwdalarynyň ýa-da gaýry işleriniň oňmagy üçin sadaka gysganmaýardylar.

Gedaý aýalyň deňine ýetende Hojam Şükür atynyň başyny çekdi. Özi sebäpli jylaw çekilenini bilen aýal, Hojamy gorkuzyp zat aljak bolýan ýaly, ýüzüni asmana tutup, gözlerini giňden açdy, samramasyny güýçlendirdi. Onuň şöhlesi öçük, dünýäden doýgun gözleri hanyň kalbynda nebsagyryjylyk oýardy. Ol goltugyndan pully haltajygyny çykaryp, iki sany teňňäni gedaý aýala tarap oklap goýberdi-de:

—Alla ýoluna!—diýdi.

Aýal Alla ýoluna taşlanan teňňeleri almak üçin öňe okdurylanda, onun şemal düşüp galgan gara ýapynjasyndan ürken at bir tarapa atyldy. Heniz pully haltasynyň agzyny baglap, goltugyna salmaga ýetişmedik Hojam Şükür eýerden agman, zordan saklandy. At gapdala atylanda, hanyň haltasyndan ýene birki sany teňňe gaçdy. Ömrüniň rowaçlygy diňe taşlanýan teňňä bagly aýal, soňky gaçan pullary hem almak üçin öňe eglende, hanyň keýerjekläp duran aty öz yzyndan kowalanýandyr öýdüp, derrew öňe saýlandy. Esli ýere barlansoň, özbaşyna hüňürdän han atyny zordan köşeşdirdi.

Ýolagçylar giň aýmança girenlerinde täsin bir zada gabat geldiler. Gözi gara mata bilen daňlan, ýaňy murty taban daýanykly ýigidiň yzyna düşüp ýören iki sany daýaw nöker mahal-mahal gamçylaryny şuwwuldadyp, ýigidi saýgylaýardy. Gözi bagly biçäre gamçy her gezek howada seslenende, onuň niresine gelip degjegini bilmän, naýynjar ýegşerilýärdi. Urýanlaryň biri bolsa beýle ýagdaýyň döremeginiň sebäbini adamlara eşitdirmek üçin sesine bat berýärdi:

—Allaguly hanyň döwletment gerçegi bolan Mädemin hanyň abraýyna dil ýetiren her kişiniň almyty dürre gamçy bolmalydyr!

Nökeriň her gezek bir sözüni hem üýtgetmän, irginsiz gaýtalaýan habarynyň tassyklamasy ýaly bolup, habar gutaran badyna, howada gamçy şuwlaýardy.

Köne howlularyň gapysyna çykyp, bu waka garaýan adamlar hem hil-hildi. Olaryň käbiri bolýan işe gyzykly bir zada tomaşa edýäne meňzese, gamçy her gezek şuwlanda, özleri urulýan ýaly bolup, düýrükýänler-de bardy. Emma adamlaryň gaýybana nebsagyryjylygynyň ýenjilýän ýigit üçin nepi ýokdy.

—Allaguly hanyň döwletment gerçegi...

Ýene gamçy şuwlaýar, ýene ýigit ýegşerilýär…

Hojam Şükür gapdallaşyp sürüp gelýän nökere ýüzlendi:

—Han abraýynyň niçiksi goralýandygyny gördüňmi, nöker? Türkmende-de şeýle däbi ýöretmeli ekeni!

Şol mahal näme barada pikir edenem bolsa, nökerden mahaly bilen jogap bolmady. Gepi gaýtargysyz galdyrylanyny halamadyk han, nökere tarap nägile nazar aýlady. Emma atyň üstünde ýere garap oturan nöker Hojam Şüküriň garaýşyny duýmady. Han oňa ikinji gezek söz gatmaly boldy:

—Gaýry adamlardan belent adamyň abraýynyň nähili goralýandygyny gördüňmi sen, nöker?

Jogap gaýtarylaýmasa, hanyň ynjalmajakdygyna göz ýetiren nöker ýüregindäkini gizlejegem bolmady:

—Abraý öz abraýy bilen özüni goramaly dälmidir, han aga? Gamçy bilen goralyp saklanmaly abraý, gaýtam, biabraýçylyga öwrüläýmese.

Hojam Şükür oýlanyp gördi welin, nöker mamlady. Emma haýsydyr bir nökerden gep alyp galmak isletmedik gojalyk tekepbirligi ony geplemäge mejbur etdi:

—Abraýyň nämedigini bilmeýän biabraýlara abraýyň nämedigini diňe dürre gamçy öwreder. Sen şu gepi hiç mahal ýadyňdan çykarmagyn, nöker.

Aýdylan bilen ylalaşmasa-da, nöker baş atmaly boldy.

Atylyp gelen ýumrukdan kiçeňräk gara daş hanyň atynyň böwrüne hütläp degdi. Haýatyň düýbünde atan okunyň boş geçmänine heşelle kakyp duran oglanjyk hanyň gaharyny getirjek bolýan ýaly, ellerini bir-birine gaty urup, çapak çalýardy.

Hojam Şükür nökere garap, oglanjyga tarap gamçysyny uzatdy:

—Ýet!

Nöker islemese-de, atyny däbsemeli boldy. Ol oglana gamçy saldy. Oglan aşak egildi. Gamçy boş geçdi. Oglanjyk agaçdan-agaja towsup ýören çaga maýmyn ýaly bolup, çakganlyk bilen haýatyň üstüne çykdy. Ol indi nökeriň gamçysynyň ýetmejegini bilip arkaýyn gepledi.

—Haý, saniňg onaňgi...

Almytyny alan nöker hanyň islegini  berjaý etmegi hem indi başarmajagyny bilensoň, atyny yza aýlady.

Nöker bilen oglanjygyň arasynda bolup geçen waka tomaşagär bolan Hojam Şükür, öňki gaharyny ýatdan çykaryp, ýaşuly adama gelişmejek keýpihonlyk bilen ýylgyrdy.

—O beçe seň eneňe öýlenäýdimi, nöker?

Gödek degişme nökere ýaramady. Ol: “Ullakan adamyň garagol çaganyň gepindenem uly many çykaran bolmasy nämekä?-- diýip içini gepletdi.—Öýlenilmeli-hä seniň  eneňdi welin…”

Ozalky sowalyna jogap almadyk han bu gezek öňküsindenem pese düşdi:

—Eneňi mugtuna äre beräýdiňmi, nöker?

—Çagadyr-da, han aga—diýip, nöker ýasama ýylgyrdy.

—Heýlemi!?—diýen han şondan soň dymdy.

Kerwen mähnet derwezäniň öňüne baryp saklandy. Kaşaň haýata berkidilen derweze, içindäki gül-pürçük meýdana bap gelmeýän ýaly aýratyn bir görňüşe eýedi. Onuň dört-bäş gulaçlyk beýikligi, üç-dört gulaçlyk ini, üstüniň naýza şekilli haşamlary bilen howatyrlandyryjy bir duýgy döredýärdi.

Derwezäniň alnynda duran nöker gelenlerden habar alyp, başga bir nökeri, tabşyryk berip, aňryk ýollady.

Hojam Şükür nökeriň açyp beren gapysyndan girip gitdi. Ol öňünden ýöräp barýan ugradyjynyň yzyna düşüp barşyna, gapy yzyna gapy geçdi. Ahyram Mädeminiň kabulhanasynyň işiginden baryldy.

Mädemin hanyň myhmana nazary ýa düşendir, ýa düşen däldir, Hojam Şükiriň başy, bili, özünden erksiz öňe egildi.

Hywanyň hökmürowany türkmen hanyny gyzgyn mähir bilen kabul etdi. Olar görşenlerinde hem uzak mahallap, bir-biregiň elini goýbermediler. Aýak üstünde durkalar, iki han saglyk-salamatlyk soraşdy. Diňe şondan soň olar ýumşak düşege geçdiler. Geçilse-de, iki hanyn arasynda Mary, Saragt barada häzir düýpli gürrüň bolmaly däldi. Çünki il üstüne sapara giden Muhammet Ýakup Mäter häzir Hywada däldi. Ol ertir öýleden soň dolanmalydy.

Mädeminiň baş geňeşçisi Muhammet Ýakup Mäter hanyň töweregindäki adamlaryň arasynda-da, tutuş hanlykda-da iň akylly, iň parasatly kişi hasaplanýardy. Oňa diňe bir bu hanlykda däl, türkmen aksakallary tarapyndanam uly sarpa goýulýardy. Mädemin han Mary ýörişine taýýarlanmagyň ähli aladasyny onuň üstüne ýükläpdi. Şonuň üçinem Saragtda bolan özgerilişikdenem eýýäm habarly Mädemin Mary barada Hojam Şükürdenem känbir gizlemän etjek maslahatyny Muhammet Ýakup Mäteriň gelerine goýdy.

Umuman, Mary meselesi Mädemin hanyn böwründäki hemişelik sanjydy. Üstesine, onuň Mary diýen düşünjesine Pendi düzlügi-de, Saragt-da, tutuş Ahal sebiti-de girýärdi. Ol ýerleriň gol astynda saklanmagy diňe bir Hywanyň örüsini giňeltmegem däl-de, Eýran ýaly uly döwlet bilen aralykda “goranyş meýdanyny” saklamak üçinem bähbitlidi.

Mädemin 1841-nji ýylda hem Marynyň üstüne çapawulçylyga çykypdy. “Gorkana goşa görner” diýen ýaly, gelip ýetýän habarlar Rahymguly hanyň halys ukusyny gaçyrdy. Onuň golunyň astynda bolan Maryda Buhara täsiriniň güýjemegi türkmenleri emirligiň hataryna geçirip barýan ýaly edip görkezýärdi. Rahymguly inisi Mädemin bilen Mara döküldi. Olar güýçli goşunyň haýbaty bilen ilaty gorkuzmak isläp, Marydan Talhatana çykdylar, ol ýerdenem Eýran topragynyň gyrak-bujagyndan çapawulçylyk edip, yzlaryna dolandylar. Bu çapawulçylyk Eýran ýaly döwlete erjeşip, garşylyk görmedik Hywa hanlygy türkmeni-hä islän mahaly ýer-ýegsan eder diýen ynam döretmek üçin amala aşyrylypdy.

Rahymguly bilen Mädemin ýüzugra Pendi ilatyndan köp baýlyk ýygnap, il içinde Hywanyň abraýyny goraýan wagyz eder ýaly, türkmen kethudalarynyň gözüne çöp atmak üçin olara öz türkmenlerinden alnan mallardan serpaý ýapdylar. Şeýlelikde, abaý-syýasat bilen göz ody alnan türkmenler Hywa hanlygyna gutarnykly tabyn boldy hasap edildi.

Bolsa-da, Mary bilen Buharanyň arasy gutarnykly kesilmedi. Ony Hywa-da bilýärdi, Eýranam. Hanlygynyň gaznasyna türkmenler tarapyndan pajyň wagtly-wagtynda tölenmezligi, şeýle-de “Türkmenleri öz tarapyna çekmek üçin Buhara saryk hem salyr kethudalaryna hat ýollapdyr” diýen habaryň ýaýramagy agasy Rahymgula derek Hywa han bolan Mädemin Ynagy maryly meselede belli bir aýgyda getirdi.

Esasy gürrüň Muhammet Mäteriň gelmegine goýlanam bolsa, iki hanyň gysga wagtlyk duşuşygynda hem türkmenli meseleden sowlup geçmek başartmady.

—Türkmen ilinde näme gep bar?—diýip, gürrüňi Mädemin han başlady.

Mademiniň türkmen “gepiniň” hemmesinden habardardygyny anyk bilýän, ony bilýändigini hem hana sözsüz aňlatmak islän Hojam Şükür köpmanyly ýylgyrdy.

Ýylgyryşyň manysyna düşünen bolsa gerek, ony jogap diýip kabul eden Mädemin ýene sowal berdi:

—Mary ili negä baş göterýär?
—Birneme azdylar, han aga.
—Kim azdyrýar?
Mädeminiň özüniň ozaldan bilýän zadyny soraýandygyna ynanýan Hojam Şüküre at oýnadan bolup oturmagyň hajaty hem ýokdy. Üstesine-de, ol özüni sylaýandygy üçin uly hana ikilik hem etmeli däldi. Bolsa-da ol:
—Gizläp oturasy iş ýok, han aga. Tekeler birneme…-diýip, aýtmalysyny soňlaman goýdy.
—Saragt tekelerimi ýa...
—Saragt tekeleri.
—Haýsy han olara gep içirýär?
Hojam Şükür Oraz Ýagly ýa-da Gowşut diýip, belli bir hanyň adyny tutup, Mädeminiň öňünde özüni kiçeltmek islemedi.
—Belli biri däl, tekeleň hemmesem bozgak, han aga.
—Ähli ilat bozgak däldir, han—diýen Mädeminiň ýüzi agraldy. Ol gapdala seredip gepledi.—Ilat diýilýän zat iki aýakly goýun sürüsidir. Hanam onuň çopanydyr. Çopan hanja sürse, haýwanlar şo tarapa-da gider barar. Şol çopanlar...
Hojam Şükür Mädeminiň sözüni bölmäge özünde gurbat tapdy:
—Şo çopanlaryň özleri bozgak-da, han aga.
Sözi bölüneni üçin Mädeminiň keýpi üýtgemedi, gaýtam ol myhmanynyň aýdanyny baş atyp kabul etdi.
—Rast aýdýaň. Ähli gep şonda. Çopanlary öž ýanyňa çekmegi başarmasaň, goýunlaryň seň islän ýeriňe sürülmelidigini ynandyrmasaň, malyň başy tükel bolmaz.
—Onyňyz-a dogry, han aga.
—Dogry bolsa, çopanyňy özüňe ýaran edinmeli. Çopanyň seň bilen il bolmasa, malyň özüňki bolmaz.
—Onyňyzam dogry, han aga.
—Ekinçi malyňam köpeliberer.
—Köpelýärem, han aga,
—Köpelmeli-dä. “Eneň öweý bolsa, ataň özüňki bolmaz” diýip eşitmediňmi?
—Eşidipdim, han aga, eşidipdim—diýip, Hojam Şükür telim gezek baş atdy.
—Eşiden bolsaň, ilatyň kethudalary bilen arany sazlamaly. Lazym ýerinde muşt görkezmeli, lazym ýerinde halat-serpaý ýapmaly. Lazym bolsa, ugruna-da kowmaly. Dirikçiligiň ýazylmadyk kanuny şeýle, han. Bir zady belle, kethudalar unasa, il unar.
—Hawa-da, türkmenler “Çopan unasa, serke sagyp, süýt berer” diýýäler.
—Parasatly aýdylan gep. Gerek wagty serke sagyp süýt bereri ýaly ähli çopanyň gorkak damaryna daňyan ýüpüň ujy seň eliňde bolmaly... Teke bilen sarygyň arasy neneň?
—Saryk, bir seretseň, ümsüm il. Ýöne tekeler olaram azdyrýalar. Halypa işan, Sary han ýaly size gaty berleni bolaýmasa, galanlary tekä “Hä” diýmek isläp duran ýaly.
Hojam Şüküriň garaşman oturan ýerinden, Mädemin türkmenli gürrüniň örküjine ýetmän, gepiň ugruny üýtgetdi:

—Han, sen argynsyň. Uzak ýoldan geldiň—diýip, Mädemin çalaja ýylgyrdy.—Ertire çenli dem-dynç al. Meýliň bar bolsa, aýşy-aşrat çek. Keýpiň kelläňde.

Hojam Şükür özüne beýle hormat-hoşamatlyk bilen garaýan uly hana ýüreginden minnetdarlyk bildirdi.

✧✧✧

Oraz çakanyň dul galan kempiri Şirinjemal ejäniň tebipçilikdenem azda-kände başy çykýardy. Üstesine-de, ol gaty dilewar aýaldy, gep bilen iş bitirmeli bolsa, onuň üçin müşgilik ýokdy, adamlar oňa boýundylar. Kempir toý-tomgynyň biçim-kesimini etmäge-de gaty ökdedi. Belki, şol sebäplidir, ony köpler tanaýardy. Şonuň üçinem Pendi baýyň ogly Mäligiň özüniň gaty derwaýys hasap edýän bir işi bilen aýlap-öwrüp Şirinjemal ejä ýüz tutmasy tötänlik däldi.

Karkarany alyp gaçmak üçin edilen synanyşykda Kiçi keliň eliniň bardygy hakdaky il içine ýaýran çaklama dogry bolup çykdy. Ýöne Kiçi Karkarany Hywa sowgat etmäge däl-de, özüne niýetlän ekeni. Ýaşy otuz töwereklerindäki Kiçiniň iki ýyl mundan öň aýaly ýogalypdy. Ýaş tapawudy kän-de bolsa, garaw gaýtaraýjak degerli hossarsyz hem görmegeý gyzy ol özüne gaty mynasyp hasaplaýardy. Kiçi Karkara ýetmek arzuwyny ýakyn dosty Mälik bilen maslahatlaşanda, şeýle işi oňuna çözmegi başaraýjak Şirinjemal kempir baý oglunyň ýadyna düşdi. Dogry, ol mesele bilen il içinde abraýly öz atasyna-da ýüz tutup bilerdi. Ýöne oglunyň dostudygyna garamazdan, parasatly Pendi baý Kiçini kän bir halap barmaýardy. Gudaçylyga ibermek meselesinde jadygöý ýaly hasaplanýan şol kempirden amatly adam ýokdy. Mälik ol işi oňuna çözjekdigi barada Kiçä ynam bilen wada berşi ýaly, möhüm bitse, üstüni halat-serpaýdan doldurjakdygy hakda kempiri hem ynandyrdy.

Baý oglunyň ýapjak halat-serpaýynyň gyltymyna öňünden melul bolan Şirinjemal eje gönümel gudaçylyga gitmegi soňa goýdy. Gudaçylygyň amatly çözülmegi üçin hasam bir derwaýys ädim urmalydy. Onuň penalanmak isleýän adamy Seýitmuhammet işandy.

Şirinjemal eje gelen mahaly, Seýitmuhammet işan üzümli peliň gyrasynda, iki elini hem arkasyna tutup, gezmeläp ýördi. Olar biri-birlerini görmediler. Ýöne at ýatagynyň ýanynda garysyny ýassanyp ýatan köpegiň taýly gezek üýrenini eşiden işan öýüne bir del adamynyň gelenini çaklap, yzyna gaýtdy.

Kempir Gülsüm bibi bilen gaýym görşüp, saglyk-amanlyk soraşyp bolýança, Seýitmuhammet işan hem öýe girdi. Ol çep dula, öz hemişeki oturýan ýerine geçip, ala körpençäniň üstünde ornaşansoň, myhman bilen hal-ahwalat soraşdy. Esli salym dünýäniň bulaşyklygyndan gep açyldy. Seýitmuhammet işan sözüni şeýle tamamlady:

—Küpür gep urýan bolsam, özi geçirsin welin, Şirinjemal elti, ahyrzamana-da golaýlap ýör öýdýän.

—Rast aýdýaňyz, işan atasy, rast aýdýaňyz!—diýip, Şirinjemal eje sag çekgesiniň ak saçyny sypap goýberdi.—Ömrümiziň ahyrynda her ki görmesiz zatlary görüp, eşitmesiz zatlary eşitmeli bolduk. Neneň-niçik zamana boldy bi? Ulyň uly bilinmese, kiçiň kiçi bilinmese, nädersiň? Ýaňky “Ahyrzamana golaýlaýa” diýýän gepiňiz çyndyr. Obalarda ogry-jümrem köpelipdir diýýäler.

—Dogry aýdýaňyz, Şirinjemal gelin—diýip, Seýitmuhammet işan ýeňil-ýeňil üsgürindi.

Adynyň gapdalyna “gelin” sözi hem goşulan Şirinjemal ejäniň keýpi çaglandy. Öz döwrinde gelin adyna hakyky mynasyp bolup gezenem bolsa, soňky gezek haçan beýle ýakymly söz aýdylany kempiriň ýadyndanam çykyp gidipdir. Şonuň üçin bolsa gerek, ol ýene bir gezek alyn saçyny sypap goýberdi. Emma onuň barmaklaryna degen on sekiz ýaşly gelniň näzik saçy bolman, näziklik möwritini bireýýäm geçiren gataňsy ak gyllardy.

Işan dowam etdi:

—Ol haramylaň derdinden öz gapyňdaky halal malyňam duranok. Arap hajy bendäniňem toý-tomguda serpaý alyp ýören ýüwrügini ogurlapdyrlar. Ýogsam, o bende ile-güne zepersiz, taňra sygnyp oturan dogaman adam-a. Annany-jumanam bilmese nädersiň bi dinden çykanlar...

—Işan atasy, halal malyňa haram elini uzadana Hudaý göz görkezmeli dälmidir?—diýip, Şirinjemal eje gaýtaryljak jogaby öňünden bilýänem bolsa, işanyň sözüniň arasyny bölüp sowal berdi.

—We-eý, Şirinjemal elti, aýdyp oturanyňyz nämedir?!—diýip, Seýitmuhammet işan sowal halys ýürekden çykýandyr öýdensoň, gara çyny bilen geňirgendi.—Elbetde, Biribar beýle näkeslere göz görkezer. Elbetde, ol ýoldan çykanlaryň ahyrady tep-tekizdir. Elbetde, beýle ki murtarlara keramatly gürzi ataşy garaşyp durandyr.

—Rastdyr!–diýip, gepe-söze goşulman oturan Gülsüm bibi hem bu gezek adamsynyň aýdanlaryny tassyklap goýberdi.

Şirinjemal eje ýene sözledi:

—Biz obada hem bir pukara bendäniň sagdyrýan sygryny äkitjek bolup durkalar göräýipdirler.—Kempir bu gezek ýalan sözledi. Ol obada hiç kimiň sygry ogurlanjak bolmandy. Ol ýöne işanyň sözlerini delilleşdirmek, onuň ugrundan gopmak üçin aýdylaýan zatdy. Öz ýalan sözüne birbada özi-de ynanyp, soňam ýalan sözlänini hakydasyna getiren Şirinjemal eje howpurgady. Ol ýalan sözlenenini keramaty güýçli işan aňar öýdüp gorkdy, “Kimiň öňünde ýalan sözleýäň?” diýip, öz-özüne igendi.

Emma keramatly hasap edilse-de, Seýitmuhammet işan ýalan sözlenenini bilmedi, gaýtam, haýwanly gürrüňi adamly gürrüň bilen utgaşdyryp, ýaňky aýdylan ýalan gepe-de berk ynanandygyny myhmanyna subut etdi oturyberdi.

—Mal-hal-a, baş saglygy üçin sadaka diýäýseňem bolar welin, öňräk gaýraky obadan Daňatar aga diýen bir pukara bendäniň göze görnen gyzyny at ardyna basansoňlar, yzlaryndan ýetäýipdirler...

Daňatar aganyň ady agzalanda, işanyň ony ýatlamagyny hudaýtarapyn bir çüwmeklik hasaplan Şirinjemal eje pursaty elden bermedi. Ýogsam, ol niçiksi öwrüm bilen şol gepiň üstünden barjagyny bilmän otyrdy.

—Işan atasy, siz şol Daňatar diýilýäni tanaýaňyzmy?

—Çalarak tanaýan, Şirinjemal elti.

—Heýlemi?—diýip, gaýtam, işanyň ony çala tanaýanyna begenen kempir derrew işe girişdi.—Pendi baý şoň bilen öz daşkyrak ýegeni üçin garyndaşlyk açjak bolýa.

—Juda gowy edýä. Alla oňlawersin! Pendi baý bir ýagşy adam. Işan-mollasyna, musulmançylyga uly sarpa goýýan kişidir ol.

—Ýöne Daňataram gatybir göwnäp baranok.

— O nä geň ahwalat! Pendi baý ýalylar gapysyny açsa, armany nämekä?!

Bu gep göwnünden turan kempiriň sesi-de sandyrap gitdi.

—Wah, menem şony diýýän-dä. Indi ol iş üçin Pendi baýyňam lapy keç bolýa, işan atasy.

—Dürsdür!

—Hawa, işan atasy, Pendi baýyň maşgalasam meni siziň ýanyňyza ýollady. "Gaýrat edip, şol işi bähbide sary ugrukdyraýsalar" diýdiler.

Seýitmuhammet işan "şyg-şyg" edip güldi. Kempir iňkise gitdi. "Öňki ýalanymam bilendir-de, ýüzüme gelip bilmän, aýdan däldir". Şeýle oý etse-de, Şirinjemal eje ýene ynjaldy. Sebäbi, ol Daňatar agalara gudaçylyga barmadyk Pendi baýlary gudaçylyga baran edip görkezmek bilen öňki gezek doly ýalan geplänem bolsa, soňky aýdany doly ýalan däldi, herniçik-de bolsa,ol hakykata golaýlaýardy. Çünki gudaçylyk hakdaky gepi başlan Pendi baýyň maşgala agzalarynyň biri Mälikdi. Şony ölçerip-döken kempir birneme köşeşdi. Bolsa-da, ony gülkiniň döremeginiň sebäbi az gyzyklandyrmady.

—Işan atasy, nämä güldüňiz?—diýip, Şirinjemal eje tolgunýandygyny basyrmak üçin, öý eýesiniň ýüzüne garaman sorady.

—Äý, bir gep ýadyma düşdi-de...

Kempiriň ýüregi aram tapdy. Çünki işanyň jogaby onun bilgiçliginiň ýüzleýdigine şaýatlyk etdi.

—O nä gep?—diýip, kempir indi sowalyny arkaýyn aýtdy.

Işan bu gezek ýeňil-ýeňil ardynjyrady.

—Biziň atamyz bende gaty güýçli kişi bolan eken…

–Hawa, ony ilem aýdýa.

Gülsüm bibi hem iki aýdylany bir baş atyş bilen tassyklady.

—O bendäň ismi Möwlamberdi işandy, Şirinjemal elti. O gudratly bolany üçin il onuň dürs adynam tutman, "Ýoldaşly işan" diýer eken.

—Ol bäbekkä sallançagynyňam özi üwrelipdir—diýip, Gülsüm bibi gaýyn atasynyň abraýyny beýgeltmekde adamsyna goltgy bolar ýaly söz tapdy.

—Taňry nazar salan adamlaryň sallançagynyň özi üwrelýä diýip, oglankagam eşidýädik.—Bu Şirinjemal ejäniň sözi.

—Bir gün, ýatan ýeri ýagty bolmuş atamyz bende öýle namazynyň yzyndan tesbi sanap, doga okap otyrka, bir ýaş gelin juguryny jugurdadyp, onuň ýanyna gelýä. "Ol öýe baraýyň, bibi eneňiz bardyr" diýýä atamyz bende. Otüki gelin, ýaşmak ýok, ýaşynmak ýok: "Men bibi enäň ýanyna gelemok, Siziň ýanyňyza geldim. Haýdan-haý bir dogajyk beriň. Ýanlyk ýaýýan welin, ýag az çykýa" diýýä.—Işan myhmanynyň ýüzüne garady.—Doga "dogajyk" diýmegem küpürdir, Şirinjemal elti.

—Ýogsam näme!—diýip, kempir derrew işanyň aýdanyny tassyklady.

—Atamyz bende oňa: "Ýanlyk diýilýän zada doga-tumar tär edip bilmez, keýgim" diýýä welin, o gelin: "Jansyz ýanlyga täsir edip bilmedikdenem işan bolarmy?" diýýä goýberiberýä. Muňa atamyz bendäniň gahary gelip:

"A, peläket pyşbaga,

Doga neýlesin ýaga?
Giç ýat-da, ir tur,
Alty pişegi artyk ur,—
Eliň batar sary ýaga”

diýip jogap gaýtarýa. Düşündiňizmi, Şirinjemal elti?

Şirinjemal elti düşündi. Sebäbi, ýandyk ýaýýan akmak gelne berlen jogap onuň gudaçylyk hakdaky haýyşynyňam öwrümliräk aýdylan jogabydy.

✧✧✧

Ýurt parahatçylyk bolup duranda-da, Saragt türkmenleriniň ýagdaýy ýeňil däldi. Ýyl ýyl bilen kybapdaş gelmeýärdi. Gyş, ýaz gurak düşende, Tejen derýasynyňam suwy peselýärdi. Şeýle bolanda ýaşaýyş kynlaşýardy, toprak umyt edilen hasyly bermeýärdi, ýylgalla meselesi agyrlaşýardy. “Ýer gaty bolsa, öküz öküzden görer” diýen ýaly, iýmäge nan tapylmasa, ilat arasynda närazylyk artyp, ýüp syrygýardy-da, toýnukdan geçýärdi—başa düşen kynçylygyň garamaty baş hanyň başyna atylýardy. Ýogsam, ýagyş-ýagmyryň az bolmagy, ýylyň gurak gelmegi hana-bege bagly hem däldi. Il üstüne daşardan howp abansa-da , adamlaryň aglabasy ony baş han bilen baglaşdyrmak isläp durdy. Sebäbi, baş han her zat etmelidi welin, howp döreden tarap bilen dil tapmalydy, şeýdip, başa gelen belany dep etmelidi. Şony başarmasa-da, baş han baş hanlyga mynasyp kişi däldi.

Şu mahal atyny derýadan suwa ýakyp gelýän Gowşut han şol barada oýlanýardy. Ine, Mädemin han. Onuň bilen nähili edip dil tapmaly? Onuň Mary bahanasy bilen Saragta döküljekdigi ikuçsyz. Mädeminiň ol maksadynyň ozaldan gelýän maksatdygyny diňe Gowşut han däl, Saragt düzünde mal bakyp ýören sada çopan hem bilýär. Hywa hanynyň gara güýjüniň nähilidigini, oňuň öňünde durmagyň akla sygmajak derejede kyn boljakdygyny bolsa çopan bilenok, Gowşut han bilýär. Geň zat: Saragt kethudalary Mädeminiň goşunynyň hatarynda sekiz müň sany türkmen nökeriniň bardygyna çenli edil özleri barmak basyp sanan ýaly anyk bilýärler. Emma tutuş türkmende däl, diňe Saragt tekelerinde eli ýarag tutýan ňäçe adamynyň bardygyny welin olar bilmeýärler. “Adam sanyny bilmän, ýarag sanyny bilmän, sen nädip Mädemin ýaly agyr goşunly hanyň öňünden çykjak?” Gowşut hanyň sowalyna häzirlikçe jogap ýokdy.

Derýanyň mal-gara suwa ýakylýan güzeri hanyň öýünden bäş ýüz ädim çemesi günbatardady. Şol güzerden otuz-kyrk ädim gündogarda mähnet toraňňy kenara saýa salyp otyrdy. Kökleriniň esli bölegi açylyp, derýanyň erňegine sallanyp ýatansoň, suw içip duran ullakan bir jandara çalym edýän toraňňynyň giň saýasy tomusmy,gyşmy-- adamsyz bolmaýardy. Ol ýerde epeý-epeý adamlar, çaga ýaly galmagal edişip, omadaklaşyp,düzzüm oýnaýardylar, küşt dikýärdiler, jedel edýärdiler.

Şu mahalam, baş han atyny iýdip gelýärkä-de, toraňňynyň aşagyndaky bäş-alty sany degenek pyýada küşdüň başyndady. Olar oýna şeýle bir gyzygypdylar welin, ýaşaýan topragyna agyr ýagynyň dökülmegine garaşýan iliň adamlaryna meňzemeýärdiler. Küştçüler üçin giň jahanda goh-da ýokdy, galmagalam. Ähli üns takyrjak ýere ýazylan küşt matasynyň üstünde bolup geçýän iki taraplaýyn söweşe

gönükdirilipdi. Şol sebäpli olar Gowşut hanyň gelip duranyny-da aňmadylar. Eger-de at hokranmadyk bolsa, hana asla-da üns berilmejek ekeni. Salam-helik alşylmagyna-da diňe şol hokranma sebäp boldy.

Küşt matasynyň bir tarapyndaky bäş adam mal ýöredýän dolmuş ýaşulyny goldaýardy. Beýleki tarapdaky gara jürjene kiçijik adamynyň bolsa täk özüdi—oňa janköýerlik edýän-de ýokdy. Ol adamynyň ýüzüne Aman aga diýilse-de, il içindäki ýörgünli ady Aman jalaýdy. Oňa Aman neşe-de diýýärdiler. Amany jalaýlygy üçin däl-de, neşebentligi üçin halamaýardylar, bolsa-da onuň guýmagursak küştçidigine welin sarpa goýýardylar. Ýekme-ýek küşt dikip, ony utaýýan adam bu sebitlerde seýrekdi. Ölemen küştçi hasaplanýan Gowşut hanyňam Aman jalaýdan, köplenç, döwi pes gelýärdi. Küşde kesesinden ser salyp, biraz duran han oýnuň humaryna özüni aldyrmanka, bu ýerden daşlaşmak üçin ýoluny dowam etdi.

Hanyň ugranyny görenleriň biri:

—Han aga ötägitdi-le?—diýip, töwerekdäkileriň hemmesine-de deň degişli hem sowal, hem habar berdi.

Ähli kişä derek Aman jalaý samrady:

–Han gitdi diýýäňmi? Gidende näme? Hany, göç! Han siz ýaly akmak bolmany üçin gidendir. Küşdüň başynda Aman jalaýyň oturanyny gören adam akylly bolsa süzüliberer. Ynha, siziň altyňyzam tirkeşip, Gowşut hanyň yzyna düşübermeli bolarsyňyz. Ýa sizde akyl ýokmy?.. Göçüň!

—Göçüldem-dä. Göçülende eliňden näme gelýämiş seň?

—Elimden näme gelýänini weziriň atdan agansoň bilip galarsyň...

Gowşut küştçülerden bary-ýogy otuz-kyrk ädim daşlaşanda, hasasy öz boýundanam uzyn kempir onuň ýoluny kesdi.

Han salam berdi, garry salam aldy.

Han geçibermekçi boldy, garry oňa geçmäge ýol bermedi.

—Sen Gowşut han-ha dälsiň, ýigit?

–Şol bolmaly men. Näme hyzmat, ýeňňe?

—Men seni gözläp öýüňe-de bardym. Möhümimi aýtmazdan öň bir doga okaýyn,köşek.—Gumak ýolda tapyr-tupur aşak oturan kempir agzynyň ýetişdiginden samramaga başlady. Onuň doga diýip okaýany gurhan süresi hem bolman, öz sözi bilen aýdylýan alkyşdy, ýagşy arzuwlardy. Ol tekäniň üstüne howp inmeginiň öň ýany täze hana rowaçlyk dileýärdi.

—Indi bolsa, sen, han, meň arzyma gulak as!—Hasasyna daýanyp ýerinden turan kempir, handan algysy bar ýaly, arzyny gaharly äheň bilen beýan etdi.—Sen, uly iliň hanydygyň çyn bolsa, meň sygrymy tapyp ber. Han kişi garyp-pukaraň hossary bolmalydyr. “Gaýry rakybyň bolmasa, babadaşyň ýokmudy?” diýip, dürs aýdypdyrlar. Türkmen türkmeniň malyny ogurlaýa. Şü musulmançylyga sygýamy? Han bolsaň, sen maňa jogap ber.

Gowşut han güljegini-de, ýylgyrjagyny-da bilmän:

—Sygryňy ogurlan mendir öýdýäňmi, garry?—diýdi.

—Sensiň-ä öýdemok welin... Ogurlyk ýaman zat ahyryn.

—Hätjek-dä. “Ýol egrisiz bolmaz, il ogrusyz”.

—Ol şeýledir welin, “Jany ýanan Taňrysyna gargar” diýleni-dä, han. Bu günu-saba guzlajak bolup duran sygrymyň öňňunky gidişi. Agtyjaklamma süýt-gatyk bor

diýip, gözümi dikip otyrdym. Töwerekden ideg-sorag etsegem, uç çykmady. Senden haraý isläp geldim, han. Öýüňi idäp tapsam, bärik gaýtdy diýdiler.

—Özüňe kim diýerler? Haýsy obadan bolarsyň?

—Garaahmetlidirin..”Amansoltan küýki” diýseň, hemme adam tanar meni. Kä bende tara ýüwürdip, sowsany dokap at alýa. Maňa bolsa, küýki bolmasamam, küýki at galdy. “Amansoltant küýki” diýmän, Amansoltan eje diýseň, hiç kim tanamaz..

—Malyňy ogurlanyň kimdigini, heý, çaklaýaňmy?

—Iliňi ogruhana öwürseň, adyňa ysnat geler, han—diýip, kempir öz ugruna hümürdedi.—Şony bilip goý.

Han garrynyň gulagy agyrdyr diýip çaklady

—Ol aýdýanyň dogry, ýeňňe. Ýöne bir garga gagyldany bilen gyş düşmez ahyryn.

—Gyş düşmese-de düşmez welin, garga gagyldansoň, howadan eýgilige-de garaşmagyn, han...Wah, bu gün-erte guzlajakdy özem.

Han gygyrybrak geplemeli boldy.

—Ony sen eýýäm aýtdyň. Müňkür bolýanyň bamy diýip soraýan men senden.

—Özüm-ä müňkür bolamok, Güman imandan aýrarmyş. Ýöne Şammy seýis-ä Aman jalaýdan görýä. "Aman neşe-de” diýýämişler oňa. Sygryň örklenen ýerinde şony görüpdirler. "Sygryň ogurlanany çyn bolsa, ogryňam şoldur” diýýä Şammy. Hawa-da, käri pes kär bolsa, her ki zada garaşaýmaly-da o tetelliden. Ýöne tikilmese don däl, tutulmasa ogry däl, han. Günäsini göterip biljekgä Taňry bendesiniň.

Gowşut han gyrçuw sakgalyny sypady-da, kempire soňky sözüni aýtdy:

—Sen, garry, ýol söküp, heläk bolup ýörme-de, obaňa gaýt. Men bir ideg-sorag edip göreýin.

—Sen, han, ideg-sorag etme-de, meň sygrymy tapyp ber. Agtyjaklam oňa garaşyp otyrlar.

Gowşut han bu gezek ýylgyrmaly boldy.

—Sygryň tapylsa-tapylmasa, birki günüň dowamynda habaryny ýetireris, garry.

Jogap göwnünden turmasa-da, kempir han bilen hoşlaşdy.

Atyny yzyna aýlan hany bu gezek toraňňa tarap sowan küşt oýnunyň jadysy bolman, Amansoltan kempiriň arzydy. Han gelen pursaty öňki döw tamam bolupdy. Oýnuň kimiň haýryna gutarandygyny bolsa soraman biläýmelidi,—Aman jalaýyň keýpi diýseň çagdy.

—Han aga, öz gökjeli küştçileň utulandygyny bilip, kömek bermek üçin yzyňa dolanansyň sen. Şeýlemi?

—Gökjäň halynyň teň mahaly bolýan däldir, jalaý,—diýip, Gowşut han jogap berdi.—Pyýadaň perzä çykaýan ýaly-la seň?

—Ony sen soraman bilmeli ahyryn, han. Aman jalaýy küştde utan teke barmydyr?

—Dürsüňe dürs diýmeli. Küşde gezek gelende, Taňry saňa eçilibilipdir.

—Şony boýun alsaňyzam, men razy.

—Esli mahal bäri göze ileňok-la, jalaý. Ýa uzak illere küşt oýnamaga gitdiňmi?

—Ahala gidip geldim, han. Garyndaşlammyňka. Bir hepde boldy yza köwlenenime.

—Ahally garyndaşlaň gün-güzerany ganymatmy?

—Ýyl gurak gelipdir, galla azlyk edýä. Günemalary ýykma-ýykylma dolanýa. Ýöne men olaň köpüsiniň keýpine döwek goşup gaýdaýdym öýdýän...

—O nä gep?

—Gämiden Bama çenli Aman jalaý bilen küşt diken gyrmyzy donly tekäň ählisi ýanyny ýere berdi.

—Aý, edil beýle-de däldir-le—diýip, Gowşut han ýylgyrdy.—Birinden-ýarymyndan dagy utuldymam diý ahyryn.

—Çypbakaý çynymy aýdýan, han. Sen nä meň küşt oýnaýşyma näbeletmiň? Üstesine,olar menden gepde-de utuldylar.

—Munyň-a çökderräk gelen bolaýmasa, jalaý,—diýip, bu gezek Gowşut han çyny bilen ynanmazçylyk etdi.—Ahallylar küştde senden utulsalaram, gepde-hä utulan däldir. Gepe gezek gelende, tutuş Gökdepäni ompa oturdýan Ýagmyr ýaňra bardyr-a olarda.

—Ýagmyr bolsun, gar bolsun, meň ýanymda bir aşyk!—diýip, Aman jalaý öwündi. Onuň hiç kime gezek bermän jürleýşi hanyň kalbynda müňkürlik döretdi. Han ony neşeden keýpini mazaly kökläp gelen adam diýip çaklady. Şonuň üçinem ol öz maksadynyň bähbidini arap, jalaýy ugruna kowdy.

—Ahally garyndaşlaň sözde-de senden utulaýyşlaryny! Aý, adamyňky käte şeýdip çüwmelem-dä!

—Meňki mydama çüwýändir, han—diýip, agzy tebsiräp duransoň, dodaklaryny ýalaşdyran Aman jalaý bolmajysy boldy. Ol baş han bilen däl-de, neşebent ülpedi bilen dawalaşýan ýaly gögüne garap gepledi.—Name boldy diýsene, han..

—Näme bolupmyş?

—Küştde utulan garyndaşlammyň biri ahmyryny çykarjak bolup; "Mary tarapa göçensoňlar, garyndaşlammyzyň bary namazy-töwiri taşlap, diňe söwda-satyk bilen meşgulmyş diýýäler welin, şol çynmy?" diýip, sowal berdi. Men oňa: "Ay, edil beýle-de däldir" diýjek boldum welin, başga biri gara çyny bilen; "Ýuwmarlajak bolmasana. Mary tarapda ähli adam söwda-satyga gidensoň, bazar güni ölen adamynam ertesi jaýlaýamyşlar. Öňräk biziň bazar güni ýogalan ýegenimizem şeýdipdirler" diýdi. Men oňa o gep ýalandyr diýdim. Ol çyn diýip, eňek bermedi. "Asyl ony öwlüýä äkitmäge-de adam tapylmandyr. Hemme kişi bazardamyş". Teý bolmansoň, men oňa: "Aý, garyndaş, seň şol ýegeniň bazar güni ölmäge wagt tapan bolsa, hakyky marylam däldir" diýdim welin, ahally garyndaşlaryň ýekejesem dil ýaryp bilmedi. Adamlar pakyrda beräýdiler.

Toraňňynyň aşagynda oturan adamlaryň pakyrdysam Aman jalaýyň hyýalyndaky pakyrdydan pes bolmady.

—Ahal beýlede dursun, şu gün-ä seň döwüň bi ýerde-de pes däl--diýip, Gowşut han hem gülkä goşuldy.

—Dogry aýdýaň, han—diýip, Aman jalaý hekgerildi.—Meň döwüm hemme wagtam, hemme ýerde-de güýçlüdir. Men hanyna-begine-de hiç mahal baş bermeýän. Ynanmaýan bolsaňam, geç küşdüň başyna.

—Biz öwsek, özüňem öwnüberme!—diýip, Gowşut han atynyň rişmesini toraňňynyň aşak eglip duran bir şahasyna baglady.--“Hemedan daş bolsa-da, kädibaş ýakyn” Ahal uzagam bolsa, küşt matasy şu ýerde ýazylgy. Hany, bagtymyzy synaly!

—Syna han, syna!—diýip, Aman jalaý uly höwes bilen küşdüň mallaryny dikmäge başlady.

—Birdenem men seň guş kimin uçjak bolup duran keýpiňi bozaýmaýyn, jalaý?—diýen Gowşut han, küşt matasynyň beýleki tarapyna geçip, aýbogdaşyny gurdy.

—Keýpimi bozsaňam, gaty görmen, han.

—Gepiň gepmidir?

—Aman jalaý iki gepleýän däldir.

...Küşt oýny tiz başlanyşy ýaly, mallaram derrew saýpal tapdy. Aman jalaýyň bir pyýadasy zyýat diýäýmeseň, döw deňeçerräk barýardy. Niýeti oýunda ýeňmek bolman, garşydaşyna duzak gurmak bolansoň, Gowşut han, maýyny tapsa, küşt bermäge başlady.

Aman jalaý diýilýän adam diňe bir gowy göçümden lezzet alman, oýun mahaly diliniňem hözirini görüp, küşde kellesi gyzanda, aýdýan sözlerinden hem keýp çekýänlerdendi. Bu gezegem ol köne endiginiň ýatymyna görä gyşardy.

—Küştden turmalymy? Sen kim bolup Aman jalaýa küşt berýämişiň? Gowşut han bolup küşt berýäňmi?

—Edil özi.Tur, küştden!

—Bolaňda näme sen Gowşut han? Sen Gowşut han bolsaň, men Aman jalaý. Ine, turdum. Turamda, nädersiň?

—Ýene küştden tur!

—“Tur” diýýäňmi? Han “Tur” diýse, turmaly bolar. Başga alaç ýok. Bolmanda-da, göçüp gonmagy goşanç görer ýaly Aman jalaýyň agyr ýüki ýok-la.Turmaly bolsa gaçaýarys. Saragtyň meýdany giň.

Töwerekdäkiler küştçüleriň adaty samramasyna öwrenişip gidensoňlar, häzirki geplere-de gulak gabartman, diňe oýna tomaşa edýärdiler.

Gowşut han ýene küşt bermäge häzirlendi.

—“Agyr ýüküm ýok” diýdiňmi, Aman? Dogryňy sözle... Tur küştden! Indi nirä gaçaýarkaň sen?

—Saragtyň meýdany giň diýdim-ä. Ine, gaçdym...Aman jalaý hiç mahal ýalan sözleýän däldir. Meň sopbaş özümdigimi sen bilýäň-ä, han. Menden garybyň öýi köýsün!..Indi-hä seň “Küşdüň” gutaraýan bolsa gerek.

—Bogaz sygry bar adamam garyp bolarmy?! Häzirlikçe seni küştden azat edýän. Özüňi dürse.

—Seň aladaň men däldirin-de, küşt bermäge ýagdaýyň ýokdur,han..

—Beýle bolsa, ýene küşt!

—Küştmi? Gaçdym...Bogaz sygyr diýdiňmi?.. Indi men saňa küşt bererin... Bogaz sygyr-a şu gün irden guzladam.

Küştden turmak üçin şany göteren Aman jalaýyň, ony ýerinde goýjak bolanda barmaklary ýazylmady.—Ol allaniçigsi bolup, hanyň ýüzüne garady.

—“Bogaz sygyr guzlady” diýäýdimmi men, han?

—Diýme kemini goýmadyň, jalaý. “Aman jalaý iki gepleýän däldirem” diýipdiň sen. Hany, küştden turmakçydyň-la...

Oýnuň humaryna akylyny aldyryp, artykmaç gepländigine Aman jalaý şondan soň düşünip galdy. Düşündi. Emma indi giçdi. Ol şany penjesinde gysyp duruşyna:

—Meň indi küştden turmaga ýagdaýym ýok,—diýdi.—Sen bu gezek iki oýunda-da utduň, han aga—Oýunçy utulanyny bilse ýagşy! Men utuldym.

Gowşut han küşt matasyndan nazaryny aýyrman gepledi:

—Men utamok, jalaý. Bu gezek hakykat utdy.

Küşde tomaşa edip duranlar nämäniň nämedigine düşünmänsoňlar:

—Ýan berme,Aman!

—Ýaňadandan dik!—diýip gygyryşdylar.

Aman jalaý töwerekdäkileriň sesini eşitmeýän ýaly bolup, hanyň ýüzüne müýnli nazar aýlady-da, bir hili ýylgyryp goýberdi:

—Şu gezek-hä “Ker goýun giç ürker” diýenleri bolaýdy öýdýän.

—Beýle däl, Aman. Bu gezek biz “Hem zyýarat, hem tijarat” diýlenini etdik. Iň gowusy, sen göleli sygry garaahmetli Amansoltan küýkiň öýüne elt-de, owuz paýyňy iýip gaýt.

Agzyndan çykan aýdylmasyz gep zerarly küşdüň humary, dil lezzetiniň keýpi başyndan uçan Aman jalaý iş-işden geçensoň, äden ädimini yza almaga-da synanyşjak bolmady.

—Ýüki-ä agraldýaň-ow, han!

—Aý, sen onça-onça ýüki göre-göre gelýänsiň-le, jalaý…

—Ýok, han, bu gezek ýük hasam çökderräk geldi.

—Çökder däldir. Zeleliň ýaryndan gaýtmagam peýda. Utansaň,“Gowşut han iberdi” diýäý. Şeý diýseň, ýüküňem birneme ýeňlär. Ýanyňa ýene bir jahylam goşaýaryn. Ýekeden iki ýagşy.

Küşt matasyny dört epläp, köne donunyň goltugyna salan Aman jalaý pyşyrdady:

—Men seýrek utulýan. Ýöne utulamda welin, gaýdyp galmaz ýaly bolup utulaýýan.—Soňam ol ýüzlenýäniniň ýüzüne garaman.—Aýdanyňy bitireýin, han aga. Ýöne şu gezek bir hatamy öteweri!—diýdi.

Gowşut han oňa hiç hili jogap gaýtarmady.

✧✧✧

Soňky mahallarda Karkara gudaçylyga gelýänleriň sany köpeldi. Emma gyzyň ýaman ada eýe bolandygy sebäpli bolsa gerek, garyndaşlyk gapysyny açmak meýllileriň arasynda dokuzy dolusy ýokdy. Olar sözaýdyjy gelen wagtlary syr perdesini syrmasalar-da, hakykat uzaklaşman ýüze çykýardy. Sagdan-soldan öwüsýän gep şemaly gudaçylyga gelen adamlaryň agramynyň nahilidigini gizleýän tutyny syryp taşlaýardy. Karkara sawçy bolup gelýänleriň hemmesiniňem ýagdaýy bir kakuwdy. “Ýigdimiz edepli gyz ýaly asyllydyr” diýip, tarypy ýetirilýän öýlenmelileriň köpüsiniň ýaşy otuzdan agandy ýa-da kyrk töweregidi. Dört müçäni

arka atanlary-da bardy. Oýlenjegiň ýaşy bärräkdäkileri hem ýa-ha telpegi agandy ýa-da iki-üç çagaly duldy.

Daňatar agalara boý ýigit üçin gudaçylyga gelinmeýändiginiň sebäbini uly il, şol sanda gojanyň özi-de, Karkara-da bilýärdi. Karkaranyň gyzlyk namysyna el garylmadygam bolsa, ady garady, öz deň-duşlaryndan orny pesdi. Şeýle bolansoň, Karkaranyň özi-de boý ýigit bilen durmuş gurmak arzuwyna etmerin öýtmeýärdi. Emma arzuwyň gyzyň kalbyna sapan inçeden ujypsyzja umyt sapagy ony Gurbana tarap çekip durdy. Ýöne ol sapajygy Gurbanyň çekýändigini ýa-da öz gyzlyk alynyň ýüreginde ornaşan arzuwynyň çekýändigini welin Karkara açyk anyklap bilmeýärdi.

Karkaranyň ýagşy arzuwlary ýaly, Gurbanly mesele gyzyň isleýşine görä çözülmeli ýol bilen barýan bolmagy-da ahmaldy. Ol şeýle bolaýanda-da, edil şu mahal gyz üçin utuş ýokdy. Gaýtam, häzirki ýagdaý umytly arzuwy umytsyz hyýalbentlige ýakynlaşdyrýardy. Çinki, soňky bir hepdäniň dowamynda iki gezek gelen ak telpekli, ýüzi mama dişän ýaşuly gudaçylyk meselesinde Daňatar agany yraňkyrlapdy. Aktelpek düýn öýlän küle ýabysyna münjek bolup durka, eňsiniň yşyndan oňa tarap ser salan Karkaranyň keýpi bozuldy. Sebäbi, aktelpek öňki gezek gotur ýüzüni turşardyp giden bolsa, bu sapar keýpli göründi. Ol eýere özüni atanda-da ýeňil gopdy. Daňatar aganyň aktelpegi ýola salşy-da öňkusinden gadyrly boldy. Ýagdaý gudaçylyk meselesinde iki tarapyň umytly bir netijä gelendigini aňladýana meňzedi.

Şol mahal Karkaranyň hyýalyna her hili, hatda hiç bir ýagdaýda başaryp bilmejek hyýallary-da geldi. Ol daşaryk çykaga-da aktelpege: “Ýaşuly, siz bize gudaçylyga gelibem oturmaň. Meň öz adaglym bar” diýesi geldi. Şony diýesi geldi, ýöne diýip biljek däldi..

Gyzynyň kalbyndaky wakalardan bihabar Daňatar aga bolsa, şol aktelpek bilen taryndaşlyk gapysyny açyşmak meselesini oňuna çözüberipdi. Göze görnen, şol mahalyň özünde-de ýaman ada eýe bolan, maňlaýyna kişi maşgalasy bolmak täleýi ýazylan gyzyň tizräk arkasy ýapylaýsa, Daňatar aga-da kem görmeýärdi. Şeýle hem indi ol öz gapysyndan baýyň ýa-da begiň boý ogly üçin gelinmejekdigine -de akyl ýetirýärdi.

✧✧✧

Agyr aladanyň astynda galyp, öýländen bäri içini hümledip gezen Daňatar aga aýak ýygnananda, öýden çykyp gitdi. Esli mahaldan bäri kakasynyň täze tapan bimahal çagy öýden çykyp gitmek endiginden Karkara özüçe bir ýakymsyz many çykarýardy. Ol esassyz hem däldi. Soňky wagtlarda Daňatar aga edilip oturylan gürrüňe laýyk gelmeýän garaşylmadyk gepi-de aýdyp goýberiberýärdi. Birdenem akylyna aýlanan ýaly bolup, hatasyny düzedýärdi ýa-da diýen zadyndan utanýardy. Birdenem ol haýsydyr bir alada bilen kimdir biriniň ýanyna ugraýardy-da, derrewem yzyna-da aýlanaýýardy. Ol hereketler bolsa onuň akylyna birneme zeper ýetip ýörendiginden habar berýärdi. Karkara kakasynyň öňküliginiň ýokdugyny aňýardy, öýden çykyp gitse, biynjalyk bolýardy. Şonuň üçinem ol bu gezek ýaşuly gidensoň,

dulda oturmaga takat tapman, onuň yzy bilen daş çykdy. Daňatar aga Kelhan Kepeläniň gara öýüne girensoň bolsa, kakasyny aňtaýan ýaly bolup ýörişinden utanyp yza ýöredi.

Gudaçylyga gelýänleriň sany köpeleli bäri Karkaranyň öz ýagdaýy hem kakasynyňkydan gowy däldi. Ol aýagy bişen ýaly bolup, bir ýerde hem kän durup bilmeýärdi. Dünýäde iň ýakyn hossary kakasy bilen jigisi-de käte unudylýardy. Giň jahanda diňe Gurban bardy.Älhepus, bu durmuşyň täsindigini! Iň ýakynyň daşlaşyp, daşyň saňa ýakyn bolýar. Megerem Karkara-da akylyndan azaşyp ýörendir? Ýok, Karkara akylyndan azaşmaýardy. Ony yşk öz girdabyna dolap, gyzyň diýýän tarapyna däl-de, öz akym ugruna, "men-men" diýen ýigitleri, tumagy belent gyzlary erkinden azaşdyryp, däli edýän ugry bilen alyp barýardy. Ol akymyň aslyýeti bir bolup, asyrlar boýy gaýtalanyp ýören hem bolsa, her ädim ýoly müňlerçe adamyň daban depgisini gören-de bolsa, ýol Karkara üçin ädim urulmadyk ýoldy. Şonuň üçinem kakasynyň Kelhan Kepeläniň ýanyna girenini gören gyzyň kellesine hökman gudaçylyga gelýänler hakda gep açyljakdyr diýen pikir geldi. Adamlary däli-porhana öwürýän yşk akymy bolsa gyzyň çaklamasynyň çaklama däl-de, hakykatdygyny oňa ynandyrdy. Akym ony Kelhan Kepeläniň öýüne tarap akdyryp ugrady. Ol ýerde häzir Karkaranyň ykbal ýoluny saga ýa-da çepe sowmaly mesele orta atylýan ýalydy. Ony Karkaranyň kalby syzýardy. Haýsydyr bir duýgy bolsa: "Bar, diňle. Näme gep bardygyny bil" diýip onuň gulagyna çawuş çakýardy. Başga bir duýgy bolsa: "Ulugyz öý diňlärmi? Seň özün üçin gelen sawçy hakda edilýän gürrüňi diňlemäge hakyň barmy? Gören-eşiden näme diýer? Utan, Karkara, utan!" diýip, gyzy yza çekýärdi. Ýene şol yşkyň akymynyň güýji edepden-ekramdan üstün çykdy. Karkara Kelhan Kepeläniň öýüniň gözenegine uçup baranyny-da, ýöräp baranyny-da aňşyrman galdy.

Karkaranyň ýüreginiň syzany dogry bolup çykdy. Ol gözenege baryp duran badyna, çak eden gürrüňine başlandy.

–Şeýdip,käte biziň tünege-de ser sal ahyryn, Daňatar.

—Hem-ä ser salaýyn, hemem bir işiň maslahatyny edeýin diýip geldim, ussa.

—Oňarypsyň.. Ho ýassygy çekäý ýanyňa.

—Ýassyk gerekgälle. Uzynly günümem gyşaryp geçirdim.

—Gör-dä. Maslahatyň bolmalydygyny aňýadym.

—Nämeden aňýaň?

—Soňky mahallarda gapyňda bir del ýaby görünýä. Şondan aňýan.

—Hawa. Ýaby görünýändir.

—Bir ak telpegem göze kaklyşýa.

—Ak telpegem görünýändir. Ana, şol ak telpekliň gürrüňi meň gepim, Kelhan. Uly alada-da. Enesiz maşgala bolansoň...

—Seň ýagdaýyňa düşünýän, Daňatar.

—Düşünseň, näme, gyz halkam kişi maşgalasy bolýa-da.

—Elbet, arkasy tizräk ýapylsa ýagşy.

—Meňňem hyýalym şo.

—Ak telpegi geýýän kimmiş?

—Men näbleýin, Kelhan. Öz-ä burkazlardan diýýä.

—Menlik näme hyzmat, Daňatar?

—Her niçik-de bolsa, soralsa-idelse ýagşy.

—Elbet, sorag-ideg etmeli. Bilmän, görmän, öz çagaňy el-aýagyny güýlüp, oda taşlap bolmaz ahyryn. El bilen düzedilýän iş-ä däldir welin, soramalam, idemelem, Daňatar.

—Sen ussa bolaňsoň, tanyş-bilşi kän adam-da. Men-ä nä, özüň bilýäň, oturan hatarymyň adamlaryndan başgany tanamok diýsemem, ýalançy däl.

—Burkazlarda salam-helik edýänimiz-ä kändir. Ugruna çykaýarys, Daňatar.

—Özüň gaýrat et-dä.

—Adyna kim diýerler oň?

—Kimiň?

—Şol, ýaňky ak telpek geýýän burkazyň.

—Welmämmet  diýdi.

—Welmämmet yzçy-ha däldir ol?

—Şol bolmaly.

—Öýerer ýaly kimi bamyş oň?

—Körpämiz diýdi..

—Halmämmetdir ol.

—Şol ady tutaýdy öýdýän.

—Körpämiz diýýän bolsa, ol körpeleridir welin, biziň diýýän Halmämmedimiz boljak bolsa-ha,oň üç-dört sany çagasam bardyr.

Soňky sözi eşiden Karkara tisginip gitdi. Ol Kelhan Kepele: “Ýok, Daňatar, onyň bolmaz. Gülüň gunçasy ýaly maşgalany beýle haldaky adama bermek telekdir. Aktelpegiň hokgasyny derrew öňüne taşla” diýer öýtdi. Emma gyzyň dilegi tärimden aňryk geçmedi. Kelhan Kepeläniň “Halmämmet üç-dört çaganyň atasydyr” diýen nägile ähen bilen aýdan sözlerinden soň, ýaşulynyňam Karkaranyň islän jogabyny gaýtarmazlygy hem onuň öz gyzynyň ykbalyna biparh garaýandygyny aňlatdy. Iň bolmanda, Karkara-ha ony şeýle kabul etdi.

—Ýagşy, Daňatar, has göwnejaý bolary ýaly, men ertir burkazlar tarapa gider geläýerin.

—Şeýt, ussa. Meňňem senden gaýry hossar tutunjagym ýok. Gowşudyňam aladasy başyndan agdyk.

Kelhanyň sözlerinden “Gyzyňy berjek adamyň kimdigine men belet. Ýöne, seň göwnüň uçin ideg-sorag edäýerin” diýen many çykýardy. Karkara ol mana düşündi. Şeýle hem ol özüne kimi ýanýoldaş etjek bolýandyklaryna-da göz ýetirdi. Gyzyň ýüreginiň teýinde dörän gataňsy düwün esli salym tokgaryp durdy-da, birdenem özüne inçejik ýol ýasap, hereket edendigini bildiripdi-de, ýokarylygyna at salyp gitdi. Ol düwün ýokarrak baryp eränsoň, gyzyň ýaňagyna gözýaş bolup döküldi, Karkara bilmelisini bilip, eşitjegini eşitdi. Ol ýaňagyny aýasy bilen syryp ýöräberdi, emma öýlerine barmady. Tolgunma ýaş gyzy gijäniň garaňkylygyna tarap sowdy.

Karkara öýlerine däl-de, düýpden ters tarapa barýandygyny Kelhanyň düýe ýatagynyň deňine ýetensoň, bilip galdy. Ol yzyna aýlandy. Öz-özüni ýigrendi. Eýýäm tüm garaňka öwrülen agşamyň tutuk asmanynda her ýer-her ýerde balkyldaýan ýyldyzlaram ýakymsyz bolup göründi. Uzakdan güňleç üýrýän itiň sesi hem ýigrenji bolup eşidildi. Kelhan Kepele-de onuň şeýle güne sezewar bolmagyna garşy durmady. Soň Karkara günäni Kelhandan aýryp, kakasynyň üstüne ýükledi. Kelhan

aga-ha onuň üçin keseki. Atasy öz gyzyny bir ýere bermäge razy bolup durka, elbetde, keseki oňa garşy çykan bolup durmaz.

Karkara Oraz bilen Gurbanyň öýe girip barýandygyny gördi.Ol agzyndan çykmaly: “Gurban, bärik gel!” diýen sözlerini utanç duýgusy bilen duşaklamaga mejbur boldy,ýigit öýe gireninden soň hem habar gatmanyna ökündi.

Gyzyň gelen aýgydyna görä, ol şu gije Gurban bilen hökman gepleşäýmelidi. Ertire galsa, iş-işden geçip, soňky aladalardan netije bolmajak ýalydy. Emma näme üçindir, gapdalynda bolup geçýän wakadan Gurban asla habarsyz ýaly. Şol welin düýpden düşnüksiz. Karkarany otdan alyp, suwa zyňýan hem şol düşnüksizlik. Ýa-da ol Karkaranyň ykbalyna indi biparh garaýandygy üçin bilýänini-de bilmediksirän bolýarmyka?

Ýüregine daş baglan gyz gapynyň eňsisini galdyrdy:

—Gurban, bir düýe boş gezip ýör welin, Kelhan aganyňky ýaly-la. Çyk-da, ýatagyna kowsana!

Eýýäm dula geçip, ýassyga gyşaran Gurban gyzyň guran hilesine düşinmän:

—Bar, çyk-da şony ýatagyna tarap kowsana—diýip, ýumşy Oraza buýrdy..

Bu ýagdaýa Karkara gaharlanjak boldy. Gurban onuň gözüne bähbitli pursady özi keýpihon elden gidirýän adam bolup göründi.

Orazam, ýerinden gobsunsa-da,daş çykmady.

--Kelhan agaň düýesi bolsa, aýlanyp,ýene ýatagyna barar.Ol ýuwaşdyr.

—Sen çykaýsana,Gurban!

Öýkeli ýaly ses bilen aýdylan soňky sözler Gurbana täsir etdi. Ol gürrüňiň düýedenem ulurak bir gepiň bardygyny çaklap daş çykanda, boş gezip ýören düýe-de görünmedi, at-da...

✧✧✧

Gün guşluk bolmanka, köne gala tarap gelýän adam akymy kiparlady. Ýygnananlaryň ahlisi biynjalykdy. Dowulçylar, hemişeki endiklerine görä, dowul ýaýradýardylar, müňkürler kesplerine eýerip, çaklama çaklaýardylar. “Şu gije biz gajar üstüne çozmaly” diýip, bir dowulçy dowul turuzsa, beýlekisi: “Ýüz müň hywalynyň başyny jemlän Mädemin han Jojukly bilen Gulanlynyň arasynda ýük ýazdyrypdyr” diýip,hywalylary has-da golaýa getirýärdi.Üçünji biri bolsa olary edil öz gözi bilen gören ýaly, “Mädeminiň goşunynyň arasynda on sany mähnet hindi pili hem bar” diýip, öňki howply habarlaryň üstüne agramlyk edip gorky ýüküni ýükleýärdi.

Şolara meňzeş myş-myşlar derrew hemmäniň gulagyna baryp ýetdi. Käbirleri bolsa täze hanyň adamlary ýene bir ýere ýygnamagyndan närazy boldy:

—Beýdip, her iki aýdan adamlary gysaja saljak bolsa, köp kişi Saragty terk edip, ýene Ahala göçäýmese. Bu ýerde erkek göbekli galmaz.

—Onsoň üste ýagy dökülse, Gowşut han nätjekkä?

—Heleýler bilen gaýtarar-da.

—Öz heleýem müňbaşy bolar!

—Ha-ha-ha-a!

Başga birleri bolsa bu gezek erkek adamlaryň gajarlaryň üstüne dökülmek üçinem, Mädemine garşy çykmak üçünem ýygnalman, üýtgeşik, ýöne entek näbelli bir sebäp bilen çagyrylandygyny köpçülige düşündirjek bolýardy.

—Ýak, Ýarmämmet, seň ýaňky hatynlar bilen ýagy gaýtarar diýeniň-ä tüýs ýerine düşdi-ow!

—Görnüp duran zat-da ol—diýip, Ýarmämmet diýilýän adam üýtgeşik bir gep tapan ýaly temegini ýokaryk tutdy.

—Gyryberseň, erkek gutaraýar-da..

—Gowşut hanyň hatynynyň eline egri gylyç alyp, Mädeminiň yzyndan kowalap barýanyny göz öňüne getirýäňmi sen? Ha-ha-ha...

—Hah-hah-ha-a!

—Başbogusam küle ýabyň guýrugy ýaly bolup, howada gaýyp barýandyr! Ho-ho-ho..

Ýaşulularyň depä golaýlamagy bilen galmagal, gülki ýatyşdy. Hemmäniň nazary öňe dikildi.

Depäniň üstünde Oraz Ýagly, Gowşut han, Seýitmuhammet işan, Pendi baý, Nepes molla, Täçgök serdar, Amansähet serdar peýda boldy. Kän mahal geçmänkä:

—Halaýyk!—diýip, Gowşut han märekä ýüzlendi.—Sizi gala çagyrdyk. Bala-çaga biynjalyk bolup galandyr. Biynjalyk bolar ýaly, häli-häzirlikçe-hä, ýaramaz habar ýok. Çozup gelýän ýygynam ýok…

—Onda nämä adamlary alada goýup ýörsüň?

—“Ýagy çozanok” diýmek üçin ýygnadyňmy?

—Işli adamlary işden goýmakdan lezzet alýaňmy?

—Go-go-go-go!

—Ýuwaş, halaýyk! Tagapyl ediň!..Sizi bu ýere ýygnamakdan maksat, bir-ä, her obada, her tirede näçe atyň-ýaragyň bardygyny, ýaraga ýapyşyp biljek adamyň sanyny bilmek isleýäs. Ýene bir maksat—size uly bir möhüm bilen ýüz tutmakçy.

—Ilegiň bamy?

—Ozal gedaýymyz azmydy?

—Diläber, han aga. Bar zadymyzdan eçileris.

—Go-go-go!

—Ýuwaş-ş! Han geplände diňlärler ahyryn.

—Ýuwaş, adamlar!—diýip,Gowşut han sesine bat berdi.—Iner dilegini saljakgä. Üstümize hälimi-şindi dökülip durlar. Başymyzy goramaga ýaragymyzam ýok. Ahally garyndaşlara adam ýollap, ýarag dilemekçi. Gökdepede özlerinden arta-süýşe ýarag bolmaly...

—Oň üçin halka maslahat salmak nämä gerekmiş? Özüň han, özüň soltan, aladany ediber-dä. Bize sala salan bolmak nämä derkar?

—Diläber dilejek zadyňy!

—Adamlar! Gün-güzeran hakda gep açsak, biziňkem bol-telkiçilik däl. Ahally garyndaşlarda bu ýyl galla juda ýeňil gelipdir. Biziňki ýene ýagşy. Galla ibermesegem olar bize zerur bolsa, ýarag kömeginem berer, jan kömeginem. Ýöne biz olara gallany medet diýip ibermekçi bolýas. Eger kimde-kim, bala-çagasyndan artsa, indiki bişekçilige çenli ýetjeginden zyýat gallasyndan göwnünden çykaranyny

beräýse... hem sogap gazandygy hemem Saragt ili üçin bähbitli iş etdigi bolardy. Biziň ýaşulular bilen maslahatlaşyp, gelen aýgydymyz şeýle...

—Bermäýsem näme bolar?

—Güýç bilen alarmyň?

—Ýok, adamlar, özüňiz döwtalap bolup,razyçylyk bilen bermeseňiz, zorluk diýen zadyň gürrüňi edilenok.

—Biri kän berer, biri az berer. Onda natjek?

—Eçileniňizi beriň. Hiç kim hiç kime az ýa-da kän beripsiň diýmez. Şu gunden başlap, ýigitler obalara aýlanyp ugrar. Göwnüňizden çykaranyňyzy beriň. Öz ýagdaýyňyza serediň.

—Bolany şolmy?

—Gep gutardymy?

—Gutaranok. Ýene bir möhüm gep bar.

—Ýene näme dilegçilik etjekkä?

—Aýt, han. Onyňam eşidip göreli!

—Eşitseňiz,—diýip,Gowşut han has-da agras görnüşe girdi.—Eşitseňiz, adamlar, il içinde ganjygasyndan kelle asmak küýseýän “dogumly” ýigitler peýda bolupdyr.

—Bolanda näme?

—Tekäň baş hany bolsaň, oňa guwan-da!

—Ýok, adamlar, beýle däl. Olar dogumyna han guwanmaly,il buýsanmaly ýigitleriň hasabyna girenoklar. Olar geçip barýan bigünä kerweni çapýalar. Şolaň kösti bilenem duşman gazanýas, ili üstümize çozduryas,bala-çagany gan agladýas. Birimiziň uýamyzy at ardyna basyp gidýäler, ýene birimiziň hatynymyzy süýreýäler. Indi biz şol “edermenler” sebäpli, bigünä halymyza namys astynda galyp ýörmelimi?..

—Olara çäre görmeli!

—Gözlerini ýeňsesinden çekmeli!

-- Ele salmaly!

—Olaň haky ölüm!

—Talan talasyn, ýaşan ýaşasyn. Bize näme?

Gowşut han sesini has-da gataltdy:

—Aramyzda oýlanman, zat etmän, gaty akylly gürrüň edýänlemmizem bar—diýip ol ýaňsylady—Ony biz eşitmedik bolaýalyň. Eger şol «batyrlar’ eden ýaramaz işlerine toba kylyp, gaýdybam beýle zada baş goşmajakdyklary barada iliň öňünde kişi wadasyny berseler...

—Toba kylsalaram günälerini geçmeli däl...

Han esli dymansoň, ýene gepledi:

—Şol «gerçekler» şu ýerde bar bolsalar, mert bolup, il öňüne çyksyn!

Hanyň haýyşynyň jogaby uzaga çekdi. Hiç kim öňe saýlanmady. Gowşut han sypaýyçylyga daýanyp, ol meseläni çözüp bolmajakdygyna göz ýetirdimi,nämemi, öň hatarda duran Jally jarçyny üm bilen öz ýanyna çagyrdy.

Diňiň üstüne çykyp, ýaşululardanam öňe geçip duran Jally jarçynyň sesi uzaklarda ýaň berdi. Ol Gowşut hanyň aýdanlaryny gaýtalap, talaňcylaryň mert bolup

öňe çykmalydyklaryny, şeýtseler, günäleriniň birneme ýeňilleşdiriljekdigini habar berdi.

Soňra Jally jarçy oba-oba bolup bölünip durulmalydygyny märekä ýetirdi. Köpçülik gozgalaň tapdy. Ýaşulular diňden düşdüler. Daňatar aganyň ogly Oraz ozal tabşyrylyşy ýaly Gowşut hanyň yzyndan ýöredi. Beýle ýagdaýy gören adamla, ilkibada hiç zada düşünmän,eginlerini gysdylar. Täze han öz ýanynda çilim tutýan oglan saklaýandyr diýip çak edenlerem tapyldy.

Obalara bölünip, topar-topar bolup duran adamlar bilen galla ýagdaýy, at-ýarag ýagdaýy barada gürrüňleşýän diňe Gowşut han däldi. Belentlikden düşüp gaýdan aksakallardan başga-da, otuz-kyrk sany,ozaldan tabşyryk alan adam hem ol işde ýaşululara ýardam edýärdi...

Gün günorta sananda, Gowşut han iň soňky topar bilen gürrüňleşenden soň, onuň näme üçin Orazy yzyna tirkäp ýörendiginiň syry açyldy. Deňine ýetip durlan Kiçi keldi.

Oraz oňa tarap barmagyny çommaltdy.

—Sü adam bolmaly, Gowşut däde. Özüniňem dor aty bardy. Başyndaky telpegem şüdi. Men çatmada otyrdym. Edil çatmaň ýanynda on aty büdredi. At sägindi. Bu adam tas eýerden agypdy. Ýöne ýykylmady. Şonda muň çekgesinde peşehorda yzynyň bardygynam saýgardym. Ol meni görmän, ýene atyny çapyp, aňyrlygyna gitdi.

—Hany, ýigit, märekäniň öňüne geç,—diýip, Gowşut han mylaýym ses bilen aýtdy.

—Hanlar hany öňe çyk diýse, çykaýmaly bolar, han aga.

Gowşut ýaňsylamany göwnüne-de alman, öňe çykan Kiçä bürgüdiňki ýaly ýiti nazaryny aýlady

—Çykmaly diýilse, çykmalam borsuň, gerçek. Han saňa “Balagyňy düşür” diýse-de, düşürersiň. Başga ýol bolmaz. Han sözi sözdür.

Bolsa-da, Kiçi kel gedem ses bilen gep urdy:

—Balaklaşylmasa-ha gowy bolardy,han aga...

—Gowy boljagyny menem bilýän,ýöne syrtyňda poh bolsa, pohlanan balagy çykarmaly bolarsyň.Ýogsam, ys-kokuň bilen adamlaň dem alýan howasyny zaýalarsyň. Il-gün seň porsulygyňdan dem almasyn. Şoň üçinem han aýdanda, köp gaýtaladyp durma-da, balagyňy düşüräý.

—Mende poh bolmaz, han.

—Geçen anna güni Hywa barýan kerweni talanlaryň biri sen. Ýaranlaryň kimdiginem bize aýtmaly bolarsyň. Aýdasyň gelmese-de, aýtmaga mejbur ederis. Agyryňa çydasaň, müň ýaşa.

Kiçi keliň Hemraguly hanyň nökerligini taşlap gaýdanyna bir aýdan gowrak wagt geçenem bolsa, onuň sebäbini bilýän ýokdy. Ýöne Kiçiniň hywalylar bilen öçlüdigi welin aýdyňdy. Onuň öz ülpetleri bilen Saragtyň üstünden geçen hut Hywa kerwenini talamagy-da şol öjüň bardygyna güwä geçýärdi. Kerwen talanlaryň beýlekileriniň kimdigi entek bilinmese-de, olaryň arasynda, megerem ýolbaşçy hökmünde Kiçiniň bolandygy belli boldy. Ol habar gulagyna ilen Gowşut han talaňçylyga garşy berk hereket etmegi ýüregine düwdi. Çünki Hywa kerweniniň biriniň talanmagy ozal hem Mary, Saragt meselesinde yrsarap ýören Mädemin üçin

müň kerwenlik tutaryk boljakdy. Ol tutaryk sebäpli dörejek ýagdaýyň nähili netije berjekdigini Gowşut han öňünden aňyardy.

—Kerwen talanlaryň arasynda men ýokdum—diýende, hanýň gazabynyň gatydygyna düşünen Kiçiniň sesi birneme gowşady. Ýöne ol Oraza ýüzlenende welin sesi gataldy.—Sen galat aýdýaň, oglan...

—Sen, gerçek, oglana hemle urma. Sen edil şü märekäni sylamaýşyň ýaly öz atanam sylaýan dälsiň.

—Han aga, men atamam sylaýandyryn, märekänem. Beýle sözleri, han bolsaňam, kän diýibermegin.

—Men ol sözleri märekäniň adyndan diýýändirin. Sen iliňi sylaýan bolsaň, bize zepersiz geçip barýan kerweni talap, iliňe hyýanat etmezdiň.

Märeke janlandy:

—Kellesini al, it oglunyň!

—Oň öňki edeni azmydy!

—Bular ýalyny diriligine ýere gömmeli!

—Iliň saňa näme diýýänini eşidýäňmi?.. Aşnalaň kim bolmaly? Şu ýerde bolsalar, gelsinler ýanyňa.

—Mende aşna bolmaz.

—Sen nä adam dälmiň? Akmagyňam aşnasy bolýar ahyryn. Eýsem, sen kerweni ýalňyz özüň taladyňmy?

—Ýalňyz özüm.

—Uly kerweni ýalňyz özüm taladym diýip bilýän adam hem kezzapdyr,hem wyždansyzdyr. Beýle adamda täk özi kerwen talar ýaly syrt hem ýokdur...

—Ony näme üçin diýýäň, han aga?

—Adam şekilli gepleşilende,hakykaty aýdyp bilmeýän adamda ýalňyz özi kerwen çapar ýaly gaýratam bolmaz. Sen gepi köpeltme-de, aşnalaň kimdigini aýt.

—Aşnam ýok diýdim-ä.

—Sen hany aldaňok, ili aldaýaň. Şony bil....

Gowşut han näçe gyssasa-da, Kiçi kel bile kerwen talan ýoldaşlarynyň kimdigini aýtmady. Han aýgytly herekete geçmeli boldy.

—Hany, yzyma düş.!

Hanyň yzyna düşüp, aňyrrakda aýratyn bir topar bolup duran aksakallara tarap barýan Kiçiniň gulagyna märekeden çykýan her hili sözler eşidilýärdi:

—Şony gözümiziň alnynda soýmasaň, sendenem razy bolmarys, han aga.

—Ite dalatmaly.

Kiçini yzyna tirkäp barýan Gowşut han ýaşulularyň ýanyna ýetip saklandy-da, günäkäre aýgytly nazar aýlady.

—Senden iň soňky gezek soraýan, ýigit. Oňatlyk bilen ýoldaşlaň kimdigini aýtsaň...

—Däliden dogry habar, han—mende ýoldaş bolmaz..

Kiçiniň tutuş Saragtyň iň abraýly adamlarynyň öňünde göz-görtele ýalan sözläp durandygy üçin baş hanyň sesi gazaply çykdy.

—Çykar donuňy!

Hanyň rejesiniň geň däldigi daşyndanam bildirip durdy. Şonuň üçin bolsa gerek, Kiçi kel bu gezek onüň aýdanyny ikinji gezek gaýtalatdyrmady.

—Köýnegiňem çykar!

Kiçi ilki ikirjiňlenip duranam bolsa, ol aýdylany hem berjaý etdi.

Han üçünji buýrugy berdi. Emma Kiçi ony ýerine ýetirmekden ýüz dönderdi. Gowşut han buýrygyny gaýtalamady-da, Kiçä tarap gazaply garap, onuň özüne ýüzlenýän ýaly:

—Duşüriň balagyny!—diýdi.

Kiçiniň balagyna ýapyşyberenlerinde, bolýan wakany synlap duran Seýitmuhammet işan saklanyp bilmedi:

—Haý, ýigitler, togtaweriň!

Ýigitler işanyň sözüni ýykyp bilmediler.

Seýitmuhammet işan baş hana ýüzlendi:

—Jemagata uýat ýeriňi görkezmek biedeplik bolar, han...Şerigatda-da şeýledir.

Näme üçindir han başda çalaja ýylgyrdy, birdenem ýüzi öňki agyrlygyna öwrüldi. Ol işana ýüzlenýän hem bolsa,sesini peseltmedi.

—Şular ýalylaň hyýanaty bilen biziň aýal maşgalalammyz ýat kişilere uýat ýerini görkezmäge mejbur bolýa. Şerigat öňa näme diýerkä?

—Şerigatda, şerigatda...—diýse-de, işan gepini dowam etmäge birbada söz tapmady.

Halk sesi hany goldady:

—Han dogry edýä!

—Işan aga, sizem haramzada arka durjak bolmaň!

—Beýle adamyň tarapyny çalmak hebesdir!

—Işan uýalýan bolsa, gözüni ýumaýsyn!

Gowşut han, her hal, işanyň sözüni ýykmady, märekäniň öňünde Kiçiniň balagyny düşürtmek üçin beren buýrugyny yzyna aldy. Şeýle hem ol günäkäre gamçy urmagy hem başga adama tabşyrmady. Onuň öz elindäki gamçy ýokaryk göterilýänçä, hiç kim beýle bolar öýdüp çak etmändi. Han Kiçini adamlaryň öňünde ýalaňaçlap masgara edeninden soň, goýberer öýdüpdiler.

Hanyň gamçysy şuwwuldap aşak indi. Kiçiniň kebzesine ot ýelmeşen ýaly boldy. Ol agyra çydap bilmän ýegşerildi.

Han soňky sözüni aýtdy.

—Biýem Gowşut handan!

Kiçi dişlerini gysyp buruljyrady.

—Han aga, mendenem bir gamçy ur!

—Şäriklerine urulmaly gamçam özüne degsin!

—Ýene bir gezek ur!

Gowşut han gaýdyp gamçysyny galdyrmady. Ol ýigitlere “Eşiklerini geýdiriň” diýen yşarat etdi-de, ýüzüni aşak salyp, ýaşululara tarap ýöneldi. Onuň gulagyna:

—Eliňe güller bitsin!

—Päli azanlary şeýtmek gerek!

—Şeýtseň, başgalara-da sapak bolar!—diýen sözler eşidildi.

✧✧✧

Öýle namazynyň azançylarynyň sesi ýatansoň, galanyň günbatar tarapyndaky düz meýdan janlandy. Dumly-duşdan adam bary şol tarapa ýöneldi. Bu gün "Uly ýaryş" diýilýän at çapyşygy bolýardy. Uly ýaryş Saragt etrabynda her ýylda iki gezek—ýazda hem güýzde geçirilýärdi. Oňa goýulýan baýraklar uly baýlaryň hem barjamly adamlaryň toý goşandy diýen ýaly eçileniniň hasabyna ýygnalýardy. «Eçilýäniň» sany bolsa az däldi. Sebäbi, türkmen üçin at çapyşygyndan uly tomaşa ýokdy.Ol garaşylyp ýörlen dabarady.

Uzak-ýakyn obalardan ýygnanan çapyşyga goýberiljek atlaryň käbiriniň eýesi münmäge dözmeýän ýaly, bedewiniň gapdalyndan ýöräp, göýä beýle gözellik beýleki ýüwrüklerde ýok ýaly özüniňkiniň ädim urşyna, keýerjekleýşine buýsanç hem guwanç bilen garaýardy. Öwrendikli  mes atlar ýöräp barylmaly ýere-de çapyp ýetmek isläp, öňe-öňe omzaýardy. Atlarynyň gallawlygyna gomparyp, giň dona sygman gelýän göçgün ýigitleriň ökjeleri ýeňildi.

Töweregiň şüweleňi çaman eşeklere-de täsirini ýetirýärdi. Olaram gulaklaryny keýerdişip, dikirdilerini gataldypdylar.

Garaja taýharyň üstünde, üzeňňem edinmän, uzyn aýaklaryny sallap oturan goja, başgalara garanyňda gözilginçdi. Eger-de ol dyzyny epmese, köneje hokgaly aýagynyň ýere ýeter gümany bardy. Taýharly gojanyň şaňňy sesi-de gowur-galmagalyň içinden saýlanyp çykýardy. Ol ak eşegiň üstünde hekgerilip oturan dikýeňse ýaşula söz gatdy:

—Agameňli, saňa garry eşegiňi çalşyrmaga wagt ýetmedimikä? Men bar, şolam bar.

Ak eşekli oňa "Aýdýanyň näme-de" diýmedi. Ol gatyrak ýöredip, entek sandan galmandygyny görkezjek bolýan ýaly, çokaýly aýagy bilen eşeginiň böwrüni gaşady.

Garry eşek eýesiniň islegini aňmady ýa-da hereketini çaltlandyrmaga gurbaty çatmady,—öňki bolşuny üýtgetmedi.

—Aý, hürsekläp oturma ony—diýip, Agameňli aganyň eden hereketini synlan taýharly goja gyjyt berdi.—O haýwanyň içini sanjydan dolduraňda-da, ädimini ýygjamlatmaga mejaly ýok ahyryn—Şondan soň ol taýharynyň gerşine şaldyry bilen çalaja kakyp goýberdi. Boýny kaşaň alajaly taýhar, ilki jyrtlajak ýaly etdi-de, birdenem şaldyryň şyňňyrdysyna aýak goşup, ýorgalamaga başlady.

—Öňürti barana öweç berýändirler, gatyrak sür! -diýip, Agameňli aga ýaňsylady. Şol bir mahalyň özünde-de ol taýharyň gidişine gözügidijilik bilen garap galdy.

Öňürti baryp, öweç almajagyna gözi ýetse-de, Agameňli aganyň garry eşeginiň gapdalyndan geçip gidenine-de monça bolan ýaşuly gara silkmesiniň uzyn tüýlerini selkildedip, derrew ara açdy. Esli gidilenden soň, hokgaly gojanyň taýhary gytaklap gelýän bedew bilen ýol kesişmeli boldy. Ozalam jylawundan çekilip, bady saklanýanyna ahmyrly bedew dikirdäp barýan taýhara tarap gulaklaryny gyrpyp, gazaply okduryldy. Üstündäki ýigit çakgan ekeni, atyň agzy taýhara ýa-da eýesine ýetmänkä, çekip aldy.

Ol gyrpa ýüwrük Hojam Şükür hanyň atydy.

Ilatdan öýkeläp, Gulanlyda mekan tutan han göçüp gideli bäri ilkinji gezek Saragta gelýärdi. Ol özüni han saýlamadyk adamlaryň etmişini bagyşlap, öýkesinden

ýazylany üçin yzyna köwlenmändi-de, uly ýaryşa atyny goşman kanagat edip bilmäni sebäpli gelmeli bolupdy. Hojam Şükür at çapyşygyna gezek gelende, ahli bähbidinden geçmäge-de taýyndy Üstesine-de, ozal tutuş Saragty, Tejeni baglan atynyň bu gezegem uly ýaryşda ýeňiji boljakdygyna ol ynanýardy. Şol hem öýkeli hanyň saragtlylara pitjiň atýandygyny tassyklajakdy. Hojam han üçin iň zerury, iň geregi hem şoldy. Öýkeden ýazylmaýan tekepbir goja hemme tarapdanam ilden artykmaçdygyny saragtlylara görkezmelidi.

At topulanda ürken taýhar bir tarapa atyldy. Üstündäki goja gaňňadan agmasa-da, ýykylandan enaýy güne düşmedi. Onuň diňe toý-şagalaňda geýýän, apalap ýören gara silkmesi honda atylyp düşdi.

—Heý, jüre degmiş-ä!—diýip, ýaşuly ata tarap alarylyp seretdi

Ýerden çykan ýaly bolup, birden peýda bolan Hojam Şükür atynyň dogumlydygyna guwanyp, ilki ýylgyranam bolsa, taýharlynyň ata alarylyp seredenini görensoň,gargynjyny eşidensoň dymyp bilmedi:

—Çapyşyga goýberiljek bolup duran ýüwrüge ýaman göz bilen garalýan däldir.

Taýharly goja düşüp telpegini aldy, ony kakyşdyryp geýensoň, hana salam berdi..

—Ýaman göz bilen garamok-la, han aga. Atyň tasdanam meň zährämi ýarypdy.

—Zährä ýarylar-ýarylmaz ýaly, bu iki arada bolan zat ýok ahyryn. Bolduň meň başyma zähräli. Atdyr-da, dogumyna bäs gelip bilmese topularam. Eşegiňi aňyrrakdan şüräýmeli ekeniň-dä. Entegem sen şükür et!

Atlaryň çapyşyga goýberilýän ýolunyň iki gyrasy çöp-çalam bilen belgilenendi.Aýlawyň ýokary çeti seleňläp oturan ýeke düýp toraňňydy. Atlar şol toraňňynyň daşyndan aýlanyp gaýtmalydy. At çapyşygynda hem her ki oýunda bolşy ýaly, hakyna jür däl, hilegärlik bilen baýrak almak isleýänlere-de gabat gelinýärdi. Käte atlar topar edilip goýberilende. Garma-güýrmelikde aňylmazam öýdülip, toraňňynyň bärsinden aýlanyp gaýdýanlaram tapylýardy. Şonuň üçinem toraňňynyň üstünde ýörite adam oturdylýardy.

Toý-tomguda çirkin sesi bilen märekäni ähli zatdan habardar edýän Jally jarçy at çapyşygynda-da öz kesbini ýöretdi. Onuň ilkinji habary şu boldy:

—Üç ýaşar ýüwrükden dört sanysy goýberilýä. Ýüwrügine göwni ýetýäniň öňe saýlan ha-a-aw!

Bir eneden, bir atadan dörän ýaly meňzeş, lowurdap duran dört ýüwrük öňe çykdy.Olaryň boýlaram, keýerjekläp duruşlaram meňzeşdi. Diňe biriniň maňlaýy sakar diýäýmeseň, olar göz üçin saýlanyp getirilen ýalydy. Emma onuň tersine, çapypsuwarlarynyň geýimleri welin dürli-dürlüdi. Ýöne olaryňam dordüsiniňem başy täzeje tahýalydy.

Atlar ýaryşa goýberiljegini aňyp, tizräk ýüzin salmak üçin öňe-öňe omzaýardylar. Çapypsuwarlaryň galpyldysy hem ýüwrükleriňkiden pes däldi. Olaryň gözüne bolmasa, garşydaş atlaryň özüniňkiden boýy-da belent, aýaklaram uzyndan inçe ýalydy.

Pellehanada Seýitmuhammet işandan başga Saragt kethudalarynyň hemmesi diýen ýaly bardy. Oraz Ýagly, Gowşut han, Pendi baý, Nepes molla, Täçgök serdar,

Amansähet serdar dagy bir kowçum bolup, ýaryşa märekemanlyk edýän ýaşula tarap seredip durdylar.

Öz atynyň sagyna-soluna geçip, sagrysyny, boýnuny sypaşdyryp ýören Hojam Şükür ile goşulmak islemeýän ýaly, bir çetdedi. Oňa gözi düşen Nepes molla saklanyp bilmedi:

—Hojam han indi köpçülige salama gelmän, aňyrda şeýdip durjakmyka?

Oraz Ýagly ýüzüni kesä sowup gepledi.

—Ol özüniň öňki adamçylygyndan birneme daşlaşyp ýörendigini görkezýä. Beýdip çete çykyp, ile goşulman durar ýaly näme bolupmyş bu iki ortada? Adam dünýä-de baky gelenok ahyryn. Janam tende amanat. Päheý diýsänim!

—Ýa bizi üstüne eltjek bolýamyka?—diýip, Nepes molla hemmä deň sowal berdi.

—Ýaşy bizden uly bolan bolsa, adamçylyk edip, üstüne barsagam barardyk—Muny Pendi baý diýdi.Ol "biz" diýmek bilen Oraz Ýaglyny göz öňüne tutýardy.

—Han aga—diýip, Gowşut Oraz Ýagla ýüzlendi.—Ol menden ýaşuly. Taňry salamyny berip geläýsem nähili bolarka?

—Men-ä makul bilýän. Sen barsaňam bolar, han. Daýy-ýegenlik görkezdigiň bolar-da hemem.

—"Ýegen ugry ýagydyr, ýagam bolsa gowudyr"–diýip nakyl getiren Nepes molla ýylgyrdy.—Ýagylyk-ha görkezdin, indi gowulygam görkez!

...Hojam Şüküriň edil alkymyna baryp duran Gowşut han mylaýym ses bilen:

—Essalawmaleýkim, han aga!—diýdi.

Salamyň jogaby, ýeriň teýinden çykýan ýaly, zordan gulaga ýetdi.

Gowşut elini uzatdy. Ýöne Hojam Şüküriň çalaja uzan elini gysymlanda, Gowşut ony jansyzdyr öýtdi. Goja hanyň örän sowuk-saladygyny aňladan jansyz el derrewem yza çekildi. Däp boýunça saglyk-amanlygy, ýaşuly hökmünde, Hojam Şükür han soraşmalydy. Emma ol däbe eýermedi. Ýaş kiçi bolsa-da, ýegen soraşmaly boldy. Ýöne sowallara göwnejaý jogap gaýtarmadyk Hojam Şükür görünmegem islemeýän ýaly, atynyň aňyrsyna duwlandy.

Gowşut han yza aýlanmaly boldy. Emma ol şu gezekki eden hereketini özüni kiçeltmek däl-de, adamçylyk görkezmek diýip hasap etdi...

Pellehanaçy ýaşulynyň ýanynda galmagal turdy. Ýuka donuny galgadyp, alakjap gelen arryk adam, gahardan ýaňa sandyrap, Jally jarçynyň ýanynda duran aksakala bir zatlar düşündirjek bolýardy.

Aksakal hem:

—Beýle däl bolaýmasyn, sakgaldaş?—diýip, sakgalsyzyň aýdýanyna müňkürlik edýärdi.

—Men oňa gaty beletdirin, sakgaldaş—diýip, özüniň sakgalynyň ýokdygyny hem unudan sakgalsyz ýaşuly jibrindi.—Ilden utanmasaňam, Alladan gorkmaly ahyryn?

Pellehanaçy aksakal ýaryşa goýberiljek bolup duran atlaryň badyny almazlyk üçin hakykaty ynandyrjak bolýanyň sözüne pitiwa etmek islemedi.

—Goý, bäri gelsin, dişini öz gözüň bilen gör!—diýip, hakykaty ýüze çykaraýmasa, ynjalyk bermejekdigini beýleki subut etdi.

Pellehanaçy ýaşuly silkme telpegini çykardy-da, çapyşyga gitmeli atlara tarap bulady:

—Haw, sakar ýüwrük, bäri gel!

Habary eşiden ýigit jylawy gowşadanda, çapyşyga goýberilendir öýden at öňe atyldy. Beýleki üç at hem oňa öýkünjek boldy. Emma ýüwrükleriň arzuwy paşmady. Olar gahar-gazaplaryny toprakdan çykarjak bolýan ýaly, aýaklary bilen ýer peşäp galdylar.

Sakar ýüwrük gelip saklanan badyna, märekeman aksakal onuň kellesinden tutup, agzyny açjak boldy. Emma kellesine kişi eliniň degenini ýokuş gören at başyny silkip goýberdi.

—Hany, ogul, eýerden düş-de, atyň dişini görkez!—diýip, ýaşuly at eýesine ýüzlendi.—Ýogsam, bu tapgyrdan galmaly bolarsyň.

Sakar ýüwrügiň dişi barlandy. Galmagal turzan adamyň aýdany dogry bolup çykdy. Şonuň üçünem sakar ýüwrüge üç ýaşar atlar bilen çapyşyga gitmäge rugsat bermediler.

Ýaryş başlanmanka şowsuzlyga uçran ýigit ýüzüni aşak salyp, atyny idip barýarka, diliniň eýesi däliň biri oňa bolgusyzyny atyp galdy:

—Baýragyň gutly bolsun! Bize-de şeýtel ber-dä.

Keýpi ýok çapypsuwar ýagşydan-ýamandan sesini çykarman geçiberdi. Şol mahalam onuň aty tezekläp goýberdi.

Kimdir biri ýaňsylap, şeýtel diläniň jogabyny berdi:

—Ana, saňa şeýtel. Gerek bolsa, tut telpegiňi!

—Geregiň şeýtel bolsun!

...Dört bolup öňe çykan atlaryň üçüsi ýaryşa goýberildi. Üç at üç ýüz at barýan şekilli uly güpürdi turzup, märekäniň öňünden zymdyrylyp geçende, toýnaklaryň astyndan atylyp çykýan yzgarly toprak, toý pişmesi ýaly adamlaryň üstüne seçildi.

Bile gitmelilerinden galan sakar ýüwrük ýaryşa goýberilmänine ahmyr çekýän ýaly çyrpyndy, diriň-diriň towusdy, hokrandy.Gaharly eýesi jylawy birki gezek gazap bilen silkänden soň, at birneme köşeşdi. Şonda-da ol ýuka gulaklaryny keýerdip, eýýäm uzakdan görünýän ýeke düýp toraňňa ýetip barýan atlardan gözüni aýryp bilmedi.

Ikinji tapgyrda alty ýaşar atlaryň alty sanysy goýberildi. Bu gezek Hojam Şükür hem, edil beýleki at eýeleri ýaly, oda-köze düşmeli boldy. Ol atynyň daşyndan kebelek ýaly bolup, pyr-pyr pyrlanmaga başlady. Aty welin, onuň sypaň-sermeňini duýmaýan ýaly, boýnuny dik tutup, çapyşykdan gelensoň, üstüne ýuka keçe atylyp, gezdirilip ýörülen atlara tarap seredip durdy.

Goýberilmeli atlaryň Hojam Şüküriňkiden özgesi çapyk bilen bellik edilen pellehana geldi. Hojam Şükür bolsa atynyň beýleki atlardan ozmagyny diňe sypaň-sermeňe bagly hasap edýän ýaly, ýüwrüginiň daşynda henizem hümürdäp ýördi.

Jally jarçy pellehanaçy aksakalyň pessaý ses bilen aýdanyny öz belent sesi bilen gaýtalady:

—Han aga, atlar size garaşýa!

Hojam Şükür:

—Jan berene jaý ber ahyryn!—diýip hüňürdedi,soňundanam atynyň guýrugyny düwüp, sagrysyna kakdy.—Bar, janawer, ýoluň rowaç bolsun!

Bu gezek goýberilen alty atyň tapyrdysy öňkiniňem çeni bolmady. Tapyrdynyň arasy bilen:

—Ýa, Alla!

—Hä, gözüňe döneýin!

—Hä, janym!—diýen sözler eşidildi

Bir çetde durup, atlaryň gidişini synlaýan Hojam Şüküriň bolşy aýratyn-da gözilginçdi. Ol bir zatlar diýip pyşyrdaýardy, gamçy bilen aty gyssaýan ýaly, çep elindäki örme ýüpi bulaýlaýardy,käte şol ýüp bilen gara ädiginiň gonjuna-da urup goýberýärdi, dişlerini gyjaýardy. Bolsa-da, hanyň hereketlerine hiç kim üns bermeýärdi. Adamlaryň hemmesiniň nazary eýýäm ýeke düýp toraňňynyň daşyndan aýlanyp, bärik ýönelen atlardady.

Jally jarçy sesinde baryny edip, bir zatlary habar berýärdi. Emma tolgunýan märekäniň galmagaly jarçynyň şaňňy sesini sykylyk ýaly düşnüksiz bir zada öwrüp ýuwdup goýberýärdi. Adamlar entek pellehana golaýlamadyk atlaryň haýsysynyň öň geljekdigniň palyny atyp, aýgytly çözgüde gelmek üçin dawa edýärdiler. Her kim öz gowy görýän atyny, eger ol yzdan gelýänem bolsa, öwüp arşa çykarýardy, yzdadygygyna garamazdan, pellehana öňürti geljekdigini ýanyndaka ynandyrjak bolýardy.

Ikinji tapgyra giden atlaryň arasynda Pendi baýyň gara ýüwrügi hem bardy Ony,adaty, Mäligiň özi çapýardy. Köplenç ýaryşda Pendi baýyň aty ýeňiji bolýardy. Ondanam ýyndam hasaplanýan Saragt sebtinde ýekeje at bardy. Ol hem Hojam Şüküriň atydy.

Bu gezek Hojam Şüküriň aty bilen bir toparda goýberilýäni üçin Mälik jylawy agramyna görä özünden has ýeňil dosty Kiçi kele ynandy. Kiçi at çapyp, jigitlik edip ýörmese-de, inçesagtdan ýeňil bolany üçin  eýere ýelimlenen ýaly bolup oturýardy. Ol gykuwlap, aty göçürmegi, maýajyna gelse, sadarak çapypsuwara al salmagy hem ussatlyk bilen başarýady. Şonuň üçinem Mälik Kiçä halys ýürekden bil baglaýardy.

Gumak ýerde aýbogdaşyny gurup oturan bir ýetginjek gapdalyndakynyň böwrüne hürsekledi.

—Atabal, kimiň aty öň geler öýdýäň?

Atabal çapyp gelýän atlara tarap seredip oturyşyna jogap gaýtardy,

—Elbetde, han agaňky öň geler.

—Pendi baýyň gara ýüwrügem bujagaz görünýän atlaňdan pes däldir.

—Seň ol gara ýüwrügiň Hojam Şüküriň atynyň ýanynda çaman eşek ýalydyr!

Atabalyň çaklamasy dürs bolup çykdy. Pellehana golaýlan atlaryň iň öňdäkisi Hojam Şüküriň ýüwrügidi. Onuň birki ädim yzyndan gykuwlap gelýänem Kiçidi.

Hojam Şüküriň aty deňlerine gelende, şowhun turuzmak üçin ýanama goşulmaly iki atly öňe okdurylanda, garaşylmadyk ýagdaý ýüze çykdy. Ýanama girenler otuz-kyrk ädim çemesi ýoly gapdallaşyp, iki ýerden gykylyk turuzdy:

—Han aga, telpegiňi göge zyň!

—Han aga, gözüň aýdyň!

—Şeýtel senden!

Şeýlelikde, ýanamaçylar hanyň aty bilen deňleşenlerinde olar birhililik bilen çaknyşdylar. Atlaryň biri aýagyny çalşyryp, öňe ýykyldy. Ol entek turmaga ýetişmänkä, Hojam Şüküriň badyny saklap bilmedik aty sowulmaga-da ýetişmän,

ýykylan atyň üstünden towsup geçjek boldy welin başarmady. Ol tüwdürilip gitdi-de, boýnunyň üstünden iki gezek aşyrylyp, ýere ýazyldy. Çapypsuwar bolsa bir tilsim bilen bäş-alty ädim gapdala atylyp düşdi. Yzdaky atlar sag-aman pellehana ýetdiler.

Bu bolan waka kime zelel, kime peýda getirdi. Pendi baýyň gara aty pellehana ilkinji bolup geldi hasap edildi.

Atynyň tüwdürilenini görüp, başyndan huşy göçen Hojam Şükür öňe okduryldy.

Onuň özem Pendi baýyň ýüzin salyp gelýän gara aty bilen tas garpyşypdy. Emma Kiçiniň çakganlygy ony dogry gelen ölümden ýa-da maýyp-müjrüp bolup galmakdan halas etdi. Kiçi atyň jylawyny bir tarapa çekmäge ýetişdi. At Hojam Şüküriň gapdalyndan zymdyrylyp geçende, aralyk iki garyşdan kän däldi.

Ýere ýazylyp ýatan owadan atyň ýanyna Hojam Şükür bilen bir mahalda on-on iki adam ýygnandy. Atyň boýny oňrulypdy. Ol güzap baryny çekýärdi. Kellesiniň ýanynda oturyp, atynyň ýüzüne naýynjar seredýän Hojam Şükürdenem, ýygnanan beýleki adamlardanam haýwanyň halyna hiç hili hemaýat ýokdy. Diňe:

—Wah, janawar!

—Göz kakdy-da!

—Armanly boldy!—diýen haýpygelijilikli sözler eşidildi. Ol gury sözler bolsa ölüminiň öň ýany ejir çekip urnup ýatan atyň müň derdinden birine-de melhem bolmaýardy.

Ozalam aryp gelen haýwana dem almaga howa ýetmeýärdi. Ol sojaýardy, burnuny parryldadýardy. Şonda-da onuň adamyňka çalymdaş hasratly gözleri pellehana ýeten atlara tarap seredýärdi. Düşbi janawar arman çekýäne meňzeýärdi.

Atdan ýykylanda, bilini gypjyndyran çapypsuwar bir eli bilen ýanbaşyny tutup gelşine:

—Näme sömelişip dursuňyz? Çekisini beri kesiň ahyryn!—diýip,janagyryly jabjyndy.

Kimdir biri sandyrap duran elindäki ullakan düýe pyçak bilen çekini kesjek bolanda, pyçagyň ujy tenine degdimi-nämemi, haýwan tisginip gitdi. Ony aňanlaryň biri kömege ýetişdi.Çekisi kesileni bilenem bedewiň jany aram tapmady. Ol uludan-uludan dem aldy-da, sandyrady. Atyň öň aýagynyň biri-de şalkyldap ýatan ýalydy.

Duranlaryň biri ahmyr bilen başyny ýaýkady. Ýene biri hem:

—Armanlyja öljeg-ow janawar!—diýdi.

"Öljek" sözüni eşiden Hojam Şüküriň dünýä daşyna aýlanyp gitdi, şol sözi diýen adamam oňa ýek göründi. Ol göz açyp-ýumasy salymyň içinde ysgyn-deramatdan düşen ýaly, iki dyzyna daýanyp, zordan ýerinden galdy. Han märekäniň agyr tarapyna esli salym seredip durdy-da, birdenem:

—Gum-ma-a-an!—diýip, bokurdagyna zor salyp gygyrdy. Onuň aglaýandygy bolsa sandyran sesinden mese-mälim bildirdi.

Märekeden saýlanan uzyndan arryk adam derrew ylgap geldi. Ol gelşine-de, hanyň görkezmesine hem garaşman, atyň daşyndan aýlanmaga başlady.

Gumman aga köne seýislerdendi. Seýislikden başga-da haýwanyň döwük-ýenjigindenem onuň başy çykýardy. Hanyň ony çagyrmagy-da şonuň üçindi.

Gumman aga ilki bilen atyň boýnuny elleşdirip gördi-de, sesini çykarman, başyny ýaýkady. Onuň yzy bilenem şalkyldap ýatan öň aýaga el ýetirdi. Aýagyna el

degen at tisginip gitdi. Ýerinden turup, ata seredip durşyna elini bykynyna uran seýis dymdy. Ýaňadandan aşak oturan Gumman aga atyň garnyna gulagyny tutdy, bir gyra çekilibem aşaky dodagyny dişledi.

Eli-aýagy, tutuş göwresi bilen sandyrap duran Hojam Şükür Gumman agadan dalda isleýän ýaly, onuň ýüzüne hantamaçylyk nazary bilen garap:

—Nähili, agam, Gumman aga jan?-diýip,aljyraňňy sowal berdi.

Gumman aga dymdy.

—Nähili, Gumman jan?—diýiip, han sowalyny gaýtalady.

Bu gezek seýis jogaba derek sowal berdi.

—Han aga,ýüwrügiňi gaty gowy görýäňmi?

“Gowy görýän” diýse, at betbagtçylykdan halas bolaýjak ýaly, Hojam Şükür Gumman aga tarap bir ädim süýşdi-de:

—Wah, gowy görýän-dä, Gumman jan! Men bu at üçin janymy bermäge-de taýyn—diýdi.

Indi Gumman seýis aýgytly sözüni aýtmalydy. Şonuň üçinem diňe bir Hojam Şükür däl, atyň töweregindäkileriň hemmesi-de oňa tarap umytly nazar bilen seredişdiler.

Gumman seýis hanyňam, beýleki adamlaryňam eşitmek islemeýän jogabyny bermeli boldy:

—Atyňy gowy görýäniň çyn bolsa, uzak gynamasaň, sogap gazanarsyň, han aga!

Ol sözlerden soň, Gumman agadan ýüz dönderýän ýaly bolup, Hojam Şükür yzyna bakdy. Bu bolsa hanyň “Öldürmeli bolsa, öldüriň, ýöne meň bir gözüm görmesin” diýen jogabynyň sözsüz aýdyldygydy. Emma hanyň özi öz agzy bilen “Öldüriň” diýmese, bedewiň tenine hiç kim tyg çekip bilmejekdi. Oňa hanyň özem gowy düşünýärdi. Şonuň üçünem ol esli salym geçensoň, aňyrsyny bakyp durka, bilindäki pyçagy sogrup, eliniň tersi bilen Gummana uzatdy.

Pyçagy alan seýis atyň boýnuna golaýlasa-da, damagyny çalmakdan saklandy. Ol aşak eglensoň, ýene dikeldi.

—Oglanlar, eli güýçlürägiň pyçagy alyň! Mende-hä ysgynam ýok. Haýwany nähak gynamaýyn.

Gumman aganyň haýyşyna hiç kim döwtalap bolup jogap bermedi. Hiç kim ol owadan atyň damagyna pyçak göýmagy rowa görmedi.

—Çekinmäň, oglanlar. Bu ýagdaýda diňe sogap iş etdigiňiz bolar. At janawar gaty gynanyp ýatyr.

Ahyr dözümlirägiň biri seýsiň ýanyna bardy...

Tersine bakyp duran Hojam Şükür damagy çalnan atyň bokurdagyndan çykýan harryldyny eşidip, gaşyny çytdy-da, aňyrlygyna ýöredi.

Damagy çalnandan soňam atyň gözi ýumulmady. Aşak oturan seýis onuň gözüni ýumdurmaga synanyşdy. Netije bolmady. Atyň ullakan gözleri edil janly ýaly bolup pellehana tarap bakýardy.

Gaýgyly tamam bolan at çapyşygynyň tomaşaçylary dargap ugranda, başga-da bir waka boldy. Düýeboýun öwlüýä tarapdan atyny ýorgaladyp gelýän adam göni märekä tarap sürdi. Atyn ardynda ýüzüne ýaglyk örtülen aýal maşgala otyrdy. Atly üzlem-saplam bolup barýan märekäniň bir çetine ýetende, jylaw çekdi-de:

—Bu üýşmeleňiň kethudasy nirede bolar?—diýip sorady.

Kimdir biri elini uzadyp, Gowşut han dagyny salgy berende, ýigit atyny şol tarapa sürdi.

Özara gürrüňleşip gelýän ýaşulular, atly ýanlaryna baransoň, aýak çekdiler, berlen salamy aldylar.

—Ýigit, nireden gelip, nirä barýarsyň? Bizlik gepiň bar bolsa-da, aýdyp dur!—diýip, nätanşyň edil şu ýere gelip jylaw çekmeginden many gözlän Nepes molla ilki söz gatdy.—Ötegçimiň, geçegçimiň?

Atly ýigit görnüşine görä, ýigrimi ýaş töwerekleridi, daýhan perzendi bolara çemeli, goşarlary-da ýop-ýogyndy.

—Agalar, men ötegçi-geçegçi däl. Dogrymy aýtsam, biz gaçagçy. Uzak ýoldan gelýäs.

—Maşgala alyp gaçdyňmy?—diýip, at ardynda oturan aýagy gülli joraply aýal maşgala gözi düşen Pendi baý sowal berdi.

—Hawa, agam, men gyz alyp gaçdym.—Birdenem ol ýalňyşyny düzedýän ýaly äheňini üýtgetdi.—Men öz halan gyzymy alyp gaýtdym.

—Bizlik ňame hyzmat?—diýip, ýene Nepes molla sowal berdi.

At üstündäki ýigit öňünden adam çykyp sowal beräýse, oňa ýörüte taýynlyk gören ýaly, sowal berlip-berilmänkä, jogabyny gaýtardy.

—Sizden pena isläp geldik. Neneň-niçik bolýança... hossarlyk etseňiz.

—Seň özüňde ganybir hossar bolmazmy?

—Men ýerden ýeke çykan, agalar.

—Összüň nireden bolarsyň?

—Garrybentdenem aňyrdan. Gum içinden biz. Çarwa borus.

Şondan soň “Näme etmeli?” diýýän ýaly, ýaşulular bir-birege seredişdiler. Hiç kim hiç zat diýmedi. Ýene ýigit gepledi:

—Yzymyzdan kowgy geläýmek howpy-da bar, agalar. Bu gyzyň alty dogany bar. Altysam gyzma. Biz olaň eline düşäýsek...

Kethudalaryň arasynda ýigide sowal bermedik bir Gowşutdy. Ahyr ol hem dillendi. Han elini arkasyna tutup durşuna, ýigidiň gözlerine siňe-siňe seretdi.

—Tanajak bolýaňmy, agam?

—Tanajag-a bolamok welin…

—Onda nä beýle ýiti-ýiti seretdiň-le?

—Bir zat soraýjak bolýan.

—Soraber, agam. Mende gizlär ýaly syr ýok.

—Sen, inim, dogryňdan gel. Gyzy oň öz razylygy bilen göterdiňmi ýa-da...

Ýigit ýüzüni aşak salyp gepledi:

—Men muny...halaýadym, agam...

—Halamak bir, halatmagam başga, goçagym—diýip, Gowşut çalaja ýylgyrdy.-“Gyzly öýün gamşyna gyzyl item süýkener” diýipdir köneler. Göze ýakymly maşgala bolsa, hiç ýigidem göz gyzdyrman geçmez. Belki-de, sen bu gyzy öz razylygy bilen däl-de, zor bilen alyp gaýdansyň...

Ýigit boş sözlese, ynanylmaz öýtdümi-ňämemi, yzyna gaňryldy.

—Aýsoltan, şü duranlaň hemmesem ýaşuly adamlar. Utanma-da, dillen. Sen meni halaýanyň sebäpli gaçmaga razy bolduňmy ýa-da men seni zor bilen alyp gaýtdymmy?

Gyz ýuwaşlyk bilen başyndaky ýapynjasyny galdyranda, garap duranlar onuň owadanlygyna haýran galdylar. “Bular ýaly maşgala özüňi haladyp bilen bolsaň, saňa hossarlyk etse bolar!” diýip, gözelligiň nämedigine beýlekilerden has gowy düşünýän Nepes molla içini gepletdi.

Aýsoltan gyz öz görküne mynasyp mylaýym ses bilen:

—Men bi ýigit bilen ömrümiň ahyryna çenli bile bolmakçy, agalar!—diýdi-de, derrewem ýapynjasyny aşak goýberdi.

Bolsa-da, ýigidiň haýyşyna desbi-dähil jogap berilmedi.

Esli salymdan soň, Pendi baý töwekgellik etdi.:

—Hali-häzirlikçe,men size öz ojagymdan orun bereýin.. Seň adyň nämedir, inim?

—Annam diýerler, ýaşuly.

—Annam bolsaň—diýip, Pendi baý Gündogarlygna tarap elini salgady.—Hol görünýän oba baryň-da, Pendi baýyň öýi diýip düşläberiň! Menem basym aýlanaryn.

Göwni biten ýigit:

—Taňry ýalkasyn, baý aga!—diýip, atynyň jylawyny silkdi.

✧✧✧

Şol günün ertesi ir bilen alakjap gelen Mälik Gowşuda kakasynyň gyssagly çagyrýandygynyň habaryny ýetirdi. Beýle bimahal özüniň ýöne ýere idelmeýändigini bilse-de, Gowşut han baýyň ýanyna barylýança sebäp soramady.

Gowşyuy esli ýerden garşylan baý, salam-helikden soň:

—Han!—diýip, pessaý ýüzlendi-de, ädiginiň burnuna seretdi.—Meňkem “Üýregen it öýe myhman getirer” diýenleri bolaýdy öýdýän şü gezek…

Ýakymsyz bir ýagdaýyň bolandygyny aňsa-da, Gowşut han sowal bermedi.

Baý dowam etdi:

—Düýnki myhman alan ýigidimizi öten gije öldürip, gyzy alyp gidipdirler.

Köpi görüp, ýüregi bekeşenem bolsa, Annam atly nurana ýigit bilen görmegeý gyz gözüniň öňune gelende, Gowşut hanyň endamy jümşüldäp gitdi.

—Ine, şu öýi olara bagyş edipdim—diýip, gara öýün bosagasyna ýetilende, Pendi baý aýak çekdi.

Emaý bilen gapy açylyp içerik girilende, üstüne dony ýapylan Annam ukuda ýaly bolup ýatyrdy.

Gowşut han donuň çetini galdyranda, ýaş ýigidiň diri adamynyňky ýaly ýüzüne nazary kaklyşdy. Ol: “Han aga, men sizi özüme pena diýip düşläpdim ahyryn” diýýän ýalydy.

Jesedin başujynda çök düşüp oturan han Annamyň giň maňlaýyndan eliniň aýasyny ýöretdi.

— Biziň hatamyzy öteweri, goçagym!

Annam neressäniň gözleri ýumuldy.

Ýerinden turan Gowşut han, gapdalynda duran Pendi baýyň ýüzüne garady:

—Ýalňyz neressä hossar çykyşymyzam şü boldumy, baý?

Name jogap gaýtarjagyny bilmedik Pendi baý ýüzüni aşak saldy.

Baş hanyň sowalynyň jogaby bolsa garma donuň aşagynda dymyp ýatyrdy.

✧✧✧

Mädeminiň Garaýap galasynyň hany edip belläni bäş Jemşit doganlarynyň iň körpesi Emir Mämmet han pessejik pagsa jaýa girende dymyljak agyr ys gaňşyrawuny gijetdi. Emma iş bilen gümra bolup, aýbogdaşyny gurup oturan alagöz nökeriň hereketi onuň ünsüni böldi. Han pişge ýaly gara murtüň üstüne bap gelmeýän maşşyk burnyny çep eliniň başam hem süýem barmaklary bilen gysdy-da, töweregi synlady. Ol burnuny gysyp durany sebapli, maňkalap gepledi.

—Tylla köp gidýämi?

—Şu günler-ä hepdede bäş tylla-da gidenok.

—Enşalla, basym bir jinnegem gitmez.

—Setandan bir gulak geläýmese—diýip, nöker hanyň sözüni tassyklady-da, bir zadyň aladasyny edýän ýaly, ýüzüni aşak saldy, gözlerini ýumdy. Bolsa-da, gulaklar onuň göz öňünden gitmedi. Ol öz ykbalyndan zeýrenip, kellesinde müň pikir aýlady. Özüni dünýäde bar bolan işleriň iň ýaramazyna baş goşan adam hasaplady. Jaýyň içinde hanyň bardygynam unudyp, özbaşyna hümürdedi. “Älhepus, sataşylyp ýörülen zady! Heý adam gulagyna tagma basmakdamam bir hünär bolarmy? Şeýdip nan iýenden-ä, öleniňem ýagşydyr” Birdenem ol özüne erk edip bilmeýän ýaly:

—Han aga!—diýip, batly seslendi-de, ýerinden zöwwe galdy.—Han aga, maňa rehim ediň. Meni şü işden boşadyň. Gije-de ýatyp bilemok. Uklasam, düýşüme girýänem gulak bilen kelle. Men adam şekilli düýşem görüp bilemok. Öňki agşam enem düýşume giripdir. Oňňam gulaklary ýok ekeni. Pul sanalanyny görüpdim, mal sanalanyny görüpdim.. Men atýatakda işlemäge-de razy. Näme buýrsaňyz, edeýin. Maňa rehimiňiz insin, han aga. Men indi dälireýän...

—Gowusy, sen Hywaň at ýatagyna gidäýseň nädýä?—diýip, han nökeriň sözüni bölüp, ýaňsyly äheň bilen maslahat berdi.

Nökerden jogap bolmady. Eger-de ol Garaýapda şeýdip ýaşamaga razy bolman, Hywa gitse, diňe özi üçinem erbetlik bolman, kowum- garyndaşlarynyňam ýüzünden sypaljak däldi. Şoňa görä, ol diňe bir gulak däl, köwlenen göz sanamaly hem bolsa, kysmatyna kaýyl gelmelidi.

Mädemin han 1854-nji ýylyň başynda Garaýapda kiçeňräk gala saldyrdy. Ilki-ilkiler oňa “Garaýapgala” diýýärdiler. Galanyň hojaýyny Emir Mämmet han Hywanyň agyr düzgünine takat etmän, baş göterýän türkmenleriň gözüni gorkuzmak üçin täze bir düzgün oýlap tapdy. Ol Mädeminiň Maryda, Saragtda öz täsirini artdyrmak niýeti bilen hiç hili çykdaýjydan gaçmajagyny bilýärdi. Şonuň üçinem, dek gezmedik türkmeniň kellesini getirene on tylla, iki gulagyny kesip getirene-de bäş tylla bermegi şert etdi. Şondan soň hem “Garaýap” galasynyň ady “Gulakly gala”

öwrüldi. Bir getirilen gulak ogurlanyp, ikinji gezek getirilmez ýaly, kabul edilip alnan gulaklara tagma salýardylar.

Emir Mämmet han aňkap duran jaýda uzak dem alyp bilmedi. Ol gapynyň agzyna baryp, söýä egnini berdi.

—Kempiriň arzyny nätdiň?

Nöker diwara tarap elini salgady.

—Kempiriň arzy hanha!

Han salgy berlen ýere nazar aýlady. Gurap ugran iki sany gulak ýylgyn taýajyk bilen diwara çüýlengi durdy. Olaryň uly adamynyň gulagydygyny saýgarmak bolýardy.

—Oňaraýypsyňyz!—diýip, ozal wakadan habardar han edilen işi makullady.

Diwara çüýlenen iki gulak Mädeminiň düzgüniniň garşysyna baş göteren tekäniň ýa-da sarygyň gulagy bolman, Mämmet hanyň kadasyndan çykan Agalak Paýtyk atly adamyň gulagydy.

Agalak Paýtyk Garaýaba gulak tabşyryp, bäş tylla gazanmak üçin, öýüne başga obadan gezmäge gelen on ýaşly ýegeniniň kellesini kesmäge gorkup, iki gulagyny kesýär-de, tylla gazanýar. Gulagy kesilen ýegen oglanyň ejesi doganynyň eden ol gabahat işi üçin Mämmet hanyň huzyryna arza gelýär. Mämmet han dergazap bolup, Agalak Paýtygyň özüniňem, tylla bermezden, iki gulagyny-da kesmegi buýurýar...

—Hywadan näme habar bar, han aga?—diýip, köpden bäri öz ilini görmeýän nöker sowal berdi.

—Hywadanmy?—diýip, iç işikde durmaga-da kanagaty çatmadyk han daşaryk çykdy.—Hywadan häli-häzirlikçe üýtgeşik habar ýok, nöker.

—Hanlar hany bu ýagdaýa çydam edip uzak oturyp bilmese gerek. Tekeleriň bu bolşy bir zadyň alamatydyr. Düýn-öňňun Hemragulyň nökerlerinem Saragtdan kowup çykarypdyr olar. Birhili, yrsaraşmaga bahana agtarylýan ýaly.

Ýöremäge hyýallanan Mämmet han, aýak çekdi-de, loh-loh gülüp göýberdi. Ol özüniň köp zatdan başynyň çykýandygyny beýan edip, sada nökeriň öňünde gabarylmak icledi:

—Bu ýagdaý tekeleriň başyndan injek taýagyň alamaty bolar-da. Mädemin han ýatyp galar öýtmegin. Taňryň bir güni müň lek goşun çekip geler welin, dyzyna çöküp oturan teke bardyr-da.

Öz haýbatly sözlerinden özi kanagatlanan Mämmet han şondan soň uzak eglenmän gitdi.

“Hanlar hany, dogrudanam, müň lek goşun tartyp geläýermikä?—diýip, nöker içini gepletdi.—Şeýdäýse-hä, Nasretdin dagdan bärik hyýalam edip bilmez. Hanlar hany bolsa, bu meseläni çözmese ynjalmaz”..

Çözülmeli “mesele”, elbetde, Mary-Saragt meselesidi. Mädeminden ozalky Hywa hanlary—1842-nji ýyla çenli hanlyk eden, Mädeminiň atasy Allaguly hanam, 1845-nji ýyla çenli han bolan agasy Rahymguly hanam, Horezm welaýatynyň beýleki hanlyklaryndan uludygyna garamazdan, özlerini Eýran şasyna garaşly hasplaýardylar. 1845-nji ýylda Hywa hanlygyny öz eline alan Mädemin welin ozaldan gelýän düzgün bilen ylalaşmak islemedi, Hywany özbaşdak bir hanlyk diýip hasap etdi. Şonuň üçinem ol tä 1854-nji ýyla çenli türkmenlerden paç ýygnady.

Beýle ýagdaý Eýran şasy Nasretdiniň ynjalygyny gaçyrdy. Eýran barka, türkmeniň üstünden Hywanyň agalyk etmegi Nasretdiniň äsgerilmezligine, kemsidilmegine getirýärdi. Ol Hywa ýetip, Horezmiň ähli ýerinde at toýnagynyň yzyny galdyrmak isledi. Nasretdin şanyň gelen bu netijesi baş wezir Sadryagzama baryp ýeten badyna, ol şanyň pikiriniň ýalňyşdygyny duýdy. Ýekegep şa hiç kime gulak asmasa-da, baş weziriň pikiri bilen ylalaşmagy käte özüne kiçilik bilmeýärdi. Sadryagzam Hywa tarap goşun çekip gitmek üçin harwar-harwar azygyň, müňlerçe ulagyň gerek boljakdygyny, suwsuz çöl-beýewanlardan geçilmeli menzil- menzil ýoluň agyr görgi görkezjekdigini subut edip, oňa derek, özüniň uly harç-harajat çykarmazdanam türkmen ülkesinde agalyk etmek pirimini aýtdy.

Kän mahal geçmänkä, Sadryagzam, Nasreddiniň razylygy bilen, gol boýy kagyza hat ýazyp, Mürze Afsalýollyny Saragta atardy. Afsalýolly Saragtda düşläp, tekeler bilen gürrüň geçirenden soň, Mary saryklarynyň üstüne gitmelidi.

Mürze Afsalýollynyň Nasretdin şanyň adyndan alyp gelýän hatynyň türkmenler üçin iň bähbitli tarapy-da hossar çykmak meselesidi. Çar tarapyndan ekinlerini, mallaryny çapdyryp ýören türkmenleriň şol beladan gutarmaga söz beren döwlete her hili paç tölemäge-de razy boljakdyklaryna Sadryagzam gowy düşünýärdi. Nasretdin şanyň möhüri bilen Saragta gelen hatda: “Eger-de tekeler şa goşunynda gulluk eder ýaly dört ýüz atly nöker berseler, kyrk öýli tekäni hem girew edip iberseler”, hazreti Nasretdin olary öz penasynda saklap, keseki çapawulçylygyndan dyndarmaga wada berýär diýilýärdi.

Saragt tekeleriniň kethudalary beýle hoş habar bilen gelen Afsalýollyny uly hormatly myhman hökmünde kabul etdiler, Gowşut hanyň dilinden hazreti Nasretdine hat ýazyp, şerti kabul edýändiklerini aýdyp, myhmany Mara, saryklaryň üstüne atardylar.

Elbetde, beýle habaryň gaty tiz wagtda Hywa ýetip, Mädeminiň ädiginiň gonjuna gor bolup guýuljagy-da bellidi.

✧✧✧

Gije aýakýoluna çykan Oraz yzyna dolanmady. Ertir irden onuň jesedini mal ýatagynyň ýanyndan tapdylar. Onuň teninde tyg çekilen ýeri ýokdy. Şonuň üçinem oba “Garaňkyda daş çykan oglanyň ýat it topulany sebäpli gorkmakdan ýüregi ýarylypdyr” diýen çaklama ýaýrady. Adamlaryň köpüsi oňa ynandy. Emma Kelhan Kepele müňkür boldy. Çünki Gurban ylgap oňa habar ýetirensoň, Orazyň ýatan ýerine ilki geleniň biri Kelhandy. Şonda ol oglanyň jesediniň ýanynda uly adamynyň aýakgabynyň yzyny gördi. Kelhan derrew bir ýerden gazan tapdyryp, ony aýak yzynyň üstüne düňderdi. Gowşut han bolsa başga bir obada ýaşaýan Sary aga diýilýän yzçynyň yzyndan adam iberdi.

Oglany derrew ýerlemek bilen boldular. Gölegçiler oba dolanan badyna-da Sary yzçy hem geldi. Ol uzyn boýly arryk ýaşuly ekeni.

Sary aga düňderilgi gazany bir tarapa agdardy-da, aýakyza siňe-siňe seretdi. Soňra uzyn hasasyny her ýer-her ýere urup, mal ýatagyndan ilerligine bakan gidiberdi.

Yzçynyň yzynda-da on bäş—ýigrimi adam bardy. Hemmäniň gürrüni ganhory tapmak baradady. Agzy batly biri:

--Elime düşäýse, bölek-bölek ederdim ony!- diýip öwündi.

—Gaýrat et, agam!

—Alla ýaranyň bolsun!

—Ýadasaň, elimizde göterel i!

Sary aga:

—Adamlar, ädigiň eýesi garry kişi-hä bolmaly däl. Özem ylgap gidipdir— diýen sözleri eýýäm telim gezek gaýtalady.

—Kim bolsa bolsun, tapaweri, Sary aga!

Obadan mazaly daşlaşansoň, Sary aganyň yzyndan barýanlaryň biri oňa hasam golaýlady-da:

—Yzçy aga, ertire çykmarsyň—diýip pyşyrdady.—Kelemäňi öwrüp ýatgyn!

Yzçy ol habara ýagşydan-ýamandan jogap-da gaýtarmady, habar gatany tanamak üçin gapdalyna-da garamady.

Ýene esli meýdan ýöreldi. Sary aga deryanyň kenaryna baryp durdy-da, suwa sereden boldy. Adamlar onuň daşyna üýşdüler. Sary aga selçeňje sakgalyny sypady.

—Adamlar, ýitigmiz suwa girip gidipdir. Ol gaty mekir ekeni. Indi bize yz çalmak başartmaz..

Töwerekdäkiler ses-üýnsüz bir-biregiň ýüzüne seredişdiler. Ahyry olaryň biri:

—Yzçy aga, bu mahal, daňdanlar derýaň gyrasy gyrpaklajak bolup durka-da, adam suwa girermi?—diýdi.

Sary aga aýdan sözünden müňkürlik gözlär ýaly ýapyşalga goýmady:

—Gülüň gunçasy ýaly ýetginjegi öldürip bilýän adam kyrk çillede-de derýa başşak urar.

✧✧✧

1854-nji ýylyň gyşy maýyl geldi hasap edilse-de, hasapdanlaryň hasaby bulaşyp, gyş öz hökmüni ýöredip başlady. Düýn-öňňunam mizanyň çigreklije şemalyny ýatladyp duran howa birden gyýgyny ajatdy. Ertir irden ýeriň ýüzündäki gyraw gyrpaklap, buza aýlanan köne sypallar aýak astynda şatyrdap ses etdi. Günorta golaýlanda Gün birneme ýylatsa-da, demirgazykdan öwüsýän şemal ýalazy meýdanyň üstünden geçende, özüne sowuklyk tapynýan ýaly iniňi üşenekledýärdi.Ýaşulularyň “Goşa ýaz boljak” diýen çaklamasy nädory çykdy. Birdenem, ertir turlanda, meýdan ak gara bürenip galdy. Bu bolsa, ýylyň ygally gelip, suwuň ýeterlik boljakdygyna umyt döretdi.

Saragt galasyndan tä Gorgora çenli uzalýan ene ýaby, obalara, ekerançylyk meýdanlaryna bölünip gaýdýan ownukly-irili ýaplaryň käbirini gyrçamaly bolsa, käbirini iki depik gazmagyň, ýeri ýaza taýynlamagyň aladasy bardy.

Belent raýýyşyň yk tarapynda ýakylan oduň başynda Gowşut hanyň obadaşlaryndan otuz töweregi adam pillerine söýenşip durdy. Kelhan Kepele elindaki uzyn kesewisi bilen ody ölçerip durka, töwerekdäkilere bir zat aýtmakçy boldy. Emma şol mahal: “Paýly paýyňa bar, ha-aw!” diýen habar, aýdylmaly gepi aýtdyrmady. Hojaguly öz obadaşlarynyň paýyny çapyklamaga başlady.

Paý “Ýylgynly” diýilýän ýerden başlanýardy. Ýylgynly diýilse-de, ol ýerde ýylgyn ýokdy, ýatan gamyşlykdy. Şonuň üçinem, öňi bilen gamyşlary, hyşalary otlamaly boldy. Şemal öwüsýän tarapyndan ot berlen gamyşlyk ala burugsy bolup,ýanmaga başlady.

Az salym geçensoň:

—Berk tut!

—Sypdyrma!—diýen sözler ýaňlandy.

Tüssäniň içinden çykan bir şagaly Hojaguly bokurdagyndan tutup, süýräp gelýärdi.

Şol mahal hem bir ýerden Kiçi kel peýda boldy. Ol Aý gören ýaly begenip, şagala tarap ylgady.

—Bärik ber ony!-diýip, Kiçi şagaly öz eline almakçy boldy.

—Goýbersene jandary!—diýip, kimdir biri ýüregi ýukalyk etdi.

—Bular gawunyňy paýhynlanda-ha gözüňde okuň bolsa urjaksyň—diýip, Kiçi kel garşy çykdy—Goýberäýme. Men häzir size bir oýun hem görkezeýin.

—Şagal bilenem görkezen oýnuň bolarmy?—diýip, Kelhan Kepele güldi.—Oýun syrty gyzyl maýmyn bilen görkezilýändir, han.

—Oýun görkezişime bir seret —diiip, pilini ýere dikip, gara guşagyny çözen Kiçi kel şagala golaý bardy. Ol guşagynyň gatyny açaga-da, şagalyň gözüni mäkäm daňdy, guşagyň bir ujuny hem onuň boýnuna sarady.

Oýun görkeziljekdigine şondan soň ynanan adamlar şagal bilen Kiçiniň daşyna halka bolup aýlandylar.

Gözi danylan haýwany orta itekläp, gyra çekilen Kiçi kel şagalyňka meňzeş ses bilen:

—Gy-yýw!—edip, çirkin gygyrdy. Gözi görmeýän şagal çem gelen zada özüni urup, sec gelen tarapyň garşysyna gaçmak bilen boldy. Emma ol haýsy tarapa gaçsa-da,baryp özüni urýany pildi ýa-da kätmendi.

Bu oýun, bu şowhun hemişe ýüzi agyr adamlaryňam dişini yşratdy, hemişe agras adamlaram çagalygyna eltdi. Gozi gapyk şagalyň ortada göz-gülban bolup ýörüşi adamlara bir sellem tomaşa boldy. Entäp, gaçyp, halys ýadan şagal, soňky gezek aýagy çalşyp ýykylan ýerinde hem ýatdy. Esasy tomaşa şondan soň boldy.

Adamlaryň gülki, galmagalyna has-da göçen Kiçi kel, bir ýerden howudyň ýanagajy ýaly taýak tapyp geldi. Ol taýagy şagalyň bokurdagynda keseligine goýup, iki ujundan aýaklary bilen basmaga başlady.

—Gynamasana!—diýip Kelhan Kepele gygyrdy.

—Gynamasyz bolsa, gynamadyk-da, Kelhan aga!—diýip, Kiçi taýaga has-da agram salmaga başlady.

Jany bokurdagyna gelen şagal kelle tarapyna diýen etdirip bilmän, yz tarapy bilen urunmaga başlady. Ol art aýagyny taýly gezek silkeländen soň, düwdek boldy-da, tutuş göwresini bokurdagyna tarap süýşürip ugrady. Şagalyň syrty Kiçiniň

eňegine golaýlady. Taýaga ähli labyryny atan Kiçi kel bir zat diýip öwünmekçi bolan pursaty,onuň gözi ümezläp gitdi, ýüzüne-de perde tutulan ýaly boldy.

Galmagal, gülki ýanýan gamyşlaryň şatyrdysyndanam belende galdy:

—Al, gerek bolsa!

—Nädäýdiňkäň?

—Asyl seň almytyň şoldy, Kiçi han!

—Şagal-a iş bitirdi!

Jany karkara gelen şagal gyssanyp towlananda, syrtyndan atylyp çykan suwuklyk, diňe Kiçiniň ýüz-gözüni däl, üst-başyny-da harap etdi. Bir ýaş ýigit gülmekden ýaňa, ysgyndan düşüp, böwrüni tutup ýatyberdi. Ýüzüni tutup gülýänem, maňlaýyny tutup gülýänem bardy. Ýene Kiçiniň üstüne her hili söz ýagdy:

—Äl, oýun baryny-ha görkezdiň!

—Oýun diýeniňem şeýle gutaraýsa!

—Syrty gyzyl maýmynam munça hezil bermezdi!

Ýüzüni ýeňi bilen süpüren Kiçi, töwerekden ýagýan gülki gatyşykly gyjytly sözlerden gaçyp, golaýdaky çöp-çalamlyga urup gitdi. Onuň ullakan peşmegiň aňyrsynda ýüzüni gar bilen ýuwup durandygy göründi...

Gamyşdyr hyşşanyň küli bilen basyrlansoň, ene ýabyň iki gyrasy gara zolak bolup galdy. Her kim öz paýyna baryp durdy. Ölçege görä her pile iki çapyk ýetýärdi. Her çapygyň arasy bolsa, Kelhan Kepeläniňki ýaly uzyn aýagyň ýedi ädimidi, Her oba ýa-da hatara takmynan peýdalanýan suwuna görä-de çapyk berilýärdi. Kelhanyň ýaşaýan hataryna ýetýän paýyň iň soňky çapygy Gowşuda düşdi.

Guşagyny mäkämläp, ýaba giren Gowşuda Kelhan gep atdy:

—Han aga, han kişi dagy gazy mahaly raýyşda durar-da “O ýerini eýdiň! Bu ýyrini beýdiň!” diýer ýörer ahyryn,. Sen näme ýaba giräýdiň?

Gowşut Kelhanyň sowalyna diňe ýasama ýylgyrmak bilen jogap gaýtardy. Ol ýylgyryşy bolsa sowal berenden başga gören adamam bolmady.

Gowşut Kelhanyňky ýaly piliň gumhanasyny dolduryp, gumy birinji ahyra zyňmaýardy-da, ýukarakdan alyp, ikinji ahyra zyňýardy. Ol piliň sapynyň ujuragyndan tutup, gumy şeýlebir çakganlyk bilen zyňýardy welin, yzgarly çägesöw toprak, howada ýaý ýaly bolup egrelýärdi-de, diňe ikinji ahyra ýetmek däl, käte ýokarky raýyşa-da golaýlaýardy. Şeýlelikde, gum ýuka alnansoň, gazy haýalrak gidýänem bolsa, Gowşut birinji ahyrdan ikinjä gum zyňmak aladasyndan halas bolýardy.

Gazy gazmak oba bilen obanyň, ýigit bilen ýigidiň ýaryşy, güýç synanyşygy diýen ýaly bir däbe öwrülipdi. Ilden önürti paýy gazaga-da, raýyşda piliňi süpüren bolup oturmak artykmaçlyk hasaplanýardy. Beýle diýilse, paýyňy howul-halat, halam-harsy etmeli diýildigi däldi. Gazylan paýyň depimine, taraýyş berlişine çenli gözden geçirip, kabul edýän ýörite adamlar bardy. Olar hiç kimden ýüz görmeýärdiler.

Gowşut paýyny bolup raýşa galanda, şol pursata garaşyp duran ýaly, derrew Kiçi kel peýda boldy. Ol hanyň edil alkymyna bardy-da, pyşyrdap salam berdi.

Gowşut onuň ýüzüne geňgalyjylyk bilen seretdi:

—Taňry salamyny pyşyrdap berýanmidirler, Kiçi beg?

—Men başga bir derwaýys zat aýtmakçy bolamsoň…

—Aýtjak zadyň gizlin bolsa, gizlinligine-de galar. Sen hiç zatdan çekinme-de, aýdyber.

Kiçi töweregine garanjaklady:

—Ýaňy biri saňa paýyş sögündi, han aga. Men şony aýdaýyn diýip geldim.

—Näme diýip sögdi?—diýip, Gowşut hem pyşyrdap sowal berdi.

—“Uýasyny nemetdigimiň hany” diýdi, han aga. Heý,hana-da beýle paýyş söz aýdyp bolarmy?

Kiçiniň garaşmadyk ýerinden han göwnübir gepledi.

—Şol sözeri aýdanyň akyly-huşy ýerindemi? Görki-görmegi elhalmy?

—Hawa-la han aga—diýip Kiçi gyssandy.—Akyly-huşam ýerinde, görki-görmegem oňat. Ol hany kemsitmek üçin sögdi.—Kiçi günbatara tarap assyrynlyk bilen seretdi.—Ho-ol, pilini süpürip oturan ýigit-dä. Görýäňmi?

Gowşut ilki salgy berilen tarapa, soňam Kiçä mylaýym garady. Kiçi handan alkyşa garaşypdy. Alkyş aldy. Ýöne ol Kiçiniň tama eden alkyşy bolmady:

—Gowy habar getireniň üçin men saňa minnetdar, Kiçi beg!

Kiçi aňk-taňk bolup galdy.

Gowşut önki aýdanynyň üstüni ýetirdi:

—O ýigit gazy gazmak paýynam ilden öňürti bolan ýaly. Şolar ýaly hem işeňňir hem görmegeý giýewim bolsa, hany sylaýan adam “Bolmandyr” diýmese gerek. Şeýle dälmi, Kiçi beg? Paýyňy bolduňmy?

Gepiň başga tarapa sowulanyny halamasa-da:

—Iki ädim ýaly ýerim galdy—diýip, Kiçi hakykaty aýtdy.

—Bar, senem ilden yza galman, ýapdan çykjak bol. Ýogsam, o işeňňir ýigit saňa-da bir zat diýäýmesin!

Kiçi giden badyna paýyny bolup, daş çykan Kelhan Kepele;

—Han, ýaňky Hemragylyň öňki güjügi näme habar getirdi?—diýip gygyrdy.

—Gazy gazylýarka-da bir üýtgeşik habar bolarmy, Kelhan!—diýip, Gowşut han ýylgyrdy.—Kiçi beg bize armaçy bolup gelipdir...

✧✧✧

Sag dulda öz işi bilen gümra bolup oturan Karkara, kakasynyň namazyny tamamlaman, ojagyň başyna gelip oturmagyny aýylganç bir waka hasaplap, gözlerini tegeledi.

—Kaka, näme namazyň arasyny böläýdiň-le!?-diýip gyz gorkuly ses bilen sorady.

Daňatar agadan jogap bolmady. Ol diňe gyzyna tarap dikanlap seretmek bilen çäklendi. Kakasynyň nazary bilen nazary kaklyşan gyzyň endamyndan ýag garynja ýörän ýaly boldy. Özüne tarap garaýan gözler, Karkaranyň göwnüne bolmasa, gojanyň öňki gözleri däldi,

—Kelläň agyrýamy, kaka?—diýip, gyz ýene sowal berdi.

Daňatar aga sowaly eşitmedik ýaly:

—Gyzym, sen namazlygy ýygna-da goýaý—diýdi.—Indi men namaz okamaly däl.

Bu sözler Karkarany hem haýran galdyrdy mem gorkuzdy. Ol kakasynyň göwnüni götermäge çalyşdy:

—Ýaramaýan bolsaň, çaýyňy iç-de, kazasyny okaý!

—Ýygna diýdimmi, ýygna-da!

Karkara beýle haýbatly aýdylan gepi mydama mylaýym kakasyndan ömründe ilkinji gezek eşidýärdi. Ýüregi gürsüldäp, bokurdagy dolan gyz sesini çykarmady. Ol derrew ýerinden turdy-da, namazlygy epleşdirip, ýüküň üstünde goýdy.

—Gyzym, indi bizem gidäýsek öýdýän…

Gözenekde ýatan Gurbanyň oýanmagy Karkaranyň kakasyna bermek islän sowalyny berdirmedi. Ol sygyry sagmandygyny Gurbanyň oýanmagy bilen ýatlady.

Karkara süýt kädini alyp daş çykdy.

—Ýegen jan, öten agşam Oraz meň düýşüme girdi. Aý, görenim düýşem däldi-le. Ýa Oraz jan meň ýanyma geldi ýa-da men oň ýanyna bardym..

Daýysynyň aklynyň üýtgändigini esli mahal bäri aňýan Gurban ähli aýdylanlary sesini çykarman, diňläp oturdy. Diňläp oturdy, ýöne daýysynyň näme diýjek bolýandygyna welin oňly düşünmedi.

Karkara öýe dolanansoň, Daňatar aga oňa ýüzlendi:

—Gyzym, maňa bir düwünçek tapyp ber!—Gyzynyň sowally bakyşyna-da ol derrew jogap gaýtardy.—Aklyk berer ýaly. Seýitmuhammet işanyň ýanyna gidip, täleýime garadyp geleýin...

✧✧✧

Daňatar aganyň Seýitmuhammet işanyň gapysyndan garap, öý eýesidir öýdüp salam bereni hem başga adam bolup çykdy.

—Weý, asyl sen işanam dalmidiň?—diýip, ýalňyşandygyny bilensoň, ol öýe-de girmän, bosaganyň agzynda ikirjiňläp durdy.

Öýde oturan tegelek ýüzli dolmuş adam Tejenden gelen myhmandy. Ol Daňatar aga bilen alçak gepleşmäge başlady.

—Ýaşyň uly bolsa-ha, essalawmaleýkim, kiçi bolsa-da –waleýkimessalam –diýip, myhman ýerinden turdy-da, elini uzatdy.

—Men-ä, ogul, senden uludygymam bilemok, kiçidigimem. Ýaşymam bilemok.

Myhman gülüp goýberdi.

—O näme diýdigiň boldy, sakgaldaş? Heý-de, öz ýaşyny bilmezem adam bolarmy?

—Olam seň işiň däl, sakgaldaş.

—Diýmedigimmiş-dä—diýen myhman birhili boldy. Şol mahalam: “Bu bendäň akyly ýerinde däl bolara çemeli” diýip, içini gepletdi.

—Işan ýokmudy?

Myhman bu gezek eserdeň gepledi.

—Geliň, geçiň, oturyň! Işan aga-da ýazylmaga çykan bolaýmasa...

—Onda ol ýazylsyn otursyn. Men ýene bir gün geläýerin.

—Ýaşyňam hasaplaşman gidiberjekmi?—diýip, myhman bu gezek ýaňsyly ýaly aýtdy.—Ýylyň näme bolar?

—Towşan bolaýmasa.

—Haýsy towşan?

—Ak towşan.

—“Ak towşan” diýen ýyl bolmaz, sakgaldaş.

—Ak bolmasa, garasymyş-da.

—Gara towşanam bolmaz.

—Aý, onda, şol iki müçelik towşan bolmaly.

—Dogry ýigrimi bäşimde diýsene!—diýen myhman, bu gesek çyny bilen gülmeli boldy.—Bolubilýä, sakgaldaş.

—Bolanda-bolmanda, saňa näme?

Düwünçegini goltugyna gysyp duran Daňatar aga yzyna aýlanansoň, birneme ynjalan myhman:

—Toba-tagsyr!—diýip, pyşyrdady...

Nirä ugranynam bilmän, gidip barýan Daňatar aganyň öňünden, haýsydyr bir aladasy bilen alakjap ýören Şirinjemal eje çykdy. Ol ýaşulynyň aklynyň birneme üýtgändigini ozal eşidipdi. Şonuň üçinem kempir tizräk ara açmak isledi. Daňatar aganyň çaga sowaly ýaly bir topar soragyna jogap gaýtaranson, ara düşen dymyşlyk kempiri biynjalyk etdi. Şol dymyşlyk bir erbetligiň üstünden eltäýmesin öýdup aljyran Şirinjemal eje özi özünden erksiz:.

—Daňatar jan, başga sowalyň ýokmudy seň?—diýdi.

—Sowalym kän, Şirşep eje.

Ady dogry tutulmasa, has beterem ‘”Şirşep” diýilse, kempir örän ýaman görýärdi, ony diýeni itden beter ýigrenýärdi. Ýöne ol häzir şol ýigrenji sözi ýeňsesinden däl, göni ýüzüne aýdyp dursa-da, Daňatar agany ýigrenip bilmedi. Bu mahal kempiriň gorkusy ýigrenjinden güýçlidi.

—Sowalyň kän bolsa, aýt-da..

—Näçe ýaşadyň?

—Ýetmiş üç, Daňatar jan.

—Pygammer ýaşynam ýaşapsyň-da?

—Ýaşaldy, Daňatar jan.

—Haçan öljek, Şirşep?

—Sanalgymyz dolan güni öleris-dä, Daňatar jan.

—Sen alty ýyl mundan ozalam-a “Sanalgym dolsa, öljek” diýýädiň. Nä seň ol sanalgyň doýmaz-dolmazmy?

—Ony Hudaý biler, Daňatar jan.

—Men ýaňyja Hudaýyň ýanyndan geldim. Öňi bilen-ä, ol saňa salam aýtdy..

Şirinjemal ejäniň Hudaýyň salamdan soňky aýdanyny eşitmäge gaýraty çatmady. Gije-gündiz Alladan aňsat ölüm diläp oturan kempir, özüniň ýetmiş üç ýaşyndadygynam, mydam söýget edinýän, şol bolmasa ýöräbem bilmeýän uzyn hasasynam unudyp, şeýlebir gaçdy welin, onuň diňe tozany göründi.

Daňatar aga, näme üçindir, yzyna aýlandy. Ol ýene Seýitmuhammet işanyň gapysyndan bardy-da, içerik hem girmän, öňki gezek duran ýerinde saklandy. Işanyň täk özi ekeni.

—Seýitmuhammet işan! Seýitmuhammet işan—diýip ol çalt-çaltdan geplemäge başlady.—Oraz jany öldüreniň kimdigini aýtsana! Ol derýaň düýbünde gizlenip ýatanmyş diýýäler welin, şol çynmyka?

Seýtmuhammet işan kemakyllylyga ýeten adamynyň göwnüni ýykmazlyk isläp:

—Çyndyr, çyndyr—diýdi.—O pelit senden gorkusyna suwuň ýüzüne çykyp bilmän ýatandyr.

—Işan!—diýip, Daňatar aga gazaplandy.—Onda sen maňa pata ber. Men öz ganhorymy, suwuň düýbinde ýatyrka, çapym-çapym edip geleýin.—Şondan soň ol gaty-gaty ýöräp derýa tarap gitdi.

Aýdan sözüne puşman eden Seýitmuhammet işanyň öýde galmaga karary çatmady. Ol gojanyň yzyndan gitdi.

Işan derýa golaýlanda, Daňatar aga raýşyň üstünde suwa seredip durdy. Onuň bolşundan howatyrlanan Seýitmuhammet işan:

—Haý, saklanaweri!—diýip, naýynjar ses bilen gygyrdy.

Emma Daňatar aga işanyň haýyşyna gulak gabartmady. Ol özüni raýyşdan göýberdi. Şol dem işan hem kenara gelip ýetdi. Ol üns bilen suwa seredip, Daňatar aganyň çykmagyna garaşdy.

Aradan esli wagt geçdi. Emma Daňatar aga gaýdyp görünmedi. Diňe kenara gelip urýan ýeňiljek tolkunlar: “Daňatar öldi! Daňatar öldi!” diýýän ýaly pyşyrdaşdylar. Ol pyşyrdyny bolsa diňe, ähli zady unudyp, suwuň ýüzüne henizem tamakin nazary bilen garaýan Seýitmuhammet işan eşidýärdi.

✧✧✧

Bars ýylydy. Mädemin hanyň ynam etmegine görä, onuň nökerleri bu ýyl edil bars ýaly bolup, tutan ýerini goparmalydy. Şonuň üçinem ýigrimi müň[1] goşun hijri senesiniň 1271-nji ýylynyň rabby aýynyň ýedisinde, sişenbe güni[2] Hywadan çykyp, Mara tarap süýşüp ugrady.

Hywa ilaty beýle agyr goşuny heniz görmändi. Garry-gurty, aýal-oglan-uşak ýol gyrasyna çykyp, geçip barýan sülsady geň galyjylyk bilen synlaýardy. At, gatyr, eşek, düýe hywalylaryň hälimi-şindi görüp ýören haýwanlarydy. Emma pil diýilýän mähnet jandary welin, olar ilkinji gezek görýärdiler. Şonuň üçinem, sarymtyl çanagyndan uzyn boýnuny öňe uzadyp, mytdyldap hereket edýän goşa pyşbaga meňzeş, zordan tigirlenýän iki sany sary top hem adamlaryň onçakly ünsüni çekmedi. Ýogsam, top diýilýän ýarag hem Hywanyň köçelerine günde-günaşa çykarylyp ýören

[1] Mademiniň goşun sany taryh çeşmelerinde dürlüçe görkezilýär.
[2] 1855-nji ýylyň 10-njy ýanwary./Miladiniň täze hasaby bilen./

zat däldi. Köçe gyrasyndakylaryň hemmesi, iň uly haýwan hasaplanýan düýe-de gapdalynda dursa, hiç zat bolup görünjek mähnet pile tarap aňk bolup seredişdiler.

Türkmen ýerine etjek uly ýörişine Mädemin han pil hem alyp gidýärmiş diýen gürrüň ilat arasynda ozaldanam bardy. Emma ol habara hiç kim ynanmaýardy. Sebäbi, uzak ýaşan aksakallaryňam ýatlaryna çala düşýän geçen söweşlerde, soňky döwürleriň jeňlerinde-de, bu jelegaýlarda pil diýilýän haýwan urşa salynmandy. Umuman, pil diýilýän jandar Horasanda, Turanda bardyram, bolmalydyram öýdülmeýärdi. Ol bu ýurtlaryň diňe ertekilerinde gabat gelýärdi.

Aslynda-da hamy göze onçakly ýakymly gelmeýän gödek haýwanyň tot-tozan siňen endamy köpleriň seňrigini ýygyrtdy. Çap-çal piliň üstünde oturan eli naýzaly, murtly nöker kiçijik gurjak ýaly bolup görünýärdi. Piliň Mary, Saragt ilatyna göz etmek, Mädeminiň güýjüni has-da mahabatlandyrmak üçin ýörite alnyp gidilýändigi düşnüklidi. Düýedenem haýal ýöreýän piliň oda ýanan töňňe ýaly gödek aýaklaryny äwmezlik bilen süýräp barşyny synlan kimdir biri ýanynda durana:

—Bi jandar Mary iline näçe mahalda ýeterkä?—diýip sowal berdi.

Sowal berlen pil bakan çopan ýaly:

—Kyrk günde—diýip, anyk hem ynamly jogap gaýtardy.

Jogabyň jany hem ýok däldi. Düşlenip, dynç alnyp, mallary otaryp geçilmeli Hywa—Mary ýolunda bäş hepde töweregi wagt ýiter öýdülip çaklanylýardy.

Gün dogar-dogmazda öňi ýola düşen goşunyň hereketi uly guşluga çekdi. Adam bary Mädemin hany görmek höwesi bilen garaşdy. Emma ol goşunyň başynda-da, soňunda-da göze ilmedi. Bu bolsa ozal ýaýran “Mademin ýörişe ýolbaşçylyk etmegi Horezm kazy bilen Muhammetmyrat Mähreme tabşyryp, özi Hywada galýarmyş” diýen çaklamanyň dogrudygyny tassyklaýardy. Ýöne ol beýle däldi. Horezm kazy goşunyň öňi bilen gidipdi. Muhammetmyrat Mährem bolsa bäş ýüz atlynyň baştutany bolup, bireýýäm Ahala ugrapdy. Ol Ahala baryp, Mädemin hanyň tabşyrygyna görä, ilat arasynda Hywanyň güýç-kuwwatynyň egsilmezdigi hakda wagyz geçirmelidi. Şeýlelikde, Ahalyň Saragt tekelerine,Mary saryklaryna kömek etmek meýliniň soňuna çykmalydy.

Eýran şasynyň Saragt tekelerine hem Mary saryklaryna ýollan haty, olaryň Nasretdin şaha gaýtaran jogaby Mädemin hanyň gaharyny gaýnatdy, Mary ýörişiniň tizleşmegine getirdi. Ýöne ýene bir zat Mädeminiň keýpine zeper ýetirýärdi. Hanyň asla garaşmadyk bir wakasy boldy: Ak işan ady has-da ýörgünli Akmämmet Gurbannazar molla ogly türkmenleriň üstüne ýöriş edilmegine pata bermedi. Mädemin han beýle bolar öýtmändi. Sebäbi, birinjiden-ä, Ak işan Gurbannazar molla ogly Hywanyň güýjünden çekinmelidi. Ikinjidenem ol özüne hanyň aýratyn sarpa goýýandygyny hasaba almalydy. Ony uly hormat bilen Tejen aýagyndan Hywa getirenem, işanyň öz islegine görä, Könürgenç medresesine ýerleşdirenem Mädemin hanyň hut özüdi.

Üç ýyl mundan ozal, ýagny 1851-nji ýylda, pygammer ýaşyna ýetende, Ak işan hiç kimden görmedigini Mädemin handan gördi. Hanyň öz adyndan Könürgenje ýörite ýollan wekili işanyň üstüni halat-serpaýdan doldurdy. Beýle hormata diňe Ak işan mynasyp boldy. Ol ýatdan çykarylmaly hormat däldi. Emma Ak işan Mary saparyna pata bermegini sorap, Mädeminiň ýollan ilçisine; “Belent mertebeli hana aýt—häkim öz raýatyny çapmaz. Biz beýle işe pata bermäge Hudaýdan gorkýas”dýen

jogap berdi. Bolsa-da, Mädemin han pälinden gaýtmady. Çünki ýeňiş işan patasynyň gury sözleri bilen däl, ýowuz güýç bilen gazanylýardy. Ýowuz güýç bolsa Mädemin handa artykmajy bilen bardy.Badyhowa hanyň berk ynanmagyna görä, ol güýjüň öňünde hiç hili päsgelçilik,müşgil iş bolmaly däldi.

...Mydam ýatan ornuna dolanmaga maý tapman, uzak wagt howada saklanmaly bolan çal tozan, agyr goşun geçip gidenden soň, ýene ýere düşdi. Şagalaňly, galmagally giň köçe ýene hemişeki asuda ýagdaýyna aýlandy. Birdenem şäherden çykýan uly köçäniň başlanýan ýerinden ýene bir topar atly göründi. Öňden gelýän dört atyň üstündäkiler harby geýimli, ýaragly adamlardy. Olaryň yzyndaky bezelen ak atly bolsa Mädemin handy. Han daýawdy, dolmuşdy. Onuň öz göwresine kybapdaş ak aty hem beýleki atlardan tapawutlanýardy. Kümüş apbasyjyklar bilen bezelen uýanam, daşdan garanyňda, maňlaýynda ýeke gözi bar ýaly edip görkezýän, depesi aýnaly gymmatbaha kelleki-de başga atlarda ýokdy. Onuň yzyndan gelýän atlar hem bezelendi,owadandy, ýöne olar Mademiniňki bilen deňeseň, köne eşik geýdirilen gözele meňzeýärdiler.

Mädeminiň bäş-alty ädim yzyndan sürüp gelýänler Babanyýaz atlyk, Muhammedemin Ýüzbaşy, Halnazar Bahadur, Bekmyrat teke hem-de hanyň baş geňeşçisi Muhammet Ýakup Mäterdi. Muhammet Ýakup Mäteriň edil gapdalyndan sürüp gelýänem ýomut serkerdesi Orazmuhammet serdar ogly Amanýaz serdardy. Uzak ýöluň bir çetinden ýaňy girilendigine garamazdan, Amanýaz serdar örän sus görünýärdi. Muhammet Ýakup Mäter, näme üçindir, oňa tarap mahal-mahal göz gyýtagyny aýlap goýberýärdi.

Märekäniň agramy bireýýäm daganam bolsa, baş hökmürowanyň peýda bolmagy bilen ýol gyrasynyň ýene jemendesi köpeldi. Gojalaryn, oglan-uşaklaryň tagzym bilen berýän salamyna Mädemin han baş atyp jogap gaýtarýardy. Muhammet Ýakup Mäter hem, hanyň jogabyny az görýän ýaly, onuň yzy bilen baş atýardy, ýasama-da bolsa, ýylgyrýardy. Baş han bilen baş geňeşçiniň hereketini beýlekilerem gaýtalaýardy.

Hywa hanlygynyň goşuny millet, tire-taýpa düzgünine görä jemlenendi. Hanlygyň soraýan ähli weleýatlaryndan tire-tire ornunda, taýpa-taýpa ornunda goşunda gulluk eder ýaly bellenen sana görä nöker gönderýärdi. Olary at-esbap, harç-harajat bilen üpjün etmek hem nöker iberýäniň hasabynady. Nökerleriň başynda öz onbegisi, ýüzbaşysy, müňbaşysy durýardy.

Türkmen taýpalarynyň Mädemin hanyň goşunynda gulluk edýänlerine “Atlyk türkmenler”, gulluga derek, her ýylda alynýan hasyldan belli bir möçberde salgyt töleýänlerine-de “Şalyk türkmenler” diýilýärdi. “Atlyk” diýilýän hasaba girýän Amanýaz serdar könürgenç türkmenleriniň öküz tiresiniň gutlybaý urugyndandy.

Hywa goşunynda has-da edermenlik görkezýänler ýomut ýigitleridi. Olaryň öňbaşçysy Amanýaz serdar bolsa alarman-çaparmanlykda özüni kemsiz tanadan adamdy. Gara murty tegelekden görmegeý ýüzüne haýbat goşup duran ol serkerdäni türkmen nökerleri özleriniň öňbaşçysy hökmünde sylap, hormat goýsalar, Hywa kethudalary onuň gaýduwsyzlygyndan, batyrlygyndan çekinip, hormat goýýardylar. Amanýaz serdardan Mädemin hanyň özi-de az—kem eýmenmän durmaýardy. Onuň han öňünde-de gepi geçginlidi. Ol Mädeminiň huzuryna barsa hem Bekmyrat teke ýaly, ýaýaplajak bolmaýardy.

Adat boýunça iň edermen hem iň ynamdar nökerler ýöriş mahaly goşunyň başky sapynda durmalydy. Mädeminiň ähli ýörişlerinde mydama öň sapda durýan ýomut ýigitleridi. Başky sapda durmak hormatdy. Şol hormata eýe bolmak hemme milletleriň, taýpalaryň ýigitleriniň arzuwy hem bolsa, ol Mary ýörüşinden başgasynda diňe ýomut nökerleriniň paýyna düşdi. Mädemin hanyň goşunynyň baş sapynda durýanlara, haýsy millet, haýsy tiredigine garamazdan, il aýratyn guwanç bilen garaýardy, sylaýardy. Şol hormatyň parhyna barýan, neşesine düşunýän, guwanýan ýomut ýigitleri esasy manynyň özleriniň serdary bilen baglydygyny bilýändikleri sebäpli, Amanýazyň diňe başy üçin däl, dyrnagy üçinem baş goýmaga taýyndylar.

Emma bu gezekki ýörişe ugralmazyndan ozal, has takygy Ürgenje gidip geleli bäri Amanýaz serdar, daş sypatyndan syr bermezlige çalyşsa-da, keýpsizdi, peşeneli ýüzünde käte peýda bolýan ýylgyryşam ýasama ýalydy.

Agyr-u—ýeňil söweşe ugralmazyndan ozal Amanýaz serdar dogan-garyndaş, dost-ýarlaryna salama gidip gelýärdi. Onuň söweşden öň salama barmasynyň asyl manysyna ildeşleri dogry düşünýärdiler, şonuň üçinem Amanýazy soňky gezek Temeçden Aksaraý obasynyň deňine çenli ugradan Orazmet aga serdaryň atynyň jylawundan ýapyşdy-da: “Inim, uzadandan ýoldaş bolmaz. Aman git-de, esen gel—diýdi. Soň ol, näme üçindir, ýüzüni aşak salyp gepledi.—Ýöne, bu gezek etjek saparyň welin...Dogry, ýagdaý çaýyryň köki ýaly çylşyrym-çylşyrym. Megerem, sen--de özüň özünki dälsiň. Ýöne, inim...”—Orazmet aga “ýönesiniň” manysyny içinde saklady. Gizlense-de, ol syr Amanýaz serdar üçin syr däldi, gaty aýdyň gepdi.

Amanýaz serdar ýaşulynyň aýdan hem aýdyp bilmän goýan sözleri barada heniz Hywadan gaýtmanka-da oýlanyp ýördi. Oýlansa-da, häli-häzirlikçe onuň elinden gelýän zat ýokdy. Ol syryň aňyrsynda Hywa bilen baglanyşykly bozmasy kyn şertler, yza dönmesi çetin ähtler ýatyrdy. Şol şertler, ähtler diňe bir öküzleriň däl çowdurlaryňam, ýemrelileriňem, garadaşlylaryňam, arabaçylaryňam el-aýagyny baglaýardy. Zynjyr duşagyň bir ujy Hywada,—Mädemin hanyň elindedi, beýleki ujy hem ýomutlaryň bala-çagalarynyň boýnundady. Bala-çaganyň ykbaly-da, rysgaly-da şol zynjyra daňylandy. Amanýaz serdar hem şol zynjyra baglananlaryň biridi. Mädeminiň Mary ýörişi hakykat ýüzüne geçip başlaly bäri hem Amanýaz serdar “Nätmeli?” diýen agyr sowal bilen uklaýardy, şol sowal hem ony wagtyndan ozal ukudan açýardy. Ol öň sapda durmaly ýomut ornunyň jemşitlere berilmeginiň pikirini-de etmeýärdi,aladasy ondan düýplüräkdi.

Mädemin han türkmen serdaryňyň kalbynda galagoplygyň bolmagyna azda-kände garaşýardy. Emma Amanýaz serdar bir kowçum teke sebäpli öz eşretli gününiň mährinden geçer öýtmeýärdi. Sebäbi, ol eşret üçin abyrsyz pul harçlanýandygyny serdar bimelidi.

Mädemin hanyň öz goşunynda türkmenlerden, garagalpaklardan Amanýaz serdardan soň aýratyn üns berýänine Bekmyrat teke diýýärdiler. Ol hem Hywanyň öwgüli ýüzbaşysydy. Ili ezmekde Garaýapda kän işler bitireni sebäpli, Mädemin han Bekmyrat tekäni Hywa—öz ýanyna çekipdi. Mädemin “Her ýurduň awuny öz tazysy bilen awlamaly” diýlenini edip, bu gezek Bekmyratdan peýdalanmak isledi. Ol Amanýaz serdar barada öz kalbynda azda-kände müňkürlige orun berse-de, Bekmyrat tekä welin doly ynanýardy. Kimiň nähili pikirdedigini ozaldan bilýän teke “Ýurdy belet çapar’ etmekde tüýs gerekli adamdy. “Gulakly gala” gurlansoň, Mädemin ony

Mämmet hana derek bellemek islände, Bekmyrat tekäniň özi ol işden ýüz dönderdi. Sebäbi, ondan ýaňa içleri ot bilen ýalyndan doly tekeleriň hem saryklaryň Bekmyrady galada uzak ýaşatmajaklary bellidi. Ony Bekmyrat tekäniň özi-de bilýärdi. Onuň türkmenleriň arasynda duşmany kändi. Şonuň üçinem Bekmyrat teke Mädeminiň şu gezekki saparyny ýüreginden goldaýardy. Ol öňki öçli adamlaryndan ar almak isleýärdi. Hywanyň agyr goşuny arkaňda dursa, ol maksada ýetmek müşgil boljak däldi.

.Garry söwüde ýaplanyp duran on-on iki ýaşly pukara geýnen oglan:

—Waý, biziňki!—diýip, çirkin gygyrdy-da, topar atlylara tarap okduryldy. Ol bara-barmana, yzky hataryň çepinden gelýän maňlaýy sakar atyň jylawyndan ýapyşdy. Atynyň duýdansyz gyra çekilmegi bilen Bekmyrat teke tas ýykylypdy. Ol bir eli bilen zordan eýer gaşyna ýapyşmaga ýetişdi, beýleki eli bilenem, öňüne gaçan telpegini tutdy. Şondan soň ol osal bolmady. Bekmyrat teke üzeňňä galaga-da, örme gamçyny bir aýlady welin, ýatakda duran ýa-da meýdanda gezip ýören atyny aldyran oglanjyk ýere ýazyldy ýatyberdi. Demi içine sygmadyk neresse, esli mahal geçensoň:

—Waý, öldüm!—diýip gygyrdy.

—Ölseň, imanyň hemraň bolsun!—diýip, ýaňsylan Bekmyrat teke, gara murtyny sypady.

Garamtyl donunyň bili hem gara guşak bilen guşalan garry adam haýdap geldi-de, oglanjygy ýerinden galdyrdy.

—Tur, Hangulym! Hana sarpa goýup, adyňa Hanguly dakypdym. Emma ki seni urýanlaram han nökerleri bolup çykdy.—Ýaşuly at üstünde oturana şeýle bir nazar bilen garady welin, göreçlerinde gorky alamatynyň bardygyna garamazdan, bakyşy Bekmyrat tekäni eýmendirdi. Bolmasy ýagdaýyň ýüze çykaýmagyndan howatyrlanan ýüzbaşy, has düýpli herekete garşy durmaga häzirlendi. Emma ýaşuly, bilinde sary saply özbek pyçagynyň bardygyna garamazdan, hereketi el bilen däl-de, dil bilen etdi:

—Uluk raýsimiz bulgan Mädemin hannyň nukerleri beýle ki ajyz işlerge gaýymdyr öýtmegen erdim. Biçäre balanyň tenini awutsaň, huda seniň gollaryňy istma kylar. Sen hem ogry, hem rüstem bolýaň. Hem-ä biziň atymyzy mugtuna alýaň, hemem “Taňry ýalkasyna” derek, ýene depämizden gamçy salýaň. Han nökeri beýle ki namertdir öýtmezdik.

Dogrusy, öz atyna agsal degensoň, deregine başga at getirilende, Bekmyrat teke onuň nireden, nähili ýol bilen düşendiginden bihabardy, kimden, ňaçe teňňä alynandygyny-da soramandy. Ol ýüzbaşa berlen täze at kimdir birini närazy edilip alynandyr öýdüp-hä, hut ýaşuly özbegiň habaryny eşidýänçä, çakam etmändi. Şeýle-de bolsa, bigünä oglanjygyň çeken yzasam, ýaşulynyň köpmanyly sözlerem, töwerekden garaýan sada gözleriň uçguny bilen gönderilýän ýigrenç alamatlaram Bekmyrat tekäni puşmana getirmedi.

Oglanjyk Bekmyrat tekä tarap topulanda, garma-güýrmelige nazary kaklyşan Mädemin han at başyny çekipdi. Düzgüne görä, onuň ýany bilen barýan atlylaryňam hemmesi şol hereketi gaýtalady. Mädemin entek nämäniň ňämedigini doly aňşyrmasa-da, bir düýpli gepiň bardygyny çaklap, ýagdaý bilen gyzyklandy. Ol özbek ýaşulusynyň ähli aýdanlaryny eşitdi, Bekmyrat tekäniň oňa jogap gaýtaryp

bilmän, at üstünde lal-jim oturyşyna şaýat boldy. Hanyň göwnüne bolmasa, soňky dörän dymyşlykdan bir howply netije çykaýjak ýaly boldy durdy.

Bolup geçen wakany gözi bilen görensoň, hemmeden ozal hanyň özi geplär öýdüldi. Emma ol geplemedi. Her hili oňaýsyz ýagdaýdanam oňaýly çykalga tapmagy başarýan, şonuň üçinem sarpasy belent tutulýan Muhammet Ýakup Mäter hem dymdy.

Ahyry Amanýaz serdar takat edip bilmedi:

—Sen-ä, Bekmyrat, huda urany pygammerem hasasy bilen dürter diýlenni etdiň şü gezek. Bigünäni günäsiniň ýokdugy üçin urmak ymmata sygjak zatmy? Hudaýdan gorkmadyňmy, ilden uýalmadyňmy sen?

—O enesi ýalamadyk beçäniň bi atyň eýesidigini men nirden bileýin, serdar? Urulmajak bolsa, ýapyşmasyn-da. O meni tas atdan agdarypdy ahyryn—Bekmyrat teke birdenem, aýdanyny ýuwmarlajak bolýan ýaly, sesiniň hörpüni peseltdi.—Han gören özbek dürre gamçyň awusyna öwrenşendir-le,serdar...Gamçy gamçydyr-da. Onçakly batly hem aýlamadym-la!

—Batly bolmasa-da, ýersiz urlan taýakda garaw bardyr, teke....Meňk-ä ýöne aýtmak...

Iki türkmeniň arasynda nähili gep alşylanyny oňly eşitmese-de, manysyny aňan Mädemin han, jogap okamaly Bekmyrat teke bolsa-da, sowalyny Amanýaz serdara gönükdirdi.

—Näme gep, serdar?

“Bolan işi başdan-aýak görübem han ne sebäbe maňa ýüzlenýärkä? Ýa iki türkmeniň biri beýlekisini günälemeli halatynda ýuwmarlaýşyny barlap görmek isleýärmikä?” Şeýle pikir etse-de, Amanýaz serdar iki tarapyny-da elden bermezlige çalyşdy:

—Bir hata iş ýüze çykypdyr, han aga...

—O nä hata iş?

—Bu at bir günä ýol bilenmi,nämemi, Bekmyrada sataşypdyr, han aga. Oňa-da şu ýolda eýesi gabat gelipdir-de...

—Eýesi razy edilmedik aty ýüzbaşy ne sebäbe münýärmişin? Oňa näme diýersiň?—Mädemin bilip, aňyrsyna geçýän zadynam bilmediksirän boldy.—Aslynda ol at nähili ýol bilen siziň eliňize düşdi?

Amanýaz serdar näme jogap gaýtarjagyny oýlap durka, at eýesi ýaşuly saklanyp bilmedi. Ol bolan wakany bolşy ýaly edip, hana düşündirdi.

Mädemin oýlandy. Iki dawagäriň biriniňkä ters, beýlekisiniňkä dürs diýmelidi. Taraplaryň biri-hä hanyň ýüzbaşysy, beýlekisi hem öz iliniň pukara bendesi. Mädemin köpçüligiň gözüniň alnynda ýüzbaşysyny eýerden düşürip, aty hak eýesine gaýtaryp berse-hä, ýüzbaşy il öňünde masgara boljak. Uly ýörişiň başlangyjynda beýle hereketden hiç kim üçinem utuş boljak däl. Ýöne bir ýüzbaşynyň göwni, abraýy diýibem halk köpçüliginiň wekiliniň garşysyna gitmek bilenem utuş gazanylmajagy belli zat.

Meseläni çözmeli iki çykalganyň haýsyna tarap gyşarjagyny bilmän esli oýlanan han ahyr ýörelge tapdy. Ol hiç tarapyň-da göwnüni ýykman, bir okda iki towşan urmaly etdi. Han at eýesi ýaşula ýüzlendi:

—Atyňa näçe teňňe nyrh kesýäň?

Mugt elden giden atynyň, iň bolmanda,sähelçe bahasyny aljakdygyna ynanan biçäre ýaşuly begenmekden ýaňa halys aljyrap, hana wagty bilen jogap hem gaýtaryp bilmedi. Gojanyň aljyraňňy ýagdaýa düşenini duýan han, jogaba-da garaşman, penjesindäki teňňäni sanap-sanaman, ýaşula tarap uzatdy.

—Me saňa, iki atyň bahasy! Razy bol. Ýalňyşsyz ömür bolmaýa. Seň atyňam bir ýalňyş ýol bilen şeýle bolupdyr-da.

—Biz razy! Müň keren razy, sahawatly han!—diýen gojanyň teňňeli eli sandyrady.

—Eşitdiňizmi, adamlar?—diýip, Mädemin han sagyna,soluna garanjaklady.

Töwerekden makullaýjy jogap bary geldi.

Mädemin han iki atyň bahasyny çykaryp, köpçülik öňünde iki süri atyň bahasyna barabar abraý gazandy. Tapan inçe piriminiň manysy hakda oýlanan hökmürowan öz-özünden hoşal boldy. Howalasy has-da galan han Bekmyrada tarap gönüläp seretdi-de, pyşyrdady:

—Gamçy aýlamak aňsatdyr,ýüzbaşy.Ýöne meseläni gamçysyz çözjek bolmaly.

Mademin pyşyrdanam bolsa, han öňünde pyşyrdamagy biedeplik hasaplan Bekmyrat teke haýkyryp jogap gaýtardy:

—Dürs aýtdyňyz, merhemetli han, dürs aýdýaňyz.

✧✧✧

Mädemininiň goşuny düýedir pil ädimine aýak goşup, pyşbaga tizligi bilen hereket edýänem bolsa, agyr sülsadyň Hywadan çykyp, Mara ýönelendigininiň habary bir hepde geçip-geçmänkä, Saragta gelip ýetdi. Şeýle wakanyň boljakdygyna köp mahal bäri garaşyp ýören ilatyň esli bölegi aýdylan mahaly köne galanyň öňüne ýygnandy.

Gowşut han, Oraz Ýagly, Täçgök serdar, Pendi baý, Seýitmuhammet işan, Nepes molla, Amansähet serdar hem ýene on-on iki adam Saragt galasynyň ady bar-da özi ýok, çagşan derwezesinden çykyp, aýak çekdi.

Mähelläni synlan Nepes molla pessaý ses bilen Gowşut hana ýüzlendi:

—Munça märekäni türgenleşige alyp çykjakmy, han?

—Ilatyň ýygylany gowy zat, molla. Ýöne on ýaragsyzdan bir ýaragly bähbitli bolaýmasa.

Oraz Ýagly bilen Seýitmuhammet işan, saryklardan çapar bolup gelen ýigidi hem ýanlaryna alyp, duran ýerlerinde galdy. Beýleki kethudalaryň hemmesi märekä siňip gitdi. Olar söweşe çykyp biläýjek adamlary toparlara bölüp, öňbaşçy bellemelidiler, erte-birigün Saragt düzlüginde başlanmaly türgenleşige taýynlan malydylar.

Gowşut hana ilki gabat gelen tanyş ýüz hem Kelhan Kepele boldy.

—Kelhan, sen ilerik çykyp dur—diýip, han derrew görkezme berdi.—Ýanyňa baryp adyňy tutan seň nökeriň bolar.

Kelhan Kepele at başyny salgy berlen tarapa öwürdi.

Şondan soň baş hanyň aýak çeken ýeri üç sany atly ýigidiň öňi boldy. Üç sany saryýagyz ýigit bir-birine şeýlebir meňzeşdi welin, han olara haýran galman seredip bilmedi. Münüp oturan atlarynyň reňki dürli bolaýmasa, eýer gaşyndakylaryň donlary, telpekleri, hatda könelişen gara ädikleri-de bir meňzeşdi.

—Siz dogan-ha dälsiňiz?

—Biz üçem dogandyrys, han aga.

—Nireden bolarsyňyz?

—Gumly perreňlerden.

—Kimiň perzendisiňiz?

—Selim körüň ogullarydyrys.

—Atаňyz barmy?

—Atamyz dünýäden ötdi, han aga.

—Kim sizi ýola atardy?

—Enemiz, han aga.

—Ho-op ýagşy! Gowşut hanyň sözüni ýykmarsyňyzmy, goçaklar?

—Enşalla, ýykmarys.

—Haýsyňyz körpe bolmaly?—diýip, han çalaja ýylgyrdy.

—Men bolmaly!—diýip, hanyň ýylgyrmasynyň manysyna düşünen sagdaky ýigit hem ýylgyryp goýberdi

Gowşut han "körpe" dogana tarap birki ädim ýöredi.

—Onda, sen, goçagym, eneň ýanyna baraňyzda, "Gowşut han iki agamy türgenleşige çagyrýa" diý. "Meni bolsa, seň ýanyňa höwür üçin galdyrýa" diý.— "Körpe" dogan bir zat diýmekçi boldy welin, han oňa ýokaryk galdyran çep eliniň aýasyny görkezdi.-- "Hanyň sözüni ýykman" diýip, ýap-ýaňy berlen wada eýýäm unudyldymy?

—Unudylanok welin, han aga, maňa derek agalammyň biri galaýsyn-la!

Gowşut han körpäniň haýyşyna ünsem bermän, beýleki ikisine ýüzlendi:

—Siz, goçaklar, ilerik çykyň-da, Kelhan Kepele diýen adamyny tapyň...

✧✧✧

Agyr ýükli düýeleriň biçak haýal ýöreýändigi sebäpli, ýigrimi günde arkaýynam barylar öýdülip çak edilen Daýahatyna ýigrimi ikinji günüň agşamlygy zordan ýetildi. Şol ýerde hem ýük ýazdyrylandan soň, Mädemin han bir perman çykardy. Kowçum-kowçum bolup owkat edinýän goşuna ýaýradylan ol permanda: "Daýahatyndan ugralmazyndan öňürti töwerekdäki köne jaýlary ýykyşdyryp, adam başyna bäş sany kerpiç götermeli" diýen buýruk bardy. Beýle buýrugyň çykarylmagy, belli bir menzil geçilenden soň, farsahlary bellemäge diň salmak üçindi. Onsuzam ýüki ýetik goşuna kerpiç götermek gaty ýokuş degýänem bolsa, hanyň buýrugyny berjaý etmek hökman bolany üçin, Daýahatyndan ýüz müň töweregi kerpiç köwlendi.

Ýigrimi üçünji gün ir namazdan soň sülsat ýoly dowam etdi. Mädeminiň maksady ýene on bäş-on alty günden Mary topragyna baryp düşlemekdi.

Günüň dogmaly ýeri ýaňy gyzaryp başlapdy. Mademin han töwereginiň hyzmatçylary, attutarlary bilen atlanmaga hyýallanyp durdy. Birden ol sökülip başlanan ak çadyra tarap elini salgady-da:

—Guşum!—diýip, pyşyrdady.

Onuň ýanyna Bekmyrat teke haýdap geldi.

—Guşuňyz öňdäki sandyklaň ýany bilen ugradyldy, han aga.

Mädemin ýene bir gezek:

—Guşum!—diýdi.

Bekmyrat teke bäş-alty ädimlikde duran atyna towsup mündi-de, eýýäm gözden ýitip barýan han ýüküniň yzyndan ýetmek üçin sülsadyň gapdaly bilen eňip gitdi.

Mädemin aýagyny üzeňňä ýetirip-ýetirmänkä, agyr göwresiniň agramy uçan ýaly bolup, ýeňillik bilen eýere gondy. Gop berip, ony ata mündirenler bolsa, han seretmese-de, tagzym bilen gol gowşurdylar.

Mädemin uzak gitmän, at başyny çekmeli boldy. Nämedir bir zada örän gaharlanan Abanur Nyýazmährem ýigrimi ýaşlaryndaky ýigidi yzyna tirkäp, hanyň öňünden çykdy.

—Merhemetli hanymyz, ine, şü ýigit ýörişe gitmekden boýun gaçyrýar. Näme temmi bermeli diýseňiz....

Müňbaşy habaryny soňlap-soňlamanka, ýüzi agyr han mylaýym adama öwrüldi duruberdi, asyl ol, garaşylmadyk ýerden ýylgyrdam.

—Ýeri, beçe, näme boldy saňa? Eneň ýadyňa düşdümi?

‘Eneň ýadyňa düşdümi?” diýen söz ýakymly äheň bilen aýdylanam bolsa, ”Namartladyňmy?” diýildigidi. Emma öwrümsiz hem sada ýigit oňa özüçe düşüneni üçin:

—Enemem ýadyma düşýä, han aga—diýdi.

—Ýene näme ýadyňa düşýä seň?

—Söweşe girip, özüm ýaly bir mysapyryň tenine tyg salmakdan ýaýdanýan.

Mädeminiň ýüzündäki ýap-ýaňky ýylgyryşyň ornuny howply agraslyk eýeledi.

—Sen biçilen-ä dalsiň?

—Agta däl. Iki sany çagajygymam bar.

—Hemsaýaňam[1] barmy?

Hanyň diýjek bolýan zadynyň manysyny öňünden aňaýmalydy welin, sada ýigit ýene sadalygyny etdi:

—Gowy hemsaýalam bar, han aga.

—Onda, öz perzendiň hasaplaýanlaň ikisem hemsaýaň dölünden dörän beçeler bolmaly..

Ýigit ýüzüni aşak saldy.

Şol mahalam dere batan atyny säpjedip gelen Bekmyrat teke içi bedeneli kapasany Mädemin hana uzatdy-da, dört-bäş ädim gyra çekilip saklandy.

Guşuna sataşan hanyň ýüzi ýagtyldy. Ol kapasany ilki dyzynyň üstünde goýdy, soňam agzynyň deňine çenli galdyryp, bat bilen üfledi. Bedene “Byt-byldyk! Byt-

---

[1] Hemsaýa – goňşy.

byldyk!” edip, beýleki dula bökdi. Mädemin, bedene däl-de, özi saýran ýaly gülümjiredi.

—Merhemetli hanymyz, bu ýigidi öýüne goýbermeli bormy?—diýip, häliden bäri jogaba garaşyp duran Abanur Nyýazmährem dillendi.

—Ony tekeden sora—diýip, bedenesi bilen gümra han oýlanman, agzynyň ugruna aýdyp goýberdi.

Sala salynýanyna monça bolan Bekmyrat teke hekerjekledi.

—Men hyzmata taýyn, merhemetli han!

Bedeneden ünsüni bölen Mädemin kapasany ýene dyzynyň üstünde goýdy, Bekmyrada tarap seredip, gaşlaryny gerjeşdirdi.

—Ine, teke, sen, aýdaly, Allaguly hanyň üçünji oglumyşyň..

—Lepbeý, agam!—diýip, özüni eýýäm Mademiniň süýtdeş dogany hasaplan Bekmyrat teke hanyň aýtmalysyny aýtdyrmazlyga-da milt etdi.—Gulluga häzir!

—Aýdaly, özüňem şü ak atyň üstünde otyrmyşyň.—Han atynyň keýerjekläp duran gulaklaryna tarap garady.—Seniň bir nökeriň orta ýolda namartlap, Mara gitmän, yza, Hywa gaýtmakçy bolýar. Sen oňa näme çäre görersiň?

Bekmyrat teke Nyýazmähremiň ýanynda ýüzüni aşak salyp duran nökere seretdi, ony şol namartlaýan ýigit bolsa gerek diýip çaklady. Ol hanyň sowalyna nähili jogap gaýtarjagyny bilmän, azara galdy. Sowala gaty oýlanşykly jogap bermelidi. Onuň tapan jogaby göwnünden turmasa,Mädeminiň: “Senden Allaguly hana ogul bolmaz” diýäýmegi-de gaty ahmaldy. Onsoňam Mädemin han at üstünde oturan ýolagçydy—jogap agtaryp, onuň wagtyny hem almaly däldi. Üstesine-de, Mädemin beýle sowal bilen Muhammet Ýakup Mäter ýaly has ýakynyna ýüzlenäýmese, Bekmyrat teke ýaly hakynatutma ýüzbaşylaryna-ha hiç mahalam sala salmaýardy. Şol pursat Bekmyrat teke hanyň nazar aýlawyna gabat geleni sebäpli, oňa tötänden ýüzleniläýipdi. Emma ýüzbaşy ony beýle kabul etmedi.. Şonuň üçünem, özüne uly ynam bildirilen Bekmyrat teke pursatdan peýdalanmaly etdi:

—Beýle ki namart kişini… Allaguly hanyň kiçi ogly... dirriligine ýere gömmeli diýer, merhemetlim.

Jogaba tassyklaýjy baş atan Mädemin han çep eli bilen tutup oturan jylawy silkdi. Bekmyrat teke-de onuň yzy bilen sürdi. Emma ol uzak gitmän, “Allaguly hanyň körpe oglunyň” buýrugynyň berjaý edilişini barlamak niýeti bilen at başyny yza öwürdi. Ol öňünden çykan Nyýazmähreme:

—Nädýäňiz?—diýdi.

Sowal Nyýazmährem üçin düşnüklidi. Ol märekäniň çetinde ýere bakyp duran nökere tarap ümledi.

Günäkär hasaplanýan ýigidiň edil gapdalynda iki sany adam ürgün çägäni tozadyp çukur gazýardy. Emma ýigit welin ol çukuryň özüniň kepensiz, jynazasyz girmeli mazarydygyny bilse-de, göwnübir ýaly bolup durdy, gaçjagam bolmaýardy, günäsiniň ötülmegini hem soramaýardy.

Çukur bil boýy gazylansoň, indi işiň ahyryna golaýlandygyna göz ýetirip, nökerleriň arasyndan saýlanan, ýaşy durugşan adam saklanyp bilmedi. Ol Abanur Nyýazmährem bilen Bekmyrat tekäniň haýsysyna ýüzlenýändigini hem aňdyrman, ýalbaryjy äheň bilen:

—Agalar, indi bi bigünä ýigit şeýdip ötägitmeli bolarmy?—diýdi.

Nyýazmähremden öňürti Bekmyrat teke gepledi:

—O näme üçin “bigünämişin?”. Jahanda Mädemin hanyň permanyny berjaý etmezlikden agyr günä bolmaz. Kimde-kim bu gabahat işi bigünälik hasaplasa, günälä derek çukura özi girmeli bolar.

Bekmyrat tekäniň bolýan wakany Mädemine ýetirjekdigine ynanýan Nyýazmähreme ýüzbaşynyň aýdanyny tassyklamakdan gaýry çykalga galmady. Bolsa-da, Nyýazmähremiň çak etmegine görä, ýaş noker bu gün dünýä bilen hoşlaşmaly däldi. Ol çukura gireninden soň, ahy-nala bilen günäsiniň ötülmegini soramalydy. Bekmyrat tekäniň kalbynda hem rehim-şepagat döräp, çukurdan çykarylan ýigide birki gamçy urmak bilen çäklenmelidi.

—Gir çukura!—diýen haýbatly buýruk ýaňlandy..

Nöker çukura tarap ýöremänkä, ilki Abanur Nyýazmähremiň,soňam Bekmyrat tekäniň ýüzüne seretdi.Onuň bakyşynda rehim edilmegini soraýan sözsüz haýyş, ýalbaryjy many bardy.Ol mana düşünen Abanur Nyýazmährem ýüzüni aşak salmaga mejbur boldy,Bekmyrat teke welin,garyp nökeriň garaýşynyň manysyna düşünjegem bolmady.

Buýruk gaýtalandy.Şol pursat aýylganç waka tomaşagär bolup duran ýüzlerçe adam ýigidi ölümden gutarmak üçin, iň bolmanda, galmagal turuzmalydy ýa-da ölüme buýrulan nöker dyza çoküp, gözýaş bilen aman soramalydy. Emma onuň hiç haýsy-da bolmady. Köpçülik namartlyk, ňöker mertlik görkezdi. Ol çukura tarap ýöneldi. Töwerekdäkileriň asla garaşman duran wakasy boldy. Köpçuligiň arasyndan saýlanan bili guşakly, çal sakgally adam:

—Saklanyň!—diýip, çasly gygyrdy.

Ol ýaşuly Nyýazmährem müňbaşynyň aşpezi Maruf ekedi. Aşpez müňbaşynyň öňünee bardy-da, iki elinem döşüne tutdy:

—Adyl serdarym! Men tutuş ömrümi hana hyzmat edip geçirdim. Bu ýigit bir Taňry bendesiniň ýeke perzendi. Iki sany çagasy-da bar. Rehim kylyň! Munuň atasy meniň goňşymdy. Günäsini ötüň! Neresse çagalaryna rehmiňiz insin.

Nyýazmährem Bekmyrat tekäniň ýüzüne seretdi. Ony gören Maruf eke Bekmyradyň öňüne bardy:

—Serdarym, men tä ölýänçäm, size hyzmat edeýin. Garyp ýigidiň günäsini ötüň! Azat ediň. Bolmasa-da, onuň ornuna meni gömüň. Köpüm ötüp, azym galdy. Oňa derek men gideýin! Meni gömüň!

Bekmyrat teke soňky sözleriň çyndygyny ýa-da ýalandygyny barlap görmek isledi. Onuň özi-hä, edil şeýle ýagdaýa uçralsa, hut atasynyň ölmüni-de boýnuna alyp biljek däldi. Kimdir biri üçin öz şirin janyňdan geçmek onuň üçin akyla sygjak zat däldi. Ol öz öňünde iki elinem döşüne tutup, tagzym bilen duran gojanyň ýüzüne dikanlap seretdi. Ýaş ýigide derek çukura girmäge razydygy gojanyň ýüzüne mese-mälim ýazylgydy. Onuň aýdan sözleriniň galat däldigine düşünen Bekmyrat teke ýüzüni bir tarapa sowdy.

—Sen özgäň günäsini boýnuňa aljak bolup durma, goja. Geçinem öz aýagyndan asýalar, goýnam.

Bu adamynyň beýle doňýürekdigine göz ýetiren aşpeze özüni gyra çekäýmelisi galdy. Ol bolup geçýän ýagdaýa seredip bilmän, aňyrrak ýöredi. Esli mahaldan soň

ýeriň teýinden iňňidi gelip başlady.Iňňildi derrewem kesildi. Kesilse-de, ol ses edil öz içinden çykýan ýaly bolup, goja aşpeziň gulagynda ýaňlandy durdy.

✧✧✧

Bala-çaga, aýal-ebtaty biynjalyk etmek islemedimi-nämemi, Gowşut han türgenleşigi gür obalardan alysda, sähraýy meýdanda geçirmegi makul bildi. Türgenleşige gatnaşmalylara haçan, nirä ýygnanmalydygy öňünden habar berildi.

Ene ýabyň gyrasy bilen atyny maýdalyna sürüp barýan Gowşut hanyň gapdalyndaky Täçgök serdar bilen Amansähet serdardy. Olardan on-on bäş ädim yzyrakdanam bäş-alty sany atly ýigit gelýärdi.Açyk aýdylmasa-da, ol ýigitler baş hanyň janpenalarydy. Il içinde Mädemin han “tumşugyny belent tutýan Gowşut hanyň janyna kast etmek üçin Saragta içaly goýberipdir” diýen gep hem ýaýrady. Şonuň üçin bolsa gerek,soňky mahallarda baş han öz obasyndan saýlansa, ýany ýigitlidi.

Atlylar edil şertleşen ýaly, dil ýarman gelýärdiler. Gowşut han bolsa, diňe Mädemin hakda pikir edýärdi. Ol Hywa bilen gan döküşmän dilleşmegiň ýoluny agtarýardy. Ol ýolda bolsa diňe bir hakykat ýatyrdy–Saragt bilen Hywa çaknyşaýmalydy. Gowşut hany has-da biynjalyk edýän zat eýýäm Saragta dabarasy dolan sary toplardy. Dogrusy,mahabat berlip,bolşundanam beter ulaldylýan sary top diýilýän aýylganç ýaragy Gowşut hanyň özi-de heniz görmändi, görmese-de, sary topuň ilat arasyna dowul saljagyny öňünden aňýardy. Mädeminiň Hywadan Saragta ýeke pil süýräp gaýtmagyny ýatlanda welin, baş han öz ýanyndan ýaňsyly ýylgyrmak bilen çäklenýärdi. Ýanyp duran ot bolanda-da, bir piliň Saragt topragyny köýdürip bilmejekdigine Gowşut han ynanýardy.

Üstüniň ot-çöpi gurap, zagpyran reňk ýapynyp ýatan alaňyň gapdalyndan aýlanylansoň peýda bolan obanyň bäri tarapynda uly märeke göründi.

—Bi nämäniň alamaty?—diýip, öňürti Amansähet serdar dillendi.—Ýaglyga dagam towsulaýýan ýaly. Öz-ä toýa meňzeýä.

—Agzyňdan Hudaý eşitsin!—diýen han jylawy çalarak silkip goýberdi.

Amansähet serdaryň çaklamasy dogry bolup çykdy. Ýöne ol bu günu-erte üste ýagy döküljek bolup durka, has takygy, eýýäm dökülen hasaplamaly ýagynyň alkymynda göreş gurlup, ýaglyga towsulyp toý tutulmagyny baş hanyň goldamagyna onçakly düşünmedi. Onuň baş han toý tutýanlara zeper ýetirmejek bolup, obadan sowlup geçer diýen çaklamasy-da dogry çykmady. Tersine, Gowşut han at başyny toý ýere tarap öwürdi.

Toý galagoply döwrüň toýy däl ýalydy. Gelin-gyzlaryň apaly toý lybaslary-da garçyn çuwallardan çykarylan ekeni.Olar gyzyl çog bolşup giň sähranyň bu oýtumyny al-elwan gül örten ýaly edip görkezýärdiler. Sany kän bolmasa-da, gyrmyzy donly, ak telpekli ýigitleriň ökjeleri ýeňildi, toý gazanlaryndan göterilýän tagamly ys göwnüňe hoş ýakýardy.

Toý dabarasynyň keýpli howasynda hoşwagt gopýan märekäni at üstünden synlan Gowşut han: ‘Toý bilen ýas bile geler” diýleni çyn eken-ow!” diýip içini gepletdi.

Atlylar toý ýerine ýetenlerinde, märekeden saýlanan gyrçuw gara sakgally, otuz bäş-kyrk ýaşlaryndaky, gaty daýaw adam gelýänlere tarap ýöneldi. Çaky, ol baş hany daşyndan tanaýan bolarly—ümzügi şoňa tarapdy.

Gowşyt han ony toý eýesidir diýip çak etdi. Ýetip gelýän adamyň gabarasyny, gadam urşuny, diýseň görmegeý sypatyny synlan baş han oňa kesesinden guwandy. “Tüwleleme, türkmende-de Taňry nazar salan, perişteşypat adamlar bar-ow!”

Baş hana tarap gelýän adamyň, dogrudanam, Taňry nazar salma kemi ýokdy; görmegeý zenanyňky ýaly al öwsüp duran ýaňakdan başlanýan, öňi kemsiz müçeneklenen, ýag çalnana meňzeýän gara sakgal diýermiň, ala göz, uzyn boý diýermiň, özüne juda göwni ýetikdigini aňladýan tekepbir ädim uruş diýermiň, garaz ol “Bir kemsiz gözel bolmaz” diýen gepi-de ýalana çykarýardy,—kemsizdi. Üst-başyna laýyk eginbaş ol adamynyň görk-görmegini has-da tebigy edip görkezýärdi.

Gowşut han ony ömrümde ilkinji gezek görýärdi. Ýöne ol welin baş hany ozaldan tanaýandygyny başky gepinden aýan etdi.

—Essalawmaleýkim, merhemetli Gowşut hanymyz!

Gowşut han özüne ilkinji gezek ‘merhemetli” diýlenini hem ilkinji gezek görýän adamyndan eşitdi.

“Be, bi Göroglysypat adam kimkä?” diýip, salam alansoň, Gowşut han öz-özüne sowal berdi.

At üstünde görüşmek edeplilik hasaplanmasa-da, Göroglysypat adam, hana atdan düşmäge-de maý bermän, iki elinem öňe uzatdy. Ol Gowşut hanyň ýany bilen gelen adamlara onçakly ünsem bermedi. Onuň küýi-köçesi baş handa boldy. Onuň beýle hereketi Gowşut hanyň göwnünden turmady. “Alla her hili tarhanlyk etse-de, ähli dokuzyňy doly edip goýberäýmeýär-dä “

Täçgök serdar bilen Amansähet serdar özleri bilen gol sunulyp görüşilmänine kemsinjegem bolmadylar. Olar kyn döwür toý tutan diýlip çaklanýan, toýuna-da, garaşmadyk ýerinden baş hanyň gelmegi bilen aljyran kişiniň ýagdaýyna düşünmek islediler.

Bolsa-da, ol adamynyň özüni alyp barşy birhili, adaty hereket däl ýalydy. Ol hanyň atynyň rişmesinden ýapyşanda, garap duranlar hormatly myhmany ulagdan düşürmek üçin ýapyşandyr öýtdüler. Emma ol beýle bolmady, Gowşut han otuz alty ýaşap gabat gelmedik wakasyna sataşdy.

Göroglysypat adam jylawy elinden sypdyrman, owadan gözlerini ýumdy-da, ýüzüni ýokaryk tutdy, birdenem, ýakymly sesine bat berip, gazal aýtmaga durdy:

—Söýýän seni Taňrym beren Watanym,
Söýýän seni hyzyr gören götenim.
Sen bolmasaň, baky ýerdedir ýanym.
Sensiň meniň ar-namysym, imanym.
Sen aglaňda, aglap, gülseň, gülermen,
Seň ugruňda jandan geçip, ölermen.
Ynan, Watan, ýürekde sen, başda sen,
Gözümiň üstünde, edil gaşda sen.

Bilsin il-gün, biz Watany söýmeli,
Watan üçin gara başy göýmaly.
Bu gün şahyr ogluň Öre Haksapar,
Seň ugruňda ýüwrüp, gazallar tapar.

Gowşut han, Öre Haksaparyň inini-boýuny göz çaky bilen ölçejek bolýan ýaly, ony başdan-aýak täzeden synlady.

—Nätdim, merhemetli hanymyz?—diýip,decbi-dähel berilmedik bahany tizräk almak islän şahyr gyssandy.

—Oňat gazal-a aýtdyň, şahyr aga. Ýöne, Watan diýilýän keramat boş galmagal bilen ýüzlenilýän gudrat däl bolaýmasa. Ol “Men seň aşygyň!” diýip gygyranyňa ynanar ýaly ökjesi ýeňil zenanam däldir. Watan diýilýän närsäni içiňden ,sesiňi çykarman söýmeli.

Serdar halyna özi öwülmän, diňe Watanyň magtalmagy Gowşut hanyň göwnünden turan däldir öýdüp halys ynanan şahyr derrewem goýberen hatasyny düzetmek bilen boldy. Onuň sesi ozalkysyndanam belent ýaňlandy:

—Essalawmaleýkim, hanlaryň hany!
Daýym ömür sürgül, durdukça pany.
Sen türkmeniň tümde dogan Aýy sen,
Sen türkmeniň hakdan berlen paýy sen.
Bereketim, hümmetim sen, nanym sen,
Başymyzy jemlän Gowşut hanym sen.
Özüňi biz perişte diýp oýladyk,
Seni ile baky serdar saýladyk.
Türkmeniň bagtyndan çykan mydarym,
Göroglynyň ýaşyn ýaşa, serdarym...

Gazal gutarmady. Emma Gowşut hanyň diňlemäge takaty gutardy.Onuň saryýagyz ýüzi ýalyn çabran ýaly bolup gyzardy. Ol öz adyna aýdylýan mahabatly sözlere çydaman, töwerekden haraý isleýän ýaly daşyna garanjaklady. Daşyndakylaryň nazaryna nazary kaklyşanda bolsa, ozalkysyndanam beter utandy. Amansähet serdar dodaklaryny müňküldetdi. Han ol hereketdenem başgaça many çykaryp, öz üstünden gülünmek diýip kabul etdi.

Öre Haksapar henizem gazalyny dowam edýärdi. Emma on iki süňňüni utanja gapladan han, onuň näme diýýänini aňşyrman, diňe sesini eşitmäge mejbur bolýardy.

Gowşut han “saklan” diýen manyda eli bilen yşarat etdi. Şahyr saklanmaly boldy. Han aýdara başga-da söz tapman, diňe sowal berdi.

—Saňa kim diýerler?

Soňky aýdan gazalynyň hanyň göwnünden turandygyna çyny bilen bil baglap, kalby aram tapan şahyr ilgezek jogap gaýtardy.

—Maňa Öre şahyr diýerler, hanlar hany.Öre Sapar hem diýýäler.Ýöne has doly adym Öre Haksapar bolmaly. Il içinde ýörgünli adym Öre şahyr. Seň adyňy eşidemde, özüňi göremde ylhamym joşuberýä, hanlar hany! Gündiz sen hakda gazal düzmesem, gije uklabam bilemok. Sen hakda “Serdarnama” ady bilen uly dessan ýazmak niýetimem bar,merhemetli hanymyz.

Gowşut han morta gepledi:

—Haksapar bolsaňam, gazal aýdyşyn-a hakdan içeniňki däl ekeni..

Asla garaşmadyk jogabyny alan şahyr hopukdy:

—O nä sebäbe beý diýdiň, hanlar hany?

Baş han şahyryň sowalyny eşitmedik ýaly:

—Hakyna garasaň-a, ýaranjaňlygyň üçin kebzäňe kyrk gamçy urdurmaly welin...—diýdi.—Ýöne, toýa gelişmeýän zady edip ýörmäli...Hakdan içen şahyr hiç mahal öňbaşçyny öwmez.

Öre Haksapar hanyň şeýle aýgytly sözlerindenem dürs many çykarmak islemedi:

—Hak söz hormatyň alamatydyr,merhemetli han aga.

—Hak söz öwgi bilen bir ýoldan ýöremez..

—Hakykaty aýtsaň, öwdügiň bolmaz, serdarym—diýip, şahyr ýan bermedi.

—Bilip goý, ýaranjaňlygy tamakinçilik döredýändir. Hak şahyr hiç mahal, hiç kimden tamakin bolmaz.

Öre şahyr kanagat damaryny şunça berk tutsa-da, uzak saklap bilmedi. Çünki handan alan bahasy onuň senediniň üstüne atanak çekýärdi.

—"Şahyr däl" sözüňe derek arkama kyrk gamçy däl, segsen gamçy ursaňam, "Wäk" diýsem, atamyň döli bolmadygym, han aga...

—Ýaňky gazalyňdan soň tohum-tijiň gulagyny şaňlatmasaň, gowy bolardy.

Hydyr diýeni hyrs çykan şahyr köpçüligiň öňünde öz abraýyny goramaga çalyşdy:

—Han aga, sen täk adam. Il diýilýän gudrat bolsa müňlerçe. Il meni oňlaýa. Oň üçinem, han niçiksi akyldaram bolsa, oň pikirini däl, iliň pikirini oňlamaly bolaryn ahyryn. Meni il goldaýa.

—Ajy hakykaty gizläp, süýji ýalana uýdurjak bolmagam ili sylamazlyga barar.

—Men gepimiň dürsdügini tekrarlamak üçin, iliň ynamyndan delil getirip bilerin..

—Oňa ynanýan—diýip, Gowşut han düşnüksiz ýylgyrdy.—Özüne nepi degjek bolsa, şeýtanam kurhandan delil getirýä.—Birdenem baş han ähenini peseltdi.—Ýaman görme ,men saňa hakykaty aýtdym. Şahyrlyk diýilýän Taňry beren senediň abraýyny gaçyrmaly däl. Öňbaşçyny öwme. Hanam hakyky han bolsa, öwgä mätäç däldir.Özüni magtaýany goldaýan han aknakdyr. Öwgini öwgä mynasyp däl adamlar küýseýä. Öwgä mynasyby öwmek ony kemsitmek bolar.

—Iliň magtaýan serdaryny ýüzüne öwäýseňem aýyp bolmaz, han aga...

—Dur!—diýip Gowşut han başyny ýaýkady.—Sen bir hakykaty unutma. Serdaryny ýüzüne magtaýan il ýeňlesdir hem betbagtdyr. Şol öwgini çyny bilen kabul edip bilýän serdaram akmakdyr. Onsoňam, edil özüň ýaly erkegi ýüzüne magtap durmagam erkeklik däl bolaýmasa..

Baş han ýürekden syzdyryp janyksa-da, onuň sözleri şahyra täsir etmedi.

—Hak sözümi bihal görüp, duşman okunma, han aga...

—Duşman okunamok. Ýöne dirikäň, ýüzüňe aýdylan galp öwgi öleňsoň, mazaryňa daş bolup atylar. Ýene bir gep: şahyr bol, serdar bol, ýaranjaňy hiç mahal il goldamaz. Goldaýa diýilse-de ynanma, galatdyr. Adyndan ýalan sözläp, üstüne günä ýüklemäňde-de, halk pahyryň göterýän ýüki ozalam ýeňil däl ahyryn.

... Daýaw göwresi kiçelip, hanyň atynyň kellesiniň aňyrsynda ýiten ýaly, Öre şahyr birden sumat boldy. Gowşut han onuň märekä siňip barýandygyny gördi-de:

“Ýene şol halk biçärä bukulmaly-da bular—diýip içini gepletdi.—Älhepus, halk diýilýäniň giňgursakdygyny!”. Öz adyndan ýalan sözlenýän halkyň ýene şol galp gepläni öz arasynda saklaýandygyna haýran galan han başyny ýaýkady. Çünki ol galat gepläni üçin utandyrylan şahyryň gaçybatalga gözläp, ymgyr çöle çykman, ýene şol halkyň içine siňenine şaýat boldy. Hawa-da, halk ýamanam ýaşyrýar, ajynam ýuwudýar. Halk—giňgursak.Ol özüne peýdaly ýüki-de göteräýýär, peýdasyzyny-da. Şeýdibem ol bihaýa kişilere pena bolup, olara özünden nep gazanmaga ýol açýar.

...Öre şahyr gidensoň, bili eriş bilen guşalan pes boýly ýaşuly öňe çykyp, hana ýüzlendi;

—Ýaňky aýdan sozleň bilen sen biziň göwnümizden turduň welin, biz biçäräň günäsinem öteweri, han! Il şü ýagdaýdaka, menem ýeke oglumyň toýuny tutmaly boldum. Nesibedir-dä, han. Ýogsam-a, şü pille bi gelşiklem däl ýaly...

—Gaty gelşikli, agam!—diýip, toý eýesiniň Öre şahyr bolman, başga kişi bolup çykanyna begenen Gowşut han höwes bilen dillendi.—“Toý bilen ýas bile geler” diýen gepi türkmen ýöne ýere tapan däldir. Toýuň mübärek bolsun!

—Aýdanyň gelsin, han aga!

—“Seýilem bir seýil, sergezdançylygam bir seýil” diýleni ýaly, bizem gaty aladaly barýakak, sebäp bilen toý üstüne geldik. Şeýdip, biziň aladamyzyň ýoly toýdan başlandy. Toý bilenem gutarar, enşalla. Seň toýuň türkmeniň indiki toýlarynyň başy bolsun, agam!

Hanyň hoş sözlerine göwni galkan ýaşulynyň ýüzüne şatlyk çaýyldy.

—Göwnüm bitdi, han aga...Indi atdan düşäýiň!

Gowşut han ýasama ardynjyrady.

—Biziň atdan düşüp oturmaga ýagdaýymyz ýok, agam. Biz bi toýy soň dowam edibereris. Bizi atdan düşürjek bolma. Aladamyz gaty ýetik.

Ýaşuly aýdylany goldap, baş atdy.

—Ony-ha bilýän welin..

—Bilýän bolsaň, “Toýa garrama ýok”. Nesip etse, biz seň agtyk toýuňa toparymyz bilen geläýeris—diýip ýylgyran han, ýoldaşlaryna göz aýlady. Olar baş atdylar.

Toý eýesi kethudalardan hoşal bolup galdy.

...Çil ýaly bolup gidýän pessejik ýapynyň gapdalyndan başlanýan sazaklyga girilende, Gowşut han at başyny çekdi. Giň düzlükde bir topar gyz-gelin görünýärdi.Ara esli bolansoň, han olaryň golaýrakdakylarynyň diňe birini— Töre sokynyň gyzy, Hangeldi sokynyň uýasy Güljemaly tanady. Han Töre soky bilen gatnaşykda bolany sebäpli gyzyny-da käte görýärdi. Ýöne şu mahalky ujuna gyrkylyk daňylan taýagy elinde tutup duran çepiksi gelniň öňdäki darkaşda adamsy Annaöweziň wepat bolup, ýaş başyna dul galjakdygyny, wagtyň geçmegi bilen hut özüniň gudaçylyga barmagynda Güljemalyň Nurberdi hanyň Gözel bilen Narydan soňky üçünji maşgalasy boljakdygyny, ahyrynda-da onuň tutuş Mary iliniň hany saýlanjakdygyny welin Gowşut han hyýalyna-da getirmeýärdi.

Gyz-gelinler bilen türgenleşik geçirýän erkekleriň birine Artyk ärsary diýýärdiler. Ol Mädeminiň Mara ugrandygynyň habaryny Lebap boýundan gaýdyp saryklara ýetiren, ol ýerdenem ýoldaş tapyp, Saragta çapar bolup gelen otuz ýaşlaryndaky ýigitdi. Onuň gylyç syryp, naýza işletmäge gaty türgendigi aýan

bolansoň, Gowşut hanyň hut özüniň haýyşy bilen Artyk ärsary häzirlikçe Saragtda galmaly edipdi.

Gelin-gyzlaryň türgenleşige gatnaşmagyna kethudalaryň birnäçesi garşy çykdy. Beýle pikiri Gowşut han goldamady. Ýöne olaryň türgenleşige çykmagy hökmany suratda däldi, her zenanyň öz raýyna görädi. Bolsa-da, baş hanyň islegini goldap, meýdana çykan gelin-gyzyň sany gaty käne ýetdi.

Zenanlara ýarag tutmagy öwredip, olaryň arasynda alakjap ýören Artyk ärsarynyň hereketlerini synlan Gowşut han:

—Artyk han iş başynda eken-ow!—diýip, ýanyndakylara hoşamaý söz atdy.

—Kişi bar— öz hatynyna aýdanyny etdirip bilenok, kişi bar— kişi hatynlaryna-da hökümini ýöredýär—diýip, Amansähet serdar degişdi..

—Kyn ýagdaýda bir agza garalsa gowy-da—diýip, degişmäni çyn ornuna kabul eden Gowşut han at başyny gapdala aýlady.—Biz zenanlara päsgel bermäliň!

Kän ýörelmän, erkek adamlaryň türgenleşik geçirýän ýerine ýetildi. Adam sany gaty kändi. Olar dost-ýar,taýpa-taýpa bölünip, on bäş—ýigrimi adam bolup, türgenleşik geçirýärdiler. Her kowçumyň arasy hem esli meýdan bardy. Şonuň üçinem atly hem pyýada nökerler aňyrsyna göz ýetmez meýdany eýeleýärdi. “Ýa,Alla!”, “Berekella!” diýen sözler atlaryň kişňemesi, hokranmasy, egri gylyçlaryň çaknyşmagyndan döreýän kelteden tutuksy ses bilen garyşansoň, adaty bolmadyk şowhun dik asmana göterilýärdi. Niredendir bir ýerden nyşana ok atýan tüpeňleriň gümpüldisi hem gelip ýetýärdi. Her ýerde,her ýerde tot-tozan asmana çykýardy. Bu görnüş parahat türgenleşigi däl-de, jan alnyp,jan berilýän agyr çaknyşygy ýatladýardy

Türgenleşik meýdanyna Gowşut hanyň ýanynyň kethudalary bilen gelendigi aýan bolandan soň, ýigitleriň oýny çyna ýazan ýaly boldy, tot-tozan güýjedi, goh-galmagal artdy, iki tarapa at salýan ýigitleriň sany köpeldi.

Baş hanyň gelmegi bilen gylyçdan ot çykarmaga ökde Çebşek batyr, Şalha batyr, Tozanly batyr ýaly bäş-alty sany tanymal adam gyra çekilensoň, türgenleşik täzeden gyzyşdy.

Köpüň ýygnanan ýerinde, onda-da bular ýaly ýagdaýda her hili garaşylmadyk wakalar-da bolaýýar. Ýüzin salyp gelýän dor at, edil bilgeşleýinden şeýden ýaly, ýaşulularyň deňine ýetende, tüwdürilip gitdi. Ýykylanda tozana garylan ýigit bolsa, esli salymlap duranlaryň nazaryndan gaýyp boldy. Adamlar at toýnagy ýigidi heläkländir ýa-da, iň bolmanda, maýyp-müjrip edendir öýtdüler. Emma tozan ýatyşansoň, atyň tüwdürilen ýerinden turup, esli ýerde aýak çeken bedewine tarap ylgap barýan ýigide gözi kaklyşan Gowşut han:

—Hudaý gorady batyry!—diýip, başyny ýaýkady.

—Nany bitin ekeni!—diýip, Täçgök serdar hem hyrçyny dişledi.

Baş han bu ýere birneme gijigip gelipdi. Gaýrarakda, ýene üç günden soňa bellenen uly türgenleşige gelmelidigini ýatladyp, ýigitlerine öýli-öýüne gaýtmaga eýýäm rugsat beren serdarlaram bardy. Oňa garamazdan, Gowşut hanyň gelip duran ýerine golaýdaky ýigitler türgenleşigi dowam edýärdiler.

Nyşana ok atyşmak gezegi geçensoň, eginleri uzyn nilli gara myltykly adamlar bir gyra çekilip durdular. Olar nobatdaky türgenleşige tomaşakär bolmakçydylar. Täze baranlar bolsa, nyşanany didiwana mündürip, howlukman çeneýärdiler.

Türgenleşigiň soňky tapgyry nyşana at üstünden naýza sançmakdy. Ýigitleriň köpüsinde-hä agyz dolduryp, “Naýza” diýer ýaly naýza-da ýokdy,—ujuna gyrkylyk ýa-da ak saply daňylan uzyn taýakdy, syrykdy. Gyrkylyksyz, synnysyz, ujy ýiti ýonulan taýak tutup duranlaryň ýagdaýy-ha, hälki bir, gyzyl ýümrukdan elhalrak diýäýmeseň, bir seretseň-ä, gülkünjirägem bolup görünýärdi. Şonuň üçinem ujy demir çişli naýzaly ýigitleriň howalasy belent ýalydy.

Atlylar bilen pyýadalar bölünmän, bir toparda türgenleşýärdiler. Çünki hakyky söweşe girilende, atly bilen atly, pyýada bilen pyýada aýry-aýrylykda garpyşman, mäjum bolunýan ýagdaýlaram bardy. Şonuň üçinem pyýada nöker at toýnaklarynyň arasynda-da gara başyny çaramagy öwrenmelidi.

Çebşek batyr Gowşut hana ýüzlendi;

—Han aga, Saragtda saman gaplar ýaly halta-da goýmadyk öýdýän. Ählisini deşip çykan bolaýmasak.

—Zeleli ýok, batyr. Deşip bilseňiz, nyşana tapylar, Göwekden[1] gaýry ähli zadymyzy siz üçin nyşana öwürmäge biz razy. Gaýrat ediň!

Kimdir bir dili duzly:

—Mädemini-hä göwegiňem aýryp garşylaýsaň bolman durmasa gerek!—diýdi.

—Seni göweksiz öňe goýbererdik welin, soň sünnet toýuňy etjek bolup harajat çykarmaly bolaýmasak, goçagym—diýip, Gowşut han sözüň ýatymyna görä jogap gaýtardy.

Töwerek gülkä gaplandy.

Baş hanyň aty öňe, naýzaçylara tarap ýöredi.

Naýza türgenleşigine ýygnanan ýigitler ondan,on bäşden bölünişip durdular.

Her toparyň öňünde-de, takmynan otuz ädimlikde eşek ýa-da düýe bardy. Olaryň üstüne-de içi samandan, sypaldan, süplükden dolduryIan halta ýüklenendi.

Çala görünýän gulagyna gözüň düşäýmese, gaba ýükden ýaňa eşegiň dagy haýsy haýwandygynam tanar ýaly däldi. Käbir eşegiň üstündäki bolsa, daşy ýüp bilen mäkäm daňlan syrkynmydyr-y—selmedi.

Aňyrdan at salyp gelýän adam haýwanyň ýüküni sançmalydy ýa-da egri gylyjy hakyky söweşdäki ýaly edip salmalydy.

Gowşut han hem onuň ýanyndaky adamlar ýaňy murty taban ýigitleriň, ýigitlik bilen birçak hoşlaşan çekgesi çalaranlaryň edil hakyky duşmana topulýan ýaly bolup, üsti ýükli mallara tarap topulyşlaryny synladylar. Ýigitleriň hereketi, olara sapak berýän halypalaryň joşguny baş hanyň keýpini göterdi. Emma duýdansyz ýüze çykan ýagdaý, onuň keýpiniň üstüne sogan dogrady.

Nyşana naýsa sançmaly adamlaryň üçünji topary türgenleşigi tamamlap barýarka, atyny ýüzin saldyran ýigidiň göwün diýeni bolmady. Ol “Ýa,Alla!” diýip, naýzany ganaryň ortasyndan salanda, onuň ujy bir gaty zada degip, ýaragyň beýleki ujy ýigidiň kükregine direldi. Ýigit şol bada atdan agdy. Üsti eýesiz galan at jylawyny sallap, aňyrlygyna gitdi.

Bir topar adam ýigidiň atdan agan ýerine tarap ylgady.

---

[1] Göwek—ýalaňaç adamyň uýat ýerini görer gözden gizleýän örtük, mata.( awtor).

Gowşut han, Täçgök, Amansähet serdar hem ýene birnäçe kethuda ol ýere baranda, eýýäm iş işden geçen eken. Hemmeden öňürti gelip ýeten biriniň dyzynyň üstünde başy goýlan ýigidiň gözleri ýumukdy.

Bolan ahwalatyň manysyna at üstünde oturan ýerinden göz ýetiren Gowşut han içini gepletdi: “Ýowuň öňem, soňam gansyz bolmaýa-da!”

✧✧✧

Kyn ýagdaýa sataşylsa-da, Daňatar aganyň garyp tüneginiň gapysy ýapylmady—ojagynda ot ýandy, tüýnüginiň tüssesi kesilmedi. Agyry-ýeňil, durmuş dowam etdi.

Gowulyksyz erbetlik ýok, ýagşylyksyz-- ýamanlyk. Daňatar aganyň ölümi Karkara mynasyp däl adamlaryň gudaçylyk ýoluny kesdi. Beýle ýagdaýyň hemişelik bolmajakdygyna Gurban düşünýärdi. Türkmençilikde ýakyn garyndaşy, has beterem enesi ýa-da atasy dünýäden öten maşgala bir ýyl geçmese, gudaçylyga gelinmeýärdi. Bir ýyldan soň ýene ýol açylýardy. Emma görüm-göreldäniň, ýygralygyň täsiri Gurbanyň, düşünjesinden, isleginden ýokary gelýärdi. Ýöne daýysynyň kyrky geçip, ölüm ýarasy birneme könelişip başlanan soň, ol hem başgaça pikir edip ugrady.

Gurban Karkara bilen bir gapydan bir tünege girip çykýar. Ikiçäk gürrüň etmäge wagtam bar, mümkinçiligem. Ýöne ol kalbyndaky arzuwy daşyna çykarmaly bolanda welin, derrew ýöwselläýýär. Ýogsam, ol düýşünde ýa-da hyýalynda edýän hereketleriniň iň bolmanda üçden birini hakykat ýüzünde gaýtalasa, arzuwy amala-da aşaýjak welin. Özi hereket edäýmese, Karkaranyň öňürti dil ýarmajakdygyna-da Gurban akyl ýetirýär. Ölçerýär, dökýär. Çykalga-da näçe diýseň bar ýaly. Ol iň bol manda Kelhan Kepele ýaly janyny ynanýanynyň, Ýazsoltan ýeňňe ýaly hormat goýýanlarynyň ýanynda içini döküäýmeli ahyryn. Emma ony-da başaranok. Ol şu gün Karkara hakda pikir edende, ertir aýgytly herekete geçmäge özüne wada berýär, irden bolsa wadanyň bitmeli möhletini ýene ertire goýýär. Şeýde-şeýde, Taňrynyň beren günleri hem yz-yzyna geçip barýar.

Gurban düýn türgenleşige gidip gelenden söň, üýtgän ýaly boldy. Sebäbi, gan döküşilmeli söweşiň öňündäki türgenleşige çagyrylan bolsa, indi ol oglan-oglanjyk däldi.Ganly söweşe oglanjyk däl, uly adamlar, mert adamlar gatnaşdyrylýar. Indi Gurbanam şolaryň biri hasaplanýar eken. Ol öňde duran, aýtmaklaryna görä gaty aýylganç bolmaly söweşe girmekden, duşmanyň ganyny dökmekden, öz ganynyň dökülmeginden ýaýdanmaýar. Gaýtam ol çaknyşyga özi üçin mertligiň synagy hökmünde garaşýar. Emma şol howply wakadan çekinmeýän ýigit sulhy alýan gyzyna howply däl bir habary aýtmaga welin ýaýdanýar.

Öten agşam şol barada oýlana-oýlana Gurban özüne öňkülerindenem beter igendi, sag-aman ertire çyksa, Karkara bilen açyk gürrüň etmek üçin öz öňünde kasam içdi. Şony başarmasa, özüniň bigaýrat hasaplanmagy bilen-de ylalaşdy. Tekeler arasynda atlary uly hormat bilen tutulýan il gahrymany bolan Tozanly batyr, Çebşek batyr, Amansähet serdar, Durdy han, Gajar baý ýalylar bilen bir hatarda ilki türgenleşige, yz ýanyndanam uly söweşe çagyrylýan ýigit bir gyzyň öňünde mertlik görkezip bilmese, eline ýarag alyp, duşmanyň öňünde mertlik görkezip bilermikä?

Şeýle içgepletmelerden ýorgan edinen ýigit ony başyna çekdi. Ol ýorgan gijäniň bir mahalyna çenli, tä uklaýança, agyr ýük bolup Gurbanyň üstünden basdy durdy.

Ertir irden Gurban sag dulda gap-gaja güýmenip oturan Karkaranyň takyrdysyna oýandy. Oýanan badyna-da agşamky ýapynan pikir ýorganynyň henizem üstündedigini duýdy. Agşam başlanan hyýalyň arasy bölünmän, ertire çenli dowam eden ýaly boldy. Bolsa-da, gijeki batyrlyk öňki hörpünde däldi. Ol ýene özüne gyjalat berdi. Ýöne aýdylmaly gepi haýsy sözden başlajagyny welin bilmedi.

—Sag-aman turduňmy?—diýip, gaýtam, onuň oýanandygyny gören Karkaranyň özi öňürti dillendi.

Ýorganyň üstünde aýbogdaşyny guran Gurban dogumyny, hyjuwyny, batyrlygyny dilinde jemlemäge özünde erk tapdy.Gurban Gurbany ýeňdi.

—Men, Karkara, dogrymy aýtsam...uzynly gije ýatman diýen ýaly, neme, bir zadyň pikirini edip çykdym...

—Uzyn gije ýatyrmaz ýaly o nä pikir beýle?—diýip, inçe gyzlyk duýgusy bir zady syzan Karkara hem gulak, göz bolup, Gurbana tarap garady.—Mädeminiň pikirini etdiňmi?

—Ýok-la. Seň pikiriňi etdim... hem öz pikirimi...

—..................................?!--Karkaranyň ýüzi gyzaryp gitdi.

—Biz şeýle güne düşdük, Karkara. Nesibämizde bolandyr-da...

—Hawa—diýip, aýdylany tukatlyk bilen tassyklan Karkara gepiň yzyna garaşdy.

—Daýym bilen daýzamyň işigi petiklenmez ýaly,ony ikimiz bile açyp ýapaýaly diýjek bolýan. Men şoň pikirini etdim. Sen nähili görýäň?...

Näme etjegini, näme diýjegini bilmedik gyz aljyrandygyny bildirmejek bolup, saga-sola garanjaklady. Öýüň hemme goş-golamy ýeke-ýekeden göz öňünden geçenden soň, onuň nazary dulda duran süýtkädide eglendi. Ol çalt turup, süýtkädini goltugyna aldy-da, öýden çykdy, gapyny ýapyp gitmegi bolsa unutdy.

Daşardan gelen salkyn şemal içerä urdy. Açyk duran işige sereden Gurban gapynyň ýapylman galmagyny ýagşa ýorup,onuň bu öýe girilip-çykylmagynyň dowamly bolmagyny Karkaranyň goldaýandygy bilen baglanyşdyrdy.

✧✧✧

Mädeminiň iki sany sary topy, bir mähnet pili, agyr sülsady yzyna tirkäp Mara gelmegi il arasynda göze görnüp duran galagoplyk hem döretmedi. Sebäbi, Hywanyň Marydaky dikmesi Nyýazmuhammet baýyň jemi iki ýüz çemesi mollasy, kethudasy, hammaly, hasapçysy uzak wagtyň dowamynda ilat arasynda wagyz-nesihat geçirdi. Mädeminiň Mary topragyna gelip ýetmezinden has ozal başlanan beýik Hywa hanlygynyň ähli musulman bendeleriniň, ylaýta-da, Mary saryklarynyň çyn howandarydygy barada, hanlygyň Buhara bilen Eýranyň Mary welaýatyny tozdurmak maksadyny puja çykarmak üçin ýollan adyl hem hoşgylaw wekilleri duz-çorek bilen garşy alynsa, sogap boljakdygy hakdaky düşündirişleriň bitiren işi uludy. Emma Hywa goşuny Mara gelenden soňky hakykat olary näme bilen garşy alsaň sogap boljakdygynyň sapagyny öwretdi.

Uly guşluk bolup barýarka, Nyýazmuhammet baýyň belent derwezesinden at derledip giren iki sany çapar Mädeminiň ertir agşama golaý gelip düşjekdiginiň habaryny berdi. Olar Ketde Kişmandan geçilenden soň, goşundan ozup gaýdan ekenler.

Belent mertebeli myhman garşylanyşynyň özünde bar bolan ähli mümkinçiligine görä, ozaldan taýynlyk görenem bolsa, çaparlar gelip ýetenden soň, Nyýazmuhammet baýyň kiçi göwresi uly howla sygmady. Hut öz nazaryndan geçirmese, haýsydyr bir zat kemter ediläýjek ýaly, ol geňeşçileriniň birnäçesini yzyna tirkäp, jaýdan çykdy. Ol hatda palaw üçin gazylan ojaklaryň üstündäki gazanlaryňam käbiriniň gulagyndan basyp gördi. Alkymlap gelen baharyň ýagyş-ýagmyryndan penalanmak üçin aňyrsy at gaýtarym, hatar-hatar, telärleriň astynda, her ýerde-her ýerde goýlan suwçilim kädileri boýny inçe garynlak adamlary göz öňüne getirýärdi. Adama meňzeş suwçilim kädileri hem gözden geçirildi. Telärleriň gutaran ýerinde ullakan jaý bardy. Nyýazmuhammet ol jaýyň eýwanyna baryp aýak çekdi, yzyna gaýtjak ýaly hem etdi-de, bir zat ýadyna düşene meňzäp, eňsini galdyrdy. Emma onuň ýany bilen ýören adamlar şol jaýa girmezlige ozaldan tabşyryk alan ýaly eýwanda saklandylar.

Nyýazmuhammede ähli zatdan zerury şol jaýdy. Bäş-alty otagly ol jaý Mädemin hanyň hut özüne niýetlenendi. Beýik han şol ýerde ýaşamalydy, aýşy-aşrat çekmelidi. Iň uly otagyň diwarlaryna çenli üýtgeşik Hywa syrçasyna bezelendi, töründe bolsa, göýä diýersiň, on adam bile ýatýan ýaly bir gulaç beýiklikde mähnet körpeçe goýlupdy. Nyýazmuhammet baý uly otaga girip, öňi bilen körpeçäniň üstünden basyp gördi. Onuň goşaryndan aşagy ýumşak ýüpegiň içinde gizlendi. Şondan soň ol gapa tarap dolandy-da:

—Hasanany çagyryň!—diýdi.

Kän garaşdyrman, orta ýaşan, saryýagyzdan dolmuş aýal geldi. Öwrendikli aýal gizlin gürrüňiň bardygyny aňyp, gapyny hem mäkäm ýapdy.

—Hemmesi näçe?—diýip, baý haýdan-haý sowal berdi. Sowal gümürtik hem bolsa, Hasana üçin düşnüklidi.

Hywa hanlygynda gijelerini gelin-gyzlar bilen oýnaşyp, aýyşda geçirmegi dünýä maly bilen çalyşmaýan adamlaryň köpdügini bilýän, käte garaw gaýtarjak hossary ýok türkmen gyzlaryny-da olara sowgat eltýän Nyýazmuhammet baý Mädemini hem onuň ýakyn egindeşlerini diňe bir saryk, salyr, tekäniň nepis halylary bilen serpaýlaman, näzenin gelinler bilenem hezzetlemek isleýärdi.

Hasana kän garaşdyrman, jogap gaýtardy.

—Hemmesi ýedi sany, baý aga.

Baý bir zady aňynda hasaplaýan ýaly bolup, oýa batansoň:

—Başga tapylmadymy?—diýdi.

—Şol ýedinem zordan tapdyk.

—Hiç kim ol işe razy bolanok, baý aga.

—Sebäbi näme? Sen hak-heşdeksiz çagyraňok ahyryn.

—Sebäbi, baý aga, bu etraplarda menden başga ol işe döwtalap aýal ýok.

Nyýazmuhammet öz ýasawuna görä gödek gepledi hem ýaňsyly ýylgyrdy.

—Akmak gyrnak! Sendenem aýal bolarmy? Seň aýallygyň iki müçe mundan ozal şemala sowrulan ahyryn.

—Ömrüň manysy, erkekligiň, aýallygyň ahyry şeýle-dä, baý aga.—Hasananyň bu sözleri baýyň özüne degişli edip aýdan bolmagy-da ahmal,emma Nyýazmuhammet oňa üns hem bermän:

—Tapan aýallaryň ýedisem derde ýarar--diýdi.- Ýöne Mädemin han üçin münülip ýagyr edilen maýryk baýtal ýalysyny däl-de, münüş görmedik perizat tapmaly. Sen şol sözüň manysyna düşünýäňmi, Hasana?

—Aňyrsyna-da geçýän. Ýöne o diýýäniňiz tapylmaýa.

—Saryk obalaryna assyrynlyk bilen ser salynsa nädýä?

Ol maksadyň berjek netijesini öňünden bilýän Hasana arkaýyn jogap gaýtardy.

—Saryklara beýle ýumuş bilen söz gatyp bolmaz, baý aga. Saryk erkekleri uýasyny ýa-da hatynyny başga biriniň aşagynda goýandan öz gara kellesini paltaň astynda goýanyny gowy görýäler. Men olara belet, baý aga.

Nyýazmuhammet baý esli garaşdyryp gepledi.

—Uz owadan gaýtarmalara-da gyran degdimi?

Hasana dymdy.Onuň dymmagy baýyň isleginiň amala aşmajakdygynyň sözsüz jogabydy.

Hasananyň "Ýedi sany" diýýän zenanlarynyň ýedisini hem baý tanaýardy.Olaryň bary otuz ýaşdan ätländi, köpüsi bolsa Hywanyň özünden, ýorite şol işden eklenç gözläp, gaçyp, tezip gelenlerdi. Olaryň hiç birindenem dikmäniň göwni suw içmedi. Indi olaryň "ýygan ýandagyny" gaty horan bolaýmasa, çümhörek düýe-de iýmeýärdi.

Baý gaýtarma hakdaky öňki sowalyny ýene gaýtalady. Hasana ýene dymdy.

Nyýazmuhammet baý onuň ýagdaýyna düşündi, şonuň üçinem tukatlandy.

Şöhratparazlygyň, ýaranjaňlygyň etdirmejek wejeralygy, baş goşdyrmajak bihaýalygy bolmaýar ekeni. Nyýazmuhammet baý Maryda saryk, salyryň arasynda öz häkimligini has-da berkitmäge, soňabaka hem Saragt tekeleriniň üstündenem hanlyk etmäge ymtylyp, elinden gelenini etmelidi. Mädeminiň dura-bara ähli türkmeni özüne tabyn etjekdigine ol ynanýardy, Hywanyň güýjüni bolsa hut öz güýji hasaplaýardy. Özüniň güýjemegi üçinem şu gezek Mädeminiň göwnünden turjak hyzmat görkezmelidi. Emma onuň şor maňlaýyna, saý-sebäp bilen gelen uly myhmanyň goltugyna salar ýaly hoşsurat gyz hem tapylmaýardy. Onuň dogrudanam tapylmanyna Nyýazmuhammet baý ynansa-da, Mädemin hanyň ynanmajagy welin bellidi. "Duz bilen gyza-da gytçylyk aralaşjak eken-ow!" diýip, içini gepleden baý, bahar aýy güle-gülälege meňzäp, gül-gülälekli meýdana çykýan saryk, salyr gyzlaryny göz öňüne getirdi, göwün ýüwürtdi.

Şöhratparazlyk Nyýazmuhammet baýy adamçylygyň geçmäge milt edip bilmejek serhedindenem ätlemäge mejbur etdi. Ol ukudan açylan ýaly bolup, Hasananyň gulagyna pyşyrdady.

—Aýsuluwy getir bu ýana! Ýöne ol barada ýeke ynsan bir zat biläýse, şol günüň özünde aýdanyňam, eşideniňem başyny alaryn. Şuny berk belle.

Aýsuluw Nyýazmuhammet baýyň öz gyzydy. Baý on alty ýaşly, diýseň görmegeý gyzyny üç aý mundan ozal Mädemine jany-teni bilen hyzmat edýän Bekmyrat tekäniň uly ogluna äre beripdi. Ol häzir atasynyň öýünde gaýtarma bolup gezip ýördi...

Kän mahal geçmän, uzyn boýly, owadan gara gözli, inçebil Aýsuluw jaýa girdi.

Ol ýüzüniň ýarysyny eli bilen tutup, gapynyň agzynda keserip durdy-da:

—Ata, çagyran ekeniňiz?!—diýdi.

Gaharlydygyny gizlemek islän baý, emeli ýol bilenem bolsa, gülümjiredi:

—Aýsuluw jan, balam, näme tukat görünýäň? Sen bu gün şat bolmalysyň, şat görünmelisiň. Seň ataň öýüne beýik Hywanyň belent hany myhmançylyga gelýä. Sen bu gün şady-horram bolmalysyň. Sen öýüne otuz müň atly myhman gelýän goly giň atanyň gyzysyň, balam. Sen oňa şat bolmalysyň...

Ýygra gaýtarmanyň sesi çalaja çykdy:

—Men oňa gaty şat, ata!

—Şat bol, gyzym, şat bol. Meniň abraýym—seniň abraýyň. Ikimiziň abraýymyz—tutuş Mary iliniň abraýy...

—Men oňa düşünýän, ata.

—Düşüneniň gowy,gyzym.Biz bu gije, tä daňdana çenli ulug myhmanymyz bilen söhbet açyp oturmaly. Görübilmedigiň gözi çyksyn! Ojagymyzda aýşy-aşrat başlanar. Uly il haýrana galar.. Senem, balam, biz bilen oturmaly bolarsyň.

Aýsuluw çalaja hereketlendi, emma sesini çykarmady.

Nyýazmuhammet gyzyna täsir etjek gep agtardy. Ýöne islegine laýyk söz hem tapmady. Her niçik-de bolsa öz gyzyna “Han bilen bir gije ýakyn bol’ diýip, göni aýdaýmak Nyýazmuhammede-de ýeňil düşmedi. Barybir, ol aýlawly sözleriň üsti bilenem bolsa, gyzyna aýtmalysyny aýtmaga mejbur boldy.

—Senem, balam, myhmanlaryň arasynda oturarsyň. Sen, balam, Aýsuluw jan, iň ketde myhman bolan Muhammedemin hanyň agzyna eňgur tutup bermeli bolarsyň..

Aýlawly sözleriň hakyky manysyna tiz düşünen Aýsuluw tisginip gitdi. Onuň sesi atasynyň gulagyna öz gyzynyň sesi däl bolup eşidildi.

—Ýok, men hanyň agzyna eňgur tutup bermen, ata. Ol aýyp bolar..

—Oň aýby bolmaz, balam, aýby bolmaz. Seniň han agzyna eňgur tutan gollaryň her gezek ýokaryk galanda, ataň abraýam bir gez beýgeler. Sen oýlan, gyzym!

Ýüzüniň ýaryny gizläp duran elini ýaňagyndan aýran Aýsuluw aýgytly sypata geçdi:

—Ýok, ata, men ony başarman. Siz meni agzyna eňgur tutdurmak üçin ozal birine berdiňiz. Şol maňa bes.

Baý öz gyzyny yrmaga täsirli söz agtaryp, aşak seretdi. Onuň gözüne kaklyşan täze halynyň gölleri hem gyz bolup göründi. Ol ýene bir zat diýmek üçin başyny galdyranda, gyzyna gözi ilmedi. Atasynyň jogabyny beren gyz eýýäm jaýdan çykyp giden eken. Oňa haýran bolup yza tesen baý, Mädemin hana niýetlenen körpeçäniň üstüne agdarylyp gitdi.

✧✧✧

Afsalýolly Tährana dolanyp barandan soň, kän wagt geçmän, Saragta Sadryagzamyň adyndan täze bir hat geldi. Ol hatda ozal berlen wadanyň çyndygyny tekrarlamak üçin onuň bir şertiniň tizden-tiz berjaý edilmelidigi, ýagny kyrk öýli turkmeniň girew iberilmelidigi hakda aýdylýardy.

Bu gün girew üçin gitmeli adamlar ugradylýardy. Şonuň üçinem Saragt galasynyň öňi uly galmagaldy. Gidýän kyrk öýli bolsa-da, ahli teke Eýrana göçýän ýaly Saragt sebitiniň köp ýerinden gaty kän adam gelipdi—kim gidýärdi, kim gidýäni ugradýardy. Gäwüş gaýtaryp oturan inerleriň ýanyndaky elleri ýanagaçdyr tanaply, toýnukly adamlar düýelere ýük urmaga häzirlenýärdiler. Kim gara öýüň uklaryny goltuklap gelse, kim bir düýeden düşürilen tüýnügi başga bir düýä ýükleýärdi. Suwdan doly meşikler, azykly çuwallar onda-munda pytraşyp ýatyrdy. Görnüş guýynyň başynda ýük ýazdyran çarwa göçüni ýatladýardy.

Köne derwezäniň alkymanda Oraz Ýagly, Gowşut han, Seýitmuhammet işan, Pendi baý,Amansähet serdar bäşisi durdy. Olar bir zadyň gürrüňini edýärdiler. Ýaşulularyň golaýragyndaky uzyn boýly, tegelekden nurana ýüzli, egni agar çäkmenli ýigit, edilýän gürrüňe goşulman, ýüzüni aşak salyp, donunyň bagjygyny oýnap durdy. Ol Ňepes mollanyň uly ogly Muhammedrahymdy.

Az salym geçensoň, orta boýly, aýagy gara ädikli, dolmüş ýigit geldi-de, ýaşulylar bilen salamlaşansoň, Muhammedrahymyň ýanyna baryp saklandy. Ol Oraz Ýaglynyň ogly Sahytnyýazdy.

—Sen, ogul, o ýerde durma-da, hanyň alnyna bar. Seni han çagyrdy—diýip, goja ogluna ýüzlendi.

Sahytnyýaz baş hanyň golaýyna bardy.

—Kakaňam ozal habardar edendir, inim--diýip, Gowşut han oňa ýüzlendi.—Men seni Eýrana atarmakçy. Muhammedrahym ikiňiz girewe ugraýanlar bilen gidersiňiz. Ikiňizem sowadyny çykan adam. Kyrk öýliniň girewe goýlandygyny tekrarlaýan hat alyp gaýdarsyňyz..

—Men razy, han aga, Ýöne..—diýip, Sahytnyýaz gyssandy.—Ýöne haty kimden almaly? Muhammedrahym ikimiz şa huzuryna baryp bilmeris ahyryn?

—Size şa huzuryna barmak hajaty ýok. Hat işiňizi Sadryagzam wezir bitirer.Sadryagzamyň adamlary girewi has bärde garşylamalydyrlar.Siziň Tährana ýa Maşada barmak aladaňyzam bolmaz.

Günbatar tarapdan gelen tüpeň sesi hanyň sözüni böldi. Duranlar üşerilişdiler.

Ajygam depäniň üstünden bir ak atly göründi.

—Ýagmyryň aty!—diýip, Pendi baý ony tanady.

Ýagmyr diýilýän Nepes mollanyň ýany bilen kerwene goşulyp, Ahala galla äkiden ýigitleriň biridi. Tüpeň atylmagy bolsa uzak ýola giden adamlaryň aman-esen dolanandyklaryny habar berýärdi. Olaryň gidenine ýigrimi  gündenem kän geçenden soň, Saragtda birneme biynjalyk hem bolunýardy.

Üç-dört sany ýigit Ajygam depä tarap at saldy.

Galanyň töwereginde üýşmeleň bolsa, mydama gelip ýetýän Atanazar batyl bu gezegem köne endigini bozmady. Ol indi telim ýyl bäri gaýtalap ýören şol bir aýdymyny aýdyp, gala tarap ýönelenden, işli-işiniň arasyny bölüp, tanyş sese diň saldy. Hatda düýeler-de, bir zadyň bardygyny duýýan ýaly, goja tarap seredişdiler. Atanazar aganyň agtygy ýarym ýylyň içinde esli tokarlanypdy ýa-da başyndaky gaba

gyrkma telpegi ony tokar görkezýärdi. Atasy galanyň agzyndaky duranlar bilen görüşende, oba-oba aýlanyp, köpden edep gören oglanjygam, edil uly adam ýaly bolup, ýaşulylar bilen gol gowşuryp salamlaşdy.

—Atanazar aga, ilde näme gep bar?—diýip,Amansähet serdar derrew sowal berdi.

Atanazar aga endigine görä, agtygynyň egninde elini goýdy:

—Ilde gep köp. Ýöne gepiň iň tommaýlysy—müň lek goşuna baş bolan Mädemin han Mara gelip, goş ýazdyrypdyr. Saragt bilenem il bolmak isleýämiş.

— Habaryň başy gowy bolmasa-da, soňy gowy. Saragt bilen il bolýanyň sany köpelse, oňa ýetesi zat ýok—diýip, Oraz Ýagly, näme üçindir, ýaňsyly ýaly äheň bilen gepledi. –Iliň üstüne goşun getirip, il bolunýamyka?..

Adamlar Nepes mollanyň gelerine garaşýardylar. Emma Ajygam depe tarapdan şol ak atlydan gaýry gara görünmeýärdi.

Birden garaşylýan tarapdan däl-de, galanyň gündogaryndan dört-bäş sany atly-ýaragly adam göründi. Olaryň iň öňdäkisini Oraz Ýagly tanady. Gara atyň üstünde gaýşarylyp oturan ol oglansypat kişi Babanyýaz atlykdy. Oraz Ýagly dört ýyl mundan ozal Hywa baranda, haýsy wezipäni amal edýändigini bilmese-de, onyu hana golaý adamlaryň biridigini aňypdy.

Atlylar on-on bäş adim golaýa gelip jylaw çekdiler. Eýerden düşen Babanyýaz atlyk öz atynyň jylawyny ýoldaşlarynyň birine tutdurdy-da, duranlaryň ýanyna gelensoň:

—Essalawmaleýkum!—diýip, haýkyryp salam berdi, çalt-çalt ädim urup, öňürti Oraz Ýagly, soňam beýlekiler bilen görüşdi.

Köpi gören Oraz Ýagly ýagdaýyň magadyna ýetdi. Ol, gaýtaryljak jogaby öňünden aňsa-da, sypaýyçylykly gepledi.

—Musulman bendeleri, eger-de ki siz myhman bolup gelen bolsaňyz-a, atyňyzy keçeläli—myhmanymyz boluň. Geçip barýan ýolagçy bolsaňyzam, atyňyzy tutaly—duz-tagam dadyp geçiň. Ikisinem makul kylmasaňyz, onda habaryňyzy aýdyp duruň!

Babanyýaz atlyk mylaýym sözledi:

—Han aga, biz uzak ýoldan gelen ilçilermiz. Biz mertebesi belent Muhammet Emin hannyň sizlere goýberen mähtubyny alyp geldik.

—He, ilçi diýsene. Köp ýagşy!

Ilçi donunyň goltugyndan çykaran kagyzyny Oraz Ýagla uzatdy. Han ony alma dy-da, Gowşut hana tarap elini salgady.

—Teke hany Gowşut han. Habaryňyz bolsa, maňa däl, oňa beriň!

Han öňünde tagzym etmek mekdebini kemsiz geçen Babanyýaz atlyk Gowşut hana baş egende, onuň at üstünde oturan ýoldaşlary hem şol hereketi gaýtaladylar.

Hatda ýazylmagyna görä, "Saý-sebäp bilen" Mary topragynda düşlän Hywa hany teke hanyna hem tutuş Saragt ilatyna dogaý salam gönderýärdi, köp-köp ýagşylyklar dileýärdi, yzyndanam, "Eger Huda halasa", Gowşut hanyň öz huzuryna gelip-gitmegini towakga edýärdi.

Elbetde, beýle sypaýçylyky hatyň yzynyň döwmesi kyn çöpüniň bolmalydygy Gowşut hana düşnüklidi. Ol birneme wagt utmalydy. Onsuzam ol ilçileriň yzy bilen

Mara tarap atlanybermekçi däldi welin, girew üçin gidýänleriň Eýrana aşandyklaryna göz ýetirmän, Mädemin bilen duşuşmak islemeýärdi

Ýene bir gezek hödürlenen duz-tagam iýmek mürähedini kabul etmedik ilçileri teke hanynyň häzir zerur aladasynyň bardygy, onuň ýene dort-bäş günden Mädemin hanyň huzurynda boljakdygyny aýdyp, ýola saldylar...

Girewe gidýänleriň hem olary ugradýanlaryň arasynda ýaşulular bilen aýlanyp ýören Gowşut han ýerinden turan ineriň gapdalynda aýak çekdi. Ol ýerde uzyn boýly, gürzelek sakgally goja durdy. Onuň gapdalynda ýaş ýigit hem burnunyň üstünden ýaşmak aýlan gelin bardy. Gelin hanyň gözüniň alnynda elindäki bir ýaşlaryndaky çagany aksakala berdi-de, hünübirýan aglamaga başlady.

Çagany bagryna basan goja birhili tutuksy ses bilen:

—Goý, gelin, gözýaş etme!—diýdi.—Pelek işidir bu zatlar. Alla ugruna etse, sag-aman ýurda dolanarsyňyz.

Çaga boýnundan ýapyşanda, ýaşulynyň özi hem hapa bolman durup bilmedi. Ol öz ýagdaýyny töwerekden gizlemek niýeti bilen, agtygyna güýmenen boldy. Emma onuň sesi welin garyljyk çykdy:

—Babagammarym, how! Gammar babam, how! Sen gelinçäň,garry ataň garaşar, how! Goçjak ýigit bolup gelersiň, how!

Gowşut han ýaşula golaýlap, salam berdi.

Ýaşuly salam alsa-da, hapa bolanyna utanyp, hanyň ýüzüne garap bilmedi.

Hanyň:

—Mert bol, agam. “Il bilen gelen toý-da—baýram”—diýen sözleri gojany birneme gurplandyrdy.

—“Il bilen gelen toý-da-baýram”, han aga. Mertdiris, bolarysam, enşalla. Ýurda gerek bolsa, Eýran däl, ondan aňyrragam gideris.

—Şeý diý, agam. Bizem şü göç-hä-göçlügi keýpihon edemzok.

—Oňa-da akylymaz çatýa, han...

Baharyň ilkinji aýynyň tutuk asmanyndan damja damyp başlady. Arkaýynçylyk bolanlygynda, maşgalasyny girewçi edip ugradýan ýaşuly: “Ýagaweri, gurbany boldugym!” diýip, ýagmyry ýüzüne sylardy. Emma ol bu mahal ygal hakda oýlanman, diňe näçe mahallykdygy hem näbelli girewçilik barada pikir edýärdi.

Ajygam depe tarapdan täzeden galmagal eşidildi. Üsti ýükli kerwen göründi. Ahalda tapyldygyndan ýarag alyp gelýän Nepes molla Saragta dolanypdy.

Uzakdan Nepes molla gözi düşüp, girew ugradýanynam az salymlyk unudan Gowşut han Ajygam depä tarap ýöneldi. Ol dört-bäş ädensoň, başyndaky telpegini eline alanynam özi duýmady. Baharyň ilkinji damjalary bolsa, hanyň giň maňlaýyna gelip düşýärdi.

✧✧✧

Hywa goşunynyň öňbaşçylarynyň Nyýazmuhammet baýyň kabulhanasynda iýip-içip, keýp-sapa çekip ýörendikleriniň habary Arnaguly sarygyňam gulagyna ýetdi. Ol bir gün-ýarym gün iç girip-daş çykyp, töwerege ser saldy. Üýtgeşik zat görünmedi. Obada öňki-öňkülikdi, imisalalykdy.

Bir gün Arnaguly başga-da daşarda, öýüň ykyşynda, elindäki çöp bilen ýer dyrmap otyrdy. Birden ol:

—Ýeri-ow, Arnaguly!—diýen ses eşitdi.—Näme beýle agyr oýa batypsyň-la?

Arnaguly başyny galdyranda, garry eşegiň üstünde oturan müçesi juda kiçi ýaşula gözi düşdi. Ol salam berensoňam:

—Aý, şü düşnüksiz dünýä hakda oýlanyp otyryn—diýdi.

Eşegini saklap, elindäki taýagy bilen boýnunyň ýüzüni gaşan goja:

—Bi dünýäni henize çenli, oýlana-oýlana tutan adam-a bolan däldir—diýdi.--Senem gör-dä, Arnaguly. Mädemin goşun tartyp gelipdir welin, habaryň barmy?

—Ýurduna müňläp goşun geler-de, ony eşitmän galan adam bolarmy?

—Onda-da, bi, seň at heläk, özüň heläk, çapar bolup gidip-gelen teke garyndaşlaňdanam gara berýäni ýok. Ýa olar Mädemin Hywa dolanansoň, geljekmikäler?

—Şonda gelselerem bir hasap..

—Şu mahal gelmejek tekeler hywalylar gidensoňam, gelmän geçsinler!

—Beýle güýçli ýagyň öňünde teke-saryk-salyr bile-de durup biljek däldir-dä.

Arnagulynyň sypaýyçylykly sözleri-de ýaşulyny köşeşdirmedi. Gaýtam, ol Mädeminiň Mara dökülmeginiň sebäbi Arnaguluda ýaly, ýene hüjüm etdi.

—Onda näme üçin sen dilegçi ýaly bolup, Saragta gitdiň? Möhümiň bitmejegini bilip durkaň, gitmeli däl ekeniň-dä.

--Men ýagyň gelýändigini olara duýdurmak üçin gitdim-ä. O nähili dilegçilik bolýamyş?

--Barybir ol dilegçilik bolýa.

Ozalam bozuk keýpini öňküsindenem beter bozmajak bolup, Arnaguly:

—Suhty obasynda Ýagşymyrat diýen bir gepe çeper saryk bar. Şol käte özi hakda düzen gazalyny aýdýa.—diýdi...

—O nä gazal?

—“Ýolötenden gelordym,
Bir sepjejik dilordym.
Bermejegnem bilordym,
Bermese-de, dilordym” diýýä. Bu bir degişme. Menem şol degişmedäki dilegçi

-------

1). Sepje—terne.

---

diýip hasap edäý sen.Men gaty görmäýin. Ýöne özüň bedew atyň däl-de, garry eşegiň üstünde otyrkaň, ýerliksiz gyjalat beren bolmak...Türkmeniň öňde- soňda öýüni ýykjak boş gomparmagy bilen biri birini äsrermezligi bolar. Senem erkek adam. Mädeminiň garşysyna özüň näme hereket etdiň?..

Ýaşuly ýa-ha ýalňyşyna düşündi ýa-da Arnagulynyň kem-kemden sesini gataldyp, kem-kemden gyzyp barşyndan heder etdi, garaz, onuň ýanyndan tizräk daşlaşmak bilen boldy.

Ýerinden turan Arnaguly birsellem töweregine garap durandan soň, öýüne girdi.Ol gapyny içinden ýapyp, töre geçende aýaly:

—Näme gapyny ýapýaň? Ýagty jahany bir görüp oturaly-da!—diýdi

—Gapyňy açyp,içerik goýberer ýaly daşarda gowulyk barmyşmy?—diýen öý eýesi töre geçdi-de, çäkmenini üstüne ýapynyp ýatyberdi.

—Saňa näme boldy?—diýip, onuň hereketini birneme geň gören aýaly sowal berdi.

—Ýas tutýan. Senem ýas tut.

Arnagulynyň kellesinde aç gurçuk ýaly bolup aýlanmaga başlan pikir Mary bilen Saragtyň arasynda at saldy. Ol pikir kä ýany müňlerçe ýigitli Mara kömege gelýän Gowşut hanyň gapdalyndan at goşsa, kä saryk ýigitlerini alyp, Saragta tarap ýöneldi. Ýöne bu çykalgasyz iş başyna düşen adamynyň netijesiz arzuwydy.

Daşardan at aýagynyň dükürdisi gelmäge başlady. Arnaguly ony ýagşa ýordy.

Ýöne hakykat ýagşy ýorgudyň öňüni kesdi. Ol ýerinden turup ugranda, gapa degen urgy öýi sarsdyrdy.

—Palta hakymy beriň!

Ses ýene gaýtalandy. Arnaguly gapyny açdy. Işikde iki sany atly durdy. Olaryň, näme üçindir, ulusy däl-de, ýaş oglandygy sesindenem bildirip durany gepledi:

—Näme, gulagyň kermidi? Palta hakymyzy ber!

Atlylaryň elinde, dogrudanam, uzyn saply aýpaltajyk bardy.

Gyzma Arnaguly sandyrady, tolgundy. Emma daşarda-da gapy syryp ýören atlylara gözi düşenden soň, “Ýekäniň çaňynyň çykmajakdygyna” akyl ýetirdi. Bolsa-da, geplemäm  saklanyp bilmedi:

—Jan berene jaý berseňiz bolmadymy?

Bu gezek ýaşulurak nöker dillendi:

—Bize seň janyň gerek gäl. Janyň özüňde durubersin. Palta hakymyzy ber.

Arnaguly öýüň içine göz aýlady. Emma hiç zatda nazary eglenmedi. Onýança atdan towsup düşen ýaş nöker paltasyny ýoldaşynyň eline berdi-de, öýe kürsäp girdi. Ol törde ýatan saryk gölli kiçijik halyny dolap aldy. Arnaguly hem nökeriň yzy bilen daş çykdy. Hataryň ugrunda onuň gözüne ilen on-ýigrimi sany atly boldy.

Olar hem Mädeminiň saryklardan “palta haky” ýygnaýanlarydy..

✧✧✧

Goşun çekip Mara gelen Mädeminiň Saragta-da aralaşjakdygynyň ikuçsyzdygy Hojam Şüküriň soňky wagtlarda birneme köşeşen tarapdarlaryny gaýtadan janlandyrdy. Olar il içinde wagyz geçirmäge başladylar. Maksat Gowşut hanyň il arasynda barha beýgelýän abraýyny peseltmek, ony gözden düşürmekden ybaratdy.

Beýle maksady amala aşyrmak üçin bolsa häzir, megerem, ýene bir gezek gabat gelmegi gaty gümana ýapyşalga bardy. Ýaýradylýan gep-gürrüňe “hä” diýseň, Gowşut tekä han saýlanman, Hojam Şükür ornunda duran bolsa, Saragt üçin Hywa howpy döremeli hem däldi. Mädemin tekeleri däl-de, hut Gowşut hany halamaýandygy üçin Saragta göz görkezmek isleýärdi. Eger şu mahal Hojam Şükür baş hanlyga gaýtadan saýlanaýsa, abanan howp öz-özünden ýitip gitmelidi. Elbetde, bu gürrüňler esassyzdygyna garamazdan, Gowşut nanyň tarapdarlaryny-da oýlandyrman durmaýardy. Çünki haýsy sebäbe görä dörejekdigine garamazdan,

Hywa bilen Saragt çaknyşaýsa, uly gandöküşlik bolmalydy. Gandöküşlik başlansa-da, kim atadan, kim oguldan jyda düşmelidi. Şol gürrüňleriň gapdaly bilen Hywanyň diňe Gowşut hany halamaýandygyny, diňe şondan dynmak isleýändigini tekrarlamak üçin Mädeminiň teke hanynyň başy üçin köp mukdarda teňňe baýragyny yglan edendigi, şonuň üçinem Hywa jansyzlarynyň häzir Saragtda bukdaklap ýörendigi hakda-da dowul ýaýradylýardy. Şonlukda, hüşgärlikde özüni şeýtandanam rüstem hasaplaýan mekirsumaklar delräk eşikli adam görselerem, ony Hywanyň jansyzydyr öýdüp şübhelendi.

Il arasyna ýaýraýan gürrüňler, kem-käsleýin bolsa-da, Gowşut hanyň gulagyna hem baryp ýetýärdi. "Myş-myşlaryň" nireden, nähili ýol bilen döreýändigine ol düşünýärdi. Oňa garamazdan, baş handa kimdigini tanatman, köpçüligiň gep-gürrüňini öz gulagy bilen eşitmek islegi döredi.

Bahar entek tebigatyň üstünden öz hökümini doly ýöredip başlamadygam bolsa, birki gün bäri howa gaty maýyldy. Hatda uzak wagtlap halys irizen içi letdeli galyň donlary gündizugra çykaryp taşlamaly hem boldy.

Maýyl howa bolsa, Aý hem aýdyň bolsa, agşamlaryna garaňky tünekde busup oturmagy halamaýan adamlaryň dört obanyň ortasyndaky Uzyndepäniň üstünde ýygnanýandyklaryndan baş han habarlydy. Diňe ýaş-ýeleňler däl, sakgaly guşaklygyna düşüp duran gojalaram ol ýere üýşüp, düzzüm oýnardylar, ýomak atyşardylar, şeýdip, gijäniň uzyn tanapyny birneme gysgaldardylar.

Uzyndepe üstüne at derledip çykylýan belentligem däldi-de, adammy ýa-da tebigat tarapyndan edilendigi-de belli däl gum üýşmegidi. Onuň depesiniň tekiz meýdany taýagatymdanam giňdi.

Gowşut han maýyl howadan, Aýly agşamdan peýdalanmaly etdi. Ol ýanyna diňe Kelhan Kepeläni alyp, gün mazaly ýaşandan soň, Uzyndepä tarap ugrady. Geçilmeli ýol ep-esli bar hem bolsa, her kim öz içki dünýäsine berlip,iki ýoldaşyň arasynda gep-gürrüň bolmady. Ahyr Kelhan Kepele ol dünýäden daş çykdy, ýone çykan dünýäsinde eden pikirinem alyp çykdy:

—Han, bütüki, awşarlaram Mädeminiň tarapyny tutýamyş diýýäler-le. Bu nähili gep boldy?

—Kelhan, "Baýyň bajasy kän, guluň hojasy" diýipdirler welin, o gepi Hojam Şükür hanyň adamlary tapýa. Nämüçindiginem özüň bilýäň. Awşarlar Hywaň tarapyna geçmez. Eger türkmen üste Nasretdin çozsa welin, awşarlar Eýranyň tarapyny çalar. Olaň kethudasyna Ýusup han diýýäler. Ýusup han mydama güýçliň tarapyndadyr. Dumly-duşdan bähbitli dost tutunmagy halaýan adam. "Dosty köpüň--dosty bolmaz" diýen gepem bar. Kim bilýä...

Gowşut gepini Kelhan üçin onçakly düşnükli etmän goýdy. Ol ýagdaý hem ussany ýene öňki dünýäsine alyp gitdi. Emma Kelhan ol ýerde uzak saklanmady.

—Medet diläp baraly diýsek, bize arka duraýjak goňşy-golamam ýogaýt!

—Aýalyň kazy bolsa, arzyňy kime aýdarsyň? Goňşy diýýäniňem özi seň üstüňe top süýräp gelýä. Diňe özüňe daýanaýmasaň...

—Ahaldan näme habar?

—Ahaldanam hantama bolar ýaly belli habar ýok, Kelhan. Şu güne deňiç diňe Ýalkap serdardan habar geldi. Ol öz Bamysynyň ýigitlerini lemleýämiş.

—Oňa-da şükür et, han. "Haýt" diýmegem düýä medet!"

—Onyňam dürs.

Ara düşen dymyşlygy ýene Kelhan Kepele bozdy.

—Heý,özünde beri bala-çaga nebsiagyryjylyk oýanmazmyka oň?

—Ýomudyň bala-çagasyny suwsuz gyrmaga taýyn Mademiniň teke çagasyna nebsi agyrar öýdýäňmi?

Şony diýmek bilen, Gowşut han 1834-nji ýyldan bäri ýomut türkmenlerininň ýerini suwaryp gelýän Dawdan akymyny hem köne Şarlawugy bent bilen baglamaga Mädeminiň 1850-nji ýylda buýruk berendigini ýatlaýardy. Dawdan bilen Şarlawugyň öňüni bent bilen baglamak ýomutlary gönüden-göni gyrgynçylyga bermek ýa-da geçmeli suwy kesmek üçin bokyrdakda penje saklap durmakdy. Hökümdar zalym bolanda, bala-çaganyň agy sesi onuň gulagyna hoş owaz bolup eşidilýär eken.

...Uzyndepäniň üstünde adam kändi. Kelhan Kepele bilen köne donunyň bili eriş bilen guşalan, telpegi çümre geýlen Gowşut göreş tutýanlaryň ýanynda aýak çekenlerinde-de hiç kim olara üns bermedi. Uzyndepäniň üstünde baş han peýda bolar öýdüp pikir hem etmeýän adamlar öz şowhunlary bilen gümrady.

Göreş mahaly “gaňyr” bilen “basdan” gaýry gep-gürrüniň bolmajakdygyny bilýän han, dört sany aýagyň töwerege gum tozadýan ýerinde uzak saklanmady.

Indiki barlan ýer köp adamlydy. Ol ýerde göreşem ýokdy, gaýry oýnam. Daşyna halka bolup aýlananlary bir zat aýdyp, gyzyl-gyran gülüşdirýän adam Aý aýdyňda gara tüňçe ýaly bolup oturan müçesi kiçi ýaşulydy. Kelhan Kepele: “Ol Hezil aga bolmaly” diýip pyşyrdanda, Gowşut han ony ýakyndan tanamasa-da, adyny eşidýändigini ýadyna saldy. Çyn adynyň nämedigini bilmese-de, han onuň lakamy bilen tanyşdy.

Çokga sakgally ýaşuly gepe çeper adamdy. Ol diňleýänleriň özleri ýadaýança, gyzykly gürrüňleri, erteki aýtmagy başarýardy. Adamlara hezil berýäni üçinem oňa “Hezil aga” diýen lakam galypdy.

Ara düşen gülki-gowurdan soň Hezil aga gürrüňini dowam etdi.

—Aý, patyşa oýnatgy bolsa, wezir-wekili parasatly bolmaly-da. Ikiden biri.—Çeträkde oturanlaram eşitsin diýip, Hezil aga sesine bat berdi.--Alla bir zady zyýat etse, beýlekisini kem etmeli-dä...Onsoň, ýaňky kemakyl patyşanyň Peýruz atly akyl käsesi püre-pür, dana weziri bolupdyr..

—Özüň oýnatgy bolsaň, weziriň danalygyndan ne peýda!—diýip, ýa-ha gepi gyzyklandyrmak üçin, ýa-da gürrüniň soňuna tizräk ýetmek islän biri ýaşulynyň sözüni böldi.—Del adam huzurynda otyrka, patyşanyň agzyna gep salyp bermek bolmaz ahyryn.

—Dur-r, köşek!—diýen Hezil aganyň süýem barmagy howada öwrüm etdi—Menem şony aýtjak bolýan-da..

—Hany?

—Bir öwra ýaňky akmak patyşanyň huzuryna çet ýurduň ilçisi gürrüň geçirmek üçin gelmeli bolýa. Myhman gelmänkä,hiç kime görkezmän,patyşanyň satanynyň arasyndaky märsäniň ujumdan inçejik sapak dakyp,ony oturmaly ýerinde oturdan akylly wezir sapagyň beýleki ujuny hem öz barmagyna daňýa.

—Närsesinden ýüp daňdyryp, patyşa bolaýşyny!

—Şony diýsene!

—Ony näme üçin beýdýäkä?

—Şoňa düşünmeýän bolsaň, seňem akmak patyşadan gowulygyň ýok—diýip, bu gezek Hezil aganyň özi hezil edinip güldi.—Ol patyşa birden artykmaç gepläýse, “jylawyndan” çekmek üçin edilýä.

—Ýüp daňjak bolsaň, gulak bar, sakgal bar. Hökman satanyň arasyndan daňaýmalymy?

—Satanyň arasy hem gizlin hemem amatly-da. Garşyňda ilçi otyrka, sakgalyňdan ýa gulagyňdan sapak sallanyp dursa, gülkünç bolmazmy?

Gülüşmäge sähel bahana gözläp duranlar soňky sözleriňem gülki ýüküni ýetirdiler.

Gowşut hanyň edil gapdalynda durup, arkan-ýüzin gaýşyp gülýän bir ýaş ýigit içki joşgunyny gülki bilen daş çykaranyny hem az gören ýaly, bir eli bilen baş hanyň egnine-de kakyp goýberdi. Han içini gepletdi: “Bu nä gowulyk! Pursat tapylsa, gülmegem unudanok bular. Başda howp bar diýip, içlerini hümledip, oraçada busup otursalar nädip bolardy? Bu nä gowulyk!”

—Hawa, adamlar, onsoň çet illi myhman bilen gep-gürrüň başlanýa..

—Senem, Hezil aga, şo mahal, iň bolmanda, weziriň gapdalyndamydyň?-diýip biri ýaňsyly sowal taşlady.

Hezil aga sowala ünsem bermedi:

Ilçi bilen ýurt arasyndaky alyş-berşiň gürrüňi edilýä. Samsyk patyşa akylly weziriň yşaraty bilen gerek ýerinde baş atmalymyş. Makul däl gep gabat gelse-de, ýene şol yşarat bilen baş ýaýkamalymyş. Galan mahaly ol weziriniň yşaratyna garaşyp dymmalymyş..

—Başdan-aýak dymyp otursa, ol birhili bolmazmy, Hezil aga? Ol padyman[1] däl, patyşa ahyryn?!

—Padymandan parhy bolmany üçinem dymany gowy-da. Ähli gepem şonda. Öz gepi bilen ýöreýän adam patyşa bolsa-da, uzak oturmaýa. Töwerege “Hä” diýip, öz bähbidini araýan wezirleriniň gepi bilen ýöreýän patyşa uzak togtaýa. Töwerekdäkilere bolsa şalyk gerekgä, baýlyk gerek. Hazynaň baýlygyna-da diňe patyşa akmak bolanda arkaýyn el urup bolýa.

—Ol hiç. Yzyny aýtsana!

—Ýaňky akmak patyşa gep-gürrüniň arasynda käte ilçiniň ýüzüne garaýamyş-da: “Siziň ilde-de...” diýýämiş. Yzyny bolsa aýtman goýýamyş. Sebäbi patyşa bir namartaý gep ataýmasyn diýip, ol agzyny açandan, wezir ilçä duýdurman, barmagyna daňylgy ýüpi çekýär ekeni. Ozalky şerte görä, ýüp çekilse, patyşa dymaýmalymyş. Tä ilçi gürrüňini gutarýança, maý bolsa, patyşa “Siziň ilde-de...” diýen gepini gaýtalap otyrmyş. Çet illi myhmanlary ýola salyp, yzyna dolanan wezir: “Merhemetlim, ýaňy siz zol-zol “Siziň ilde-de” diýen gepi gaýtaladyňyz oturdyňyz welin, ilçä näme diýjek bolduňyz?” diýip soraýa. Agras görňüşe giren patyşa: “Men ondan: “Siziň ilde-de patyşanyň satanynyň arasyndaky närseden ýüp daňýalarmy?” diýip soraýjakdym” diýýä.

Hezil aga ýene bir zatlar diýişdirdi. Ýöne onuň soňky sözleri gülki guýusyna düşen damja bolup ýitip gitdi.

---

[1] Padyman – sygyr çopan

Gülki-gowur ýatyşandan söň, bu ýerden gitmekçi bolan Gowşut han bilen Kelhan Kepeläni soňky aýdylan gep saklady.

—Şu mahal Gowşut hanyňam satanynyň arasyndaky närsesinden ýüp daňyp biljek teke tapylaýsady..

—“Öý diňlän öz gepini eşider!”—diýip, Kelhan Gowşudyň gulagyna pyşyrdady.

—Ikimiz öz gepimizi eşitmek üçin bu ýere geldik-dä.

—Öz gepiňi eşidesiň gelýäniň çyn bolsa, ýene biraz tagapyl et—diýip, Kelhan Kepele ýylgyrdy.—Üstüňden-ä barlandyr...

Gowşut hanyň adyna gep oklanyň sözi märekä siňip gitmedi. Ony gülki bilen makullanam, oňa söz bilen garşy çykanam tapyldy.

—Aý, Gowşut hanyň närsesine eýýäm ýüp daňlanam bolaýmasa.

—Ha-ha-ha-a!

—Ýüpüň beýleki ujy kimiň elindekä?

—Ýüpüň beýleki ujy Mädeminiň elinde bolar-da.

—Hah-hah-ha-a!

—Onyň-a “Düýe nirde, närsesi nirde” diýlen boldy. Gowşut Saragtda, Mädemin Maryda. Ýöne Gowşut iliň hany bolýan bolsa, näme üçin Mädemin gel diýende, ili halas etmek üçin Mara tarap atlanmady. Men şoňa düşünemok.

Aý aýdyňda mähnet garantga ýaly bolup görünýän daýaw adam elini kelemenletdi.

—Bigaýrat bolmalyň, adamlar! “Mert Hudaýdan görer, namart ýoldaşdan” Başa agyr gün düşende, öňbaşça şyltak atýan adam kişi däldir...

—Saňa kişiligimi görkezäýsem, toba gelermiň?—diýip, öňki geplän öz gyzmalygyny görkezdi.

Daýaw adam hem ondan pes oturmady:

—Sen öz kişiligiňi Uzyndepäň üstünde mazamlama-da, erte ýagy gelende görkez.

—Hana arka durmaly mahaly gyşyk geplesek, dogrudanam, mertlik däl—diýip, bir ýaş ýigit daýaw adamy goldady.—Başa geleni bile çekişmesek, hanymyz-a han bolmaz, bizdenem mert kişi çykmaz.

—Dürs aýdýaň, ýaş ýigit. Ahala çapar gönderip, näden nä borka edip, Eýrana girew iberip, bir hepdede üç gezek türgenleşik gurap ýören hana ňädip dil ýetirip bolar?

—Şu mahal biz Gowşut hanyň arkasynda dag ýaly bolup durmasak—diýip, gaty gygyran Hezil aga, tüýküligine düwündimi-nämemi, üsgürinip, az-kem dymdy.

—Şeýtmesek, näme bolarmyş, Hezil aga?

—Gowşut hanyň arkasynda durmasak, bileňokmy näme boljagyny?—diýip, özüni dursän Hezil aga öňküsindenem gaty gepledi.—Aýdaýynmy näme boljagyny?

—Aýt-da aýtjak bolsaň.

—Biz öz hanymyzy goldamasak, bir ujy Mademiniň elindäki ýüpüň diňe Gowşut hanyň däl, hemmämiziňem närsämizden daňyljagy belli zat. Kişileň närsesi duşman tarapyndan daňlansoň, hatynlammyzyň nä güne sezewar ediljekdiginem özüňiz biliberiň!

Geplände mydama adamlary güldürýän Hezil aganyň bu sözleri märekede gülki däl, ýöne ýylgyryşam döretmedi. Asyl hiç kimden ses-seda-da çykmady.

✧✧✧

Nyýazmuhammet baýyň howlusyna ýetilende, “Güýçliň gowusy ýok” diýen gepi ýatlan Gowşut han Mädemin başdan hörpüni ýokardan tutar öýdüp oýlandy. Emma onuň çaky dogry çykmady. Salam-helik alyşmak, hal-ahwal soraşmakda Hywa hanynyň agzyndan çykan sözler uruşmak niýeti bilen ýörite goşun çekip gelen güýji rüstem kişiniň aýdaýmaly sözlerine meňzemedi. Esasy gürrüňe geçilende-de, birneme haýbatlyrak geplenäýmeli ýerinde hem Mädemin sypaýyçylygy elden bermedi. Hatda Gowşut han ýagdaýa görä hereket edip, Hemragulyny nökerleri bilen Saragtdan çykarandygy üçin ötünç soranda-da, Mädemin myhmanynyň aýdanyny, iň bolmanda, daşyndan-a makullap, baş atdy.

Teke hanynyň ýany bilen huzura gelen Nepes molla  gürrüňe goşulman, iki tarapyňam aýdýanlaryny üns bilen diňläp otyrdy. Iki hanyň arasyndaky gepleşik, edil bagşynyň ilki pessaý heňden başlap, kem-kemden ýokary galyşy ýaly, gitdikçe agyrlaşyp ugrady.

Mädemin birneme agraslanansoň:

—Han—diýip ardynjyrady.—Men sizi goňşy arada birek-birege zelel ýetirmän, gaýtam, ýardam edip ýaşalyň diýmäge çagyrdym. Hywanyň saryga, tekä ýamanlygy ýok.

—Biz şeýle niýetli çakylyga mynasyp bolanymyz üçin Hudaýdanam, sizdenem razy—diýip, Gowşut han birhili, öz sözi bilen sözlemeýän adama meňzäp gepledi.—Agzybir, arkalaşykly ýaşamagyň gymmatyna biz gowy düşünýäs, merhemetli han. Biz şoňa mätäç. Türkmende “Arkalaşyk iki başdan” diýen gepem bar.

—Ras aýdylan gep, ras. Dogusyny aýtsam,siziň ýagdaýyňyz gowy däl, han. Siz ony menden ýagşy bilýänsiňiz. Bir tarapyňyz Eýran, bir tarapyňyz aýmak. O ýurtlaryň ikisi-de parahat ýaşandan goňşusynyň aýagyna badak atanyny gowy görýän ýurt. Biz Mary iline ugramazymyzdan burun kän pikir ýüwürdip, şeýle netijä geldik: Hywa arka durmasa, türkmeniň haly teň boljak. Birek-biregi penalamak üçinem agyr goşun lazym...

—Goşun-a gerekdir, merhemetli han.

—Agyr goşun bizde häzir. Ýöne onam eklemeli, saklamaly. Uly harç-harajat gerek. Şol meselede biziň akyldarlarymyzyň gelen netijesi siziňem göwnüňizden turman durmasa gerek.

—Aýdyň, diňläp göreliň!

—Diňläp görmeli däl, han.—Mädeminiň perdäni aşakdan tutup başlandygyny Gowşut onuň äheňi haýbatlanan sesinden aňdy.—Aýtsak, Saragt tekeleri Mara göçmeli. Hywa bilen bir bolmaly. Arkalaşyk ädimi Mary topragyndan başlansa ýagşy bolar.

Gowşut han her hili pirime garaşsa-da, Mara göçmek teklibi beýle göni, beýle pert aýdylar öýdüp garaşmandy. Bolsa-da, ol teklip aýdylan bada nämäniň näme bilen

baglaşýanyny derrew kellesinde aýlady-da “Aýdyberiň” diýýän ýaly Mädeminiň ýüzüne garady

Hywanyň “maslahatynyň” Saragt üçin buýruk bolup eşidilmelidigine ynanýandygy üçin Mädemin han güýjüniň zyýatdygyna garamazdan, mylaýym geplemäge çalyşdy.

—Türtkmeniň arkasynda Horasan däl, Hywa durmaly, han. Sünni sünni bolar, şaýy—şaýy.—Töwerekde bolup geçýän wakalardan kemsiz habarly Mädemin açylyp ugrady: — Baş wezir Sadryagzamyň teke meselesinde näme pikir edýäninem, düýşünde näme görýäninem biz bilýäs. Sadryagzam bu gün çagyrmasa-da, erte sizi çagyrar. Onuň maksady amala aşsa,türkmeniň haly has-da agyrlaşar. Siz şondan ožal Mara göçseňiz, Saragt üçinem, Hywa üçinem ynjalykly bolar. Hywa-da Eýran bilen çaknyşmasyz bolar..

Mädeminiň soňky aýdanlarynyň ýapyk manysy Gowşuda-da, Nepes molla-da düşnüklidi,—Hywa hany Saragt-ha beýle-de dursun, hatda Eýran ýaly uly döwlet bilen erjeşmäge-de güýjüniň bardygyny myhmanlaryna duýdurýardy.

Ýuwmarlamak, gep oýnatmak bilen alyp biljek galasynyň bolmajakdygyna düşünen Gowşut han gönülemeli boldy. Hywa hanynyň meseläni keserdip goýmagyndan soň, açyk geplemekden gaýry ýol hem galmaýardy.

—Saragty terk edip, Mara göçmäge entek wagt ýetenok, merhemetli han. Ozaly bilen Murgabyň suwunyň reýgan bolmazlygynyň ýoluny tapmaly. Suwy tygşytly ulanar ýaly niresinden, nädip bent gurmagy anyklamaly. Megerem ki, siziň beýik hanlygyňyz Saragt türkmenlerine hossar çykmak isleýän bolsa, şu mahalky ýaşaýan ýerinde-de hossarlyk edip bilerdi. Saragt türkmenleri Mara göçse, tekeleňňem, saryklaňňam meýletin gyrgyna berildigi bolar.

—Onda siz Hywanyň teklibini türkmeni gyrgyna bermek diýip kabul edýäňiz-dä? Beýle meýli bar bolsa, Hywa sizi Mara göçürmänem gyrgyna berip bilerdi ahyryn.

- Sizde beýle meýil ýogam bolsa, şu maslahatyňyz amala aşsa, biziň gyrgyna berildigimiz bolýa. Marynyň suwy häzir sarygyň özüne-de ýetenok. Ony siz bilýäňiz.—Muny aýtmak bilen Gowşut Mädeminiň birneme ugrundan gopmak isledi. Emma ondan peýdaly netije çykmady.

—Ýagdaý şony talap edýä, han.

Mädeminiň soňky sözi gepleşigiňem soňky nokady boldy. Gowşuda uly çaknyşykdan ozal diňe birneme wagt utmagyň aladasyny etmekden gaýry ýol galmady.

—Hywanyň maslahatyna gutarnykly jogap gaýtarmak üçin bize bir hepde puryja berin, merhemetli han. Çünki tutuş ilaty bir ýerden başga ýere göçürmek ýaly meseläni aksakallar bilen maslahat etmezden, meniň täk özüm çözüp biljekgäl.

Hernäçe puryja berlende-de, Gowşut hanyň ýene bir hepdedenem Mara göçmek meselesinde üýtgeşik jogap getirmejekdigini öňünden bilýän, şony hem isleýän Mädemin ol haýyşy gepsiz-gürrüňsiz kanagatlandyrdy.

✧✧✧

1855-nji ýylyň mart aýynyň 4-i güni öýleden soň bolan maslahaty Gowşut han uly çaknyşygyň öňündäki iň soňky geňeş hasaplady. Umuman, ol geňeşiň Saragt tekeleri üçin asla-da iň soňky geňeş bolmagy ahmaldy.

Gowşut han Mädemin Ynagyň saragtlylaryň öňünde goýan şertini eýýäm hemmeler bilýänem bolsa, Hywa hany bilen bolan gürrüňi ýene bir gezek jikme-jik beýan etdi. Mara göçmek meselesinde aksakallaryň geňeşden öňürti bir çukura tüýkürendiklerinden habarly baş han öz gepini şeýle tamamlady:

—Bize gidere ugur, sümere deşik ýok. Üstesine-de, her göç diýene baş egip, tärimi howuda ýükläbersek, düýäň üstüni mekan tutmaly bolaýmasak.

Oraz Ýaglydan başlap, aksakallaryň hemmesi aýdylany makullap baş atdy. Emma kimdir biri garaşylmadyk ýerden:

—“Eglen başy gylyç kesmez” diýen gepem-ä bardyr, han—diýdi.

—Maňlaýymyzy ýere degirmänräk, eglibem gördük. Utan kenegimiz bolmady—diýip, hana derek Nepes molla gepledi.

Baş han şahyryň aýdanynynyň üstüni ýetirdi.

—Başymyzy aman goýjak bolup, ondan aşak eglibersegem, syrtymyz açyljak. Beýtsegem, haýasyz hywaly syrtymyza aýlanjak. Ýa “Namartja olam, sagja olam” diýlenini edäýeliňmi?—Gowşut sowal bereniň ýüzüne dikanlap seretdi.—Şoňa razylyk berýäňmi?

Sowal beren adamyň ýüzi gyzaryp gitdi, emma sesini çykarmady. Onuň içki pikirini Gowşut hanyň özi beýan etdi:

— Soňky şerte razy däldigiňi eýýäm gyzaran ýüzüňem aýdyp dur ahyryn...Indi eglişige ýol galmady. Gep ýowa garşy durmakda.

Baş hanyň soňky teklibini geňeş goldady. Ýöne onuň ilaty galada jemlemän söweşmek pikiri jedel döretdi. Hanyň pikiriçe, adamlary gala gaplap goýup, söweşe girmeli däldi. Ony aksakallaryň, batyrlaryň hem köpüsi oňlamady.

Ilki bilen Goňuryň edermen ýigidi Şalha batyr gepläp, ol öz pikirini şeýle tamamlady:

—Barybir, Taňry ajala salym bermejek bolsa, suwsuz çölde şehit bolandan, Saragt galasynyň içinde öleniň ýagşymyka diýýän men-ä, han aga.

Gowşut han göni Şalha batyra seredip oturana meňzese-de, nazary töweregi-de görüp ýetişýärdi. Şonuň üçinem ol Şalha batyryň aýdanyny köpleriň baş atyp goldandygyy saýgardy.

—Biziň bu galamyz ýaragyň duşman ýaragyndan güýçli bolsa, galadyr. Bu gala bir gara gazan. Aşagynda ot ýaksaňam bolar, üstüni gapaklap, howasyny kesseňem bolar. Mädeminiň süýräp getirýän toplary şu gazanyň gapagy bolmaly. Özi-de, meň aýdýanymdan dürs many çykaryň, adamlar. Men ýowa garşy durup bilmejek garrylary, bala-çagany, zenanlary çöle çykarmak hakda aýdýan. Biz gyrylsagam, neslimiz dowam eder ýaly tohumlyk galmaly ahyryn.

Baş hanyň pikirine goşulýan Nepes molla niredendir bir ýerden ýadynda galan:

“Dary şa çozanda türkmen üstüne,
Tumar gyz ýeňipdi Garagum bile”—diýen setirleri gaýtalady. Emma ol, hiç kim eşitmedik ýaly üns berilmänem galdy.

Teke geňeşi erkindi. Onda agzyna näme gelse, aýdyp goýberýänem tapylýardy.

Bu gezegem şeýle boldy. Çokga sakgally arryk ýaşuly gobsundy-da:

—Biziňki ýylanyň gumy gysgaýşyna barýan bolaýmasyn, han?—diýdi.—Mädemine ýer gerek bolsa, Saragtyň ýeri gytmy? Bereliň-dä. "Ýamandan boýuňy satyn alyp gaç" diýen bir gep bar.

—O gep bar, agam. Ýöne "Dört derwüş bir keçä sygar, iki soltan bir ýurda sygmaz" diýenem bir gep bar. Mädemine toprak derkar däl. Ol teke bilen sarygy çakyşdyryp, ikisini bir ýumrugyň içinde saklamak isleýä. Teke bilen sarygyň bir-birini gyrmagyny maksat edinýä. Teke Mara göçse, Mädemin şol maksadyna, harç-harajat çykarman, öz ganyny dökmän, teke bilen sarygyň dökjek ganynyň hasabyna ýeňiş gazanýa. Oňa ýer gerek däl, şer gerek. Sen şoňa düşünýäňmi, agam?

Hanyň "agasy" "Düşündim" diýse-de, onuň indiki atan sowaly öňküsiçe-de bolmady.

—Senem onsoň Mädeminden gorkýaňmy?

Gowşut han ýaşuly adamyň gepini ünssüz goýup, ony köpçüligiň öňünde gelşiksiz  ýagdaýa salmagy uslyp bilmänsoň;

—Men saňa näme diýsemkäm, agam?—diýip, çalaja ýylgyrdy.—"Han handan gorkar, han hatynyndan". Töwekgelçilik, ynam gowy närse. Ýöne gorkmalyňdan ätiýaçsyz bolmagam akyldan nyşan däl bolsa gerek.

Çokga sakgallynyň başga ýana alyp giden gürrüňiniň ugry ýene Şalha batyryň başlan gepine dolandy. Başy şypyrmaly adam gepledi:

—Şalha batyryň aýdanyny bizem unaýas, han aga. Şü kyrk ýaşymyň gylla ýaryny çölde geçirdim. Şu mahalam mallary ogluma goýup, bi ýere geldim.

Gaşy çalarak çytylan Gowşut han:

—Gepiň magadyny aýt, agam. –diýdi.—Ýogsam, tekäň ojak başyndaky gürrüňi Mädemin gapymyzdan garansoňam gutarmaz.

—Gepimiň magady, han aga, çöl diýilýän närsä men gaty belet. Ajalyň üstüne baryp, amanadyňy tabşyrandan, oň özi seň üstüňe gelsin."Hä" diýmän  jokrama yssam başlanar. Ol bala-çagany aman goýmaz. Çöl biçak rehimsizdir. Çöle çekilenler heläk bolar, han aga...

—Aýdýanyň jany ýok däl. Ýöne aslynda-da türkmeniň duşmany, gyrlyp gutarar diýen maksat bilen bizi Garaguma getirip dykdy. Bi gaty ýowuz toprak. Görgi görsegem, gyrlyp gutarmadyk. Gaýtam, ýowuz çöl bize howandar çykdy. Howandaryň gazaply şarpygy duşmanyň söýünjinden bähbitli. Türkmeniň hossaram, garyndaşam gara çöl.—Han sözüni paýawlasa-da, goldanam,açyk garşy çykanam tapylmady.Şonuň üçinem ýene onuň özi gepledi.—Gadym zamanda, Mazenderan jeňňelinde ýuwha çykan iki sany aždarha ýaşanmyş. Olaryň biriniň kyrk kellesi, bir guýrugy, beýlekisiniňem bir kellesi, kyrk guýrugy bolanmyş. Bir gün jeňňele ot düşýä. Iki ýuwha gaçmak bilen bolýa. Kyrk guýrukly bir kelleli şamar başyny belent tutup, otdan-ýalyndan urdumyşlap geçýär-de, göni gelen ajaldan özüni halas edýä. Beýleki kyrk kelleli ajdarha bolsa, her kellesi bir tarapa çekensoň, hanja gitjegini bilmän, ýalynyň içinde köýüp galýa.—Aşak bakyp geplän han tymsalyny gutaransoň, ýüzüni galdyrdy.—Siz maňa kyrk  kelle daksaňyz  dakyň. Ýöne ýagyny dep edýänçäk,köp kelläň arasyndan öz saýlap alan ýeke kelläňiziň çekýän tarapyna gyşarmagyňyzy men sizden towakga edýärin.  Makulmy, adamlar?

Ýene hyşy-wyşy köpeldi. Ýöne bu gezek gowruň manysy aýyl-saýyl eşidildi:
—Makul!
—Hanyň aýdýannyňam jany bar!
—Başaryp bolsa,tutuş ilaty bala-çagasy bilen gyrgyna bermeli däl...

✧✧✧

Gowşut hanyň kellesinde öwürýän syýasatyna görä, Mädemini söweşe girmezinden ozal näçe gezek büdredip bolsa, şonça-da tekeler üçin peýdaly boljakdy.

Baş han Hywanyň uzak ýoldan, harç-harajat çekip, Mara alyp gelen hindi pilinden çekinmeýärdi, onuň haky gara myltyk ýa-da ujy zäherlenen naýzady. Ýöne ol iki sany sary topdan welin gaty eýmenýärdi.. Sary toplaryň ok atyp edip biljek weýrançylygyndan beteri-de, olaryň teke nökerleriniň aňyna salyp biljek gorky howpudy. Şonuň üçinem Gowşut hanyň küýi-köçesi, nähili gymmat düşýänem bolsa, şol toplary ele salmakdy ýa-da atylmaz ýaly etmekdi. Han şol maksadyny amala aşyrmaga ýardam edip biläýjek Şalha batyr, Tozanly batyr, Durdy han ýaly bir topar adam hakda öňden bäri oýlanýardy...

Saragt bilen Mary aralygynda ululy-kiçili guýynyň sany kändi. Olaryň hemmesini iki günüň içinde sandan çykarmaly diýip, Gowşut han ýörite buýruk berdi. Mary ýolundaky Iň esasy “Goşa guýyny” zäherlemegi bolsa, ikisini-de hut öz ýanyna çagyryp, Kelhan Kepele bilen Gurbana aýratyn tabşyrdy. Ol işiň Kelhan Kepelä tabşyrylmagynyň gaty esasly bolmagam mümkindi. Çünki Kelhan Kepele ussaçylygynyň daşyndan dagyň çöp-çalamyndan, käbir mör-möjeklerden zäher ýasaýarmyş, ony-da gerek pursady gylyjyň, naýzaň ujuna çalýarmyş diýip, il gürrüň edýärdi. Kelhanyň zäher ýasaýany çynmy-ýalanmy, belli däldi, ýöne her ýyl güýzeňräk ol daga tarap gidýärdi-de, üç-dört gün eglenip, yzyna dolanýardy.

..Kelhan Kepele ýolbelet hökmünde Esen çopan diýilýän ýaşulyny-da ýanyna ýoldaş edip aldy. Esen çopan köp ýyllap Gulanlyda,Jojuklyda,“Goşa guýynyň” töwereklerinde mal bakypdy, her alaňa, her oýa gaty beletdi. Onuň aýtmagyna görä, sähra bilen sary çölüň serhedinde ýerleşýän “Goşa guýynyň” daşynyň adamsyz mahaly bolmaýardy. Haçan barsaň, ýa-ha meşigini suwdan dolduryp duran çoluga, ýa-da mallaryny nowadan gaýtaryp duran çopana sataşylýardy. Bu mahal welin ol ýerlerde mal-gara-da,adamam görünmeýärdi.

Guýularyň birini “köprülemeli”, beýlekisini zäherlemeli edildi. Türkmenler üste ýagy çozmak howpy abananda, duşman suwsuz kösener ýaly, degerli guýularyň hemmesiniň üstüni tekizläp, guýy bardygy bildirmez ýaly edýärdiler. Howp sowlandan soň bolsa, üstüni açyp, ýene olaryň suwundan peýdalanýardylar.

...Aryp gelen atlar suwa ýakylandan soň, telim gujak sazak, borjak şahalary getirildi. Şondan soň üç adamyň arasyndaky ýeke pil durman işledildi. Içine hapa-supa gaçmazlygyň aladasy edilen güýynyň erňegi dyzboýy peseldildi, getirilen şahalardan agzyna köpri edildi. Köpriniň üstünden hem iki eplenen galyň atkeçe ýazyldy.

Töwerekden ýygnanan abyrsyz oduna ot berlende guýynyň, nowanyň üsti gyzan tamdyra aýlandy.

..Ikinji guýa sarp edilmeli zähmet öňki bilen deňeşdireniňde ujypsyz hem bolsa, hysyrdysy ýetikdi. Türkmenler guýy zäherlänlerinde, adatça, suwuna bir attorba arpa döküp hem çäklenäýýärdiler. Arpa guýy suwuny içip bolmaz ýaly derejäniň bäri ýanyna ýetirýärdi. Ýöne Kelhan Kepele bu gezek arpaly pirimi hem ýüzleýräk hasaplady. Ol zäherlemegiň ýene bir tilsimini arpanyň üstüne urna etmekçidi. Onuň gelen aýgydyna görä, guýa syçan ýa alaka-da taşlamalydy.

Kelhan Kepele ýany bilen alyp gelen attorbadan ulurak haltanyň bogusyny çözüp, guýa arpa guýdy. Şondan soň syçan gözlegine çykyldy.

Umuman, guýularyň töwereginde syçan bolguçdy. Hatda alakadan, syçandan goramak üçin guýynyň erňegine belent seki hem edilýärdi. Çünki alaka ýa syçan gaçyp, guýynyň içinde ölüp galsa, şol suwdan içmek bolmaýardy. Ol jandarlaryň maslygynyň mergi keselini döretmek howpy bardy. Guýa alaka, syçan gaçandygy bilinse, suwunyň iň soňky damjasyna çenli çykarylyp, meýdana dökülýärdi. Ölen jandaryň maslygy tapylyp, suw täzelenýänçä, şol guýydan mal-gara-da ýakylmaýardy..

Esli wagt gözlenenden soň, Esen çopan bir syçan tutup, derrew onuň kellesini mynjyratdy. Şol mahalam aňyrrakda, çöp-çalamyň, süplükleriň arasyny dörüp ýören Gurbanyň "Haý,Kelhan aga,eteweri!"dýen howply sesi çöli ýaňlandyryp gitdi. Ol ses syçan ýa-da alaka tutanyna begenýän adamynyň sesi däldi. Iki kişi iki ýerden ses gelen tarapa ylgady.

—Näme boldy?—diýip, Kelhan Kepele entek ýigidiň ýanyna ýetämänkä, hopugyp gygyrdy.

Gurbanyň ýanyna baran ussa gulagy bilen eşitmeli jogaby gözi bilen gördi. Gorkmakdan ýaňa reňki çölüň çägesi bilen reňkdeş bolan ýigidiň bir ädim gapdalynda ullakan sarymtyl ýylan ýatyrdy. Ol özünden hem eden işinden göwni gaty hoş ýaly, gaçmak bilenem däldi. Ýetip gelen Esen çopanyň ikigulak pili, ýer ýumşagam bolsa, ýylanyň gapbilinden bölüp taşlady.

Ýylan Gurbanyň sag aýagynyň baldyryndan çakan ekeni. Kelhan Kepele bilindäki pyçagy aldy-da, aşak oturdy. Onun näme etjek bolýanyny bilen Esen çopan:

—Agzyňda ýara-ha ýokdur-da?—diýip sorady.

"Ýok" diýen manyda baş ýaýkan Kelhan ýylanyň dişiniň galdyran tagmasynyň üstünden gan çykar ýaly edip atanak çekdi. Pyçagyň beren yzasy-da ýylanyňkydan pes bolmady. Gurban ýüzüni çytyp urundy.

—Erkek bol!—diýip, Kelhan Kepele haýbat atdy. Ol çök düşüp oturyşyna, syrtyny tüňňerdip, öňe egildi. Ussa gyrçuw sakgally eňegini müňküldedip, gany çykyp duran ýarany sormaga başlady. Ol ýene çök düşüp oturdy-da, iň soňky gezek tüýkürinenden soň, eliniň ýeňsesi bilen dodaklaryny süpürdi. Birdenem ol oturyşyny üýtgetmän,öz çermegine ýapyşdy, çygyldy, hyklady, emma buşugyp bilmedi:

—Wah, içigar, gerek mahaly şüýem bolanok-da!

Garaşylmadyk ýerden balagy aşak düşürilen Gurban dikeldi-de, uýat ýerini eli bilen penalady.

Kelhan Kepele oňuň eline kakyp goýberdi:

—Tapdyň uýaljak wagtyňy! Hany, siý derrew!—Ussa ýigidiň satanynyň arasyna elini tutdy—Men-ä seň üçin gudaçylyga çykjak bolup ýörün, senem öýlenewajyňy görkezmäge utanýaň.Nä öýlenewaç diňe sende barmyşmy?!

Ussanyň agzyndan çykan soňky sözler bir tarapdan, aýagyň yzasyny az salymlyk unutdyrsa, beýleki tarapdan, ýigidi iňkise gidirdi; “Kelhan aga meň üçin nirä gudaçylyga barjak bolýaka?”...

Gapdaldan seredilip durka, onda-da epeý adamynyň owujyna buşugmak Gurbana aňsat düşmedi...

Kelhan Kepele ýarany ýuwansoň, galan peşew bilenem öz agzyny çaýkady-da:

—Indi atlanybersegem bolýa.—diýip ýaşula ýüzlendi.—Esen aga, sen giriňe ilen syçany guýa taşlaý!..

✧✧✧

Muhammetnyýaz ýasawulbaşyny bir müň atla serdar belläp, Garaýapda galdyran Mädemin han 1855-nji ýylyň 9-njy martynda Saragta tarap ugrady.

Gün ýalbyrap durdy, howa maýyldy. Sähraýy meýdanyň üstüne gök ýapynja örtülip başlapdy. Irki baharyň bu ajaýyp tebigaty göwnüňi galkyndyrmaly ýalydy. Emma Mädemininiňki tersinedi. Ol henize çenli beýle sussupes halda görünmändi. Dogry, Hywadan ýörite getirilen, umumanam, hanlyga arzan düşmedik hindi pili, Gowşut hanyň ýanyna Seýitmuhammet işany hem alyp, ikinji gezek gelip giden gününiň ertesi haýsydyr bir kesele uçrap ölüpdi. Ol wakany Mädeminiň ýagşa ýormandygy belli zatdy, ýöne tükeniksiz baýlygyň eýesi bir piliň ölümi üçin beýle derejede gamgyn bolmaly däl ýalydy.

Gowşut hanyň gelip gideli bäri üç gün geçipdi. Şondan coň Mädemin hiç kim, hatda iň eziz görýäni Muhammet Ýakup Mäter bilenem göwnaçyk halda gepleşme ýärdi.Hywa hanlarynyň huzurynda gulluk edip ömrüni paýawlap ýören Muhammetkerim Guşbegi Muhammet Ýakup Mäteriň ýanyna ýörite baryp, atasy Allaguly han dünýäden ötende-de, Mädemini beýle tukat ýagdaýda görmändigini aýtdy hem onuň sebäbini bilmek isledi. Mäter hiç hili jogap gaýtarmady. Emma dana wezir hanyň bolşundan özüçe netije çykarýardy. Onuň gelen aýgydyna görä, Mädeminiň keýpiniň beýle derejede bozulmagynyň sebäbi Hywadan döwi güýçli ýa-da, iň bolmanda, döwi deň ýurduň patyşasynyň däl-de türkmeniň, onda-da onuňam haýsydyr bir bölejiginiň öňbaşçysynyň agyr goşun bilen gelen gudraty güýçli Hywa hanyny äsgermänligidi.

Guşbeginiň gyzyklanmasyndan soň Mädemin bilen Gowşut hanyň arasynda soňky gezek bolan gepleşige gatnaşan Muhammet Ýakup Mäter öz çaklamasyny derňäp görmek üccn şol duşuşygy ýatlady.

...Mädemin han, wada berlen wagtyndan telim gün gijigip gelen Gowşut han bilen Seýitmuhammet işany “1855-nji ýylyň 4-nji martynda Garaýap galasynda”[1] kabul etdi. Ol teke hanynyň gijä galmak bilen, Hywany äsgermändigi hakdaky pikirini kalbyndanam, agzyndanam çykarmady. Ýöne Gowşut hanyň Saragt ilatynyň adyndan sowgat getiren ýüpek donuna elini göwünli-göwünsiz uzadandygyny welin ýaşyrjak bolsa-da, ýaşyryp bilmedi. Pähimdar Muhammet Ýakup Mäter: “Beýik hana getirilen il sowgadyny ile görkezmek lazymdyr” diýen ýuwmarlama bilen ýüpek dony hanyň elinden alyp, daş çykdy. Ol derrewem yzyna dolandy. Barybir Mädemin,

[1] M.Agehiniň taryhyndan.( Awtor).

şunça aladalansa-da,kalbyndaky kinäni kalbynda basyryp goýmaga kanagat edip bilmedi:

—Türkmen “Hiçden giç ýagşy” diýip rast aýdan ekeni, han. Öz bellän möhletiňizden üç gün giç geleniňize-de şükür. Bir hepde giç geleňizde-de, etjek zadym bolmazdy. Erk öz eliňizde.

Mädeminiň aýdanyna tersine düşünmelidi. Onuň etjek zady, edip biljek zady gaty kändi. Hywalynyň “Erk öz eliňizde” diýmesniň dürs manysyna-da Gowşut han dürs düşünýärdi. Marynyň, Saragtyň erki Mädeminiň elindedi. Muhammetmyrat Mähremiňem Ahalda onça nöker bilen ýöne iýip-içip, gezim edip ýörmeýäni bellidi. Şonuň üçinem ýow güni sarygyň hem tekäniň arkasynda duraýjak Ahalyňam Mädeminiň eline gutarnykly geçen bolmagy ahmaldy.

—Merhemetli han, biz siziň öňüňizde günäli—diýip, Gowşut han “towşan tüýlük” etdi, “günäsiniň” sebäbini welin “Adam başy aladasyz bolýamy?” diýip, gümürtik delillendirdi.

Mädemin öz ýanyndan Gowşudyň “aladasynyň” syryny her hili tutaryk bilen baglanyşdyrsa-da, Hywa bilen çaknyşyga taýýarlyk görülmegine syrykdyrmagyň welin üstünden barmady. Ol Hywanyň Saragt bilen oýnunyň deň däldigine Gowşut hanyň kemsiz düşünýändigine ynanýardy.

—Indi esasy gep—diýip, Mädemin oturan ýerinde-de ýalpyldawuk guşagyny çekişdirdi.

Seýitmuhammet işanam ýöne dymyp oturmazlyk hemem Mädeminiň göwnüni götermek üçin:

—Biziň gulagymyz sizdedir, merhemetli han!—diýdi.

Mädemin has-da agras sypata çolandy:

—Nasretdin şadan niçiksi mähtub geldi?

—Nasretdin şadan däl, Sadryagzamdan—diýip, Gowşut düzediş berdi.

—Parhy ýok. Ýylanyň agy nä, garasy nä!

Gowşut han Tährandan gelen hatyň mazmunyny gaýtalady. Ol sözüni gutaran badyna, bilinde Tährany boýun egdirmäge-de kuwwat bardygyny ýaňzytjak bolýan ýaly, Mädemin ýene bilguşagyna elini ýetirdi.

—Ýok. Ol bolmaz, han. Tekäniň arkasynda Horasan däl, Hywa durmalydyr. Siz eden ähtiňizden dänmeli bolarsyňyz.

Seýitmuhammet işan saklanyp bilmedi:

—Beýik Taňrym siziň kalbyňyza giňlik salsyn, merhemetli han. Ýöne biz ähtimizden dänip bilmeris.

Kesgitli hem garaşylmadyk jogap Hywa hanyny haýran etdi. Emma ol jogap sözüni aýmanka, gödegräk çykan gepi birneme ýumşatmaga gyssanan Gowşut han gepledi:

—Merhemetli han, biziň işanymyzyň beýle diýmeginiň öz sebäbi bar..

—O niçiksi sebäp?—diýende, Mädeminiň sesi güňleç eşidildi.

—Biziňki diňe bir lebiz ähti hem däl. Teke Nasretdine kyrkdan bir zekat töleýä. Ony-da jähennem diýsek, Eýran bizden girewem saklaýa.

“Girew” sözüni eşiden Mädemin pessaý ses bilen:

—Çilim!—diýdi.

Gapa gulagyny degrip, handan şeýle haýyşyň bolmagyna garaşyp duran ýaly, şol pursadyň özünde eglibräk içerik giren çilimçi suwçilimi Mädeminiň öňünde goýup çykyp gitdi.

Ümsümligi kädiniň hokurdysy bozdy.Içini tüsseden dolduran han daljygyp sowal berdi:

—Näçe?

—Kyrk öýli.

Mädemin ýene bir gezek suwçilimi hokurdatdy. Oňa indi şeýtmekden gaýry pişe hem galmadyk ýalydy. Her hal, Eýran Eýrandy. Näçe güýçli bolanda-da, Mädemin Nasretdine türkmenlere haýbat atyşy ýaly derejede erjeşip biljek däldi. Onsoňam Hywa hany girew üçin Saragtan Eýrana adam iberiljegini bilse-de, eýýäm iş işden geçendir öýdüp pikirem etmeýärdi. Bolsa-da ol Nasretdiniň özünden öňurdenine gatybir gynanybam durmady. Çünki Eýran Hywadan telim esse uly hem bolsa, Mädemin onuň goşun derejesini özüniňkiden güýçli hasaplamaýardy. Üstesine-de, Nasretdiniň bir Saragt diýip,Hywa bilen çaknyşmak üçin gylyjyna ýapyşjagyna Mädemin eger-eger ynanmaýardy.

—Indi nätsek diýýäňiz?—diýip, Mädemin, ýasama ýylgyryp sowal berdi. Ýöne ol hereketiň ýylgyryşdygyny ýa-da gazapdygyny Gowşut han onçakly aýyl-saýyl edip bilmedi.

—Beýik han, bizde “Nätmekden Alla saklasyn” diýen nakyl bar. Alla nämäni alnymyza ýazan bolsa, şony-da görübermeli bolar.

Mädemin birneme gazaplandy:

—Alla size Horasanyň guly boluň diýdimi?

—Merhemetli han!—diýip, Gowşut hem birneme dikeldi.—Allanyň adyndan geplär ýaly, biz pygammer däl. Ýöne tekäniň takdyryny şeýle ýazan Alla oňa Horasan bilen il bolmagy-da buýran bolaýmasa.

Mädemin ilki Muhammet Ýakup Mäteriň, soňam Gowşut hanyň ýüzüne seretdi:

—Biz bu ýere gep uruşdyrmaga däl, garyndaş bolmaga gelipdik welin..

Hywa hanynyň “welisiniň” yzynda gep kändi. Ondan gan ysyna-da garaşsaň garaşybermelidi. Şonuň üçin bolsa gerek, elinden tesbisini-de gaçyran Seýitmuhammet işan gyssandy:

—Türkmenem garyndaşparazdyr, merhemetli han. Hywa kimin belent garyndaşly bolsak, bizem arman çekmeris.

—Emişmedik, medet arkaly garyndaş bolýandyr. Sen şony bilýäňmi, işan?

Seýitmuhammet işan köp ýyllardan bäri ilkinji gezek uly derejedäki ýat adamynyň özüne “siz” diýmän, “sen” diýenini eşitdi. Emma işan oňa ullakan pitiwa-da bermedi.

—Bilýäs, han aga, bilýäs.

—Bilseňiz, teke bir elinde iki garpyz göterjek bolman, Nasretdinden ýüz öwürmeli. Teke üçin Hywadan mährem garyndaş bolmaz. Onsoňam..

Hanyň sözüni bölmesizdigine düşünse-de,saklanmadyk Gowşut Hywa hanynyň “onsoňyny” özi dowam etdi:

—Onsoň han aga, biz Aly aşyndanam, Weli aşyndanam galaýmasak...

—Ýok. Alynyňam, Weliniňem berjek aşyny size Hywa iýdirer—Mädemin şunça saklanjak bolsa-da, özüne erk edip bilmän, Gowşudyň ýüzüne gazaply garady.—“Däliden dogry habar”, Gowşut han. Teke Saragty terk edip, Mara göçmeli bolar..

—Däli bolmasagam, bizem dogry habarymyzy aýtmaly bolýas—diýip, Gowşut han, näme üçindir, Muhammet Ýakup Mäteriň ýüzüne garap gepledi.—Beýle teklibi tekeler berjay edip bilmeýä.—Ol Mädemine tarap seretdi.—Türkmeniň dagynykdygynyň sebäbini sizem gowy bilýäňiz. Megerem Allanyň özi türkmeniň ýeri üçin dawa bolmasyn diýip, bize şeýle ýowuz topragy bagyş edendir. Ýöne bile ýaşamaga ýagdaý bolanlygynda, türkmen taýpalary hiç kime töwella etdirmän, bile ýaşardy. Her haýsymyzyň öz günemamyzy zordan aýlamaga kybapdaş ýerimiz, suwumyz bar. Biz bir-biregiň rysgyny kemmek islämzok. Saragt tekeleri Ahaldanam oňuşman däl, hut suw gahatlygy serarly göçüp gaýtmaly boldy ahyryn...Siz ony bilýäňiz...

—Biz ony bilsegem, siz Mara göçmeli, han.

Gowşut hana sypaýçylygy bir tarapa taşlap,göni gepläýmekden gaýry ýol galmady.

—Saragt siziň ol şertiňiz bilen ylalaşmaýa, merhemetli han.

Şu mahala çenli, her hal, sypaýyçylygy elden bermän gelen Mädemin han Hywadan kalbynda göterip gaýdan aýgydyny ahyr daşyna çykarmaly boldy:

—Gedemligiň tomaşasyny meýdan görmeli edäýsek, nähili bolarka, han?

Mädemin aýtmaly eden iň coňky sözüni aýdandan soň, indi sypaýçylyk eden bolup, edep görkezen bolup oturmagyň hajaty ýokdy. Şonuň üçih Gowşut han gulagyna ýeten sözlere kybapdaş jogap gaýtarmaly etdi:

—Tomaşa meýdana ýetmäge dirän bolsa, at toýnagyna at çydar, han..

Hywa hanynyň Saragt hanyndan ahyr eşitmek islän jogaby-da şoldy.

Mädemin ynjaldy.

✧✧✧

Gulanly uly basga galdy.Hojam Şükür kowum-garyndaşlarynyň hemmesini aýaga galdyrdy. Uly-kiçiniň ahli aladasy belent mertebeli Hywa hanyny deňli-derejeli garşy almakdy. Düýn Garaýapdan gelen çapar Mädemin Ynagyň Gulanlyda düşläp geçjekdigininiň habaryny getireli bäri Hojam Şükür zowzuldama derdine sataşan ýaly, bir ýerde uzak saklanybam bilmedi.

1855-nji ýylyň 10-njy martynda Mädeminiň goşuny öýlänler Gulanly sebitine gelip ýetdi. Belentlikde ýörite goýlan adamlar, uzakdan peýda bolan tuga gözleri kaklyşandan, oba tarap at saldylar.

“Gelýär” habary ýetirilen Hojam Şükür ýanynyň on-on bäş adamy bilen belent myhmanyny garşylamak üçin atlandy. Bir atlynyň dyzynyň üstünde bolsa, ak gunduz ýaly işşek bardy.

Obadan esli daşlykda Hojam Şükür goşunyň öňünden çykdy. Mädemin taýak atyma gelende, atlylaryň başynda barýan Hojam Şükür “Duruň” diýen yşarat etdi. Atlylar jylaw çekdiler.

Mädeminiň şu saparky hereketine ýanyndakylar hem haýran galdylar. Sebäbi onuň Hojam Şükür derejesindäki adama beýle uly hormat goýanyny heniz gören ýokdy. Ol bäş-on ädimlikde atdan düşdi-de, Hojam Şüküre tarap pyýadalap ugrady. Özüne tarap,onda-da atdan düşüp gelýän beýik Hywanyň hanyny gören Hojam Şükür bu wakany düýşüdir öýtdi, beýle mertebeli myhman pyýadalap gelýärkä, özüniň atyň üstünde oturmasyny ymmata sygmajak gabahat hereket hasaplady. Ýöne ol aljyramakdan ýaňa, aýagyndan sypan üzeňňini hem wagty bilen tapman, atdan syrygyp düşmeli boldy. Mädemin Hojam Şüküre gujak gerdi. Dykyz hanyň gujagyna arryk göwresini taşlan Hojam Şükür az salymlap dünýäni unutdy, bokurdagy dolup, owasyna ýaş indi. Ol beýle uly hormata ömründe ilkinji, megerem, iň soňky gezek mynasyp bolýardy.

Hojam Şükür özüni dürsänden soň, şu günki dabara mynasybetli ilkinji gezek geýen ýalpyldawuk täze donunyň goltugyndan çykaran iki gulaç ýaly ak ýüpek matany Mädeminiň biline çolady.

Öňden dilleşikli bolany sebäpli, şol mahal hem yzda galan öňi işşekli adam atyna gamçy çaldy. At şol dem gelmeli ýerine ýetip durdy. Heniz beýle uly han görmedik adam, işşegi ýere düşürip, aljyramakdan ýaňa, kän mahal geçenden soň, haýkyryp  salam berdi.

Hojam Şükür öz bilindäki pyçagy sogurdy-da, myhmanyna uzatdy.

—Belent mertebeli hanymyz, şu işşegiň damagyny öz goluňyz bilen çalsaňyz, bize uly hormat goýdugyňyz bolardy...

Mädemin beýle ýagdaýy geň görse-de, “Türkmeniň adaty şeýle bolsa gerek” diýip oý edensoň, pyçagy eline aldy.

Işşekli hereket tüpkmeniň adaty däldi-de, Hojam Şüküriň gije ýatman, oýlap tapan pirimidi.

Ýiti pyçak eýýäm güýlünip, ajala taýyn edilen janaweriň diňe bir damagyny çalmak däl, tas boýnuny ýolup taşlapdy.

Böwri böküp duran işşege tarap sereden Hojam Şükür ýylgyrdy:

—Ýagşy adamlar damak kesende, şeýdip, maly gynaman kesermiş. Eliňiz ýeňil ekeni, beýik han!

Heniz jany oňly çykmadyk işşegi eýeriň gaşyna atan adam oba tarap eňdi. At her towsanda, işşegiň bogazyndan çykýan al gan töwerege syçrap barýardy. Şondan soň Mädemin hem atlandy.

Atlylar hataryň çetinde dikilen ak öýe tarap ýönelenlerinde, ajalyna el bulan bir ak köpek üýrmesiz mahaly  üýrmesiz adama bakyp üýrdi. Ol parahat ýatan ýerinden turdy-da, Mädeminiň atynyň alabederligini halamadymy-nämemi, onuň bäş-alty ädim golaýyna ýetip, dişlerini syrtardyp, jabjynyp üýrmäge durdy. Belent myhman ak öýüň golaýynda düşländen soňam it üýrmesini dowam etdi. Ol ýagdaýy myhmany göwnüne alar öýdüp howatyrlanan Hojam Şükür, gapdalynda duran ýigitleriň biriniň elindäki gara myltygy kakyp aldy-da, üýrüp duran itiň maňlaýyndan atyp goýberdi. Iki gözüniň arasyndan gyrmyzy gany çogup çykan köpek aýylganç waňkyrdy-da, yza serpildi. Emma ol bir ädimem ädip bilmän, agzyny ýere berdi. Kimdir biri ony  art aýagyndan tutup, derrew süýräp gitdi.

Gapa tarap ýöneljek bolup duran Mädemin saklandy.

—Biýem siziň iliň bir däbimidir, Hojam han?

—Hawa, merhemetli han, biz ilde belent mertebeli myhmana bakyp üýren iti şeýdýändirler.

Öz hanynyň üç gün bäri ilkinji gezek ýylgyranyna şaýat bolan Muhammet Ýakup Mäter ynjalykly dem aldy.

✧✧✧

Suw entek ýylamandy. Onuň üstesine-de bu gün demirgazykdan öwüsýän şemalyň ýakymy ýokdy. Şonuň üçinem balagyny dyzyna çenli çermäp, derýa girenine kän mahal geçmedigem bolsa, Kelhan Kepele tizräk suwdan çykanyny kem görmedi. Emma hokgalaryna çenli öl edip, kenarda kädileri suwdan dolduryp duran aýallara, ýetişen gyzlara gözi düşenden soň, ol daş çykmagy özüne uslyp bilmedi.

Ol meşige suwuny boşadan kädisini ineriň ýanynda duran Gurbana tarap oklady-da tulumyň özüni suwa çümdürdi. Agzy dar meşik ala pakyrdy bolup, suwdan dolmaga başlady. Onýança-da Gurbana tarap zyňlan kädi raýyşdan yza togalanyp, ýene Kelhan Kepeläniň ýanyna geldi. Kädini akymyň ugruna goýbermän saklan Kelhan Gurbana alarylyp seretdi.

—Kelhan aga, ýaňadandan zyň-la!—diýip, Gurban ýokardan gygyrdy.

—Zyňamda nä tutubilýäňmi?—diýip, Kelhan kädini has batlyrak zyňdy. Kädi Gurbandan sowa geçip, oturan düýäniň howudynyň ýanagajyna degdi-de, iki bölündi.

—Kelhan aga, beýle gaty zyňmazlar ahyryn.

—Men-ä, inim, şü gün saňa ýaranyp bilmedim. Çala zyňsam, tutma, gaty zyňsam,tutma, dagy nädip zyňaýyn?..Döwlen bir suwkädi bolsun!

Birdenem Gurban Kelhan Kepeläniň bu mahal asla garaşmadyk sowalyny berdi.

—Kelhan aga, sen o gün meň üçin bir ýere gudaçylyga-da barjak diýäýdiňmi?

—Asyl “Göleli sygyrdan” gürrüň edilmegini küýsäp duran ekeňiň-ow sen...

—Ondanam däl-de, gowusy, Kelhan aga, sen meň üçin hiç ýere gudaçylyga barjak bolmasana...

—Gorkup ýörme, ýaş ýigit—diýip, Kelhan ýylgyrdy.—Men o gudaçylyk üçin haýsy gapydan barmalydygyny gowy bilýändirin.

—Nädip bilýämişiň? Men o barada saňa hiç zat aýdamok ahyryn?

—Arkaýyn bol, inim. Bizem, “Gelin bolmasagam, gädikden garap görüpdik”

...Aňyrlarda-da derýanyň kenarynda adam-gara kändi. Meşikler, kädiler suwdan doldurylýardy. Gowşut hanyň tabşyrygy bilen çöle siňmän, galada galýanlar uçin ýeterlik agyzsuwy edinmelidi.

Telim süri goýun geçip gitdi.

—Mallary nirä sürmeli etdiler, Kelhan aga?

—Ýaňkylar-a Garrybende tarap barýalar. Ýöne mallaň köpüsi eýýäm guma siňendir..

Aksakallaryň çaklamagyna görä, Mädemin erte-birigünden gijä galman Saragta aralaşmalydy. Ähli obalara çapar ýollap, çöle siňmesiz edilenleriň ertirden gijä galman gala töweregine jemlenmelidigi habar edilipdi. Emma eýýämem Saragt galasynyň içinde-daşynda-içinde görünýän adamlaryň, mallaryň sany-sajagy ýokdy.

..Saragt galasynyň daşyndaky köne garym giňeldilýärdi, çuňaldylýardy.Galanyň ýykyk-ýumruk ýerlerine gum üýşürilýärdi.Ol iş garaňky düşende-de togtadylmaýardy.

Ýatyş telpegini çümre geýnen Gowşut han garymyň gyrasynda gezmeläp, işe serenjam berýärdi. Ol gala ýetip gelýän Kelhan Kepelä gözi düşüp, ýylgyrmaga mejbur boldy.

—Ussa, sen iki meşik suw bilen bir aý oňarmyň?

Adamlar Kelhana tarap seredişdiler. Onuň bolup gelşi, dogrudanam, gülkünçdi—balagy henizem dyzyna çenli çermelendi, howanyň sowugynyň bardygyna-da garamazdan, çäkmeni hem ýeňlenmän, egnine ýöne atylaýandy, ezýaka köýneginiň çäginden bir tüňküji görnüp durdy.

—Aý, han aga, men-ä bir meşik suw bilenem bir aý oňaryn. Asyl suw içmesemem bolar.

Garymyň içinden kimdir biri inçejik sesi bilen gygyrdy:

—Aý, iner bol-a, Kelhan Kepele!

Kelhan ýylgyrdy:

—Kelhan Kepeläň inerdigini sen indi bilýäňmi!

Adamlar wakyrdaşyp gülüşdiler. Bir seretseň, bu ýere ýygnananlar örän şadyýandylar, gülüşýärdiler, degişýärdiler.

—Han aga, şü ýerden-ä suwam çykjak—diýip, garymyň içindäki ýigit Gowşut han deňine baranda ýokaryk gygyrdy.

—Suw çyksa, oňa ýetesi näme bar?—diýip, kerte elini dirän han aşak bökdi.—Hany, piliňi bärik ber, goçagym!

Bir käse çaý içim salymda Gowşut han dört-bäş ädim ýeriň batgasyny zyňyp çykdy. Yzda gögümtil läbik galdy. Han depen ýerine aýagyny goýup gördi. Onuň çokaýy seçegine çenli palçyk boldy.

Töwerege garan baş han ýagdaýdan hoşal boldy. Garymyň içindäki adamlar aýtdyrman, diýdirmän, hanyň hereketine öýkünip başlapdylar.

Pili eýesine gaýtaran han daş çykdy:

—Indi suw goýberip, saman sepeläberseňizem bolar.—diýen han galanyň borjak şahalaryndan örülip ýasalan täze derwezesine tarap ýöneldi. Ol gazylan çukurlaryň üstüni basyryp duran adamlaryň ýanyna ýetip aýak çekdi.

—Serdar, ýagdaý niçik?

Amansähet serdar başyny galdyrdy.

—Şunam basyraýsak, boluberýäs, han..

Amansähet serdar galada körpeç ýasaýanlaryň bir bölegine ýolbaşçylyk edýärdi. Körpeçler ýaňy dünýä inen guzular üçin däldi-de, adam çagasyna niýetlenendi. Ýeriň böwrüni gazyp, agzy gytak edilýän körpeçler depesinden top oky düşäýende-de, ýumrulman durmalydy. Onuň yzgarly teýine çöp-çalam düşäp, üstündenem keçe, ýorgan-düşek atýardylar.

Gowşut han galanyň orta gürpüne ýetende, adamlara tüpeň paýlap duran Nepes molla gabat geldi. Ol Ahaldan getiren gara myltyklaryny eýýäm paýlap gutaryberipdi. Ýigitler gezek-gezegine gelip, tüpeň alanlaryndan soň, bir tarapa çekilip duruberýärdiler.

Gowşut han Nepes molla ýüzlendi:

—Molla, Taňry bizden bolsa, enşalla, Mädeminiň çadyryny başyna ýumrarys.

Gowşut han ol sözleri ýöne dymyp geçmezlik üçin diýipdi. Emma Nepes molla oňa birbada hiç hili jogap gaýtarmady, “Han aman—il aman” diýip, içini gepleden şahyr Gowşudyň sussunyň pes däldigini ýagşa ýordy.

Gowşut han şahyryň paýlaýan myltyklarynyň birini eline aldy-da, agramyny ölçeýän ýaly saldarlap görenden soň, yzyna gaýtardy. Birdenem ol özüne erk edip bilmeýän ýaly bolup, aýagynyň burnuna seretdi, agyr oýa batdy. Ýap-ýaňy-da howalasy belent hanyň birden beýle doňup galmasyny gören synçy şahyr sowal bermän durup bilmedi:

—Han, dogryňy aýt, şu mahal näme hakda oýlandyň sen?

—Bir zamanda  Merwde iki sany tophana bolupdyr, molla.Top ýasaýanlar Badhyzdan getirilýän pisse agajyny ýakyp, mis eredipdirler.Topuň ýany bilen düýäň howudyna baglap atylýan bir ykjam ýarag hem ýasar ekenler. Aý, olam topuň bäri ýanyndaky ýaragmyş-da. Adyna “Sapbozan” diýýär ekenler. Duşmanyň sapyny bozýan ýarag ekeni…

—Şu mahal şol sapbozandan bolaýsa diýýäňmi?

Çaga arzuwçyllygynyň üstüniň açylanyna hanyň ýüzi gyzaryp gitdi.

—Dogrymy aýtsam, molla, şu mahal şondan on howutlyk bolaýsa diýdim..

—Arman çekme, han. Barymyz bilen bazar eýlesegem, işimiz rowaç bolar. Biz basyp alamzok, basyp aljak bolýandan özümizi goraýas. Bala-çagalammyzyň ýagşy nesibesi bardyr...

—Belki, Hudaý!—diýip, Gowşut han baş atdy.

...Şahyryň ýanyndan gaýdan hanyň ýoly galanyň gündogar ganatynyň daşynda işläp ýörenleriň üstünden düşdi.

Haltalap getirilýän samany suwdan püre-pür edilen garyma tarap süýşürip duran ýaşuly, Gowşut hanyň beren salamyny alandan soň, çarşagyny ýere dikdi-de, han bilen görüşdi.

—Tekäň malyny saman alapasyndan-a dyndardyň, han—diýip, ýaşuly degişdi.

Gowşut han oňa ýylgyryp, jogap gaýtardy.

—Teke jan tapsa, malyna alapalyk saman tapar, agam. Türkmeniň çöli giňdir. Alla özümizi aman goýsa, malymyzam aman galar.

—“Gark bolan sypaldan ýapyşar” etjek bolýaň-da onda?—diýip, goja göwnüçökgün gepledi.

Gojanyň aýdany hana ýaramady. Onuň ýüzündäki ýylgyryş agraslyk bilen çalyşdy.

—Ýok, agam, beýle däl, Men sypaldan ýapyşjak bolamok-da, “Saman astyndan suw goýberen” etmek isleýän.

Goja dymdy. Şol pursat adamlaryň hemmesiniň ünsüni çeken bir waka gopdy.

Dünýäniň aladasyny, adamlaryň häzirki galagoplylygyny duýmakdan mahrum bir erkek eşek öz maksadyna ýetmek üçin derýa boýunda öňüne salan başga bir eşegini kowalap gaýtdy. Erkek eşek zorruk sesi bilen arlap, töweregi galmagaldan dolduryp gelýärdi. Emma öňdäki mada eşek onuň islegini amala aşyrtmaýardy.

—Tapdyňyz-a kowalaşjak wagtyňyzy!—diýip, biri nägilelik bildirdi.

—Mädemin gelmänkä, keýp kökläýjek bolýandyrlar-da—diýip, ýene biri gepledi.

Gaçyp gelýän eşek edil Gowşut han dagynyň ýanyna, garymyň gyrasyna ýetdide, ýa-ha öňünde ýüzi samanly, aşagy suwly garymyň bardygyny saýgarmady, ýa-da saýgarsa-da, gapdala sowulmaga maý tapmady, garaz, samanly suwa başşaklygyna agdarylyp gitdi. Ony kowalap gelýän eşek welin, özüne erk etmäge ýetişdi. Ol gapdala sowuldy-da, awundan umydyny üzendensoň, tumşugyny ýokaryk tutup, aňyrlygyna gitdi.

—Haý, bigaýratladyň-ow!—diýip, Gowşut hanyň ýanynda duran ýaşuly başyny ýaýkady.—Ejizlediň-ow!

—Özüň şoň ýerinde bolsaň, näderdiň, agam?—diýlende, handan garaşmadyk sowaly mada eşegiň üstüne bökermidiň?

Goja ýylgyrdy. Yzyndanam:

—Aý, han, özümem şondan mert eşek däl bolaýmasam—diýip, hakykaty boýun alan ýaşuly gara çyny bilen gülüp göýberdi.

Suwa gaçan eşek kä çümüp, kä çykyp, garymyň beýleki kenaryna ýetdi, emma raýşa welin dyrmaşyp bilmedi. Ol suwdan çykjak bolup, näçeler eşek erjelligini etsede, netije bolmady.

Gulaklary, kellesi, gerşi yzgarly samana gömlüp, mähnet bir ezilen syçana meňzän eşek ýow howpy bilen gaşlary çytyk adamlary-da ýylgyrmaga mejbur etdi. Göçgünräk ýigitler tomaşakär bolup, şowhun turuzdylar. Ahyram boýnuna ujy halkaly tanap zyňyp, haýwany daş çykardylar. Endamyndan saman gatyşykly gara läbik sarkyp duran eşek esli salymlap tomaşa edilýän maýmyna öwrüldi.

Il deňinde gülkä goşulan Gowşut han:

—Saman astyndan goýberilen suw-a adamlara hezil berdi!—diýdi.

Hanyň ýanyndaky ýaşuly hem:

—Belki, Mädemin şü garyma gaçanda-da, şeýdip gülşäýedik-dä!—diýip göwün ýüwürtdi.

—Agzyňdan hudaý eşitsin!—diýen han ýöräberende, ýaşuly ony güýmedi.

—Ýaňky eşekden mysal tutsaň-a, niýetimiz hasyl bolaýjak ýaly, han... Älhepus, adamdan emel gutuljakgäl-ow!

Gowşut han:

—Alla-da şeýtansyz oňmandyr ahyryn, agam—diýdi.

Daşlaşyp ugran han görmese-de, ýaşuly baş atdy.

—Alla şeýtany onuň adamlary oýnaýşyndan peýdalanjak bolup döreden bolaýmasa.Başga nämä derkar diýip döretsin ony...

✧✧✧

Gündogar ýaňy çalaryp ugrapdy. Älem-jahan, dynç alýan ýaly parahatdy. Emma şol imisalalykda-da, şu günde-ertede gala göçmelidigini kellesinde aýlap ýatany sebäpli bolsa gerek, oýanan Karkara gaýdyp uklap bilmedi. Ahyram bir hepde mundan ozal enesi ölen çalja guzy ýadyna düşen gyz, emaý bilen ýerinden turdy-da, daş çykdy. Entek ýaprak ýaýratmadygam bolsa, agaçlar säheriň alagaraňkysynda owadan bolup göründi.

Öýüň gamşyna söýelgi süýtkädini alan Karkara mal ýataga tarap gitdi. Eýýäm ele öwrenişen ýetim guzy, howandarynyň gelýänini görüp, ýatagyň agzyna golaýlady.

Ýylgyn şahalaryndan gara öýüň tärimi ýaly gözeneklenip edilen agylyň içinden daşaryk seretseň, älem has-da owadan bolup görünýärdi. Çalaja öwüsýän säher şemaly agylyň içinden göterilýän çöp-çörüň agras ysyny Karkaranyň temezliginiň üstünden kowup äkidýärdi-de, onuň ýerine tämiz howa getirýärdi.

Ýetim guza süýt içirip oturan Karkara “Hiýh!” edip tisginende, kädi tas elinden gaçypdy. Hatar öýleri nazarlap, Gündogardan üç sany atly bärik gelýärdi. Ümüş-tamyşlykda olaryň näjüre adamlardygyny saýgaryp bolmaýardy. Ýöne bu mahal, entek metjit tarapdan azan sesi-de çykmanka, atlylaryň bärik keýpine gelmeýändikleri welin belli zatdy. Beýle adamlar, beýle bimahal çagy ýa-ha şum habar bilen, ýa-da bet nýet bilen gelmelidiler.

Şol barada oýlanyp oturan Karkara ýetim guza içirmek üçin owujyna guýan süýdiniň barmaklarynyň arasyndan sarkyp, gumalagyň, çörüň üstüne dökülýändigini-de aňmaýardy. Ýylgyn şahalary hem görer göze öwrülip, golaýlan atlylaryň hemme hereketini gyza indi aýyl-saýyl görkezýärdi.

Karkaranyň çaklamagyna görä, atlylaryň nazary hanyň öýüne tarapdy. Çünki il örmänkä getirilýän zerur habar, nähili-de bolsa, öňi bilen hana ýetirilýärdi.

Gyzyň eden çaky dogry bolup çykdy. Atlylar hataryň üç gapysynyňam deňinden geçip, Gowşut hanyň öýüniň işiginde saklandylar. Karkara şonda ortadaky atlynyň öňune palasamy ýa-da dona dolangy zadyň keseligine basylandygyny, özleriniňem ýaragly adamlardygyny saýgardy.

Ortadaky atly öňündäki zady ýere taşlansoň, olar yzlaryna aýlandylar. Bimahal peýda bolan adamlaryň bir gizlin iş edýändikleri howlukmaç gidişlerindenem aňdyrdy.

Karkarany ýene bir haýran galdyran zat—hatardaky dört-bäş sany itiň, edil jadylanan ýaly, birindenem ses-üýn çykmanlygydy. Mundan ozal, gijäniň bir mahaly bolsa-da, hiç kime azarsyz, öz günemasynyň aladasynda geçip barýan biçäre kirpä-de boş haýbat atyp galýan itler bu gezek kere, köre öwrülipdiler. Diňe atlylar hatardan mazaly uzaklaşandan soň, Çebşek batyryň atýatagynyň ýanynda irkilip ýatan köpek birki gezek, onda-da göwünli- göwünsiz üýren boldy.

Şaýat bolan ahwalatyny ýamanlyga ýormak islemese-de, ol waka Karkaranyň ýüregine howsala saldy. Ol ätiýajy elden bermejek bolýan ýaly, agyldan çykman, atlylaryň giden urguna seretdi. Çalaran asmany özlerine perde edinen geň atlylar han obasyndan eýýäm saýlanypdylar.

Süýtkädini hem agylda galdyran Karkara gorky bilen daş çykdy. Garny süýtden oňly doýmadyk ýetim guzy nägileligini aňdyryp, zaryn mäledi. Guzynyň zary aladaly gyza ýetmedi.

Karkara han öýüniň işik tarapyndan barmaga, gapa taşlanan zatdan heder edip, gözenege aýlandy-da:

—Gelneje! Ýazsoltan gelneje!—diýip, uýala-gorka seslendi. Içerden aýal sesi gelen ýaly boldy.—Gowşut dädem öýdemi, gelneje?

—Bi senmiň, Karkara?—diýip, Gowşut han seslendi.—Näme boldy? Eýgilikmidir?

—Aý... Ýaňy üç sany atly gelip, gapyňyza bir zat taşlap gitdi—diýip, ýatanlary biynjalyk edenini uslyp bilmedik Karkara zordan gepledi.

Atly sözi gulagyna ilen, başy açyk, egni ak balak-köýnekli haýdap çykan han derrew gözenekde peýda boldy.

—Sen näme diýdiň-ä, Karkara?

—Ýaňy gapyňyza bir zat taşlap gitdiler, Gowşut däde...

—Sesiň gözenekden gelensoň, men gapa seretmändirinem—diýen Gowşut han derrew yzyna aýlandy.

Taşlanan zada nazary düşüp, birneme yza tesen uly adamynyň hereketini synlan Karkara bilesigelijilik bilen:

—Name taşlapdyrlar, Gowşut däde?—diýdi.

Agaryp ýatan adam süňklerinden nazaryny aýran han Karkara tarap seretdi.

—Üýtgeşik zat ýok, jigim. Sen git-de, öýüňidäki iş-aladaň bilen boluber. Bärik seretjegem bolma.

“Bärik seretjegem bolma” diýen söz gyz ýüregine has-da beter gyzyklanma saldy, emma aýdylany etmeli boldy.

Karkara gidensoň, öýe gyssanmaç girip çykan han, alyp gelen ýapynjasy bilen çagşaşyp ýatan süňkleriň üstüni örtdi. Şol pursadam Gowşut han Mädeminiň Saragt sebitine aralaşandygyna göz ýetirdi. Bu gabahat iş şonuň işi bolmalydy.

Gowşut han öz öten-geçen garyndaşlaryny ýatlap, bu süňk-saňklaryň olaryň haýsysynyňky bolup biljekdigi hakda kellesinde pikir aýlady. Emma pylanyňky bolmalydyr diýip, belli birini çaklap bilmedi.

Säherdäki üç atlynyň galdyryp giden nyşanynyň manysyna Gowşut han aňryýany bilen düşündi. Ol hereket adam kemsidilmeginiň, masgaralanmagynyň aňrybaş serişdesi hasap edilýärdi. Mazardan çykarylan kelleçanak, süňk-saňk, jesedi biynjalyk edilen merhumyň iň ýakyn hossarynyň ýa-da köpçülik kemsidilmeli edilende tire-taýpanyň kethudasynyň, tutuş ilat kemsidilmeli edilende, ilhanynyň, ýagny baş hanyň gapysyna taşlanýardy.

…Gowşut hanyn öýüniň töweregine ýygnanan kän sanly adamlaryň hemmesi agyr oýa batdy. Olaryň her biri üsti ýapylgy süňk-saňky dünýäden öten öz garyndaşynyňky hasaplady.Ýapylan örtügiň astyndan her kime öz ýakynynyň ruhy jyklap ýatan ýaly bolup duýuldy. Diňe bir ruh jyklamak däl, süňk-saňklardan seda gelip: “Meni gabrymda-da rahat ýatmaga goýmadyňyz. Bizde näme günä bar?” diýilýän ýalydy.

Şonuň üçinem süňk-saňkyň daşynda aý berip duran adamlaryň her biri özüni hut şu gün dünýäden öten garyndaşynyň jynazasyna duran ýaly hasap etdi.

Köpçülik doňup durdy. Hiç kim agzyndan söz gaçyrmady.

Iki tirsegini penjeläp, ýere bakyp duran Gowşut han, uzak sözlejek ýaly eşidiler-eşidilmez ardynjyrady:

—Adamlar, bu gabahat işi kimiň, näme üçin edendigini özüňiz gowy bilýänsiňiz.Bu jesediň haýsy gonamçylykdan, haýsy mazardan biynjalyk edilip çykarylany belli däl. Ýöne bir zat belli. Bu jeset biziň her birimiziň iň ýakyn garyndaşymyzyň jesedi bolmaly. Muny biz hossar hökmünde deňli-derejeli edip ýerläliň!

Saragtyň baş hanynyň ähli saragtla ýüzlenip hemme aýdany şol boldy.

✧✧✧

1855-nji ýylyň 14-nji martynyň giç öýläni Hywa goşuny Saragta gelip ýetdi.

Mädemin heniz atdanam düşmänkä, köne Saragt galasynyň täze derwezesiniň ýapylandygyny habar berdiler. Han ilki gala tarap, soňam ýanyndaky Muhammet Ýakup Mätere çalaja gaňrylyp seretdi:

—Peşe at toýnagyndan niçiksi ýol bilen goranyp biler, Mäter? –Sowal berlen esli salym dymansoň, han özüne jogap berýän ýaly:—Ýa, akylly at peşäni depjegem bolmazmy?—diýdi. Şeýle hem ol öz tapan geplerinden özi hoşal bolan ýaly, çalaja ýylgyryp goýberdi.

Mädeminiň kimi peşe, kimi at hasap edýäni düşnüklidi. Onuň soňky ýylgyrmasynyň sebäbi bolsa, türkmenleriň köne galanyň çöp-çalamdan edilen derwezesini ýapmaklarydy. Galanyň emeli derwezesini suwy berlen polat bilen çalşyranyňda-da, garşydaşyň zarbasyna çydap biljek däldi. Mädemin öz atdaşy Muhammedemin ýüzbaşyny baş edip, iki sany agyr topy Hywa ýaly ýoldan oýnamak üçin tigirläp gaýtmandy.

Heniz gara myltykdan üýtgeşik ýarag görmedik türkmenler üçin toplary gala çenäp atmak däl, başga tarapa atsaňam, ýeterlik bolmalydy. Toplaryň aç peleňiň arlamasy ýaly aýylganç sesi-de tekeleriň zähresini ýarmalydy. Dowul düşüp, başagaýlyk aralaşan tekeleriň gedem kethudasy bolan Gowşut han hem onuň baş aksakaly Seýitmuhammet işan gelip, Mädeminden aman dilemelidi.

Öz hanynyň ertir näme pikir etjegini-de şu gün bilýän Muhammet Ýakup Mäter indi dymmaly däldi. Mädeminiň soňky ýylgyrmasy-da bir sowaldy. Hökmürowanynyň haýsy tarapyndan, nähili ädim bilen barsa gowy bolýanyna ökdeläp giden Mäter:

—Depilmäge-de mynasyp däl peşe teniňe yza berse, oňa jogap gaýtarmaly bolar, merhemetli han. At özüniň artykmaçdygyny aýan etmeli bolar ahyryn...

Mädemin geňeşçisiniň jogabyndan hoşal boldy, emma ony derňäp görmek isledimi-nämemi:

—Peşe çakany bilen at agyr güne düşäýmez-ä.

—Aýdýanyňyz dogry. Peşe däl, ýylan çakany bilenem, ajaly ýetmese, adam ölmeýä. Ýöne musulman bendesine ýedi ýylda bir ýylan öldürmek parz.

Muhammet Ýakup Mäteriň jogaby hany kanagatlandyrdy.

Öňden bellenişine görä, Hywa goşunynyň agramly bölegi galanyň günortasynda, Tejen derýasy tarapynda goş ýazdyrdy. Derýa tarapda düşlenmeginiň iki sebäbi-türkmenlere goltgy diýlip iberiläýmegi ahmal Eýran goşunynyň gözüni gorkuzmak hem Saragt galasyny suwdan mahrum etmekdi.Şoňa görä-de Mädemin han galanyň daşyndaky garymy suwdan doldurmak üçin derýadan çekilen täze ýaby tizden-tiz gömmeli diýen buýruk berdi.

Hywa goşunbaşylary ýük ýazdyrylan bada, tekeleriň göz oduny almak üçin, iň bolmanda, keltejik bir çozuş amala aşyrylar diýip çak edipdiler. Emma agyr goşunyň yzy gelip ýetýänçä, Gün hem ikindi ýerine bardy. Bir-ä giçdi, bir-de Mädemin han agyr ýoluň ýadawlygyndan soň, ýatyp dynç almagy makul bildi.

Ertesi bolsa beýik han wagtyny aw etmek bilen geçirdi. Onuň goşun çekip gelensoňam ýatyp, turup, awa çykyp, howlukman ýörmesi-de, tekeleriň garşylyk güýjüniň nä derejededigine kemsiz göz ýetirýändiginden gelip çykýardy.Ol öňde duran çaknyşykda Hywa tarapyndan känbir gan hem döküler öýtmeýärdi. Garşydaşynyň güýjine baha bermekde, Hywa hanynyň gelýän aýgydy hakykatdan üzňe däldi. Tekeleriň Hywa goşunynyň güýjüne mynasyp baha bermezligi, oňa garşy durmaga meýillenmekleri gatybir öňdengörüjilik hem däldi. Eger-de Gowşut han akylly-parasatly bolan bolsa, Hywa bilen çaknyşmagy hyýalyna-da getirmezdi.—Bu Mädeminiň edýän aýgydy.

Mädemin han, umuman, yrymçydy, aýakýoluna gidende-de käte bir zady göwnüne getiräýýärdi. Emma onuň ertir, hut bisähet gün söweşe başlamaly etmegi-de garşydaşynyň güýjüni halys äsgermeýändigi bilen baglydy.

...Ertir namazyny okan Mädemin Döwletýar atlyk bilen Abanur Nyýazmähremi ýanyna çagyryp, iki müň nökerden ybarat goşuna baş bolup, daga tarap gitmegi tabşyrdy. Olar iberilen ýerde birnäçe gün bolup, Eýran tarapa gözegçilik etmelidiler. Üç topara bölünen iki müň goşun Akderbendiň, Mazduranyň hem Gyzylgaýanyň töwereklerinde düşlemelidi.

Mädeminiň tekeleri uly urşa çykarman, abaý-syýasat bilen boýun egdirmek hyýaly-da ýok däldi. Onuň galany oka tutman ýatmagy, ertesi hem köp wagtyny kekeji gyzyl iki sany horazyň yzyna düşüp geçirmegi-de şonun üçindi.Üstesine, Mädeminiň çak etmegine görä, gala ýygnanan türkmenler ol ýerde bir hepdeden artykmaç ýaşap bilmeli däldi. Agyzsuwy gutaryp, porsap ýatan ilat, Gowşut han islese-islemese, bala-çagany ölümden halas etmek üçIn derwezäniň açylmagyny talap etmelidi. Häzir bolsa Saragt galasy içinde adam bara-da meňzemeýärdi.

Döwletýar atlyk bilen Abanur Nyýazmähremi Eýrana tarap ataran Mädemin han belent ak çadyryna girip, köp eglendi. Halnazar Bahadur, Horezm kazy hem ýene birnäçe adam çadyryň daşynda garaşyp durdy.

Öňki geýimlerini çykaryp, söweş eşigine giren Mädemin han esli salymdan soň, gorkunç bir zada meňzäp daş çykdy. Ol çep elini bilindäki goşa nilli pereň sapançasyna ýetirip, görkezme bermäge başlady. Onuň ilkinji tabşyrygy öz çadyryny başga ýere göçürmek buýrugy boldy. Emma ony nirede dikmelidigini welin aýtmady.

Saragt galasynyň töwereginde Alaman depe, Ajygam depe, Herrik depe, Guýrukly depe diýen ýaly birnäçe belentlik bardy. Olaryň haýsy biriniň üstüne çykyp seretseňem, alys alnyňda bolup görünýärdi. Hanyň baş geňeşçisi olaryň arasynda iň gowy hem amatlysy hasaplap, Ajygam depäni saýlady. Şol depäniň üstünde çadyry dikilse, Mädemin goşunyň hem sülsadyň ortaragynda boljakdy. Ondanam başga, Ajygamyň aýtymynyň giňräk bolmagy janpenalardan artyk ýene esli nöker saklamaga mümkinçilik berjekdi.

...Gün guşluk galanda, goşa top gala tarap tigirlenip ugrady. Toplaryň öňünden iki-üç ýüz sany atly nöker barýardy. Gala top oky ýeterlik aralyk galanda, öňden barýan atlylar saga sowuldylar. Topçular saklanandan soň, Mädemin hanyň topary çepe çekilip, täsin bir tomaşa garaşýan ýaly bolüp, nökerleriň hereketini synlap durdy.

Taýak ýetim gapdaldan hanyň özlerini synlaýandygyny aňan topçular has-da tiz hereket edip başladylar. Kän mahal geçmänkä, toplaryň atyşa taýyndygyny habar bermek üçin Muhammedemin ýüzbaşy haýbatly ädimler bilen hana tarap ýöredi.

Mädemin han buýruk bermäge gyssanmady. Ol at üstünde sarsman oturyşyna galanyň diwarynyň üstünde peýda bolan adamy üns bilen synlady. Ol adam aşak düşüp, esli salym gözden ýitdi.

—Görýäňizmi toplaryň oýnuny!—diýen Mädemin han içini gepletdi: “Ol Gowşut hanyň ýagdaýa göz ýetirensoň, sözleşige rugsat soratmak üçin iberen adamydyr...”

Galadan düşendenoň, ýene göze kaklyşan adam ýüzüni gaýrak tutup, gaçmak bilen boldy.

—Top atylmanka, biri gaçan bolsa, atylansoň, hemmesi gaçar—diýip, pessaý aýdan Mädemin han birdenem haýbat bilen gygyrdy.—Atyň!

Iki topuň birden atylmagy bilen Saragt düzlüginiň depesinde henize çenli eşidilmedik aýylganç bir gümmürdi ýaňlandy. Howada ýeňiljek tüsse tegmilleri peýda boldy.

Toplar gezek-gezegine telim gezek gümmürdänden soň, elini salgan Mädemin han:

—Däri harçlamaň, bes ediň!—diýdi. Ol gala tarap seretdi. Onuň diwarynyň hoňkaryp görünýän ýa-da ýykylan ýeri ýokdy.

Ilkinji “abaý hüjümini” şowly hasaplan Mädemin han at başyny yza aýlady. Ol uzakdaky Ajygam depäniň üstünde agaryp görünýän ýüpek çadyra tarap sürdi.

✧✧✧

Mädeminiň ilkinji hüjüminde top okunyň gala diwaryna golaý dikilen gara öýüň üstünden düşmegi bilen bir goja hem eli çagaly gelin wepat boldy.Toplar şondan başga ullakan opurlylyşyk döretmändiler.

Emma toply meselede Gowşut hanyň howatyrlanmasy dogry bolup çykdy. Top oky üç adamynyň başyna ýetenem bolsa, onuň ýaňy köp müň adamlyk boldy. Top hüjüminden soň adamlaryň arasynda bolmalysyndanam has beter dowul döredi. Dowul turuzmagy gowy görýänler ýagdaýy has-da çişirmäge başladylar, Hywanyň iki topuny ýigrimi iki edip görkezdiler. Türkmeniň bala-çagasyna nebsi agyran Mädemin entegem toplaryň diňe ikisini öňe çykaranmyş. Başyna agyr iş düşen sada adamlar bolsa, näme diýilse, hatda ynanylmasyz gepe-de ynanýardylar. Çişirmeleriň ýelini gaçyrjak bolup, serdarlaryň, batyrlaryň eden tagallasyndanam oňly netije çykmady.

Adamlar, näme üçindir, çyna ynanman, ýalana ynanmak isleýän ýalydylar. Beýle ýagdaý uzak dowam ediberse, ilatyň ýaraga ýapyşmaly eliniň sowajagy-da belli zatdy.Sussupes adamlar ýaraga ýapyşanlarynda-da, gazanyljak netije az boljakdy.

Saragtlylaryň düşen ýagdaýyna göz ýetiren Gowşut han uzynly gün şol aladanyň ýüküni göterip gezdi. Ol ýük gije ýarym bolýança-da hanyň gerdeninden düşmedi..

Oýlana-oýlana, han ahyr belli bir nokatda saklandy. Saklananda-da entek ol isleg ýerden atylan ok entek degmedik asmandky ak guş ýaly ýetilmedik arzuwdy. Han hut şu gije on-ýigrimi sany batyra özi baş bolup, Hywa goşunynyň sapyna aralaşmaly hem goşa topy atylmaz ýaly etmeli diýen netijä geldi. Onuň pikiriçe, tekeleriň çöken ruhuny götermek üçin diňe sol ýol bardy. Gijäniň bir çaka barandygyna garamazdan, Gowşut han Amansähet serdaryň bolýan ýerine tarap ugrady.

Han gidip barýarka, gara öýleriň iriniň eňsisi serpildi-de, eli hasaly hökür ýaşuly daş cykdy. Ol Gowşudy görensoň, allaniçigsi bolup, yzyna aýlandy. Onuň içerik girmän, eňsiniň aňyrsynda bukulyp durandygyny aňan han; “Janam garry adama gereg-ow!” diýip, içini gepletdi. Ol gojanyň näme üçin beýdýändigini bilmek isledi.

—Ýaşuly, essalawmaleýkim! Daş çykypsyň-la? Entek namaz wagtyndanam-a irräk ýaly.

Goja eňsiniň bärsine çykyp  salam aldy.

—Inim, namaz seň ýadyňa düşýä. Men üç gün bäri peşewimi saklap bilmesem, nädersiň!

—Näme, gyşy gyşlap, ýaza ýeteňsoň, sowuklap ýörmüň?

—Daşyňy müň lek goşun gabasa, saryja tomus düşende-de buşugyň damar durar,inim.

—Müň lek goşun bilen arańda dag ýaly gala-da bar ahyryn..

—Toply belaň öňünde gum gala durup bilmez, ýagşy ýigit.

—“Il bilen gelen—toý-da baýramam-a” diýipdir köneler. Ýa ony bir agzy boş teke aýdaýdymyka?

Goja Gowşut hany tanamaýar ekeni. Şonuň üçinem ol arkaýyn gepledi.

—Kim aýtsa, şol aýtsyn welin, indi bize arkaýyn ýatyp ölmegem nesip etjek däl öýdýän, inim. Ili gyrgynçylyga berjek bolýanlaryň kalbyna şeýtan bir bulagaýlyk salýandyr-da. Ýogsam-a... Aý, şehit öldügimiz boljak eken-dä!

Ozalam kellesi hum ýaly çişip duran Gowşut hanyň sesi birneme gataldy:

—Oňi bilen-ä, agam, suw görmän, tamman çykarýan däldirler. Kimiň şehit, kimiň kazy boljagyny bir Hudaý biler. Soňam, sen ýaly köpi gören ýaşuly, gaýtam, batyrlara dili bilen medet berip oturmazmy?

Goja dymdy. Emma Gowşut han dymyp bilmedi:

—Agam, ýaňky, ili gyrgyna berjek bolýan kimkä?

—Han barka, başga kim bolsun! Hojam Şükür hanlygyna duranlygynda, bi millet beýdip, galada porsap ýatmazdy. Gowşut han diýip bir han döredi. Mara iki gezek gidip, bir iş bitirmedi. Gaýtam ýagyny yzyna tirkäp üstümize getirdi. Mädemin bilen il bolmaga derek bizi gala gabap goýdy. Gajar bilen il bolan Gowşut han Hywa bilen il bolabilmeýämişmi?

—Iki är tutunar ýaly, men deýýus heleý däl, ýaşuly—diýen gep Gowşudyň agzyndan özünden erksiz sypyp gitdi.—Gazananyň ýaryny gajara ber, ýaryny Hywa ber, onsoň özüň gum ýalap oňjakmy?

Gojanyň sesi sandyrady:

—Asyl seň özüň kim bolarsyň, inim? Tanatmadyňam...

—Maňa Gowşut han diýerler, ýaşuly.

Ýaşuly näme diýjegini bilmedi. Ol gara öýdenem kän uzaklaşman, çermegine ýapyşdy-da, aşak oturdy.

Ol ýagdaýy gören han:

—Aýby ýok, agam, arkaýyn ýazylyber. Bi gojalygyň alamatydyr—diýip ýöräberdi, şol mahalam özüne tarap gelýän on-on iki sany adamy gördi. Aý aýdyň gijede Gowşut han olaryň arasynda Amansähet serdaryň, Şalha batyryň, Tozanly batyryň hem Çebşek batyryň bardygyny saýgardy. Tozanly batyryň egninde bolsa, manysy Gowşut hana düşnüksiz bolup galan düýrlenen tanap bardy. Emma han tanap barada soraman, kalbyndaky esasy pikir bilen Amansähede ýüzlendi:

—Serdar, sen şu gije galada baş hana derek galmaly bolarsyň. Men bir hyýala mündüm. Näme netije çykjagyny bolsa Alla bilýä. Bäş-on sany ýigit bilen Ajygam depä tarap atlanmaly etdim. Gizläp oturasy syr ýok, serdar, Mädeminiň goşa topuny ele salmasak, ählimiz şehide öwrülýäs.Hywa toplary Ajygamyň üstünde bolmaly…

—Sen eýýäm gijä galdyň, han,—diýip, Amansähet serdar Gowşut hanyň çak etmedik jogabyny berdi.—Biz şol işi maslahatlaşaly diýip, seň ýanyňa ugrapdyk.

—Aýdyberiň!

—Aýtsak—diýip, Amansähet serdara derek Tozanly batyr jogap gaýtardy.—Ynha, şü egnimdäki tanapy şoň üçin göterip gaýtdym. Biz eýýäm maslahaty bişirdik. Gitmäge döwtalap batyrlaryň on iki sanysynyň başyny jemledik. Niçiksi hereket etmelisinem ölçerdik-dökdük, oýlandyk—Bu habardan soň, tebigaty birneme öwünjeňräk Tozanly batyr batlyrak gepledi.—Ýa-ha Tozanly batyryň gara kellesi Ajygam depeden togalanar, ýa-da Mädeminiň sary toplary şü gije ýanyňa geler, han...

Gowşut han, näme üçindir, kesä bakyp gepledi:

—Adyň Tozanly bolsa-da, şemal turmanka, tozan turuzma, batyr. “Nesip etse” diý.

—Men “Alla nesip kylsyn!” diýen sözi ertirden bäri gaýtalap ýörün, han aga. Nesip kylaram, enşalla!

—Şeýdip, biraz aşak düşeweri, batyr.—Birdenem han äheňini üýtgetdi.—Hawa-da, “Alar-alar” etseň, ala köpegem alarmyş. Ýapyşaňda, bolar diýip ýapyşmaly.

—Ýagşy niýet—ýarym döwlet!—diýip, Amansähet serdar hanyň aýdanynyň üstüni ýetirdi.

Gowşut han baş atdy:

—Şol sary toplary ele salyp bilsek, bizem “Ýarym ýeňiş” hasap etjek, serdar..

✧✧✧

Mädemin hanyň sary toplarynyň ikisi däl-de biri, ýanynyň bir topçusy hem bäş-alty sany gara oky,därisi bilen daň atmazynyň öň ýany Saragt galasyna getirildi. Gowşut han gidenler gelýänçä ýatmak-ha beýlede dursun, oturybam bilmedi. Ol derweze bilen elli-altmyş ädimlikde üýşüp ýatan suwly meşikleriň arasynda ýüzlerçe gezek gatnaw etdi.

Bitirilen iş, Gowşut hanyň baha bermegine görä, akla sygmajak, amala aşmagyndan aşmazlygy müň esse ýakyn işdi. Elbetde, hywalylar üçin ruhy utulyş,

saragtlylar üçinem aýny zerur wagty peýda bolan ruhy ýeňiş türkmenlere arzan düşmedi.

Tozanly batyr bilen Şalha batyr Ajygam depäniň ýanynda özleri ýaly dört sany teke edermenleriniň jesedini goýup gaýtmaly boldular. Gidenleriň arasynda iň dogumlysy hasaplanýan Çebşek batyryň bolsa sag bykynyna Hywa pyçagy girip çykdy.Ony haly juda teň ýagdaýda gala alyp geldiler.

Bir sary topuň ele salynmagy üçin Saragtyň dört sany batyrynyň başy goýuldy. Bir sary topuň elden gidirilendigi üçin näçe sany Hywa nökeriniň başynyň alynjakdygy bolsa ertir irden, top hakdaky habar gulagyna ýetiriljek Mädeminiň ynsabyna, gahar-gazabynyň ýetjek derejesine baglydy.

Ýesir edilip alnyp gaýdylan nöker dogumly gözleri ýanyp durah berdaşly hem görmegeý ýigitdi. Ol gala getirilip, arkasyna daňlan eli boşadylan bada, her zat edilse-de, topuň nähili atylýandygynyň syryny açmajakdygyny göni aýtdy. Şalha batyr sypaýyçylyk edip gördi, abaý-syýasat edip gördi—netije çykmady. Ýesir nöker topuň atylyşynyň syryny açyp, aman gutaran başynyň Ajygam depä baransoň alynjakdygyny bilýärdi. Şoňa görä-de  Şalha batyr oňa aýdylany etse, azyk-suwuna çenli jemläp, Saragtdan göni Hywa ugratmagy wada berse-de, topçy razylaşmady.

Berke tutulsa, topçy ýan berer öýtdüler. Şalha batyryň yşaraty bilen iki gezek ot bolup kebzesine ýelmeşen dürre gamçynyň yzasy-da ýesiri mugyra getirmedi. Gaýtam, urgy oňuň mertliginiň derejesini beýgeltdi. Soňky degen gamçylar nökeri halys ýegşertdi. Ol tabyn bolýan ýaly, çep elini öňe uzatdy-da, yşarat bilen Şalha batyry ýanyna çagyrdy.

Nöker ejizländir hasaplan Şalha batyr onuň alkymyna bardy-da, özleriniň eden hereketi hasyl berendir öýdüp halys ynanansoň:

—Häliden şeýtmelidiň-dä—diýdi.—Bizem, özüňem gynap näme etjekdiň?

—Siz meni biderek gynaýaňyz—diýip, ýesir Şalha batyryň göreçlerine gazap bilen garady.—Men eden ähdine, beren sözüne dönüklik edýän namartlardan däldirin. Men çyn özbekdirin…

--Çyn özbek bolsaň,topuň atylyşyny bize öwret-de,öz başyňy ölümden gutar.Sende-de ene-ata,bala-çaga bardyr.Şolara rehmiň insin.

--Enemem bar,atamam, bala-çagamam bar.Ýöne mende bigaýratlyk ýok.

Birdenem ýesir Şalha batyryň bilindäki pyçagy çakganlyk bilen sogrup aldy-da, ony öz gursagyndan bat bilen sançdy. Teke nökerleri bir tarapa gyşaran ýesiri ýere ýetirmän tutmaga-da ýetişmediler.

Şol mahal bu ýere gelen Gowşut han bilen Kelhan Kepele  bolan waka çalarak şaýat boldular.Han ýagdaý bilen gyzyklandy.Şalha batyr hemme wakany bolşy ýaly aýdyşdyrdy.

Çep eliniň barmaklary bilen iki dulugyny penjeläp,telim gezek baş atan  baş han gözüni ymykly ýumup ýatan gursagy pyçakly nökere seredip durşuna, tabşyryk berdi:

--Beýle  ki mert ýigidiň jesedini  şagallara şam edip,meýdana  zyňmak hebes bolar.Muny  adam şekilli jaýlaň!

Şalha batyr tassyklaýjy baş atdy.

--Hywaly nöker-ä beýtdi.Indi nä maslahat?—diýip,han içinden özüne beren sowalyny daşyndan aýtdyp goýberdi..

Garaşylmadyk ýerden Kelhan Kepele töweregi geňirgendirdi.

—Hywaly aýdanyňyzy etmäni üçin gam çekmäň, ýigitler. Bi sary top atylar...

—Dilini tapmasaň, nädip atylarmyş?—diýip, Kelhanyň gepine ynanmazçylyk eden Şalha batyr seňrigini ýygryp,gaharlanjak boldy.—Bi nä seň towşan atyp ýören gara myltygyňmyşmy?

—Hywaly öwretmese, maşatly öwretjek eken-dä.—diýip, Kelhan arkaýyn gepledi.—Saragt ilinde Mämmet pars diýen biri bolmalydyr. Ol şumat ýa-ha galadadyr ýa-da guma göçenler bilen gidendir. Oň başga gidere ýeri ýok.

Nasretdiniň goşunynda topçy bolan Mämmet pars diýilýän orta ýaşlaryndaky adam, gan-hun algy-bergisi üçinmi-nämemi, bäş-alty ýyl mundan ozal maşgalasynam ýanyna alyp, Saragta gaçyp gelipdi. Ol özüniň topçy bolup gulluk edendigini Kelhan Kepeläniň ýanyna pilini taplatmak üçin baran gezegi gürrüň beripdi.

Kelhan Kepeläniň habaryny diňlän Gowşut han gapdalynda duran nökere buýruk berdi:

—Mämmet pars diýilýän adam çölde bolsa-da, gyrda bolsa-da, tiz tapyň!--Ara salym düşensoňam, Gowşut han —Atylmasa atylmasyn—diýip, Şalha batyryň ýüzüne garady.—Aňyrdan bärik atylandan, bärde atylman durany gowudyr...Är işini bitirdiňiz,batyr. Müň adamyň edibilmejek işini etdiňiz...

Han ol ýerden gidende-de, dymyp duran sary topa tarap seredip geçdi:

—Düýnki düşman—bu günki dost.

Adamlar hanyň aýdan gepiniň manysyna özi gidensoň düşünip galdylar.

Dogrudanam, düýn duşman bolup bärik ok atan top, bu ýere gelip, atylman dursa-da, duşmanlykdan daşlaşýardy..

✧✧✧

Sekiz müň baş adamdan ybarat ýomut nökerleri Ajygam depäniň gaýra tarapynda düşläpdiler. Olara goňşy bolup ýerleşenlerem jemşit nökerleridi. Jemşitler galmagalçydylar, gapdalynda oturan bilenem, taýagatymdan habarlaşýan ýaly, gygypyşyp gepleşýärdiler, sährany sarsdyryp gülüşýärdiler. Olaryň boluşlary, galmagallary,ozalam keýpsiz Amanýaz serdaryň gaharyny getirýärdi. Jemşitleriň haýsydyr bir manysyz gülküleri-de, ýomut serkerdesiniň üstünden gülmek üçin edilýän ýalydy. Şu mahal Amanýaz serdar ýakymsyz gülkiniň ýassygy hasaplaýan özi hakda oýlanýardy. Ol hut şu gün ýalňyzlyk hasratyny ýöne ýere çekmeýändigine ymykly göz ýetirdi. Şol ýalňyzlygy döreden mesele barada oýlanýan serdaryň täk özi hem däl ekeni. Ol şoňa begendi. Ýöne Gowşut hanyň diňe bir Mädeminiň etjek hereketlerini öňünden dürs çaklaýşyna däl, ýomut serkerdesiniňem içki pikirini uzakdan aňyşyna geň galdy. Belkem, Gowşut han Amanýazyň ýürek syryny bilýändigi üçin hat ýollandyr. Daşyňy agyr goşun gurşap alansoň, kişiniň ol baradaky içki pikirini okamak zerurmyşmy? Amanýazyň özi-de tekeleriň gününe düşen bolsa, Gowşut hanyňky ýaly aýgyda gelerdi. Gaýry çykalgaň bolmasa, ýagşylyga garaşmaýanyňdanam umytly bolmaly. Emma ki jemşitleriň ýomutdan öňde goýlanyny teke hany nädip bilip ýörkä? Gurrandazlary dagy barmyka? Gelen ýigitdenem soraýmandyryn...

Amanýazyň “gelen ýigit” diýýäni Gowşut hanyň ýomut serdarynyň üstüne gizlin ýol bilen iberen çaparydy. Amanýaz serdar tekelere gaýtarmaly jogabyny mazaly bişirýänça, Esen atly çapary öz ýigitleriniň arasyna ugratdy.

Ozalam Hywa - Saragt meselesinde köp mahal bäri agyr pikirleri kellesinde aýlap ýören Amanýaz serdar indi-hä hasam keýpsizdi. Mädeminiň ýomut nökerleriniň ornuny jemşitler bilen çalşyrmagy-da ýöne ýere tapylan pirim däldi. Hywa hanynyň gelen netijesi inçe syýasatdy. Ýöne ol syýasat Amanýaz serdaryň kalbyndaky gizlin syryň hakykat bilen kybapdaşdygyny welin tassyklaýardy, ony maksadyny amala aşyrmaga iterýärdi. Emma Mädeminiň, ynam etmeýän halatynda, ýomut nökerlerini öz goşunynyň sapynda saklamagynyň manysyna welin Amanýaz serdar asla düşünmeýärdi...

Öçügsi çyranyň yşygyna tarap başyny egen Amanýaz serdar Gowşut hanyň ýol lan hatyna ýene bir gezek göz aýlady:

“Ýomut kethudasy Amanýaz serdarga!

Öňi bilen özüňe hem edermen batyrlaryňa dogaýy salam bolsun. Yzysüre, üste gylyç syryp gelen kişilerge dogaýy salam göndermekligi ejizlik hesap kylma. Meger-de, bizler kişilikden ýüz dönderip, hatynlarymyzyň arkasynda penalamakçy bolan bolsak, Taňry salamy birle ejizlik alamatyny sizleriň agaňyz bolgan Muhammet Emin Ynaga göndererdik. Ondan ötri ki maglum bolsun, biz munda ýalňyz. Hywanyň güýji sizge mälim. Üstesine tekäniň emekdeşi ýomudam Hywanyň syrtyny goraýar. Heýem, ýomut tekä, teke ýomuda gylyç salarmy? Heýem dogan öz emekdeşine tyg çekermi? Türkmeniň türkmeni çapjagyna Muhammet Eminiň özi-de müňkür boldy. Eýsem bolmasa, ol seniň ornuňy gelmişek jemşide berermidi? Ynagyň senden gorkusy bar. Tekäniň bala-çagasy ýomudyňam nesli. Öz nesliňe—tekäniň bala-çagasyna rehmiň insin, serdar. Men senden ýardama garaşamok. Emma ki kesgir ýomut gylyjynyň teke bosagasynda gyýnyndan çykmagyna-da garaşamok. Alla ýaryň, serdar!

Teke hany Gowşut han ibn Öwezdurdy serdar[1]”

Amanýaz serdar öz ýigitlerine bil baglaýardy, bimaslahat, täk özi bir netijä geläýende-de, olaryň däl diýmejekdiklerini bilýärdi. Şonuň üçinem Gowşut hanyň çaparynyň desbi-dähil hem jogabyny berip biljekdi. Ýöne ýagdaýyň köki Saragt düzlüginden alysda galan Amanýaz serdaryň özüniň, nökerleriniň dogan-garyndaşlarynyň ykbaly bilen baglydy. Oňa garamazdan, Amanýaz serdar öz ýanyndan belli bir netijä geldi. Ýöne ol ýigitleriniň taryna kakyp, kimiň nähili owaz edýändigini diňläp gormeli etdi.

Çadyrdan çykan Amanýaz serdar haýsy tarapa ýörejegini bilmeýän ýaly, töwerege garanjaklady. Kowçum-kowçum bolup oturan nökerleriň hemmesiniň ojagynda ot ýylpyldaýardy. Golaýdaky bir üýşmekden bolsa dutar sesi gelýärdi. Dutaryň owazy hem serdaryň gitmeli ugruny kesgitledi.

Baharyň gelendigine garamazdan, agşam howasynyň az-kem çigregi bardy. Emma dolan Aý ýere diňe ýagtylyk däl, ýylylygam iberýän ýaly, älemiň garaňky däldigi, wagtyň ümzüginiň bahara tarap bolmagy göwnüňi göterýärdi. Amanýaz

[1] Gowşut hanyň doly ady öz möhürinde şeýle ýazylýar./awtor/.

serdaryň kalbynda welin bu mahal gyşyň örküjidi, kiçi çille harasat turuzýardy. Onuň gursagyndaky doňaklygy uzakdaky Aý däl, kükregindäki gyzgyn ýüregi-de ýyladyp bilmeýärdi.

Serdar nazaryny gönükdiren yşyga golaýladygyça, dutaryň owazy güýjedi, bagşynyň sesi belende çykdy:

“ ...Bir habar gönderiň Helep Şirwana.

Bir toý tutuň, älem galsyn haýrana.

Günde kyrk guzyny çekip bir ýana,

Iýsin goç ýigitlem ta-a men gelinçäm.”.

Aýdymyň sözleri ýakymly sese ýugrulyp çykanam bolsa, Amanýaz serdaryň göwnüni götermäge derek gaşlaryny çytmaga mejbur etdi. “Hut ertir irden öz ganybir garyndaşlary bilen gylyçlaşyga girjek türkmenler aýdym aýdyp, heň edip şatlanýan bolsa.. Belkem men...” Belkem, Amanýaz serdaryň özi soňky edýän pikirleri bilen ýalňyşýandyr? Belkem ol şu mahala çenli öz ýigitlerine beren bahasynda, eden ynamynda ýalňyşandyr. Şu iki çaklamanyň haýsysy hakykata laýyk gelse-de, oňatlyk däl. “Ertir doganlarynyň başyny almaga gitmeli ýomutlar nähili çaknyşyga girjekdikleri barada oýlanmaýan bolsalar nädip bor? Sen serdar däl, Amanýaz, sen akmak. Ertirki waka hakda oýlanýan ýomut aýdym aýdyp, heşelle kakarmy? Bular aýdym-saz edip şatlanmaga derek gara geýip, matam tutmaly. Ýomut tekä gylyç salar. Teke-de gujak germez-de, gylyja gylyç bilen jogap gaýtarar. Ol iki gylyjyň haýsysy ýeňende-de söweş ýeňliş bilen tamamlanar. Ol iki gylyjyň haýsysy ýeňende-de,ýeňen gylyjyňky ýeňiş-- baýram bolman, ýas bolar. Çünki teke bilen ýomudyň kellesi aýry bolsa-da, ýüregi bir. Aslyna seretseň, bir türkmeniň egninde onlarça kelle bar. Şol kellelerem göwräniň birdigini bilmän, bilmegem islemän, her haýsy bir tarapa çekýär. Men ýalňyşýan bolsam, munça ýomut häzir Saragt düzlüginde goş basyp ýatarmydy?..”

Amanýaz serdar özüni ejiz hem erksiz duýdy. Ol kalbyndaky hyýaly daşyna çykarandan soň, ýigitleriň arasynda dörejek ýagdaýy göz öňüne getirjek boldy. Howpurgady. Taňrydan gaýry hiç kime boýun egmeýän gyzma ýomutdyr-da..Boýnyýogynlygyna tutsa, sen serdar bolaňda, eliňden näme gelerkä?..Suw görmän, balagyňy çykarma, ýomut. Tagapyl et..

Serdaryň özlerine golaýlanyny gören ýigitler gobsunyşdylar. Emma dutar owazynyň täsiri serdara goýulýan hormatdan ýokary boldy. Özi-de saz-söhbetiň muşdagy bolan Amanýaz “Biynjalyk bolmaň!” diýen manyda elini hereketlendirdi. Ony gören bagşy has-da göçdi.

“ —Günde müň guzyny çekip bir ýana,

Iýsin tekeli ilim ta men gelinçä-ä-äm. . . ″

“Bu nämäň alamaty boldy?”—diýip, öz-özüne sowal beren Amanýaz oýa batdy.—“Tä men gelinçämde” beýle sözler ýok ahyryn?! Göroglyda “Tekeli—türkmenli ilden bolarmen” diýen ýeri bar Ýöne.. Ýa biýem maňa gyşardylýamyka? Biýem maňa gyjalat berildigimikä? Adamlar ýüzüme gelip bilmän, Göroglynyň ady bilen düşündiriş berýämikäler? Kimiň ýüreginiň näme diýýänini bilip bilseň bil-dä, ýomut!”

Kimiň ýüreginiň näme diýýänini gara kädili dutar aýdyp durdy. Ýomut dutary ýomutlaryň adyndan, türkmeniň dilinde gepleýärdi. Dutar ýap-ýaňy bagşynyň söz

bilen aýdanyny az görýän ýaly indi ony saz bilen hetjikleýärdi, owaz bilen gaýtalaýardy. Ol owaz Amanýaz serdary ýanar otdan çykaryp, buzly suwa zyňýardy;

“...Iýsin tekeli ilim,
Ha, iýsin tekeli ilim,
Ta men gel-inçä-äm..”.

Gara dutar serdaryň kalbyndakyny daşyna çykarýardy-da, şirin saza mündürip, ýigitleriň gulagyna eltýärdi, düşündirýärdi, düşünmeýänlere gaýtadan aýdyp berýärdi.

Saz diňläp oturanlaryň arasynda Gowşut hanyň çapary Esen hem bardy. Amanýaz assyrynlyk bilen ol ýigide seretdi, serede-serede hem sazyň jadysyna haýran galdy.Çünki ol ýigit uly gandöküşligiň bosagasynda, bala-çaga üçin haraý gözläp gelen ilçä däl-de, daýysynyň öýüne toýa gelen aladasyz ýegen oglana meňzeýärdi, ertirki turjak harasat hakda, ol harasatda özünüňem başynyň alynaýmagynyň ahmaldygy hakda oýlanman, saz hakda oýlanýardy. Ýogsam, onuň şu mahal dyz degrişip, bile saz diňleýän ýigitleriniň biriniň elinden ölmegi-de ahmaldy. Belki-de, şu mahal näzik tardan şirin owaz döredýän nepis barmaklar ertir gödek gylyja ýapyşyp, Eseniň başyny alar. Belkem, Amanýaz serdaryň özi.. Ýok, Amanýaz serdar ol gabahat işi etmez.

Amanýaz serdar şu ömründe gaty kän kelle kesendir. Amanýaz serdar ýene-de köp kelle keser. Ýöne Amanýaz serdar Saragta gelip, türkmeniň kellesini kesmez. Amanýaz serdaryň beýtmäge eli aýlanmaz. Doganyna gylyç syrsa, Amanýaz serdaryň eli şel açar. Şu mahal Amanýaz serdar şeýle pikir etdi.

Serdary haýsydyr bir alada bilen gelendir öýden bagşy “Tä men gelinçäm” bilen aýdym-sazy tamam etdi. Emma gara dutar gabyna girenden soňam, serdardan seda çykmady. Şonuň üçinem bagşy gapdalynda oturan sag goşary saralgy ýigide ýüzlendi:

—Hojamät, eliňe näm boldy-aýt?

—Elime-hä, doganjyk, üç gün mundan öň at toýnagy degdi-aýt. Henizemde ýatuw berenok-da.

—Dym gaty agyrýan bolsa, döwlen-ýenjilen dagy bolamasyn,how?

—Şeýlemikadaýt, bilmän osal oturan bolamaýyn men.

—Wä-ä, dünýäde zor adamlar bolar eken-aýt—diýip, bagşy gürrüňi uzaltdy.—Üç ýyl mundan burun Saragt tekelerinden Saparmät şepagat diýen biri biz taýa gezmäge bardy. Bu ýerde oň Saparmät adyny ýoýup, Saparmämmet diýer ekenler-aýt. Tüýs Taňry beren tebip eken. Oň ýaly tebip bolmaz dünýede.

—Beý diýer ýaly näm etdi ol-aýt?

—Gudrat görkezegaýdaýt şol-a.

—Aýdyp oturd-aýt.

—Gudraty gep bilen aýdyp bolmyýa, ony göz bilen göregäýmeseň..

Saragtly Saparmämmet şepagat diýilýän tebip Ürgenje gezelenje baranda, myhman ýerinde bir dostunyň Gülnahal atly göze görnen uýasy aýagy çüýjükden çykansoň, ejir baryny çekip ýatyrdy. Ol etrapda aýal tebibiň bolmazlygy derdi has-da ötüşdirdi. Erkek tebiplerem ulugyzyň tenine, onda-da çüýjük töwereklerine el degirmäge hukuklary bolmany sebäpli, batyrynyp bilmeýärdiler. Gülnahalyň özi-de, ömrüni maýyp bolup geçirmäge razydy welin, ýat erkege çüýjügini elletmäge razy däldi. Şonuň üçinem tebipler ol-bu ýapgy ýapmagy maslahat bermek bilen

çäklenýärdiler. Şeýlelikde, gyzyň ýagdaýy gün geçdikçe agyrlaşýardy. Ol saralyp-solup barýardy. Saparmämmet şepagaty Gülnahalyň ýagdaýy bilen habardar etdiler. Şepagat gürrüni diňlän badyna näme etmelidigini göz öňüne getirdi. Türkmençiligiň Hywa-Horezminde Saragtdakydanam berk tutulýandygyny bilýän Saparmämmet tebip Gülnahaly, endamyna el degirmän bejermegiň ýoluny tapdy. Ol gyzyň hossarlaryna:

—Üstüne münäýeňde-de ýokuş görmejek bir ýuwaş sygyr tapyň—diýdi.—Malyň göwresi näçe uly bolsa, şonça-da gowy bolar..

Hossarlar aýdylana gaty geň galsalar-da, tebibiň tabşyrygyny berjaý etmeli boldular. Ýuwaş sygyr tapyldy. Ony ilkagşamdan şerebeli tirtden mazaly doýurdylar. Ertesi hem sygry tä günortana çenli yssy howada günüň astynda sakladylar. Gün öýläne sanyp, sygryň suwsuzlygy iň ýokary derejä ýetende, üç-dört sany aýal Gülnahaly sygryň üstüne mündürdi. Gyzyň bir aýagyna daňlan ýüpi, Saparmämmet tebibiň özi sygryň garnynyň aşagy bilen aýlap, Gülnahalyň beýleki aýagyndan mäkäm daňdy.

. . . Sygyr şeýlebir kän suw içdi welin, gapydan akýan kiçijik ýabyň düýbi taňkyrar öýtdüler. Malyň garny ulaldygyça, gyzyn hem yzasy artdy. Ol tap getirmän: ‘Ýüpi çözüň!” diýip zarynlady. Gyzyň ahy-perýadyna tebip gulak asmady. Birdenem Gulnahalýň çirkin sesi aýallaryň zähresini ýardy. Şondan soň tebip ýüpi kesip goýberdi. Gyzyň sesi kem-kemden ýatyşdy..

Saragtly tebibiň çykan aýagy ýerine eltmek üçin tapan pirimine ilat haýran galdy...

Gürrüňini tamamlan bagşy:

—Saparmät şepagaty tapagaýsaň-a eliňi tut ýaly ederdi seň—diýip, ýene eli saralgy ýigide ýüzlendi.—Ta-ap, şoň ýaly zady huk edaýa şo kişi.

—Goýsaňaýt,—diýip, başga biri gepe goşuldy.—Gaýtam, ol eliňi döwüp göýberegaýmasa, üstüme ýagy bolup geldiň diýip. Hem-ä sen oňa eliňi seýikletjek, seýiklenen eliň bilenem depesinden gylyç saljak. Tapdyňdaýt akmak tekäni. Wä, muny-aýt..

Soňky sözleri eşiden Amanýaz serdaryň gözleri ýalpyldap gitdi.

Gowşut hanyň çapary ýuwaşja gepledi;

—Saparmämmet şepagat aýatda ýok, adamlar..

—Be, o bende ellem ýaşan däldir-aýt—diýip, bagşy ýüzüni aşak saldy.—Jaýy jennet bolagaý bendäniň!

—O pahyry geçen tomus, namaz okap durka, Mädeminiň nökerleri öldürip gitdiler.

—O nä Mädeminiň berenni iýmänmi-aýt?

Ara dymyşlyk düşdi. Amanýaz serdar, geplemäge pursat gelenem bolsa, ýigitleriniň pikirini bilmek üçin dymdy.

—Aý, olar ejize ganym-da.

—Bizem şoň nökerleri-dä—diýip, kimdir biri, serdaryň bardygyna garamazdan, ýüregindäkini çekinmän aýtdy.—Biziňki Mädemininňkidenem beter namartlyk. Ýomut türkmen.Teke-de türkmen…

--Mädemin türkmeni türkmeniň eli bilen gyrdyrýa.

--Ýogsam näme-aýt!?

--Bi ta-ap bolmyýa,ýigitler.

--Türkmen şeýleräkda-aýt…

Amanýaz serdar kalbyndakyny daşyna çykarmagyň ýeri geldi hasaplady.

—Inim, sen öz hanyňa aýt—diýip, ol Esene ýüzlendi.—Ertir tekäň garşysyna başlanjak söweşe ýomut ýigitleri girmiýä. Gowşut hana şeý diýegäý.

—Hat ýazman, söz berdi diýäýeýinmi, han aga?—diýip, Esen utanýan ýaly bolup, serdaryň ýüzüne garady.

—Hawa, şeý diýegaý. Ýomudyň sözi iki çykýan däldir, inim.—Kesgitli aýdylan bu sözlerden soň serdar dymdy. Ol öz gelen aýgydyna Mädeminiň nähili garajakdygy hakda, başyna ir gelen ajalyň injekdigi hakda oýlandy. Ýöne ol bu mahal şol ir gelmeli ajalyň özüniň Hywanyň beýik minarasyndan taşlanmagy bilen bagly boljakdygyny welin çaklamaýardy[1]

✧✧✧

Saragtda 1855-nji ýylyň 16-njy marty–tekeleriň şum täleýine ýazylan agyr günleriň iň pajygalysy başlandy.

Uly töňňäniň üstünde ýeke özi oturan Gowşut han sus görünýärdi. Ol ýanyna gelip duran aýalyna:

—Saňa näme gerek munda?—diýip, argynlygy aňladýan garyljyk ses bilen sowal berdi.

Köne bürenjekli Ýazsoltan sesini çykarman, ýapynjasynyň bir çetini galdyrdy. Ýapynjanyň aşagyndan tabak göründi. Töňňeden düşen han aýalynyň gapdalyndan sesini çykarman, geçdi-de gidiberdi. Ýazsoltan ýeňňe adamsynyň eden hereketinden: “Tapdyň äriňi naharlajak wagtyňy!” diýen many çykardy.

Galanyň içini kesip geçip barýan han, çekiç sesi gelýän tarapa sowuldy. Ol kän ýöremän, gyz-gelinleriň üýşmeginiň üstünden bardy. Han entek üýşmege gaty golaýlamanka, on-ýigrimi sany eli çekiçli erkek adamyň bir iş bilen gümradygyny gördi. Gyz-gelinler bolsa nobata garaşýan ýaly, olaryň daşyna aýlanyp durdular. Ussalar, eli çekiç tutýan usully erkekler ýaragsyzlary ýaraglandyrýardylar. Gyssagara ýasalýan ýaraglaryň nämedigini han bilýärdi.Olar gyrkylykdy, synnydy hem şolara meňzeş, gan çykaryp biläýjek gurallardy. Emma çetdäki ýaşulynyň gapdalyndan welin baş han biparh geçip bilmedi. Ol aýak çekmäge mežbur boldy. Ak sakgalynyň ujy guşaklygyna ýetip duran goja öňündäki sandalyň üstünde ýatan, çekeligi aýrylan gupbanyň ujuny ýençmäge häzirlenip otyrdy. Onuň gapdalynda-da ýüzi salyk gelin durdy. Baş han gupba şol gelniňki bolmalydyr diýip çaklady. Ýene-de sanlyja salymdan häzirki nepis gupbanyň nämä öwrüljekdigini göz öňüne getirende,Gowşut hanyň ýüregi endiräp gitdi. Otaga dakylýan inçe tarapy ýenjilip, uzyn taýagyň ujuna berkidilenden soň, gupba ýaraga öwrülmelidi, gözellik nyşany wagşylyk görnüşine geçmelidi.

---

[1] Amanýaz serdary soň Hywanyň beýik minarasyndan taşlap öldürýärler. Onuň hanlygyň garşysyna baş göteren inisi Atamyrat serdar bolsa, Hazaryň Aşyradasyna gaçyp gitmäge mežbur bolýar./Hywa taryhyndan./

Ýaşulynyň çekiji gupbanyň depesinden inmek üçin ýokary galanda, Gowşut han tas: “Saklan, agam!” diýip gygyrypdy, ýöne gygyryp bilmedi. Ozal gara saçyňam üstünde gözellige gözellik goşup duran kümüş gupba bu gün gara başy ölümden goramaga synanyşyk etmelidi. Şol barada oýlanan Gowşut han gupba ýençmäge başlan, belkem, öňki kesbi kümüşçi ussa ýaşulynyňam, onun gapdalyndaky gupbasyny däl-de, näzik ýüregini ýençdirýän ýaly sandyrap duran gelniňem ýanyndan tizräk daşlaşanyny kem görmedi. Ol gidip barýarka-da, gupba ýençdirýän gelniň häzir näme barada oýlanýandygyny çaklajak boldy. Belkem, ol özüniň şol gupbany ilkinji gezek geýen gününi ýatlandyr. Belkem, başy täze gupbaly gyzyň kejebede oturan wagtyny göz öňüne getirendir.

Aňyrda ýene bir topar aýal, on-on iki ýaşly oglanlar göründi. Olaryň hemmesiniňem elinde şagla dokalan biýz mata bardy. Olara, Kelhan Kepele aýtmyşlaýyn, “Tozançylar” diýýärdiler. Tozançylar şol şagla mata bilen ýüz-gözlerini örtüp, duşman çozanda öňünde tozan turuzmalydylar. Ol hereket Gowşut hanyň türgenleşik mahaly synagdan geçiren pirimidi. Tozana kürsäp giren duşman aljyramalydy, basga düşmelidi.

Baş han täze gazylan körpeçleriň ýanynda-da durup geçdi. Çagalary körpeje salýardylar-da, ýene daşyna çykarýardylar. Şeýdip, olary içi garaňky körpeç bilen öwrenişdirýärdiler. Han ol ýerde uzak durmady. Ol aýallara: “Gaýrat ediň!”—diýdi-de geçiberdi.

Galanyň ortasyndaky gum üýşmeginiň üstünde on bäş- ýigrimi töweregi ýaşuly toplanypdy. Olaryň arasynda Nepes molla, Täçgök serdar, Amansähet serdar dagy hem bardy. Mollalar, batyrlar, aksakallar gezek-gezegine öňe saýlanyp, wagyz edýärdiler, Hudaýa sygynýardylar, adamlary topragy duşmandan goramaga çagyr ýardylar.

Tümmegiň üstündäkiler baş hanyň gelmegi bilen, oňa ýol berýän ýaly bolup, bir tarapa çekildiler. Han ilki Täçgök, soňam Amansähet serdaryň ýanyna baryp,nämedir bir zat barada hümürdeşdi.

Gowşut han aksakallardan üç-dört ädim öňe süýşdi-de:

—Halaýyk!—diýip, märekä ýüzlendi.—Agyr howp alnymyza geldi. Eger-de ki biz bala-çaganyň ömrüniň dowamat bolmagyny islesek, eger-de ki biz gelin-gyzlarymyzyň wejera edilip, erkeklerimiziň namys astynda galmagyny islemesek, eger-de ki Taňrynyň beren ömrüni öz erkimize ýaşamak höwesimiz bar bolsa, gelen ýagynyň öňünde bil epmän, mertlerçe durmaly, Gaýry ýol ýok. Biz duşmany ýeňmesek, duşman bizi ýeňýä. Duşman ýeňse-de, biz üçin, ogul-gyzymyz üçin, bala-çagamyz üçin ýagty gün ýok. Teke kakabaşrakdyr, tekepbirdir. Emma ki kimiň kimden göwni galan bolsa, hasaplaşygy ertä goýalyň. Gan-hun algy-berginem ertä goýalyň. Ähli zatdan gymmatlysy—Watan, toprak, erkinlik. Bu gün öýke-kine unudylsyn. Watandan, toprakdan öýke-kine etmek mertlik däl. Biz kişi topragyny basyp almak üçin ata çykamzok. Biz kişi perzendini gul etmek üçin, kişi neslini gyrmak üçin gylyja ýapyşamzok. Biz öz topragymyzy goramak üçin, öz balalammyzyň başyny aman saklamak üçin, aksakal atalammyzyň sakgalyndan tutulmazlygy üçin,uýalammyzyň süýrelmezligi üçin,gelinlemmiziň wejera edilmezligi üçin, ötenlemmiziň mazaryny duşman atynyň depelemezligi üçin janymyzdan geçmäge taýyn. Tekä öňbaşçy edip belläniňiz men—Gowşut han ibn

Öwezdurdy serdar, il-günüň ykbaly üçin gara başymy orta goýmaga taýyn. Özüni kişi hasaplaýan her bir tekäňem şu toprak üçin janyny gurban etmäge taýyndygyna men ynanýan. Merdiň jaýy jennet, namardyňky dowzah bolsun! Mert boluň, goçaklar! Bala çagany ölümden goralyň, hatynlarmyzyň, uýalammyzyň namysyny goralyň, atalammyzy gul edilip satylmakdan goralyň. Alla bizdendir. Ol bize medet berer...

Galanyň daşynda galmagal güýjedi. Aňtawlar, gözegçiler haýdaşyp geldiler-de, Hywa nökerleriniň bärik süýşüp gelýändigini habar berdiler. Surnaýlaryň iniňi tikenekledýän ýakymsyz zenzelesi edil galanyň içinde çalynýan ýaly bolup ýaňlandy. Çagalaryň agysy, aýallaryň ahy-waýy surnaýlaryň sesine goşuldy. Zir-zöwrançylyk başlandy. Gala diwarynyň üstündäkileriň hem gala hüjüm edýänleriň ikitaraplaýyn atyşygyndan emele gelýän gümpüldi köpeldi, däriniň ysy dem alynýan howanyň ornuny eýelän ýaly boldy. Ýap-ýaňy-da galanyň üstünde, daş-töwereginde uçuşyp ýören guş-gumrular umma gaçyp, çöp-çalama siňmäge mejbur boldular.

Ilkinji esasy hüjüm galanyň derweze tarapyndan başlanar öýdülip çaklanylýardy.

Täçgök serdaryň öňbaşçylygyndaky saýlantgy ýigitleriň iki ýüz töweregi şol ýerdedi. Ýarag ýetmezçilik edýänem bolsa, derweze tarapdan gelýän duşmany serpikdirmek borjy tabşyrylan ýigitleriň eli ýaragsyzy ýok diýen ýalydy.

Galanyň içindäki ýagdaýa serenjam berip ýören Gowşut han ýanyndaky dört-bäş nöker bilen derwezäniň ýanyna baranda, iki taraplaýyn atyşyk güýjäpdi. Täçgök serdaryň ýigitlerinden iki sanysy eýýäm jansyz göwre bolup ýatyrdy. Olara ser salyp, Gowşut han Täçgögüň ýanyna baranda, serdar baş hanyň kalbyna girip çykan ýaly:

—Arymyz köýýän däldir, han—diýdi.—Bir seret!

Gowşut han derwezäniň yşyndan daşaryk garady, Bärik ok atýanam kändi welin, ýaralananlary, gurban bolanlary süýräp barýanlaryňam sany az däldi. Bolsa-da, Gowşut han öz tarapynyň güýjüniň asgyndygyna doly göz ýetirdi. Ol kalbyndakyny gizlejegem bolmady:

—Gaty mäkäm duraýmasag-a, serdar...

—Durarys, enşalla! Ýöne men, seň ilatyň hemmesini galada jemlemek islemändigiň manysyna indi akyl ýetirdim, han.Şu mahal hywalylar galany böwsäýse...

Serdaryň aýtman goýanynyň “Ählimiz gyrlaýmaly” diýen iki söz bolmalydygyna han düşündi, ýöne Täçgöge derek welin geplemedi.

—Şu günki hüjümi aman-esen gaýtarsak, aksakallary ýygnamaly bolar, serdar. Biz üçin “Gala urşy” amatly bolman, “It urşy[1]” bähbitli bolaýmasa. Netijämiz Epir paşşasynyň[2] ýeňşi bolaýmaz ýaly, çykalga tapmaly. Manysyz gurban bolmagam gahrymançylyk däl.

—Meňem çakym şeýle, han.

Edil gapdalda atylýan tüpeňleriň tarkyldysy han bilen serdary uzak gepleşdirmedi.

Tüpeňleriň sesi top arryldysyna göşulyp, galmagal has-da howply ýagdaý döretdi.

---

1 Gowşut hanyň “It urşy” diýýäni meýdanda, gaçyp-kowup uruşmakdy.( Awtor)

2 Epir şasy Pirriň ähli goşunyny gyrdyryp gazanan ýeňşi göz öňünde tutulýar.(Awtor)

Top sesinden gorkan çagalaryň, aýallaryň galmagaly öňküsindenem güýjedi. Gala ýetmän daşynda ýarylýan top okunyň tot-tozany, galadan aşyp, içerde ýarylýan oklaryň turuzýan tozany bilen birleşip, günorta tarapda gala diwaryna derek gara duman süýşüp gelen ýaly boldy. Emma Hywa topy her näçe arlasa-da, galanyň diwarynda göze görnüp duran opurylyşyk ýokdy. Gowşut han galanyň günorta ganatyna ýetiberende, onuň ýedi-sekiz ädim gapdalynda oturan düýäniň üstünden top oky düşdi. Düýe janawea, bir gezek bagyryp, iki gezek togalanansoň, uzyn aýaklaryny uzatdy-da ýatyberdi. Han top okunyň myltygyň oky bilen oýnunyň deň däldigine ilkinji gezek şeýle ýakyndan şaýat boldy.

Baş han gala diwarynyň üstünde özi üçin amatlyrak ýer peýläp, aşak oturdy. Ol Hywa goşunlarynyň öňüne-yzyna ser salyp, top nirede, Mädemin nirede, seljermekçi boldy. Emma topuň goşunyň nireräginde gurlandygyny anyklasa-da, Mädemin hanyň hanjada bolýandygyny saýgaryp bilmedi. Aňtawlarynyň Gowşuda soňky getiren habaryna görä, Mädemin Ajygam depede uzak eglenmän, ak çadyryny, näme üçindir Pälizek depä geçiripdir. Ozi-de söweş mahaly hem çadyryndan çykman, darkaş meýdanynyň aladasyny serkerdelerine tabşyrýarmyş. Gowşut soňky habara başda ynanmajak boldy, soňam türkmenleriň güýjüniň Hywanyňkydan telim esse pesdigi hakda oýlanybam, Mädemin hut özüniň söweş meýdanyna çykmagynyň zerurýetligi hem ýokdur hasap edýändir diýen netijä geldi. Barybir söweş mahaly Mädeminiň nirede bolýandygyny bilmek Gowşut han üçin hökmandy. Çünki ol ertir bolmasa, birigün Mädeminiň asla garaşmaýan bir “oýnuny” etmek isleýärdi. Teke hany şol oýna, şol oýunda utjagyna halys ýürekden ynanýardy. Eger hanyň kalbynda besläp ýören hyýaly amala aşaýsa, çaknyşygyň netijesiniňem şoňa görä bolaýmagy ahmaldy. Gowşut hanyň pirimi, eger batyrlar, serdarlar oňlasalar, ýakyn günlerde amala aşyrylmalydy. Häzirlikçe welin, baş hanyn baha bermegine görä, bu günki çaknyşykda hywalylaryň güýji rüstemdi. Gowşut hanyň hem teke serdarlarynyň ählisiniň esasy aladasy duşmany gala goýbermän saklamakdy. Duşman gala girip bilmän, yza gaýtsa, ol ýagdaý köp adamyň gurban bolandygyna garamazdan, tekeler üçin üstünlik hasaplanjakdy.

Birdenem “Mergi gelende heşelle kakmak” diýen ýaly, Saragt galasynyň içinde-daşynda jeset bary süýnüşip ýatyrka, janpenalaryň biri şeýle bir “Ha-ha-haýlap” gülüp göýberdi welin, göz açyp-ýumasy salymlygam bolsa, gan dökülýän söweşi ýadyndan çykaran Gowşut han gapdalyna nazar aýlady. Gülen ýigit henizem joşgunyny saklap bilmän:

—Bir serediň! Bir serediň!—diýip, gygyrmak bilen öňe tarap elini uzadýardy..

Hanam, janpenalaram el uzan tarapa seretmeli boldular. Dogrudanam, gülerçe-de bar ekeni. Hywa nökeriniň biri aty bilen bile garyma gaçypdyr. Ýüz-gözi, kellesi, ýallaryna çenli hapa samana gömlen at hanja ýüzjegini bilmän, çar tarapa urunýardy. Eýerden agan nöker bolsa, megerem, ýaragynam gaçyran bolarly—iki eli bilenem atynyň guýrugyndan ýapyşyp, samanly suwuň ýüzünde gaýyp ýördi. Ahyr at amatly bir ýer tapyp, garymdan çykdy. Ol özünem halas etdi, eýesinem. Beýle täsin wakany gören baş hanam ýylgyrman saklanyp bilmedi.

Gowşut han diwardan aşak düşen pursady, aňtawlaryň biri ýetip geldi, Han ondan habar sorady. Aňtaw şu günki söweşe Amanýaz serdaryň nökerleriniň gatnaşmaýandygyny, olaryň, umumanam, Saragt söweşine girmekden ýüz

dönderendiklerini aýtdy. Teke hanynyň agyr süňňi birden ýeňlän ýaly boldy, içinden bolsa: "Garyndaşlygyňy-ha görkezdiň welin, oň üçin gara kelläňden geçmeli bolaýmasaň, ýomut"—diýip,ol aýgyt etdi.

Han körpeçleriň gapdalyndan geçip barýarka, "Ýa, Alla! Ýa, pirim!" diýip, elewräp ýören Seýitmuhammet işan inçejik sesi bilen:

—Han, aýak çekeweri!—diýip gygyrdy.

—Gulluk, işan aga!

Bir zatdan gaty gorkan çaga ýaly bolup, tutuş göwresi bilen sandyraýan Seýitmuhammet işan:

—Başymyza kyýamat inmedik bolsa ýagşydyr, han—diýdi.—Indi ilat şeýdip, gyrlaýmaly bolarmy? Adamlar ölýä ahyryn, han. Belany dep edip bilmezmiň? Towakga kylsak, niçik bolar? Sen han adam, oýlansana, inim! Heý, bala-çaga rehmi inmezmi o kapyryň? Oglan-uşagam gyrylýar-a, han...

Tutuş tekede sarpasy ýetik işanyň aglamakdan zordan saklanýandygyna hanyň nebsi agyrdy, özüniň bolsa, ýaşulynyň islegini bitirmek üçin edil şu mahal elinden zat gelmeýändigine haýpy geldi. Onuň jogaby gysga boldy.

—Işan aga, biz bir synanyşaly...Pelek işidir..

Şondan kän mahal geçmänkä, galanyň diwarynyň iň belent ýerine çykan adam haraý islenýändigini duýduryp, elindäki ak telpegi esli salym iki tarapa bulady.

✧✧✧

Gala hüjüm etmegi togtadan Hywa serkerdeleri ýagdaý bilen Mädemini habardar etdiler. Han serkerdeleriniň hereketini oňlady, hemem türkmenleriň ýan berenine hoşwagt bolansoň, Muhammet Ýakup Mätere ýylgyryp seretdi:

—Küşt meýliň barmydyr, Mäter?

Muhammet Ýakup Mäter hanyň keýpini bozmak islemeýäni üçin ýüreginde ýok gepi diýdi, aýdan sözlerindenem özi uýaldy:

—Merhemetli han, siz bilen küşt dikip, başga wagt-a utup giden ýokdy welin, bu pursat-ha...

Mädemin ala gözlerini ýumup, çyny bilen ýylgyrdy.

—Gowşut hanyň üç gezek top atylansoň, ak telpek bulaýşy ýaly, üç göçümde alarsyň diýmekçimiň?

Ýalanyny çyna berimsiz edip aýtmak islän Mäter:

—Edil üç göçüm bolmasa-da, uzaga çeker öýdemok. Siziň küşt oýnaýşyňyzy tutuş Horezmin bilýär ahyryn.

Küşdüň berjek lezzetini Mäteriň ýakymly sözlerinden almak bilen oňdumy-nämemi, Mädemin gürrüňi oýundan çyna ýazdyrdy:

—Tekeler haçan geler öýdýäň, Mäter? Ýa biz munda indi palaw iýip ýatmalymy şeýdip?

Muhammet Ýakup Mäter esli oýlanyp jogap gaýtardy:

—Bu gün bolmasa, erte geler, merhemetli han. Jan özlerine lazym..

—Näme üçin bu gün däl-de, erte?

—Ölen-ýitenleri-de ýygnamaly bolar ahyryn...

—Olardan birneme adam gyrlan bolsa gerek—Mädemin birdenem kürtdirip durdy-da, gaşyny çytdy.— Bizdenem wepat bolan barmy?

Muhammet Ýakup Mäter söweş maglumatyny eýýäm alypdy. Şonuň üçinem ol säginmän jogap gaýtardy:

—Bizden biri kem otuz adam wepat berdi. Ýeňil-ýelpaý tyg düşenleriň maglumaty alynmady. Olar känem däldir-le.

—Bir kem otuz diýdiňmi?—Mädemin Mätere dikanlap seretdi.—Onça adam niçik wepat boldy?

—Tekelerde-de mergen kişiler kän, han aga.—Mädeminiň keýpiniň bozulandygyny duýan Mäter ýagdaýdan derrew baş alyp çykdy.—Neme-dä, merhemetli han...Alla her bendesine bir hili olüm buýrýa. Horasanda ajaly ýeten Horasanda ölmeli, Saragtda peýmanasy dolanam Saragtda galmaly. Ol Taňrynyň emri.

Jogap Mädemini birneme ynjaltdy.

✧✧✧

1855-nji ýylyň 17-nji martynda guşluk mahaly tekelerden ilçi gelendigi mälim boldy. Muhammet Ýakup Mäter ol habary aýtmak üçin çadyra girende, Mädemin çep elini ýokary göterip “Ýuwaş!’ diýen manyda yşarat etdi. Häzir hanyň ähli ünsi kapasadaky bedenededi. Bedene “Byt-byldyk! Byt-byldyk!’ edip, enaýy saýraýardy...

Mädeminiň huzuryna ilçi bolup gelen Seýitmuhammet işandy. Ol bu mahal Muhammet Ýakup Mäteriň getirjek habaryna garaşyp, ýüpek çadyryň daşynda durdy. Telim gün bäri ukudan ganmadyk işanyň ýüzi solak görünýärdi.

Pälizek depäniň üstünde harby eşikli nökerler, haşamly sandyklar, aw tazylary, hana nahar taýynlamak üçin haýdaşyp ýören aşpezler bardy. Olar işanyň nazarynda uzak saklanmady. Işanyň ünsüni çeken agzy garalyp görünýän sary top boldy. Ozal bir top elden gidensoň, indi ägä bolunýardy. Gerek däl mahaly, top Pälizek depäniň üstünde, örän goralýan ýerde saklanýardy.

Seýimuhammet işan topy synlap durka, gara murtly daýaw nöker peýda boldy.Ol gözüniň gytagyny ilçä gönükdirip, elindäki köne esgi bilen sary topuň nilini süpürmäge başlady. Ol äwmezlik bilen hereket edip durşuna Seýitmuhammet işana:

—Heý, teke, nämä aňkarýaň?—diýdi.

Seýitmuhammet işan özüni bileli bäri “Heý” diýen kemsitme eşidenini ýadyna salyp bilmedi. Ol Saragt galasyndan alysda, şol galany ýumurmaga gelen duşmanlaryň arasynda duranam bolsa, saklanyp bilmedi:

—Ýigit, biz “Heý” däl. Biz—tekäniň baş işany. Özumem teke däl, ärsary.

—Teke bol, ärsary bol, hemmäňiz bir bozgak türkmeniň tohumysyňyz-da. Senem şolaň birisiň.

—Ýyl öwürşsek, megerem, siziň atańyzam bizden juwan geler.

Seýitmuhammet işan özüniň kimdigini aýdansoň, top süpürýän ýigit: “Işan aga, siz meniň günämi ötüň! Men sizi tanaman, hata etdim” diýer öýtdi. Emma top süpürýän içýakgyç gürrüň tapdy:

—Bi sary top üçin işanyňam, mollaňam parhy ýok. Öňünde durzup atsaň, pygammerem bolsaň ýykýa. Muň adam dannawy bolmaz...

Seýitmuhammet işan:

—Essagpyrylla!—sözüni üç öwra gaýtalamaga mejbur boldy.—Küpür gepleme, ogul. Taňry emr etse, seň sary topuň lal açar, lal.

—Lal açma-az—diýip, nöker top süpürmesini dowam etdi.—Bi top atylar. Ýöne siziň ogurlap giden topunyz lal açar, Atyp bilmejek bolsaňyz, bir topar tekäň ganyna galyp, ony alyp gaçmak nämäňize derkardy?

—Wagty gelse, olam atylar.

—Sen işanam bolsaň, türkmenleriň myltykdan başga zat atyp bilmejegini aňmaýar ekeniň.

Seýitmuhammet işan barmaklaryny owkalaşdyrdy, ýuwdundy, ahyram, topa däl-de, gaýralygyna garap duruberdi.

Ak çadyryň eňsisi serpilip, Muhammet Ýakyp Mäter göründi. Ol bäş-on ädip, çalarak tagzym bilen ilçini öz ýanyna çagyrdy.

“Bularyň arasynda-da edep-ekramlysy bar ekeni!”- diýip, weziriň hereketinden hoşal bolan işan içini gepletdi.

—Merhemetli han size garaşýar—diýen Mäter, ilçini çadyra çenli ugratsa-da, näme üçindir özi içeri girmedi. Ýogsam, şeýle uçraşyklarda Muhammet Ýakup Mäter elmydama hanyň gapdalynda oturýardy.

Mädemin bilen Seýitmuhammet işan gol sunuşyp görüşmedi. Oňa garamazdan, han:

—Işan aga, oturyň!—diýip, hatda ilçiniň oturmaly ýerini-de el salgy bilen görkezdi.

“Hudaýa şükür! Nökeri “sen” diýse-de, hany “siz” diýýä bulaň”—Işan hanyň habar gataryna garaşdy, emma esli mahallap Mädemin söz diýmedi.

—Merhemetli han, bizi-hä siziň huzuryňyza ýolladylar—diýip, ilçiniň özi dillenmeli boldy.

Mädemin gapdalyna garady.

—Çagyrylan wagtyňyz-a ýörite gijä galyp gelýäňiz siz,—diýip, ol Gowşut han bilen bolan Garaýap duşuşygyny henizem ýadyndan çykarmandygyny ýaňzytdy.--Çagyrylmadyk wagtyňyzam säher bilen huzura gelýäňiz...

Mädeminiň başdan beýle ýowuz daramasy işana ejizlemekden hem gönüsinden gelmekden gaýry ýol goýmady:

—Bizi bala-çagaň gözýaşy siziň huzuryňyza getirdi, han aga...

—Iki gün mundan burun bala-çagaňyzyň bardygyny bilmeýärdiňizmi siz?

—Bilsegem, beýik han bize rehimdar bolar öýtdük-dä.

—Siz rehimdarlygyň ýüzüne şarpyk çaldyňyz. Siz Mädeminiň garadan gaýtmaz Çingiz han neslindendigini unutdyňyz[1].

–Unutmasagam, musulman musulmana naýza sanjar öýtmedik-dä.

—Türkmenden musulman bolmaz, işan. Siz günäňizi ýuwmak üçin Käbä gideňizde-de, maý tapsaňyz, ogurlyk edýäňiz. Türkmen gorkmasa, kapyrdanam ýamandyr. Siz Nasretdine syrtyňyzy diräp, Hywanyň ýüzüne tüýkürdiňiz.

---

[1] Mädemin özüni Çingiz han nesli hasaplap ýalňyşýardy.Onuň goňrat taýpasy Çingiz han nesline degişli däl. ( Muhammedryza Agehiniň taryhyndan). Awtor..

—Ýok, merhemetli han, biz Hywanyň ýüzüne tüýküren däldiris. Biz Hywa bilen hemişe-de il bolup ýaşarys.

Mädeminiň sesi birneme gataldy:

—Ýaşasaňyz, işan, “Mus-musuň Mustapasyny” aýdyp otur.

—Biziň “Mustapamyz”, merhemetli han, şundan ybarat. Eger siz top-tophanaňyzy alyp, Garaýaba çekilseňiz, bala-çagany ölümden halas etseňiz, Gowşut han maldan, hasyldan kyrkdan bir zekat tölemäge razy.

Mademin pessaý ses bilen sorady:

—Mara göçmäge razy dälmi?

—Göçmäge razy däl, oň sebäbi bar, merhemetli, han...

—Sebäbi maňa gerekgäl, işan. Men haýbat atmaýyn. Ýöne Mara göçmäge razy bolmasaňyz...

Mädemin “Haýbat atmaýyn” diýse-de, onuň aýtman atan haýbaty aýdylyp atyljak haýbatdanam aýylganç bolup, işanyň gulagyna ýetdi. Işan ilçi bolup gelmek bilen tutan amala aşmadyk esasy meselesini goýbolsun etmeli boldy. Ol döwüň deň däldigine akyl ýetirdi.

—Han aga, düýnki gezek bizden ýigrimi gowrak adam şehit boldy. Beýik Taňrynyň hem musulmançylygyň haky üçin şol bendeleri öwlüýä äkidip jaýlamaga ijaza berseňiz diýýäs.

Türkmenlerden wepat bolanlaryň sanyny eşiden Mädeminiň ýüzi üýtgedi,emma sesini çykarman, baş atdy. Birdenem ol rugsat berenine ökünen ýaly, gelşiksiz ýylgyrdy:

—Öz günäsi bilen ölen adamlary jaýlamaga Gowşut hanam gidermi, işan?

—Onçasyny anyk aýdyp biljekgäl, han aga. Gitse gerek.

—Hop ýagşy! Ýene bir gep. Gölegçiler öwlüýä ýaragsyz gitsinler. Eger ki bir adam eli ýaragly görnäýse...

Seýitmuhammet işan ol teklip bilen razylaşandan soň, han dowam etdi:

—Asyl, Mara göçmäge razy bolmasaňyz, hemmäňiz öwlüýä baryp oturyberiň. Dirikäňiz, öz aýagyňyz bilen gidäýmeseňiz, iki günden soň sizi jaýlamaga-da adam tapylmaz.

Seýitmuhammet işan Mädeminiň men-menligine gaty geň galdy. Oňa nämedir bir berk gaýtargy bermek isledi. Emma Gowşut hanyň: “Işan aga, her niçigem bolsa, ilçi ganyny gyzdyrmaly däldir” diýenini ýatlap, saklandy. Bolsa-da, haýbatly hanyň öňünde goja türkmeni kiçeldip gitmek islemedi:

—Han aga, Alla bizden bolsa, neresse çagalaň ykbalyny keç getirmez...

Ýaňsyly alamat bilen ýylgyran Hywa hany hörpüni öňküsindenem beýgeltdi:

—Alla sizden, işan.—Ol sözüne dyngy berensoňam, elini silkip goýberdi.—Bar, Düýeboýun öwlüýä-de sizden bolsun!.

Seýitmuhammet işan ynjalan ýaly boldy. Onuň ynanyşyça, indi Mädeminiň top-tüpeňi göçmeli däldi, göçäýse-de, Allany, Düýeboýun öwlüýäni äsgermäni üçin, atan oky yzyna gaýdyp, özüne degmelidi.

—Han aga, rugsat berseňiz, men turaýyn..

Edil şol gepe garaşyp duran ýaly, Muhammet Ýakup Mäter bosagada göründi-de, Meýmene hanynyň huzura gelendigini Mädemine habar berip gitdi..

—Rugsat, işan, rugsat. Ýöne entegem giç dälkä, öz takdyryňyz barada ýene bir gezek oýlanyp görüň..

Ilçi sesini çykarman, çalarak baş atyp, çykyp gitdi...

Gün ýalbyrap durdy. Pälizek depäniň üstünden Seýitmuhammet işana Saragt düzlüginiň hemme ýeri görünýän ýalydy. Onuň göwnüne bolmasa, gözýetimiň üsti Hywa goşunlarynyň ýapynjasyny ýapynyp, öz asyl reňkini başgalan ýalydy. Goşun aşpezleriniň ojagyndan çykýan çal, gara, goňur tüsse, gowşak işilen ýüň tanap ýaly bolup, dik asmana tarap hatar-hatar ýoda çekip gidýärdi. Düzlükde iki ýana at salyp ýörenlerem, haýsydyr bir oýna güýmenýänlerem görünýärdi. Uzakdan, salgymyň içinde ýaly bolup, ýalňyz oturan Saragt galasy göze kaklyşdy. Galadan tüsse çykýardy. Ol bolsa galada ýaşaýyşyň dowam edýändigine güwä geçýärdi. Seýitmuhammet işan oňa şükür etdi. Işan han çadyryny saklaýan nokeriň golaýyna baryp saklandy. Ol Muhammet Ýakup Mäteri görüp gitmelidi. Çünki han nökerleri ilçini goşunyň içinden geçýänçä ugratmalydy.

—Ýigit, meni Muhammet Ýakup Mätere sataşdyryp bilmezmiň?—diýip, işan bir nökere ýüzlendi.

Onýança goltugy odunly biri geldi. Ol başda Seýitmuhammet işanyň gaharyny getiren top süpürýän nökerdi.

—Eý, hammal, gojany Ýakup Mäterge sataşdyr.

Seýitmuhammet işanyň öňüne düşüp ugran hammal agzynyň ýetişdiginden gepleýärdi, öwünýärdi. Ol Hywadan gaýdylaly bäri niçiksi toý-tomaşa görendigini, her obanyň üstünden ýollary düşende, özüne juwan gyz bilen aýşy-aşrat sürmek miýesser bolandygyny, umuman, Mädeminiň goşunynda gullukda durmagyň hezillikdigini agzyny şapbyldadyp aýdýardy. Ol häzirem bir tomaşanyň—hana dil ýetiren nökeriň ite daladylýan tomaşasynyň üstünden baryljakdygyny aýdanda, dymyp gelýän işan saklanyp bilmedi:

—Inim, galat gep urýan-a dälsiň sen? Adam ogluny ite dalatmak bolarmy? Ol şerigata sygýan zatmydyr?

Öňden barýan hammal aýak çekdi-de, ýaşulynyn ýüzüne çiňerildi.

—Mädemin ýaly beýik hana paýyş sögmek şerigata bap gelýämikä?

—Aý, paýyş sögen bolsa, o dünýäde jebrini çekerdi-dä.

—O dünýäde çeker. Ýöne bu dünýädenem paýyny alyp gitsin-dä.

—Aý, biz-ä bilmedik...

—Sen bilmeseň, men bilýän—diýip, hammal ynamly gepledi.—Bu dünýädekä beýle adamyň diriligine hamyny sypyrmaly...

“Tomaşa” ýerine barlanda, Seýitmuhammet işan hammalyň ýalan sözlemändigine göz ýetirdi. Ol birbada özüniň nirä, näme üçin gelendiginem hakydasyndan çykardy.

Märekäniň öňünde, diňe uýat ýeri köne letde bilen örtülen, otuz ýaş töweregindäki ýalaňaç adam durdy. Gara murty aşak sallanyp duran, pes boýluja biri öňe çykdy-da gygyrdy:

—Merhemetli ragwarymyz bolgan beýik Mädemin hanyň abraýyga dil ýetireni sebäpli, Abdylla Togta ogluny aç itlere daladyp, jeza bermeli...

Elleri ýalaňaç gylyçly nökerleriň arasyndan zymdyrylyp çykan iki sany daýaw it ortada duran ýalaňaç adamyň üstüne bökdi. Gorkusyna özi ýykyldymy, ýa-da

itleriň zarbyny saklap bilmedimi, daýaw göwre bir tarapa agdarylyp gitdi. Ol jynssyz ses bilen gygyrdy. Itler onuň çem gelen ýerinden agyz salmaga başladylar. Az salymdan ýüz-gözi persala bolan adamda adam sypaty-da galmady...

“Tomaşa” uzak tomaşagär bolmaga ýüregi etmedik Seýitmuhammet işan, iki eli bilenem ýüzüni tutdy-da, aşak oturdy.. Gözi garaňkyran işanyň ýa-ha dünýä daşynda aýlandy, ýa-da ol dünýäniň içinde pyrlandy. Garaz, ilçi çommalyp oturmaga-da ýaraman, ýeňsesini ýere goýmaly boldy. Ol zordan elini hereketlendirip, gapdalynda duran hammalyň synyndan çekdi:

—Ýigit, maňa Muhammet Ýakup Mäteri tizräk tapyp bereweri...

✧✧✧

Galanyň howpsuzrak hasap edilýän gaýra tarapky ganatynyň öňünde dag bölegi ýaly bolup ýatan ders üýşmeginiň töwereginde adam gaty kändi. Köne-küşül haltalara ders gaplaýanlaryň arasynda gyz-gelinler hem bardy. Bir tarapda tüňňerişip ýatan içi dersli haltalaryň sany dört ýüzden-bäş ýüzden habar berýärdi. Gowşut han ol ders üýşmegini bir aýa golaý mundan ozal, Hywa tarapdan gelmeli howpuň çynyrgan pursatlary ýygnadypdy. Ders galadan uzagrakdaky obalardanam, çekene sürüleriniň agyllaryndanam atly, eşekli, düýeli getirilipdi.

Gowşut hanyň pirimine görä, Saragt galasyndan tä Pälizek depäniň deňrägine çenli, gije ýarymyndan aganyndan soň, ýasy çil çekilen ýaly edip ders dökülmelidi.

Ony peýdalanmagyň wagty gelende, eger şemal gaýra tarapdan öwüsse, müňlerçe halta derse ot bermelidi. Aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän tüsse, asman-zemin bilen ýuwaş-ýuwaşdan süýşüp, Hywa goşunynyň üstüne gara bulut bolup inmelidi.

Dem almasy, görmesi, hereket etmesi kynlaşan goşun, şemal demirgazykdan öwüsýäni sebäpli, tüssäniň ýukarak ýerine, günorta çekilmelidi. Ders çiliniň gaýrasyndan, tüssesiz meýdandan Gowşut hanyň ýigitleri Pälizek depä çenli at salmalydy. Ol işiň nähili netije berjegi öňünden belli bolmasa-da, teke hany öz pirimine bil baglaýardy. Çünki esasy goşuna görünmän, şeýle ýol bilen hereket edäýmeseň, Hywa nökerleriniň arasyny kesip, Palizek depä ýetmäge synanyşmak özüňi ajalyň agzyna taşlamakdy. Şol depä aralaşyp, Mädeminiň çadyrynyň töweregine, çalaragam bolsa, çabrap gaýtmak Gowşut hanyň baş arzuwydy. Onuň pikiriçe, ol hereket amala aşsa, iki bähbit getirmelidi. Edil Mädeminiň çadyrynyň ýanynda türkmen ýigitleriniň gylyç oýnadyp gaýtmagy Hywa goşunyny ruhdan düşürse, şonça goşunyň gözüne çop atyp, baş çadyra çabrap gaýtmak türkmenleriň ruhuny götermelidi. Bu syýasatyň syýasatdan has ýokary netije beräýmegi-de mümkindi. Gowşut handa şol hakda-da inçejigem bolsa, tama bardy.

Gowşut han günorta boluberende, töweregindäki adamlar bilen ders gaplaýanlaryň ýanyndan gaýtdy. Ol galanyň ortaragynda dikilen öýüne ýetip barýarka, gapdaldan çykan nöker Eýran topçusy Mämmet parsyň gum içinden tapylyp, gala getirilendigini habar berdi.

Gören ahwalatyndan soň, agzyna uçuk gaýnan Seýitmuhammet işan hana öýüň bosagasynda diýen ýaly gabat geldi.

Mädemin bilen il bolmaklygyň başa barmandygyny Seýitmuhammet işany gören badyna aňan Gowşut han emeli ýylgyrdy:

—Işan aga, Mädemin bilen mäşiň bişişmedik bolarly. Zeleli ýok. Kysmatdakyny görübereris. Bizem Hudaýa sygynýas ahyryn..

Seýitmuhammet işan sesini çykarman, hanyň galdyryp beren eňsisiniň aşagyna sümüldi. Täçgök serdar, Nepes molla, Amansähet serdar dagy hem işanyň yzy bilen öýe girdi.

Öýdäkileriň hemmesiniň Mädemin bilen bolan gürrüňi eşitmäge howlugýandyklary bellidi. Emma Seýituhammet işan welin, näme üçindir, dymyp otyrdy. Şonuň üçinem Nepes molla gepbaşylyk söz gatdy:

—Işan aga, Bekmyrat teke bize salam ibermedimi?

Şahyryň degişmesini degişmedir öýdüp kabul etmedik ýaly, işan gara çyny bilen:

—Bekmyrady-ha görmedim, molla—diýdi.—Ýöne men ondanam aýylganç bir sat gördüm.Mädemin han sähel etmiş edeni ite daladyp öldürýär ekeni, Ana, men şol gabahat işi öz gözüm bilen gördüm.

Seýitmuhammet işan şondan soň Mädemin han bilen bolan gepleşigi başdan-aýak aýdyp berdi. Ol Gowşuda ýüzlenip, gepini şeýle tamamlady:

—Han, işan agaňyza "Hä" diýseňiz, şeýle towakgam bar. Şu oturanlaryň hiç biri gölegçi bolup, gonamçylyga gitmesin. Mädeminiň neti-päli düzüw däl. Meň ýüregim bir zady syzýa...

Beren maslahatyny ýaşulylar makullanlaryndan soň, işan iň soňky sözüni diýdi:

—Oglanlar, Hudaý bizdendir, Düýeboýun öwlüýä bizdendir. Enşalla, işimiz rowaç bolar..

✧✧✧

Hywa goşuny ir bilen hüjüme başlady. Bu gün, Mädemin hanyň aýdyşy ýaly, aýgytlaýjy söweşleriň biri bolmalydy. Bu gün Saragt galasy Gowşut hanyň başyna tutuş ýumrulmasa-da, ondan galalyk nyşany galmaly däldi.

Hüjüm başlanmazynyň öň ýany Sahytnyýaz han bilen Muhammedrahym Eýrandan dolanyp geldi. Sadryagzamyň olara beren wadasyna görä, Ferudin Mürzäniň baştutanlygyndaky ýigrimi müň serbazdan ybarat, oňat ýaraglandyrylan atly goşun bu günu-saba Saragta ýetmeli edilipdir. Emma bu günem, ertirem ileri tarapdan del adam görünmedi.

…Bu gezek Mädemin nökerlerini bölüp-büçüp oturmady. Tutuş goşun Saragt galasyna barha ýakynlaşyp ugrady. Galanyň içinde öňki hüjüm mahaly bolan hereket gaýtalandy: çagalar körpeçlere salyndy, aýal, oglan-uşaklar gara öýlere girip gizlendiler, elleri haltajykly tebipler melhemlerini taýynladylar, ýigitler öz orunlaryny eýelediler. Ýene şol goh-galmagal, ahy-waý täzeden başlandy.

Ýöne bu sapar galanyň daşyndanam, içindenem atylýan tüpeň sesi öňkülerden has ýygy-ýygydan eşidilip ugrady...

Daşyňa duşman üýşürip, galadan çykman oturmagyň garşydaşyň batyrlygyna batyrlyk goşýandygyna Gowşut han düşünýärdi. Emma derwezeden çykyp, ýüzbe-ýüz söweşmäge onuň ýagdaýy ýokdy,duşmanyň döwi rüstemdi. Şol rüstemligi boýun

almazlygam akyllylyk däldi. Bolsa-da, Gowşut han üç ýüz töweregi saýlama ýigidi derwezäniň golaýyna ýygnady. Ol aksakallaryň makullamagy bilen duşman goşunynyň ýukarak ýerini peýläp, bir gezek darap gaýtmagy ýüreginde besleýärdi.

Gowşut han derwezäniň gapdalynda, gaýym ýerde durup, duşman goşunynyň hereketini synlaýardy. Top iki gezek atyldy. Emma oklar gala diwaryna ýetmän ýaryldy. Şondan soň sary topuň daşynda gaý-da—gaýmalaşyk köpeldi. Üç-dört sany at getirildi. Gowşut han topuň gala golaýladyljak bolunýandygyna düşündi.

—Amansähet serdar bärik gelsin!—diýip, gygyran han golaýynda duran Seýitmuhammet işana ýüzlendi.—Işan aga, pata berseňiz, biz-ä galadan çykmakçydyrys.

Seýitmuhammet işan sandyraýan gollaryny öňe uzadyp, pata berenden soň, baş han galadan çykmaly ýigitleriň golaýyna bardy. Amansähet serdar gelip ýetdi.

—Çagyran ekeniň, han.

Han, näme üçindir, Amansähediň ýüzüne däl-de, bilindäki gylyjyna garap gepledi.

—Serdar, menden göwnüň galan ýeri bolan bolsa, hatamy öt. Eger-de ki dolanmak nesibämizde bolmasa, ilatyň najaty seň boýnuňa. Alla ýaryň bolsun! –Soň ol serdaryň ýüzüne garap, büuruk berýän ýaly.—Biz derwezeden çykamyzsoň, üç gezek top atylsyn—diýdi.

Amansähet serdar sesini çykarman, baş atdy.

Gumdan getirilen Mämmet pars topuň nähili ýol bilen atylýandygyny ýigitlere derrew öwretdi. Asyl ol, öwrener-öwrenmez ýaly, çakdanaşa çylşyrymly hem däl ekeni. Mämmet pars topy daşaryk çykarman, gala diwarynyň üstünde gurmagy maslahat berdi. Ýaşulular ony oňlady. Top Mämmet parsyň görkezen ýerinde, heniz gün dogmanka gurlupdy, topdygy-da aňşyrylmaz ýaly, üsti hem çöp-çalam bilen basyrylypdy. Şu mahal bolsa bäş-alty sany nökeri ýanyna alan Mämmet pars beriljek buýruga garaşyp, topuň ýanynda durdy.

Gowşut han:

—Derwezäni açyň, goçaklar!—diýip, batly ses bilen gygyrdy-da, atyna towsup mündi.

Ýene işanyň inçejik sesi ýaňlandy:

—Alla size medet bersin! Düýeboýun öwlüýä-de bizdendir. Aman-esen dolanyp geliň, ýigitler!..Ämin!

Derweze giňden açyldy. Egri gylyçlar gyndan çykdy. Telim gün bäri galada saklanyp, aýak ýelini çykarmadyk üç ýüz töweregi mes bedew çapmaga maý döränine begenýän ýaly bolup öňe atyldy. Atlar edil çapyşyga goýberilen ýaly, ýetmeli ýere biri-birinden öňürti barjak bolup eňýärdiler. Heniz galanyň derwezesi ýapylmanka, gidenleriň öni barmaly ýere bardy. Şol mahalam Saragt galasynyň beýik diwarynyň üstünden gümmürdäp top atyldy. Gümmürdi, arasy kesilip-kesilip, ýene iki gezek gaýtalandy. Saragt galasyndan atylan top okunyň duşman goşunynyň depesinden düşeni-düçmäni, weýrançylyk edeni-etmäni belli däldi. Ýöne başga zat—türkmenleriň top atmak bilen duşman nökerleriniň haýbatyny bir gez aşak düşürendigi welin bellidi. Gowşut hanyň tutan maksady-da şoldy. Öňe eňip barýarka, yzdan atylan topuň sesi gulagyna ilen hanyň bili kuwatlanan ýaly boldy.

Gowşudyň gapdalyndan atyny çapyp barýan Tozanly batyr duşman bilen garpyşmaga däl-de, toýa ugran ýaly şadyýan ses bilen:

—Han aga, Bekmyrat teke gözüňe iläýse, maňa yşarat etgin!—diýip gygyrdy.

—Salamlaşmak meýliň barmydy?—diýip hanyň beren sowalyna, onuň gulagynyň gapdalyndan geçen ok sykylyk bilen jogap berip gitdi. Ol ýeňsä gaňrylanda, yzdaky ýigitleriň biriniň atdan aganyny görüp galdy.

Iki tarap garpyşdy. Atdan agýanyň, gygyrýanyň sany köpeldi. Ýöne gylyç sesi eşidilse-de, tüpeň sesi düýpden diýen ýaly eşidilmeýärdi. Çünki iki tarap garjaşansoň, Hywa nökerlerine tüpeň atmaga maý ýokdy,saragtlydan çenäp atylan okuň, garma-güýrmeleňde hywala degmegi gaty ahmaldy. Bu gezek söweşiň baş ýaragy top, tüpeň bolman, egri gylyç boldy. Türkmenler bolsa ata çykyp, gylyç oýnatmaga türgendiler.

Tekeleriň Hywa goşunynyň sapyny böwsen ýeryi müňbaşy Emir Muhammet hanyň nökerleriniň arasy boldy. Gowşut han Emiri ýüzünden tanamasa-da, daýaw atly, beýlekileriňkiden parhlanýan gymmatbaha harby geýimli dolmüş adamy serkerdedir diýip çak etdi. Şonuň üçinem ugruny şoňa tarap gönükdirdi. Emma Emire golaýlamak aňsat bolmady. Onuň daşynda iki halka bolup, nökerleri aýlanýardy.

Gowşut han Tozanly batyryň ýanyndaky ýigitleri bilen serkerde hasaplanýan adama golaýlandygyny säagardy. Han pursatdan peýdalandy. Ol atyny goragyň böwsülen ýerine gönükdirdi. Onuň aty, eýesiniň hyýalyna düşünýän ýaly, başga tarapa däl-de, şol böwsülen ýerden atylyp geçdi. Ýagdaýy aňan Emir jylawy ýanyna golaýlaýana tarap aýlady. Iki at çakyşman, iki gylyç çakyşdy. Emma gylyçlaryň biri beýlekisinden artykmaç güýç görkezip bilmedi. Atlaryň ikisi-de, edil günde söweşe girip, edilmeli herekete gowy öwrenişen ýaly, uzak gitmän, şol bir mahalda yza aýlandy. Iki gylyjyň hersi bir adamyň başyny almak üçin ýene howada oýnady. Garşydaşy deňine geliberende, üzeňňä daýanyp, ör boýuna galan Gowşut han “Ýa, Alla!” diýip, gazaply gygyrdy-da, gylyjy bat bilen aşak inderdi. Ol gylyjynyň Emiriň boýnundan düşendigini oňly aňşyryp bilmese-de, onuň agyr göwresiniň at aýagynyň astyna düşenini görmäge ýetişdi.

Eger-de şol pursat Artyk ärsary golaýynda eserdeň durmadyk bolsa, Gowşut hanyň öz göwresi-de ýer köwleýän at toýnaklarynyň astynda galmalydy. Emiriň töweregindäkileriň biri Gowşudyň depesinden gylyç saldy. Emma onuň gylyjy, hanyň kellesine däl-de, ýagdaýy görüp, gaty çaltlyk bilen elini aýlamaga ýetişen Artyk ärsarynyň gylyjyna degdi. Hywalynyň gylyjy elinden sypyp, ýere düşdi. Ol atyny däbsäp, gaçmak bilen boldy. Emma Artyk ärsaram, Gowşut hanam ony kowalajak bolmady. Çünki gaçanyň yzyndan ýetmäniňde-de, golaýda hem gylyç salynmaly kelle kändi.

Baştutanyň atdan aganyny gören nökerleriň gylyç aýlaýşy öňkülerinden gowşak geldi. Emiriň adamlary goşunyň jümmüşine tarap çekilmäge başladylar. Şol pursat Gowşut öz gylyjyndan atdan agan duşmanyň kim bolandygyny bildi.

Töweregiň adamsy saýpal tapansoň, ýene üzeňňä galan Gowşut han:

—Goçaklar, indi gala tarap at salyň!—diýip gygyrdy.—Özüňizem,başarsaňyz, boş gitmejek boluň!

Yza gaýdylanda-da goşunyn çetinden at salan ýigitler gylyç işledip geçdiler. Serkerdesi hem ölen hywalylar gaty gorkuly garşylyk görkezdiler. Üstesine-de, özleriniň türkmenlerden müň esse güýçlüdigi entek Hywadan gaýdylmanka aňyna

berk guýlan nökerleriň, garaşylmadyk ýerden beýle urga uçralany üçin söweşmek ukyby peselen ýaly boldy.Şoňa görä-de byuduýdansyz dörän çaknyşykda olaryň ýitiren nöker sany-da türkmenleriňkiden juda kändi.

Wepat bolan türkmenleriň jesedi söweş meýdanynda galdy. Diriler hem ýaralananlar gala dolandylar. Tebipler ýaralylaryň daşyna aýlandylar.

Begenji gynanjyndan belent bolan köp garaşylan çaknyşyk amala aşdy. Gowşut han iki maksadyna ýetdi. Onuň biri garşylyk görkeziljekdigini duşmana duýdurmak, ikinjisi— ýesir almakdy. On sekiz sany Hywa nökeri ýesir edilip gala getirilensoň, Gowşut han Mädemin bilen gepleşmek indi birneme ýeňil düşer diýip çaklady.

✧✧✧

Gowşut han Mädemine hat ýazdyrmak üçin Nepes mollany öýüne çagyrypdy. Içerik giren şahyr dyz epen badyna, gapy ýaňadandan açyldy-da, Amansähet serdar girdi. Onuň ýanynda kyrk ýaş töwereklerindäki, daýawdan gelen, saryýagyz adam bardy. Gowşut han bilen Nepes molla ony ilkinji gezek görýärdi. Myhmana törden orun berildi. Saglyk-amanlyk, hal-ahwal soraşylandan soň, myhman uzak oturmajakdygyny duýdurdy.

Amansähet serdar Gowşuda ýüzlendi:

—Bi ahally garyndaşlammyzdan bolmaly, han. Oturymy Bamy obasyndan. Ilde ýörgünli ady Ýalkap serdar Bamyly.

—Köp ýagşy!—diýip, baş atan baş han Ahal iliniň gün-güzerany barada soraşdyrdy.

Myhman hanyň sowallaryna gysga jogap gaýtarandan soň, sözüni şeýle dowam etdi:

—Han aga, başyňyza agyr gün düşüpdir diýen habar ýetdi bize. Goltgy bermäge ullakan halymyz ýok. Ýorgana görä aýak uzatdym-da, altmyş sany batyrym bilen ýardama geldim. Altmyş adam uly güýç däl.Ýöne “Düýä “Haýt!” diýmegem medet”. Ýigitlemmiň ok-ýaragy tükel. Birdir-ikidiri bolaýmasa, hemmesem ozal gylyç syran, dalanan nökerler.

—Sen biraz ýalňyşýaň, garyndaş—diýip, myhman dymandan soň, Gowşut han gepledi.—Bize häzir bir dost—müň dost, bir duşman-müň duşman. Şu mahal Artyk ärsary bilen Arnaguly sarygyň on- on iki sany obadaşy biziň aramyzda welin, men tutuş ärsary bilen tutuş saryk arkamda diýip hasap edýän. Sen, serdar, altmyş däl, alty nöker bilen gelenem bolsaň, depämiz gök dirärdi...

Ýalkap serdar:

—Bu mahal peýrewe gürrüňden gaýry aladaň ýetikdir, han aga—diýip, turmaga rugsat sorady.

Bamyla rugsat beren han Amansähede:

—Gelenleri ýagdaýa görä myhmanlaweriň, serdar!—diýdi.

Amansähet bilen Ýalkap serdar giden badyna,Nepes molla galam,depderini eline aldy. Sary kagyzyň ýüzünde şeýle sözler peýda boldy:

“Eý, Mädemin han! Sypaýylar hem serdarlar! Bizden sizlere Taňry salamy bolgaý. Ondan ötri ki eý, Mädemin han, sizleriň bir sary topuňyz bizde. On sekiz baş nökeriňiz bizde bendilikde. Bolan ahwalat sebäpli-de Alla ikimiziňem günämizi

ötsün. Takdyr işidir. Iki tarapyň-da ykbaly barada gaýtadan sözleşmäge mahal ýetdi. Makul tapsaňyz,sözleşik geçirmek üçin “Asaf[1] ýaly akylly weziriňiz bolgan Muhammet Ýakup Mäterni biziň galamyzyň alnyna” ýollamagyňyzy towakga kylýaryn. Beýik Alla ajalga takat berse, ilçiniň baş aman yzyna dolanjakdygyna duz-tagamnyň adyndan wada kylýaryn.

Teke hany Gowşut han ibn Öwezdurdy serdar”

Nepes molla aýdylan sözler esasynda ýazan hatyny hana uzatdy.

✧✧✧

Muhammet Ýakup Mäter Gowşut han bilen “penşenbe güni gyşluk mahaly Saragt galasynyň gündogaryndaky köne ýabyň gyrasynda[2]” duşuşmalydy. Çaky, Mädemin oňa galanyň alkymyna barmagy maslahat bermändi.

Gün guşluk bolmanka Seýitmuhammet işanyň öýünden çykyp, derwezä tarap ugranda, Gowşut hana Kelhan Kepele gabat geldi. Onuň ýanynda Gurban hem bardy. Gurbanyň çep goşary hasa bilen saralandy.

—Ýüz-gözüň çişipdir-le, eýgilikmidir?—diýip, han sowaly Kelhandan başlady.

—Iki gije-gündiz çirim etmän, öten agşam hezil edip ýatypdyryn, han..

—Düýş dagam gördüňmi?—diýip, han ýylgyryp sorady.

—Düýş nire. Ukusyzlyk düýşe-beýlekä ýol bermedi.—Hanyň Gurbanyň saralan eline üns berenini gören Kelhan, ýigide derek gepledi.—Tüweleme, Gurban hanam ýigit çykypdyr Tozanly batyryň aýtmagyna görä, bi iki hywalyny atdan agdarypdyr..

—Tüweleme! Şeýdip, ýigitler ýetişewersinler—diýip, Gowşut han Gurbana guwanç bilen garady.

—Ýigitler ýetişse, olary öýermelem bolar, han—diýip, Kelhan Kepele gülümjiredi.—Ýagyny gaýtaryp, ýaralar bitişensoň, Gurbanyň aýagyny duşaklamak ücin ýa-ha sen bize gelmeli bolarsyň, ýa-da men size barmaly bolaryn.

Gurban bilen Karkaranyň gatnaşygyndan habarly ýaly, Kelhanyň gümürtik gürrüňine-de Gowşut han geňirgenmedi, aýdylany aýdyňlaşdyrmak üçin goşmaça sowalam bermedi, gaýtam:

—Hudaý şol günlere aman-esen ýetirse, seň diýeniň haýsyny etmelem bolsa, men taýýar, Kelhan—diýdi-de ýöräberdi.

Kelhan Kepele onuň yzyndan:

—Hanja gyssanyp barýanyňy bilýäs. Işiňi Alla oňarsyn!—diýip galdy.

Han derwezä golaýlanda, özüni haýran eden bir zadyň üstünden bardy. Gapdalda bäş-alty sany gara myltyk, on-on iki sany egri gylyç, ujuna gyrkylyk daňlan bir gujak ýaly uzyn taýak pytraşyp ýatyrdy.

Han öz-özünden soraýan ýaly, pessaý ses bilen:

—Ýarag ýetmeýän halyna, bular näme beýdip pytraşyp ýatyrka?—diýdi.

Gala diwarynyň üstünde oturan gözegçi jogap gaýtardy:

---

[1] Muhammedryza Agehiniň taryhynda şol sözler ýazylypdyr.Gowşut han “Asaf” diýmek bilen Süleýman patyşanyň 200 weziriniň ýolbaşçysy Asif ibn Benhyýany göz öňünde tutan bolsa gerek.Ol döwlet işlerini dolandyrmaga örän ökde,parasatly adam bolupdyr./Awtor./

[2] Muhammedryza Agehiniň ýazgylaryndan.(Awtor).

—Han aga, ýarag ýetmeýän bolsa, olary beýdip, guma zyňyp gitmezdiler ahyryn.

Han sakga saklandy:

—Näme diýdiň-ä, goçak? Zyňyp gitdiler diýdiňmi?

—Gorgoryň adamlary söweşmekden boýun gaçyrjakmyşlar. Şolar zyňyp gitdiler.Özlerem ”Gowşut han derwezäni açsa, biz gidip, Mädemin bilen il boljak” diýýämişler..

Gowşut han häzir gyssanmaçdy. Onuň öňdäki tutumy, eger amala aşsa, gorgorlylaryň getirjek bähbidinden has peýdaly boljakdy. Megerem, ol maksat ýerine düşse, müňlerçe adam ölmän, aman galjakdy. Şonuň üçinem gala derwezesi hanyň öňünde giňden açyldy.

✧✧✧

Muhammet Ýakup Mäter Asif ýaly akylly hasap edilse-de, onuň paýhasyndan, adamçylygyndan türkmenler üçin peýda ýokdy. Ol adamçylygyna, paýhasyna kybapdaş hereket edip bilmeýärdi. Mäteriň dili, sesi özüniňki bolsa-da, agzyndan çykýan sözler özüniňki däldi. Ol berlen tabşyrygy berjaý edýärdi. Tabşyryk bolsa saragtlylaryň Mara göçmegini, diňe şony nygtaýardy. Başga hiç hili tutarygam, bahana-da ýokdy. Mädeminiň islegini berjaý edýän wezir on sekiz sany hywaly ýesiriň ykbaly bilenem onçakly gyzyklanyp durmady. Şeýlelikde, teke hanynyň ýapyşalga edinmek islän ol tutarygyndanam netije bolmady. Gowşut han tutan maksadyna ýetmän, yzyna, eli boş dolanmaly boldy...

Han galanyň derwezesinden girip barýarka, henizem pytraşyp ýatan ýaraglara gözi düşensoň, gorgorlylaryň aýal-erkegini şu ýere ýygnamagy nökerlere buýruk berip geçdi.

Ýaşululardan ýedi-sekiz sanysy Gowşudyň öýüniň ýanynda onuň gelerine garaşyp duran ekeni. Olar ilçi bolup giden han saragtlylar üçin ýakymly habar getirer öýdüp tamakindiler.

Öýe girilse-de, uzak oturmak niýeti ýok han ýagdaýy gysgajyk beýan etdi. Esli mahallap hiç kimden ses-seda çykmady.

—Oglanlar, ölçerip-dökdüm welin, bize çynymyz bilen gylyja ýapyşaýmakdan gaýry ýol galanok.

Pessaý ses bilen dymyşlygy bozan Oraz Ýaglydy. Ol başga söz diýmedi. Ýagdaý düşündirişsizem düşnüklidi. Ýaşulularyň hemmesiniňem pikiri Oraz Ýaglynyňky ýalydy. Ýöne her kim özi hakda, oglan-uşagynyň başy hakda oýlanýandygy sebäpli, haýsydyr bir gandöküşiksiz çykalga tapylar diýip umyt edýärdi. Ýagşy niýet bilen giden baş hanyň ýaman jogap bilen dolanmagy bolsa hantamaçylygyň netijesizdigini subut etdi.

Işikde peýda bolan nöker:

—Han aga, adamlar aýdan ýeriňize ýygnandy—diýdi.

—Ýaşulular, meň gorgorlylar bilen biraz gürrüňim bar—diýen han turmak bilen boldy. Ol öýdäkilere “Siz oturuberiň!” ýa-da “Sizem şol ýere baryň!” diýmedi. Oňa garamazdan, ýaşulyuaryň hemmesi hanyň yzy bilen ýöredi.

Bellenilen ýere ýygnanmalylar gorgorlylar bolsa-da, derwezäniň töwereginde adamdan ýaňa aýak basara ýer ýokdy. Gowşut han, aksakallar gelip duran badyna, märekä ýüzlenmekçidi. Emma Uzukjemal goňuryň aýallardan biraz öňe saýlanmagy hanyň badyny aldy.

Uzukjemal goňur ýa-da aýallaryň arasynda teke sebitinde täk özi “Uzan batyr” at alan otuz ýaşlaryndaky ol gelni köpler tanaýardy, tanamaýanlaram adyny eşidipdi. Käbir dili uzyn adamlar oňa “Uzan erkegem” diýýärdi. Çünki ol daş sypatyna görä, näzikden ýakymly zenandygyna garamazdan, düýä ýük urmaly bolsa, gara öýüň tärimini süýşürmeli bolsa, hatda guýy çöwlüklemeli bolsa-da, daýaw bir erkegiň başarmaýanyny başarýardy. Uzan batyr üste howp abananda-da, bugdaýly çuwala bukulyp, öýünden çykman oturýan aýallardan däldi, derrew egri gylyja ýapyşýardy. Batyrlygy, edermenligi üçin ony sylaýardylar, gönümelligi, keserliligi üçin ondan çekinýärdiler.

Häzirem Uzan batyryň ýöne ýere öňe saýlanmandygyny öňünden aňan Gowşut han garaşmaly etdi. Han uzak garaşmaly hem bolmady. Uzan batyr daş-töweregiň serdarlardan, aksakallardan doludygyna garamazdan, ýygrylman, çekinmän, aýal maşgala mahsus bolmadyk haýbat bilen gepledi:

—Han aga, biz şeýdip galada busup oturmalymy indi? Hüjüm etmeli bolsa, hüjum edeliň. Siz erkekler galadan çyksaňyz, bizem siziň ýeläňizi goramakçy. Iň bolmanda, siziň başyňyza derek başymyzy-ha goýardyk-dä. Meň şü aýdýanlammy türgenleşikde ýarag tutmak öwredilen aýallaň hemmesem makul tapýa. Men ýeke öz adymdan däl, şolaňam adyndan geplemek üçin ýaşmagy syrdym. Aksakallar meň bolşumy geň-taň görmesinler. Ýagyny dep edemizsoň, burnumyzyň üsti bilen berkräk ýaşynaýarys.

Näme üçindir, Seýitmuhammet işan ýüzüni kesä sowdy.

Uzan batyr gepini tamamlanda, yzrakda duran Güljemal Töre Soky gyzy telim gezek baş atdy, soňam aýallaryň gowry göterildi. Olaryň näme diýýäni oňly eşidilmese-de, çagyrylmadyk hallaryna, pursatdan peýdalanyp bu ýere üýşen bolsalar, Uzukjemal goňur bilen pikirdeşdikleri düşnüklidi.

Aýallaryň gowry ýatansoň, Gowşut han gaty gygyryp gepledi.

—Adamlar! Zenanlammyzyň merdanlammyzyň deňinde durmakçy bolanyna biz gaty buýsanýas. Ýöne käbir erkekleň ejiz aýaldanam ejizlik edýänine bolsa hem gynanýas, hem utanýas.Ynha, bir tarapdan-a, zenanlar bize ýardam bermek üçin dyzaşyp dur, beýleki tarapdanam, gorgoryň erkekleri elindäki ýaragy ýere taşlaýa. Aýby ýok, mert bar ýerinde namardam tapylýa. Ýarag ýerde ýatmaz. Erkekleň taşlan ýaragyna aýallammyz ýapyşar. Erkek aýal bolandan aýal erkek bolsa ýene ýagşy. Gorgoryň erkekleri, eger olar erkek bolsalar, meniň aksakallaňam adyndan aýdýan şu gepimden many alsyn. Biz galanyň derwezesini açsak, Gorgoryň erkekleri gidip,Mädeminiň öňünde dyza çökjekmişler. Biz oňa garşy däl. Ýöne men häzir derwezäni açmaga buýruk bermänkäm, gitjek erkekleriň ählisiniň kellesinden telpegini alyp, telpek ýerine aýal ýaglygyny daňmagy buýruk bermekçi. Şeýtsek, gowy bolar. Çünki maşgalasyndan jyda düşüp, iki aý bäri çöl beýewanlarda ýaban ýatyp,aýal görmän höňkürän hywaly erkekler başy telpekliden başy ýaglyklyny mährem garşylarlarmyka öýdýän. Ýene bir zat...

—Sen uly hanam bolsaň, bizi beýdip kemsitme, han!—diýen haýbatly ses Gowşudyň indiki aýtjagyny aýtdyrmady. Hanyň sözüni böleniň gorgorly bolmalydygy aýdyňdy.

—Hakykat aýdylsa, kemsitme bolýamyşmy?—diýip, märekäniň içinden kimdir biri gygyrdy.

Handan närazy bolan ýigit köpçülikden saýlandy.

—Han aga, sen bizi hatynlammyzyň öňünde masgara edýäň.

Handan öňürdip, Amansähet serdar gepledi:

—Hatynlaňňyzyň öňünde özüňiz özüňizi masgara edýäňiz. O ýaraglary han zyňanok, Gorgoryň erkekleri taşlap gidipdir-ä. Bular ýaly ýagdaýda ýaragyny taşlap bilýän erkege erkek diýmäge, dogrudanam, özümiň-ä dilimem aýlanjakgä.

Gorgorly erkekleriň yzynda duran aýallaryň galmagaly eşidildi. Olaryň näme diýýändikleri ýaşululara ýetmedi. Ýöne ol hem derrew eşiden-eşitmedik üçin düşnükli boldy. Gorgorlylaryň adyndan öňe çykan adam yza, aýallara tarap gaňrylyp jabjyndy:

—Siziňki näme!? Biz nä öz peýwagtymyza ýaragy taşladykmy? Ýarag taşlamagy maslahat beren Kerwen aga dälmi? Siz ondan habarly ahyryn...

Kerwen aga diýilýän adam gorgorlylaryň kethudasydy.

—Kerwen aga öňe çyksyn!—diýip, Gowşut han gygyrdy.

Kerwen aga öňe çykmady. Sebäbi, baş han bilen bolmaly ýüzleşikde gürrüňiň haýsy perdeden başlanyp, haýsy perdede gutarjakdygyny öňünden aňan kethudanyň köpçülikden saýlanmaga gaýraty çatmandy.

Ilki öňe çykan gorgorly Gowşut hana tarap üç-dört ädim golaýlady-da, ýüzüni aşak salybrak gepledi:

—Han aga, gödek geplänem bolsaň, ähli aýdanlaňda sen mamla. Biz namartladyk. Ýaşulymyzyň gepine gitdik. Ýigitlemmiziň hiç biriniňem beýtmek meýli ýokdy..

—Bir ýazykdan är ölmez!—diýip, Gowşut han gorgorlynyň sözüni böldi.—Ýalňyşy boýun almagam mertlik...Beýle ýalňyş söweş meýdanynda düzedilýändir.

Uzakda çalynýanam bolsa, surnaýlaryň sesi eşidilip başlady. Gowşut han Hywa surnaýlarynyň sesi şu günüň bir ýerinde ýaňlansa gerek diýip çak edýärdi. Çünki Muhammet Ýakup Mäteriň ýetiren habaryndan soň Mädemin ýöne ýatmaly däldi.Ol Hywanyň güýjüniň nähilidigini saragtlylara ýene bir gezek görkezmelidi.`

Surnaý sesi Gowşut hany derwezäniň gapdalyndaky gum üýşmegine münmäge mejbur etdi. Ol özüne tarap garaýan müňlerçe göze seredip:

—Halaýyk!—diýdi.—Başymyza inen howpuň sebäbini köpiňiz bilýänsiňiz. Eşitmedikler üçin ýene bir gezek aýdaýyn. Mädeminiň üstümize dökülmekden matlaby bizi Mara göçürmek. Eger biz onuň alyna aldanyp, Mara göçmäge döwtalap bolsak, onda biz saryk garyndaşlar bilen çaknyşmaly bolýas. Mädeminiň ýetip bilmeýän arzuwam şol. Ol iki türkmeni uruşdyryp, gapdalynda heşelle kakmak isleýä. Dogan dogana gylyç salmaly, dogan doganyň başyny almaly. Netijede bolsa, saryk ýeňse-de,türkmen eňilýä, teke ýeňse-de,türkmen ýeňilýä. Teke ýeňilse-de,Mädemin ýeňýä, saryk ýeňilse-de,Mädemin ýeňýä. Mara göçmäge razy bolmasak, biz saryk bilen däl-de, Mädemin bilen çaknyşmaly. Mädemin bizi iki oduň arasynda goýdy. Bize Hywa bilen çaknyşmakdan gaýry çykalga ýok.Eşitmedikler üçin ýene bir gezek

aýdaýyn: Hywa goşunynda sekiz mün sany ýomut nökeri bardy. Ol Hywanyň esasy güýjüdi. Emma olaň öňbaşçysy bolan Amanýaz serdar ýomut gylyjy bilen teke başyny almakdan boýun gaçyrdy. Bu türkmeniň türkmene sarpasy, türkmeniň türkmene ýardamy. Adamlar! Duşmanyň gylyjyndan ölmek edermenlik, doganyň gylyjyndan ölmek ýa-da dogana gylyç salmak masgaraçylyk. Eger biz saryk gylyjyndan ölsek, ýa-da saryk teke gylyjyndan ölse, netijede türkmen biabraý bolýa. Ölmeli bolsa, dogan gylyjyndan ölmeli däl-de, duşman gylyjyndan ölmeli. Enşalla, ölmerisem. Şeýtsek, biz abraý gazanýas. Abraý diýilýän närse bolsa, diňe dirä däl, ölä-de lazym. Türkmeniň abraýyny puja çykarmalyň. Duşman öňünde dyza çökmek bilen abraýy satyp bolar. Ýöne abraýy satyn alyp bolmaz. Abraý—topragy, il-güni, bala-çagany goramakda. Abraýmyzy, namysymyzy goralyň, adamlar! Meň aýtjagym şundan ybarat.

Gowşut han sözüni tamam etdi. Tamam etmände-de, indi onuň sesi edil gapdalynda duranlara eşidiläýmese, sähel aňyrdakylara ýetjek däldi. Çünki duşmanyň özi entek galanyň daşynda bolsa-da, surnaý-kernaýynyň sesi galanyň içindedi. Şonuň üçinem Seýitmuhammet işanyň:

—Alla bizdendir! Düýeboýun öwlüýä bizdendir! Ölen—şehit, öldüren—kazy!-diýen ýiti sesiniň-de ýitiligi duýulmady.

Şol pursat haýsydyr bir ýol bilen gala aralaşmagy başaran Eýran çapary Safarak gajar Gowşut hanyň ýanynda peýda boldy. Ol Nasretdin şanyň buýrugy bilen Ferudin Mürzäniň öňbaşçylygyndaky “on iki müň goşunyň Akderbende ýetip düşländigini[1]” aýtdy. Gowşut han Safaraga birbada ýagşydan-ýamandan söz diýmedi. Ýigrimi müň diýlip wada edilen goşun sanynyň on iki müňe gelmegi, onuňam Saragtdan niçeme menzil alysdaky Akderbentde goş ýazdyrmagy hany geplemäge mežbur etdi:

—Wada berlen ýigrimi müň goşun Akderbende ýetýänçä on iki müň bolupdyr. Akderbentden Saragta gelýänçä-de on iki nöker galar. Gowusy, biz seň täk özün gelmegiň bilen oňaýaly. Seň Nasretdiniň Nasretdin däl-de, Kasretdin ekeni[2], Safarak han..

Safarak gajar sesini çykarman, ýüzüni aşak saldy.

Gowşut hanyň Eýran çapary bilen mundan zyýat gürrüňleşip durmaga wagty ýokdy. Hywa goşunlarynyň gaty golaýa gelendigi indi galanyň içinde-de bildirýärdi.

Gowşut hana ýetirilen maglumata görä, Hywa goşunynyň esasy hüjümi bu güne däl-de, ertire, ýagny 19-njy mart gününe bellenen bolmalydy. Teke hany Mademin şu günem çozuş edip, ertirki aýgytly hüjümden öň saragtlylary ýene birneme ysgyndan gaçyrmak isleýändir öýdüp çaklady ýa-da soňky dalananynyň aryny aljak bolýandyr öýtdi.

Gala diwaryna çykyp giň meýdana ser salan han bu saparky hüjümiň öňkülerden tapawutlydygyny aňdy. Saragt sährasynyň tutuş bir tarapy ot-çöp bilen däl-de, elleri ýaragly Hywa nökerleri bilen örtülendi. Hywalylar teke hanyna üç ýyl mundan ozal ilaty açlyga sezewar eden belany—çekirtge hüjümini ýatlatdy. Ýöne bu

---

[1] **Eýran taryhyndan.**
[2] **Nasretdin—peýda beriji, Kasretdin—zeper beriji./arapça/.**

gezekki gelýän çekirtge sürüsi diňe ot-çöpi, ekin-dikini paýhynlap geçjek çekirtge däldi.

Han bir tarapa ädimlände, gurşun ýaly gaty göjegiň üstünden basyp, tas ýykylypdy. Ol aşak egildi-de, biraz aňyrrak togalanan göjegi alyp, emaý bilen öňki ýerinde goýdy. Ony gören janpena nöker ýylgyrman durup bilmedi. Emma baş han nökere agraslyk bilen;

—Menem türgenleşik mahaly ilki sapan göremde, sen ýaly ýylgyrypdym—diýdi.—Ýöne sapanyň ediberen oýnuny göremsoň, ýylgyranyma ökündim...

Türgenleşik mahaly bir sapançy ýigidiň atan on göjeginiň ýedisiniň nyşana degenini gören han haýran galdy. Onsoňam sapan diýilýän, ýarag hasap edilmeýän ýaragyň gyrkylykdan, ujy çiş taýakdan tapawutly tarapy onuň bilen duşmany golaýyna barman ýaralap bolýardy. Sapan göjeginiň salýan ýarasy gyrkylyk ýa-da cynnynyň salýan ýarasyndan pes hem däldi. Sebäbi çaga ýumrugy ýaly göjegi şykgydan ilki guradanlarynda içine ujy sähel çykyp duran ýylgyn taýajyk sokup guradýardylar. Ujy çiş taýajyk degen ýerini edil depesinden çekiç bilen urlan çüý ýaly bolup deşýärdi. Gala diwarynyň üstünde durup, çozup gelýän duşmana tarap atylyp giden göjegiň,belli bir nökerden çenäp atmasaňam, boş geçjek gümany ýokdy. Şu mahal Saragt galasynyň töwereginde bol biten çöp nökerdi.Häzir galanyň haýsy ganatyna münseňem aýagyň aşagy şol göjeklerden doludy. Sapançylar näçe diýseň, “ok” ýasan ekenler.

Gowşut han, näme üçindir, şu gün duşman gala girmese ynjalmaz öýdýärdi. Şol çaklama dogry çyksa, gan döküşlik ala meýdanyň gan döküşliginiň çeninde—çakynda durmaly däldi,gala gana gark bolmalydy. Şonuň üçinem duşmana galada garaşman, ony meýdanda garşylamaly diýen netijä gelen han:

—Derwezäni açyň!—diýip haýbat bilen gygyrdy. Emma ol galadan kimiň, haçan, haýsy tertipde çykmalydygy barada hiç hili görkezme bermedi. Sebäbi düýn serdarlar, batyrlar, aksakallar ýygnanyp, uzaga çeken geňeşde, çozulmaly bolaýsa, kimiň, haýsy tertipde atlanmalydygy hertaraplaýyn oýlanyşylyp, belli edilipdi. Ýene şol öňki hereket—Hywa goşunynyň jümmüşine gaty aralaşman gylyçlaşmak makullandy. Ýöne bu gezek gyrak-bujakdan darap, derrew yza dolanmaly däldi-de, hywalylara garşydaşynyň babyrbilekdigini mazaly bildirmelidi.

Derweze açylan bada ilki atylyp çykan iki- üç ýüz atlynyň öňüni çekýän Gowşut hanyň özüdi. Ol howanyň maýyldygyna garamazdan, egni pagtaly köýnekli, aýagy çokaýlydy. Han özündenem öňe geçen gara atlynyň Kiçi keldigini görüp galdy. Syrty eýere degmän diýen ýaly barýan Kiçi sagyna-soluna aýlaýan gylyjyny şeýle bir çakganlyk bilen işledýärdi welin, han oňa haýran galdy. Onuň aty-da öz erkine çapýardy. Kiçiniň çep eli eýer gaşynda, sagy gylyç sapyndady. Onuň hereketini göz bilen göräýmeseň, söz bilen düşündirer ýaly däldi. Üstesine-de ol duşmany sesi bilenem gorkuzjak bolýan ýaly, her gezek gylyç salanda “Ine, saňa! Me, saňa!” diýip, çirkin-çirkin gygyrýardy. Kiçi keliň üç hywalyny atdan agdaranyny Gowşut han öz gözi bilen gördi. Ol dördünji duşman bilen gylyçlaşmaga başlanda, Gowşut han: “Berekella, Kiçi beg!” diýip gygyrdy. Hanyň sesi Kiçiniň gulagyna ýetmedi. Onuň garşydaşynyň gylyjy güýçli geldi. Kiçi atdan agdy. Ýüz-gözi gyzyl gana boýalyp, süýnüp ýatan Kiçä nazary ilen Gowşut han: “Il öňündäki günäňi ýuwduň, gerçek. Imanyň hemraň bolsun!” diýip içini gepletdi.

Kiçini ýeňen nöker Gowşudyň üstüne eňdi. Iki atyň kellesi deňleşende, Hywa nökeri öňürtdi. Ol gaplaň ýaly arlap, gylyjyny aýlady. Gowşut kellesini urgudan sowmak üçin çep tarapa gyşardy. Duşman gylyjy göwreden sowa geçip, eýerden aşagrakdan ýol saldy. Atlar öwrüm edip, ýaňadandan bir-birine okdurylanda, Gowşut han sag tarapa seretmäge ýetişdi. Hywa gylyjy onuň baldyryndan düşen ekeni. Emma gylyç telim gat dolanan ýüň dolakdan doly geçip bilmändi. Dolagyň kesilen bölekleri şemala galgady. Dolakdan sypyp, atyň böwrüni sydyrdan gylyç tygyndan gan sarkýardy. Emma at gyzgynyna yzasyny duýmaýan ýaly, öňki badyny gowşatmaýardy. Han bu gezek öňürtdi. Gowşudyň gylyç salandaky "Ýa, Alla!" diýen sesine duşman gylyjy şaňkyldap jogap bermedi. Han öz Allasy kömege ýetişdi hasap etdi.

Garma-güýrmede bir ýerden çykyp, Gowşuda golaýlan Şalha batyr:

—Bekmyrady görýäňmi, han?—diýip gygyrdy.

Gowşudyň Bekmyrat tekä gözi ilmeýärdi. Ýöne ol "Göremok" diýmäge-de ýetişmedi. Şalha batyr aňyrlygyna at saldy. Kän mahal, geçmänkä-de ol ýene hanyň golaýynda peýda boldy. Gowşut onuň "Dönügi-hä aparandyryn" diýen sözlerini eşidip galdy.

Ikinji tapgyrda galadan çykan dört-bäş ýüz atly Mädeminiň öň sapda gelýän nökerleriniň gözüne yzy tükenmeze sapan ýaly bolup göründi. Ýalkap serdaryň, Tozanly batyryň, Täçgök serdaryň ýigitleri duşman bilen garpyşandan soň, at başyny saga-sola öwürdiler. Şeýlelikde, Hywa goşunynyň telim müň nökerden ybarat baş sapynyň arasy bölündi. Şol mahal hem Artyk ärsarynyň galadan çykmak nobaty geldi. Onuň yzyndaky aýallaryň at üstünde oturany iki ýüz gowrak bardy. Emma olardan soň peýda bolan elleri syrykly, aňňally, käbiri egri gylyçly aýallaryň welin sany sanardan kändi. Göräýmäge, galanyň içinde gelin-gyz galman, ählisi ýaraga ýapyşan ýalydy.

Aýallar ölümdenem heder etmän, suw bölünen ýaly iki tarapa serpilen Hywa nökerleriniň gala golaýdaky topary bilen garpyşdylar. Iki tarap hem mäjum bolup garjaşansoň, hywalylar ýene tüpeň ulanmakdan mahrum boldular. Olara diňe gylyç işletmek ýoly galdy. Emma olaryň gylyjy hem bu gezek ýaraglyk ukybyny ýitirdi. Ujy gyrkylykly üç-dört gulaç syrygyň beýleki tarapyndaky aýalyň depesinden gylyç salmak asla mümkin däldi. Uzyn syrykdan sowulsaň, aňňal bilen orak hem ýetip gelýärdi. Aňňal bilen orak şeýle bir kändi welin, aýallaryň her elinde biri bar ýalydy. Ozal mazaly türgenleşen tozançylar ussatlyk bilen tozan turuzýardylar. Ýer peşelip galdyrylýan tozandan başga-da bir täsin tilsim bardy. Gowşut hanyň tapan ol "oýnuna" Artyk ärsary "Gowşut düwünçek" at dakypdy. Içine birki penje gum salnyp, çala çiglen köne esgiler barmaly ýerine atylyp baranda, sähel urga-da çözülýärdi-de, üç-dört ädimlikde esli salym göz açar ýaly etmeýärdi. Tot-tozanyň yzyndan görünmän diýen ýaly peýda bolýan ujy gyrkylykly syryklar bolsa, köplenç, boş geçmeýärdi. Şeýle ýagdaýda işledilýän, görünmän gelýän gyrkylyk duşman üçin görnüp gelýän egri gylyjyňkydanam beter howp döredýärdi. Iň esasy hem çagalaryny ölümden gutarmaga bolan isleg, çagalaryny öldürmäge gelenlere bolan ene ýigrenji aýallaryň güýjüne güýç goşup,olary wagşy ýyrtyjy ýaly bir gorkunç zada öwürýärdi.. Olar gaharjaň aç möjek ýaly bolup, duşmany dişleri bilen gemirmäge-de, dyrnaklary bilen parçalamaga-da taýyndylar. Hywa nökerleri henize çenli beýle erjellik, beýle

hyjuw bilen söweşen garşydaşa gabat gelmändiler.Üstesine-de, Hywa nökerleri her hili bela-betere gabat gelenem bolsalar,henize çenli aýal hüjümine sezewar bolmandylar.Beýle ýagdaý olarda gorkumy,aljyraňňylykmy ýa-da ondanam üýtgeşik howp bolup görünýän duýgy döredýärdi.

Garaşylmadyk ýerden tozanly, gyrkylykly çozuşa sezewar bolan nökerler kän mahal geçmänkä, basga düşdüler. Gyrkylyklaryň, aňňallaryň şakyrdysy, gözüňi açdyrmaýan tot-tozan hywalylary aljyratdy. Olar üçin iň elhenji-de aýallaryň ähli galmagaldan belent çykýan çirkin sesleridi. Müňlerçe aýalyň gulagyňy ker edip barýan aýylganç sesi birleşip, Saragt sährasynyň depesinde ýaň berýärdi, hywalylaryň inini tikenekledýärdi. Beýle ýagdaý nökerlere top sesindenem erbet täsir etdi. Aýatda bardyr öýdülmeýän, apy-tupanly, öň hiç ýerde eşidilmedik gohly-galmagally aýal çozuşyna sataşan hywalylar ahyrzamana aralaşandyr öýtdüler. Olar üçin özleri ýaly erkek bilen açyk meýdanda söweşmek bu günki uçralan beladan köp esse ýeňil düşüpdi. Nökerleriň birnäçesi heniz darkaşda bolmadyk bu wakany hakykat däl-de, düýşdür hasaplady.. Olar çala açylýan gözleriniň tozanyny süpürip, günorta tarap çekilmäge mejbur boldular.

Uzan batyr, Güljemal Töre soky gyzy ýaly onlarça gelin-gyz at üstünde gylyç işletdi. Ýöne olar uzak söweşip bilmediler. Artyk ärsary “Yza çekiliň!” diýip, buýruk berdi. Şonda ol Uzan goňuryň hereket edişine üns bermäge ýetişdi. Artyk ol gelniň yza aýlanansoňam, at üstünde dik duran ýaly bolup, üzeňňä galşyny, gylyjy örän sagdyn salşyny görüp: “Äý, şüý-ä aýalam däldir”—diýip içini gepletmäge mejbur boldy.

...Onlarça adamyň jesedi meýdanda galansoň, ýüzlerçe adam ýeňil-u—agyr ýaralanansoň, Saragt galasynda begenje-şatlyga orun bolmaly däl ýalydy. Ýöne oňa garamazdan, her hal, bolan çaknyşygyň netijesine begenmelidem, buýsanmalydam. Çünki bu günki söweş saragtlylaryňam, hywalylaryňam edil beýle bolar öýdüp garaşmadyk netijesini berdi. Mädeminiň goşunyna uly zarba uruldy. Bu günki söweş Gowşut hanyňam, serdarlaryňam, tutuş ilatyňam ruhuna ruh, buýsanjyna buýsanç goşdy. Ýöne Mädemin hanyň bu günüň ahmyryny ertir artykmajy bilen çykarmaga döwtalapdygy welin ikuçsyzdy. Çünki ýeňlişiň salan ýarasy ýeňiş melhemi bilen bejerilmelidi.

✧✧✧

Köne berkitmäniň içi gaty giň hasap edilýän bolsa-da, örüsi çäkli hem daşy belent gum üýşmegi bilen haýatlanan galada ýene üç-dört gün ýaşalsa, ýagdaý gaty agyrlaşjakdy. Goş basyp ýatan müňläp-müňläp adamyň, şondan sahel azrak mal-garanyň hajatynyň bir hepde bäri daşa çykarylmazlygy ys-koky barha köpeldýärdi.

Üstesine, agyzsuwy meselesi hem kynlaşyp ugrady. Alapalyk suwdan doldurylan meşikleriň aglabasy boşapdy. Galanyň içinde bar bolan üç sany guýy, gaty bereketli hasaplansa-da, mallaryň teşneligini gandyrmaga-da düýpden ýetişmeýärdi. Gündogar tarapdan öwrüm edilip, garaňkylyga bukulyp, gizlin getirilýän ýüzlerçe meşik suw hem onça jemende üçin ürpek çäge daman ýeke damjadan tapawutlanmaýardy. Bu ýagdaýdan tizräk netije çykarylmasa, basym önki duşmanyň ýanyndan ýene bir duşman –teşnelik belasy dörejekdi. Ol duşman bilen söweşmek bolsa Mädemin bilen söweşenden agyr boljakdy. Ol duşman gylyçdan,

topdan ýa-da edermenlikden çekinjek duşman däldi. Şol barada oýlanyp, il ýatyberende hem galanyň içinde gezmeläp ýören Gowşut han ýene derwezäniň alkymyna bardy. Goragçy, gözegçi ýigitler ýerli-ýerindedi. Hany tanan nökerler ör turup, haýsydyr bir büýruga garaşdylar. Han saglyk—amanlyk soraşsa-da, artyk zat diýmän, geçip gitdi. Ol belent diwara mündi-de, alagaraňkylyga bukulyp ýatan galanyň içine garady. Gözüne zat ilmese-de, şol alagaraňkylygyň aşagynda gizlenen müňlerçe janyň beýik Taňrydan, galyberse-de özündenem medet diläp ýatandygyny Gowşut han bilýärdi. Taňry belentdi, onuň elinden köp zat gelýärdi. Gowşut han bolsa, il tama etse-de, özüni şol dileg edip ýatanlaryň biri ýaly hasaplaýardy. Şonuň üçinem “Eý, Alla, özüň rehim edeweri!” diýip pyşyrdan han hem Hudaýa sygyndy.

Niçeme gün bäri gana ukusyny almadyk hanyň öz ýagdaýy-da gopgunly galanyň içindäki ýagdaýdan gowy däldi. Ertir başlanmaly agyr söweşde iki ýana çarp urjak müňlerçe Hywa atlarynyň Saragt sährasyny torç etjek ýiti toýnaklary hanyň kellesinde şu mahal güpürdeýärdi. Galanyň içindäki ýagdaýyň çykalgasyz bolşy ýaly, hanyň başynda at salýan dürli pikir, dürli arzuw–hyýal, her näçe çyrpynsa-da, daş cykyp, amala aşmaga ýol tapmaýardy, ýol tapylsa-da, aňyrsy petikdi. Günde görlüp ýören ak sakgally, perişdesypat gojalar, ak gyňaçly kempirler, bigünä çagalar, göze görnüp ugran görmegeý teke gyzlary, ýaňy mahmal atynan ýuwa ýaly näzik gelinler hanyň göz öňünden ýene bir gezek bir-bir geçip gitdiler. Ýagdaýdan çykalga tapylaýmasa, olar agyr süteme, wejeraçylyga sezewar edilmelidi. Olaryň ykbaly barada oýlanýan akylly-başly adamlar Saragt galasynda başga-da kändi. Ýöne baş hanyň jogapkärçiligi olaryňkydan has ýokarydy.

Agşamyň sowujak şemaly ýaňagyna degen Gowşut han, gop berlen ýaly bolup, zöwwe ýerinden turdy-da, ýüzüni şemal gelýän tarapa tutdy. Şemal demirgazykdan öwüsýärdi. Han üç-dört gün bäri diňe gündogardan öwsen şemalyň ugruny üýtgetmegine sabyr-takatsyz garaşypdy.

Diwardan düşen han nökerleriň ýanynda aýak çekdi, Amansähet serdardan başlap, tä Kelhan Kepelä çenli on-on bäş adamynyň adyny tutdy. Olar öň bellenişi ýaly, şeýle ýagdaý dörese, gije ýarymdan agansoň, meýdana ders äkitmelilere ýolbaşçylyk etmeli adamlardy. Hanyň tabşyrygyny alan ýigitler derrew ady tutulan adamlaryň gözlegine gitdiler.

✧✧✧

1855-nji ýylyň 19-njy martynda, Gün dogar-dogmazda, Saragt galasy bilen Pälizek depe aralykda ahyrzamana gopan ýaly boldy. Saragt sährasynyň bir tarapy heniz görülmedik agyr tüsse ýapyndy. Tüssäniň çykýan ojagynyň uzynlygy üç-dört müň ädimden uzak bolmasa-da, günorta tarap ýuwaş-ýuwaşdan süýşüp barýan goýy gara dumandan ýaňa çöp-çalam, adam-gara, hatda ullakan-yllakan ýapylaram görünmedi. Tüsse, saragtlylaryň matlabyny aňýan ýaly, Hywa goşunynyň agramly bölegininiň düşlän ýerine tarap akýardy. Demirgazykdan öwüsýän ýaz şemaly pessaýdy. Ol hem sähel ýokary galan tüssäni pytratman, diňe ilerligine sürýärdi...

...Ders çili öten agşam gije ýyrymdanam agandan soň, çekilip başlandy. Gowşut hanyň görkezmesi bilen dersli ganarlar eşege, ata däl, diňe düýelere ýüklendi. Sebäbi eşekleriň aňňyrmagy, atlaryň kişňemegi ahmaldy. Dogry, bäşdir-

üçdür eşek aňňyrany ýa-da birki sany at kişňäni bilen süýji ukuda ýatan Hywa nökerleriniň tarsa turup, ýaraga ýapyşybermekleri gatybir mümkinem däldi. Emma Gowşut han, barybir, hüşgärligi elden bermejek boldy.Tebigat hem türkmenlere arka durýan ýaly asmany bürän garamtyl ýaz buludy älemi gündizlige öwürmeli dolan Aýyň öňüne perde tutdy,ders daşaýan saragtlylary hywalylaryň gözünden gorady.

Tüsse çiliniň demirgazyk tarapy, başga bir dünýä bolup görünýärdi. Dersden ýasalan çil älemi jennet bilen dowzaha bölýän ýalydy. Saragt galasyndan tä Pälizek depäniň iki-üç ýüz ädim bäri ýanyna çenli atlu-pyýada hatar tutan müňlerçe türkmen ýigitleri ýaraglaryny häzirläp, tüssä tarap seredip durdy. Eger tüsseden gaçan hywalylar gaýralygyna çekiljek bolsalar, olar gylyç bilen, tüpeň bilen garşylamaga taýyndylar. Emma Gowşut hanyň buýrugyna görä, türkmenleriň özleri tüssä girip hüjüm etmeli däldiler. Hanyň baş maksady müň töwerek saýlama batyrlary sag-aman Pälizek depä ýetirmekdi. Gowşut han duşmany “Baş bolmasa,göwre läş” diýen synagdan geçirmegi esasy maksat edinýärdi.

Türkmenler gaty kän mahal garawullap dursalar-da, Hywa nokerleriniň ýekejesi-de tüsse çilinden gaýrada görünmedi. Olar, Gowşut hanyň çaklaýşy ýaly, tüssäniň ýukalýan ýerine, ilerligine çekilýän bolmalydy.

...Galadan çykyp, Pälizek depä tarap ýönelen müňdenem gowrak atlynyň başyny Gowşut han çekdi. Onuň töweregini türkmenleriň iň edermen batyrlary hasaplanýan Şalha batyr, Tozanly batyr, Täçgök serdar, Durdy han, Gajar baý, Nepes molla, bamyly Ýalkap serdar, Artyk ärsary, Arnaguly saryk, ýarasyndan aýňalansoň, şu gun ilkinji gezek ata çykan Çebşek batyr Gurbanmeňli ogly, Daňatar aganyň ýegeni Gurban, Oraz Ýaglynyň ogly Sahytnyýaz han dagy gurşap barýardy. Eýrandan çapar bolup gelen Safarak gajar hem çozuş edýänlere goşulypdy. Olar gaýra tarapdan, tüssäni garawullap duranlaryň ýeňsesinden at saldylar.

...Gowşut hanyň gan döküşmezden güpbasdy etmek meýli doly amala aşmady. Türkmenleriň bu günki hereketine hywalylar asla garaşmadygam bolsalar, Pälizek depäniň eteginde Mädemini goramak üçin goýlan üç ýüz töweregi hnöker güpbasdy edilmänkä, atlanmaga ýetişdi. Olar saýlantgy nökerler bolany sebäpli, çaknyşyk başlananda gylyç gylyçdan ejiz gelmedi. Iki tarapdanam atdan agýanyň sany köpeldi. Gowşut han bir hywalyny atdan agdarmaga ýetişdi. Şondan soňam onuň öňe omzamaly aty birden sag tarapa tüwdürilip gitdi. Ýykylsa-da, gylyjyny elinden gaçyrmadyk han aýagyny üzeňňiden zordan sypdyrdy. Ol ýerinden turanda, atynyň öňki sag aýagynyň şalkyldap ýatandygyny gördi.

Ýetişibildiginden gylyç aýlap ýören Gowşut han:

—Ýokaryk! Ýokaryk ýetiň, goçaklar!—diýip gygyrdy,ozal batyrlaryna ýörite tabşyryk berenem bolsa,öňki aýdanyny ýene gaýtalady.—Mädeminden gylyç salmaň! Mädemin öldürilmeli däldir,goçaklar!

Gowşut hanyň häzirki aljyraňňy wagty hem öňki tabşyrygyny ýigitlere ýaňadandan ýatlatmagynyň aýratyn sebäbi bardy. Çünki, uly-kiçi söweşde,duşmandygyna garamazdan,baş hanyň,belent serkerdäniň bilkastlaýyn öldürilmegi namartlyk hasaplanýardy.Baş han ýesir alynmalydy.Onuň başynyň aman goýulmagy ýeňen tarapyň mertligine,adamçylygyna şaýat bolmaly diýen ýazylmadyk düzgün bardy.Ol düzgüni özüni sylaýan,öz mertebesini belent saýýan ýeňijileriň hemmesi diýen ýaly berjaý edýärdiler.

Hywa nökerleri gaýduwsyz edermenlik bilen söweşseler-de, güýjüň deň däldigi öz netijesini berdi. Türkmenler günorta tarap çekilip başlan duşmany kowalajak hem bolman, ähli ünsi Pälizek depä öwürdiler..

Safarak gajaryň atyny depäniň üstüne gönükdirenini gören Täçgök serdar:

—Şondan bir öňürtjek boluň, ýigitler!—diýip gygyrdy.

Depäniň üstüne çykylansoňam, Mädeminiň bir bölek janpenasy bilen çarkşylmaly boldy. Bir adamynyň başy üçin onlarça adamynyň başy orta goýuldy. Atlaryň kişňemesi, horruldysy gylyçlaryň şakgyldysy,adamlaryň ahy-waýy bilen garjaşyp, beýniňi sarsdyrýan howply zenzelä öwrüldi.

Söweş eşigini-de geýmäge ýetişmedik Mädemin han ak çadyrdan gap-gara bolup daş çykdy. Hatda düýşüne-de girmegini mümkin däl hasaplaýan ýagdaýa hakykat ýüzünde sataşandygyna göz ýetirenden soň bolsa, oňuň ýüzüniň reňki öz çadyrynyň reňki bilen çalymdaş boldy. Hemişe jylaw tutup, üzeňňi saklap, emaý bilen ata atarylýan hökmürowan han ýeňil oglan ýaly bolup, eýer gaşynda peýda boldy. Emma ol gaçmaga-da, kowmaga-da maý tapmady.Daşyndaky atlylar sanýetmez bolup göründi. Onuň gorkudan ýaňa has-da ulalan ala gözleriniň öňünde egri gylyçlar hereket etse, gulagynda polat çaknyşygyndan çykýan ýakymsyz ses ýaňlandy.

Üç sany janpena Mädeminiň daşynda janamana bolup pyrlanýardy. Birki gezek tüpeň hem sapança sesi çykdy. Ýöne alabasgynyň içinde ýaraglary kimiň atýanyny, okuň kime degenini saýgarar ýaly bolmady. Mädemininňhiç bir tarapa gitmäge çykalgasy ýok mes aty hokranýardy, çarpaýa galýardy.

Safarak gajar hemmeden öňürti Mädemine golaýlaşdy. Emma onuň gylyjy han bilen däl-de, janpenalaryň gylyjy bilen çaknyşdy.

—“Şu kapyry meň ýanymdan ýok ediň![1]”—diýip, Mädemin aljyraňňy hem gorkuly ses bilen gygyrdy.

Janpenalaryň iki sanysy gylyjy Safaraga tarap gönükdirdi.

Şol mahal gelip ýetişen Gurban Mädeminiň daşynda dörän böwşeňlikden peýdalandy. Onuň aty Mädeminiň aty bilen deňleşdi. Mädemin han elindäki lowurdap duran, goşa nilli pereň sapançasyny atmaga ýetişmedi. Üzeňňä galan ýaş ýigit gylyjyny bat bilen aýlady, Mädeminiň iki erni gulaklaryna ýetdi. Ýüregine baryp ýelmeşen aýylganç yza Mädemini eýer gaşyndan alyp gaýtdy.

Baş hanyň atdan aganyny gören janpenalar gaçmak bilen boldular.

Täçgök serdar şol aljyraňňylykda hem:

--Hanyň başyny aman saklaň,ýigitler!—diýip gygyrdy.Emma onuň sesi özünden başga hiç kime ýetmedi.

Sahytnyýaz han atyndan towsup düşdi-de, huşy başyndan göçüp ýatan hanyň boýnunyň çykan ýerinden bat bilen gylyç saldy. Mädemin hanyň kellesi göwresinden aýryldy.

Şonuň yzysüre Sahytnyýazyn ýanynda peýda bolan Safarak gajar gana bulaşyp ýatan han kellesini garbap aldy-da, eýere towusdy. Ol başga zada üns bermän, Saragt galasyna tarap at saldy[1].

---

**1. Agehinin taryhynda şol sözler ýazylypdyr,/Awt /.**

Sähel mahal mundan ozal haýbaty bilen tutuş Turany titreden Mädemin Ynagyň çal kellesi Saragt galasyna dirilik habaryny alyp gitdi.

✧✧✧

Belent ýaňlanan “Allahy ekber!” bilen 1855-nji ýylyň 20-nji martynda Mädemin hanyň saragtlylar üçin başlanmasyz eden güni başlandy. Gaty kän türkmeniň jesedi jeň meýdanynda galanam bolsa, diriler özlerini azat duýdular.

Mädeminiň kellesi alnandan soň, oňa derek desbi-dähil öňbaşçy saýlanan Abdylla han türkmen serdaryna şeýle mazmunly gyssagly hat ýollady:

“Türkmen serkerdesi Gowşut han ibn Öwezdurdy serdarga.

Taňrynyň iki goly bilen tutgan Hywa nökerleriniň ismiden men sizge towakga gönderýärin. Mundan ötri ki bizni erte günorta tamanga aman goýmagyňyzy sorap, öýleden soň ähli baýlyk-emläklerimizi-de size göýup, Saragty terk etjekdigimizi ynandyrýaryn. Yzynda ene-atasy, bala-çagasy galgan musulman mysapyrlaryga rehim kylyň! Tagzym bilen Gulmyrat agtygy Abdylla han”

Abdylla hanyň hatynyň manysy bilen eýýäm Saragtyň tutuş ilaty tanyşdy.

..Gün dogan badyna, galanyň öňüne kän adam üýşdi. Adamlaryň hemmesi-de, günortana çenli puryja soran hywalylaryň, söweş meýdanynda galanlaryndan başgasynyň, nepi degjek goş-golamlaryna çenli göterip, gije garaňkysynda Saragty terk edendiklerini bilýärdiler. Olaryň hut düýn tekepbirlik bilen at oýnadan, häzir bolsa ajal ysy gelip duran düz meýdanyna hem hasrat,hem buýsanç bilen garap duran Gowşut han:

—Adamlar, hywalylar bizi aldaýdylar öýdýän?!—diýip, pessaý dillendi.

Kellesi biýz mata bilen saralan Nepes molla çalaja ýylgyrdy:

—Han, seni hemişe şeýdip aldawersinler! Şeýle bolsa,öňýetene özüni oýnadyp ýören hanymyz bar diýip, kemsinmejegimiz hakdyr..

Baharyň ilkinji aýydygyna garamazdan, Gün guşluk ýerine barmadygam bolsa, howa gyzyp ugrady. Elleri suwkädili, mytaraly gelin-gyzlar indi derwezesi serlip ýatan galadan çykyp, Tejen derýasyna tarap ugradylar. Olaryň arasyndan Karkara nazary kaklyşan Gurban geplemän durup bilmedi:

—Derýa-da arkaýyn suwa gitmek bar ekeni! Azatlyga çykdygymyz bolawersin!

Ol sözler gulagyna ilen Gowşut han, geçip barýan gelin-gyzlara kesesinden agras nazar aýlady-da, iki egninem hereketlendirip, uludan dem aldy:

—Inim, entek-entekler derýa-da azat däldir, türkmenem...

1964-2005.
Mary-Aşgabat- Moskwa.

---

[1] **”Tarih-i Muntazam Nasride” Mademiniň kellesini alan Safarak edilip gorkezilýär. Emma Mädeminiň ähli ýörişlerini jikme-jik beýan eden Hywa taryhçysy Muhammedrza Agehiniň “Onuň Aly Hazretiniň iň soňky ýedinji ýörişi hem ölmi hakynda” diýen taryhy işinde tekrarlanmagyna görä, Gurban Mädeminiň agzyny çapýar. Sahytnyýaz han atdan agan Mädeminiň kellesini alýar. Safarak bolsa, kelläniň Eýran şasyna Gowşut hanyň “sowgady” hökmünde Eýrana iberilmegine gatnaşýar. Mädemin hanyň kellesi 1855-nji ýylyň 20-nji aprelinde, Nasretdiniň buýrygy bilen Eýranyň “Hökümet derwezesi” diýilýän ýernnde jaýlanýar. Onuň göwresi bolsa,Gowşut hanyň buýrugy bilen göwdä salnyp, Saragtdan Hywa ugradylýar. Seýlelikde, bir Mädemin iki mazarly adam bolup galýar./Awt./**